**O. R. SOLTANOWA, O. A. KOKANOWA, I.G.GURBANOW**

# FITOTERAPIÝA

Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň dermançylyk fakultetiniň talyplary üçin niýetlenen okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

**Aşgabat - 2005**

**BBK 53. 525**
**B.14**

**O. R. Soltanowa, O. A. Kokanowa, I.G.Gurbanow**
**Fitoterapiýa (TDLI-niň dermançylyk fakultetiniň talyplary üçin niýetlenen okuw kitaby) – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2005 ý.**

Bu okuw kitabynda keselleri bejermekde we olaryň öňüni almakda derman ösümlikleriniň we olaryň serişdeleriniň ulanylyşy barada maglumatlar berilýär.

Okuw kitaby talyplar, lukmançylykdaky ylmy we amaly hünärmenler, şeýle-de giň okyjylar köpçüligi üçin uly gollanma bolar.

# GIRIŞ

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gurup beren Garaşsyz we Baky Bitarap ýurdynda geçen az sanly döwrüň içinde halk hojalygynyň hemme pudagynda boluşy ýaly saglygy goraýyş ulgamynda hem uly özgertmeler amala aşyryldy.

Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitaplarynda şeýle beýan edýär: „Bize ata-babalarmyzdan tebigi baýlyklary boýunça dünýäde iň baý ülke miras galypdyr“. Bitarap Türkmenistan ýerasty we ýerüsti baýlyklara diýseň baýdyr.

Güneşli ülkämiz diňe bir gazma baýlyklaryň mesgeni bolman, ýesem onuň gadymy we baý ösümlik dünýäsi bolup, bu toprak egsilmez bir hazynadyr.

Türkmen milli saglygy goraýyşynyň esaslary Beýik Serdaryň üç Mukaddesligi bolan “Mukaddes Ruhnamada”, “Türkmen ilim aman bolsun!” we “Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy” atly ýol ýörelgelerinde giňden açylyp görkezilýändir. Olarda türkmen milli lukmançylyk mirasymyzyň geçmişini we geljegini öwrenilmeginiň ýollary hem beýan edilendir. Olara lukmançylyk mirasymyzyň görnükli şahsyýetleri bolan Abu Ali Ibn Sinanyň, Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň ylmy işleriniň terjime edilmegi aýdyň şaýatdyr. Bu döwlet derejesindäki wajyp çäreler biziň ýurdumyzda fitoterapiýanyň ösmegine getirýär. Biziň ülkämizdäki dermanlyk ösümlikleriniň bejerijilik häsiýeti has-da ýokarydyr. Sebäbi tebigatyň baý eçilip duran güneşi ösümliklerde biologiki işjeň maddalarynyň örän köp mukdarda jemlenmegini üpjün edýär. Biziň döwletimiziň saglygy goraýyş pudagynda ösümlikler bilen bejermegiň gelejegi örän uludyr. Sebäbi Türkmenistanyň şertlerinde ösýän dermanlyk ösümlikleri özüniň köpdürliligi bilen hem-de ylmy tarapdan doly öwrenilmedikligi bilen tapawutlanýar.

Häzirki döwürde ösümlikden alynýan dermanlara we olaryň kömegi bilen bejergileri amala aşyrmaga bolan ylmy

gyzyklanmalar has-da artyp başlady. Bu ýagdaýy birnäçe tarapdan düşündirmek mümkin. Soňky döwürlerde emeli derman serişdelerine uly üns berilmeklik bilen ösümliklerden ýasalýan derman serişdeleriniň birnäçe artykmaçlygy ýüze çykaryldy. Olaryň ilkinjileriň biri hem ösümlik derman serişdeleriniň zäherlilik derejesiniň örän pesdigi ýa-da asla ýokdugydyr. Ikinji tarapdan hem ösen häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň wajyp meseleleri bolup duran düwnük, ýürek we gan-damar, örgünli hem-de wirusly keselleriniň doly bejeriş usullarynyň tapylmandygy bilen düşündirseň bolar.

Olara bolan ylmy gyzyklanmany adamlaryň örän irki döwürlerden bäri ösümlikleriň keselleri bejeriş häsiýetlerine bolan çuňňur ynamlary bilen hem baglanyşyklydyr.

Mundan başga-da lukmançylyk ylmynda keselleri ir anyklamaklyga we öňüni almaklyga köp üns berilýär. Ösümliklerden alynýan dermanlar hem keseliň irki döwründe peýdalanylanda has-da netijeli bolýar.

Häzirki zaman lukmançylygyň wajyp meselesi bolup duran käbir keselleriň bejeriliş usulynyň derman ösümliklerinden tapylmak mümkinçiligi hem örän ýokarydyr. Olaryň gymmatynyň hem emeli ýol bilen alynan derman serişdelerinden arzan düşýändigini göz öňünde tutsak, onda olar bilen gyzyklanmanyň ykdysady taraplarynyň bardygy hem aýdyň görünýär.

Bu okuw kitabynyň ýazylmagynyň esasy maksady hem ýurdumyzyň lukmanlarynyň, talyplarynyň hem-de alymlarynyň şeýle dermanlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle ylmy ugryň ösüşine belli bir derejede goşant goşmakdyr.

Bu okuw kitaby dört sany bölümden ybaratdyr.

Birinji bölümi “Umumy bölüm” diýlip atlandyrmak bilen, onda esasan-da ösümlikler bilen bejermeklik barada düşünje, olaryň ösüş taryhy hem-de şeýle dermanlaryň düzümine girýän ösümlikler we olaryň ýygnalyşy, guradylyşy,

saklanylyşy, şeýle-de taýýarlanyşy barada umumy maglumatlar berilendir.

Kitabyň ikinji “Esasy bolüminde” dürli keselleri bejermekde ulanylýan ösümlikler barada jikme-jik maglumatlar bardyr.

Soňky “Fitoterapiýada ulanylýan derman ösümlikleriniň häsiýetnamasy” bölümde dermanlyk ösümlikleriniň Türkmenistanda ýaýranlaryna aýratyn ünsi çekmeklik bilen sanawy berilendir.

Şeýlelik bilen okuw kitabynyň esasy maksady bolup, Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň dermançylyk fakultetiniň talyplarynyň fitoterapiýa ugry boýunça bilim derejelerini häzirki döwrüň artdyrlan talabyna laýyk getirmekdir. Munuň üçin diňe bir köp sanly ylmy çeşmeleri ulanmak bilen çäklenmän, eýsem-de türkmen halk lukmançylygynyň maglumatlaryny giňden peýdalandyk. Bu okuw kitabynyň neşir edilip, talyplar köpçüligine ýetirilmegi Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Saglyk” döwlet maksatnamasyna ujypsyzja bolsa-da öz goşandymyzy goşduk diýip hasaplamaga mümkinçilik berer.

# FITOTERAPIÝA WE DERMAN ÖSÜMLIK ÇIG MALLARY BARADA

## 1.1. Fitoterapiýa hakynda

Häzirki zamanda adamzat saglygyny goramaklyk ýaşaýşyň iň zerur meseleleriň biri bolup durýar. Ol barasynda her bir ynsan, her döwlet çäksiz uly alada edýär. Onuň şeýledigini biz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: „Döwletimiziň iň gymmatly baýlygy – watandaşlarymyzyň jan saglygydyr...“ ýa-da „Adamlaryň saglygyny gorap saklamak döwletimiziň iň derwaýys wezipesidir“ diýip aýdan sözlerini ýatlap doly düşünýäris.

Ynsan saglygyny goramakda köp usullar we serişdeler ulanylýar. Bu ugurda tebigatyň derman ösümliklerini we olardan alynýan serişdeleri ulanmaklyk gadymy döwürlerden bäri, asyrlar boýy dowam edip gelýändir. Keselleri tebigy serişdeleriň kömegi bilen bejermeklik usuly beýleki usullardan özünüň käbir artykmaçlygy bilen tapawutlanýandyr.Eger-de gadymy ylmy çeşmelere ser salsak onda lukmançylyk ylmynyň tebigata golaý durmak baradaky ylymdygyna doly göz ýetirýäris. Bu ýerde Beýik Serdaryň: „Adam tebigata näçe ýakyn boldugyça, şonça-da öz derdiniň emini aňsat tapar“, ýa-da „Ata-babalarymyz her hili ösümlikleri, otlary Allatagalanyň özleriniň saglygy üçin döreden dermanlary höküminde kabul edip, olardan peýdalanypdyrlar“ diýip aýdanlaryny hökmany suratda ýatlamalydyrys.

Keselleri tebigatdaky ösümlik serişdeleri bilen bejermekligi amala aşyrýan ugura „fitoterapiýa“ („fito“-ösümlik, „terapiýa“- bejergi) diýlip atlandyrylýar. Bu uguruň beýleki bejergi ugurlardan tapawutlanýan häsiýetnamalary bardyr. Ilki bilen olaryň adamzat tebigatyna golaý bolmaklygydyr, şonuň netijesinde hem olaryň täsirleri oňaýly, ýumşak we uzak wagtlaýyndyr. Olarda goşmaça ýaramaz täsirleriň ýüze çykmagy selçeň duş gelýär. Şonuň üçin-de olary iýmit

siňdiriş, dem alyş, ýürek, gan-damar ulgamlarynyň dowamly kesellerinde, bagyr we öt akar, peşew we jyns ýollarynyň, käbir endokrin mäzleriniň, şonuň ýaly-da köp sanly deri, nerw, daýanç-hereket ulgamlarynyň kesellerinde ulanmaklygy doly maslahat berilýändir. Şol bir wagtyň özünde derman ösümlikleriniň örän güýçli serişdelerdigini unutmaly däldir. Şonuň üçin-de aýry-aýry ýagdaýlarda olary ägä bolup ulanmaklyk zerurdyr. Bu ýagdaýlara mysal edip dömme kesselleriniň dürli görnüşleri, ýaralaryň iriňleme ýagdaýlaryny, ýokanç we ruhy kesellerini, inçekeseli, dowamly geçýän kesselleriň ýitileşme döwürlerini (meselem, astmanyň dem gysma döwrüni), bäbeklik ýaşdaky keselleri görkezmek bolar.

Tebigy serişdeleri bilen bejergiler amala aşyrlanda olaryň birnäçe ýönekeýje kada-kanunlaryny göz öňünde tutmak zerurdyr. Olar esasan-da şu aşakdakylardan ybaratdyr, ýagny:

1) bejergini "ýönekeý" – ýagny güýçli täsiri bolmadyk ösümlikleriň kömegi bilen başlamaklygy talap edilýär, ýagny mysal üçin, fitoterapiýa bilen bejermeli diýilip anyklanan aşgazan we içege ýollarynyň kesellerini ilki bilen güýçli täsir edýän belladonadan däl-de, eýsem çopantelpekden başlamalydyr.

2) her bir ulanylýan ösümlikleri öz düzüminde bar bolan hemme maddalary toplumlaýyn ulanmaklygy maslahat berilýär. Şol bir wagtda bu kada ösümliklerden arassalanyp ýa-da barlaghanalarda sintezlenip alynan maddalary ulanylmaga garşy gitmeýär.

3) çylşyrymly ösumlik düzümlerini ulanmaklyga ägä çemeleşmekdir. Köplenç ulanýan ösümlikleriň sany iki-üçden, ýagny birinjisi - esasy ösümlik, ikinjisi bolsa (kadadan çykma hökmünde iki bolup hem biler) - deňagramlaşdyryjy (köplenç efir ýagyny saklaýjylar alynýar) we üçünji ösümlik - umumylaşdyryjy häsiýetli bolan dermanlar ulanylýar.

4) fitoterapiýanyň uzak wagtlap, azyndan 3-4 hepdeläp ulanylmaklygy ýerliklidir. Birnäçe lukmanlaryň pikirlerine görä, fitoterapiýanyň seýrek duş gelýän şowsuzlyklarynyň

esasy sebäpleriniň biri hem şu kadanyň ýerine ýetirilmezligi bolup durýandyr.

Fitoterapiýanyň kömegi bilen dowamly keselleriň uzak wagtlap bejerilmegi sebäpli, keselliniň gowulanmagynyň alamatlaryny ýüze çykarmakda belli bir kynçylyk döreýär. Wagtyň köp geçmegi sebäpli näsag özüni gowulanaýdym diýen pikire hem uýmagy mümkin ýa-da tiz gutulmagyna howlukmak hadysalary hem ýygy duş gelýär. Bu meseläniň çözgüdini hem fitoterapiýanyň öz toplan görkezijilerini ylmy esasda işläp düzmek bilen hem-de olary geçirilen bejerginiň netijesini ýüze çykarmak üçin ulanyp bolar.

Fitoterapiýada ulanylýan serişdeler özleriniň alynyş tilsimatlary, arassaçylyk derejeleri we ulanyş usullary boýunça birnäçe toparlara şertleýin bölünendirler. Olar köplenç ýagdaýlarda şeýle serişdeleriň häsiýetnamalary bilen baglanşyklydyr.

Fitoterapiýanyň nukdaý nazary bilen ösümliklerden alynan dermanlar alnyşy we arassaçylygy boýunça üç topara bölünýärler, ýagny:

1). Galen serişdeleri - bu topara tutuş ösümlik, ösümligiň bölekleri (ýapragy, baldagy, güli, köki, miwesi we ş.m.), olaryň ter we guradylan görnüşleriniň garyndylary, dermanlyk ösümlikleriň şireleri we süýtleri, olardan alynan dürli görnüşli erginler (suwly, spirtli, spirt-suwly, spirt-efirli, ýagly, gliserinli we ş.m.), infuz, tinktur, ekstrakt, maserat, intrakt we ş.m. görnüşleri, häzirki zaman esasda alynan görnüşler: dispergiler, noguljyklar, hamyrlar we ş.m. degişlidir. Ösümlikden alynýan derman serişdeleriniň bu görnüşleriniň umumy häsiýetnamasy bolup, olar köp dürli himiki gurluşly, şeýle-de biologiki täsirleriniň dürliligi bilen tapawutlanýan maddalary saklaýarlar. Bu maddalaryň mukdary we olaryň gatnaşygy erginde ulanylan gysyp çykaryjynyň (ekstraktyň) hasiýetine bagly bolýar. Bu görnüşli dermanlaryň düzüminde goşmaça maddalar bolan pektinler, pet, organiki turşular, nemler, boýaglar, saponinler, organiki däl duzlar, mikroelementler we ş.m. hem bolýar.

Galen serişdeleriniň birinji umumy hasiýetnamasyndan ikinji aýratynlyklary hem gelip çykýar: ýagny olar tebigaty boýunça iki täsirli maddalaryň garyndysyndan ybaratdyrlar, ýagny– birinjiden dürli biologiki täsirli işjeň maddalaryň we ikinjiden bolsa köp sanly goşmaça önümleriň garyndysyndan durýandyrlar. Bu serişdeleriň düzüminde goşmaça maddalaryň bolmaklygyna biofarmasewtiki nukdaý nazaryndan hem baha berip bolýar.

Galen serişdeleriniň ýene-de bir aýratynlyklarynyň biri bolup, olaryň köplenç içmek usuly bilen ulanylmagydyr. Bu bolsa olaryň täsirleriniň we bejeriji netijesiniň haýal ýüze çykmagyna getirýär.

Galen serişdeleriniň umumy häsiýetnamasyna olaryň düzümindäki biologiki işjeň maddalarynyň mukdary we hilleri, ösümlikleriň ýygnalan wagtyna, ösüş dowürlerine, howa şertlerine we topragyň ýagdaýyna baglylykda üýtgäp durýandygy hem degişlidir.

2). Nowogalen serişdeler. Bu serişdelere dermanlyk ösümliklerinden aýrylyp we gerekmejek goşmaça garyndylardan arassalanyp alynan biologiki işjeň maddalar degişlidirler. Bu derman görnüşleriniň himiki gurluşlary (alkaloidler, glikozidler, flawonoidler we ş.m.) kesgitli bolýar. Şolaryň netijesinde bolsa olaryň himiki, fiziko-himiki we biologiki ölçegleri – standartlary anyklanan bolup, olar takyk möçberlere bölünendirler. Olary diňe peroral däl, eýsem-de parenteral görnüşde-de ulanyp bolýar.

3). Derman maddasy ösümliklerinden aýrylyp alynan aýratyn ýeke-täk maddadan ybarat bolan serişdelerdir. Bu maddanyň himiki gurluşy, fiziki-himiki häsiýetleri doly anyklanýar. Häzirki zaman biofarmasewtiki önümçiliginde şeýle derman serişdeleri alynanda ilki olary ösümlikden almak bilen, soňra bolsa onuň öndürilmegi himiki sintezlenme usuly bilen ýola goýulýar.

Lukmançylykda fitoterapewtiki serişdeleri özleriniň ulanylşy boýunça hem üç topara bölünýärler, ýagny:

1). Olaryň arassa görnüşde ulanylşy. Bu ýagdaýda bejergi diňe fitoterapewtiki serişdeler bilen geçirilýär. Bejergininň bu görnüşi fitotopreperatlar bilen bejerilmäge amatly diýlip hasap edilen näsaglarda geçirilýär.

2). Olaryň garyşyk görnüşinde ulanylşy. Fitoterapewtiki serişdeleriň bu usul bilen ulanylşy öz gezeginde hem üç görnüşde bolýar. Olaryň birinjisinde miksturalary taýýarlamagyň esasy hökmünde käbir galen serişdeleri ulanylýar. Köp sanly üsgülewüge garşy, gakylyk gopduryjy, rahatlandyryjy miksturalaryň taýýarlanmagy fitoterapewtiki serişdeleriniň ulanylmagynyň şu görnüşine degişlidir.

Ikinji görnüşinde galen serişdeleri miksturalaryň düzüminde esasy ýa-da goşmaça häsiýetli serişde hökminde ulanylýar.

Üçünji görnüşinde olar netijeli geçýän beýleki bejergi dermanlarynyň mukdarlaryny peseltmek üçin ýa-da himioterapewtiki serişdeleriniň zäherlilik derejelerini peseltmek maksady bilen “Orun tutma” terapiýa hökmünde ulanylýar. Meselem bronh dem gysmasynda kortikosteroidleriň, uzak wagtlap bejerilýän gipertoniki keselinde, sintetiki antigipertenziw dermanlarynyň mukdaryny peseltmek üçin fitoterepewtiki serişdeleri ulanylyp biliner.

3). Fitoterapewtiki serişdeleriň goltgy beriji hökmünde ulanylmagy. Fitoterapewtiki serişdeleriň ulanylmagynyň bu görnüşi köp sanly ýurtlarda giňden ýaýrandyr. Şol sanda biziň ýurdumyzda hem soňky ýyllarda fitoterapiýanyň şu görnüşi çalt ösýändir. Bejerginiň bu görnüşini, haçanda, näsag keseliň agyr ýiti döwründen halas bolanyndan soňra (aşgazanyň baş keseli, bronh demgysmasy, sisto- pielit, gipertoniýa keseli) goltgy beriji, gurplandyryjy çäre hökmünde ulanýarlar.

Häzirki zaman lukmançylygynda ulanylýan fitoterapiýa-nyň birnäçe artykmaçlyklary we olar bilen baglanyşykly täwekgelçilikleri hem bardyr.

Fitoterapiýanyň artykmaç taraplarynyň iň ilkinjisine olaryň zäherlilik derejesiniň seýrek bolýandygy we häsiýetleri

boýunça ýeňil ýa-da duýulman geçýändigi degişlidir. Ösümliklerden alynýan derman serişdeleriniň, sintetiki derman serrişdelerinden zäherlilik derejesiniň pes bolmalydygynyň esasy sebäbi, olaryň ösümlik hem bolsa janly bedenlerden alynýandyklary bolup durýar.

Ikinjiden hem fitoterapewtiki serişdeler özüniň arzanlygy we olar bilen geçirilýän bejergileriň hem arzan düşýändigi bilen tapawutlanýarlar.

Fitoterapewtiki serişdeler bilen bejermeklik örän ýeňil ýola goýulýar, hat-da ony öý şertlerinde hem aňsatlyk bilen amala aşyryp bolar.

Häzirki zaman lukmançylygynda fitoterapiýanyň ähmiýetini dolulygynda görkezmeklik üçin onuň amaly lukmançylygynda ornaşdyrmak bilen baglylykdaky töwekgelçilikler barada hem durup geçmelidir. Şu nukdaý nazaryndan derman ösümliklerindäki we olardan alynýan derman serişdelerindäki işjeň maddalaryň köp dürli bolmagy olaryň bejeriş netijelerini berip bilmezlik töwekgelçiligini ýüze çykarýar.

Şonuň ýaly-da häzirki zaman lukmançylygynda zäherli ösümlikleriniň sanawynda 15-20 sany ösümlikden köp getirilenok. Olaryň bu mukdary indi köp ýyllaryň dowamynda üýtgewsiz galýar. Bu bolsa sanawa girmedik ösümlikleriň zäherlilik derejesi barada ýalňyş düşünjä getirmegi mümkin. Bu ýagdaý bolsa fitoterapewtiki ösümlikleriň zäherliligi baradaky hüşgärligiň peselmegine getirýär. Ylmy lukmançylykda ösümlikleriň zäherliligi az öwrenilen meseledir.

Iň soňunda hem fitoterapiýa bilen aşa gyzyklanyp keseliň bejerilýän döwrüniň duşdan geçirilmegi mümkin. Bu bolsa umumy terapewtiki bejerişiň mümkinçiliginiň peselmegine ýa-da doly aýrylmagyna getirip biler.

Şulary göz öňünde tutmak bilen fitoterapiýany üstünlikli amala aşyrmagyň birnäçe şertlerini bellemelidir.

Mälim boluşy ýaly fitoterapiýa özüniň häsiýeti boýunça birnäçe ylmy ugurlardan jemlenendir. Şonuň üçin hem ony

ulanýan lukmanyň şu aşakdaky ugurlar boýunça düşünjesi bolmalydyr, ýagny: dermanlyk otlarynyň botanikasy, olarýn düzüminde saklanylýan biologiki işjeň maddalaryň (alkoloidleriň, glikozidleriň, flawonoidleriň, kumarinleriň, efir ýaglarynyň we ş. m.) himiki, fiziko-himiki häsiýetlerini, fitoterapewtiki serişdeleriniň taýýarlanyş tilsimatlaryny, bu serişdeleriniň farmakologiki we terapewtiki täsirlerini, fitoterapiýa bilen bejerilýän keselleriň anyklanylyşyny we klinikasyny, näsagyň keselleriň görnüşlerini bilmeklik zerurdyr.

Bu talaplary ýerine ýetirmeklik fitoterapiýany amala aşyrmaklyk üçin hökmany şertdir.

Häzirki zaman lukmanchylygynda fitoterapiýany we dermanlyk ösumliklerini gözlemeklik esasy çozülmeli ylmy meseleleriň biri bolup durýandyr.

Adamyň saglygyny saklamak we bejermeklik üçin derman ösümliklerini teklip etmeklik fitoterapiyanyň ylmy esaslaryny tutmaklyk bilen hem-de fitoterapewtiki serişdeleriň bejeriş täsirlerini takyk ylmy tarapdan öwrenmek bilen baglydyr. Bu tarapdan dürli çeşmelerden, ýagny lukmanlardan, botaniklerden, tebiplerden, sosiolog-lardan, dini wekillerden, halk arasyndaky öwrenijilerden alynan maglumatlar ylmy tarapdan derňelmelidir. Köplenç bu alynan maglumatlarda nätakyklyk we garşylyklar duş gelinýär.

Bu maglumatlaryň ylmy tarapdan öwrenilmegi özüniň göwrümi boýunça uly, geçirilşi boýunça kyn, ykdysady tarapdan gymmat ylmy-barlag işleriň geçirilmegini talap edýär.

Derman ösümliklerinden alynýan serişdeleriň peýdaly täsiri bar bolsa, onda daşary ýurtdaky hünärmenleriň ylmy tejribelerinde boluşy ýaly, alynýan dermanlyk maddanyň her bir tapgyry farmakologiki barlaglar bilen seljerilýär.

## 1.2. Derman ösümliklerinde saklanýan biologiki işjeň maddalar

Häzirki wagtda lukmançylyk amalyýetinde ulanylýan derman ösümlikleriň köp görnüşleriniň bejeriş täsiri olaryň düzümindäki biologiki işjeň maddalaryň, adam bedenlerindäki haýsam bolsa bir biologiki täsiri boýunça anyklanýar. Bu täsir ediji biologiki işjeň maddalar dürli düzümli bolup, himiki birleşmeleriň dürli toparlaryna degişlidir.

**Alkaloidler** – çylşyrymly azot saklaýan tebigy birleşmeler bolup, dürli himiki gurluşlara eýedir. Olar ösümlik çig mallarynda esas we duz görnüşinde bolup biler. Bu maddalaryň atlary aşgar alkali sözünden we grek sözünden eýdos (meňzeş) ýagny aşgara meňzeş diýmegi aňladýar.

Tirýek manyda ilkinji açylan alkaloide morfin diýilip atlandyryldy. Bu grek hudaýynyň ogly Morfeýiň hatyrasyna dakyldy. Soňra dürli derman ösümliklerde ýokary işjeň şuňa meňzeş birleşmeler bölünip alyndy. Olardan strihnin, brusin, kofein, nikotin, hinin, atropin we ş.m. Bu alkaloidler häzirki wagtda lukmançylyk amalynda esasy dermançylyk bejeriş serişdeler hökmünde üstünlikli ulanyp gelinýär. Alkaloidleri saklaýan derman preparatlary bedenlerdäki fiziologiki hadysalary sazlaşdyrmakda we kesel bejermekde esasy orny tutýar.

Alkaloidleriň farmakologiki täsirliligi diýseň giň. Olaryň giň spektr täsiri bardyr. Meselem MNU-ny trankwilizirleýji we sazlaşdyryjy, gipertenziw we gipotenziw, ýürek damar ulgama, damar daraldyjy we giňeldiji täsirleri bardyr.

Mediator ulgamyna dürli täsir ýetirmegi, daýanç ulgamyny dolandyrmak işini we ş. m. degişlidir.

Ösümlik dünýäsiniň ummasyz topary alkaloid saklanýan ösümliklerdir (belladonna, bir ýyllyk burç, sekurinega, borjak, çaý, maňyrsak we ş. m.). Bu ösümlikler dürli bejeriş häsiýeti ýüze çykaryp derman serişdeleriň alnyş senagatynda giňden ulanylýar. Bu maddalaryň ösümliklerdäki mukdary

howa şertleri, ýygnalan wagty we onuň ösdürlip ýetişdirilişiniň mahsuslygy bilen baglanşyklydyr. Köp halatlar ösümliklerdäki alkaloidleriň mukdary güllände we miwelände köp bolýar. Olar gaty az mukdarda saklanýar, ösümlik çig malynyň gury agramynyň 2-3% çenli bolýar.

**Glikozidler**- azotsyz tebigy birleşmeleriň uly topary bolup olaryň molekulalarynyň gantly bölegi-glikondan we gantsyz bölegi - aglikondan ybaratdyr. Glikozidler alkaloidlerden tapawutlylykda ösümlik enzimleriniň özara täsiriniň netijesinde we beýleki fiziki faktorlaryň täsirinde basym dargaýar. Şol sebäpli bu ösümlikler bejeriş täsirini ýitirýär.

Glikozidleri saklaýan derman ösümlikleri ýygnalanda bu ýagdaý göz öňünde tutulyp: çig maly tiz guratmaly we saklananda çyg çekmäge mümkinçilik bermeli däl. Şeýle edilende enzimleriň täsirliligi peselýär.

Lukmançylyk amalynda glikozidleriň şu toparlary ulanylýar: ýürek glikozidleri, antraglikozidler, saponinler, ajy maddalar, flawonoid glikozidleri we ş.m. Içinde has uly ähmiýetlisi ýürek glikozidleri hasaplanyar. Häzirki wagta çenli ähli ulanylyan serişdeleriň arasynda ýürek damar kesellerinde ulanylýan ösümlik preparatlary uly topary emele getirýär. Düzüminde ýürek glikozidlerini saklaýan derman ösümliklerine digitalisiň dürli görnürşeri, landyş, ýaz adonizi, kendir we ş. m. degişlidir. Esasan hem bu ösümlikleriň ýürek damar kesellerini bejermekde uly ähmiýeti bar. Ýürek glikozidlerini saklaýan ösümlikleriň zäherli täsiriniň bolmagy sebäpli beden üçin howply hasaplanýar. Olar steroid gurluşly bolup, gormonlara has ýakyndyr.

Lukmançylyk amalynda has giň ulanylýan gowşsadyjy täsiri ýüze çykarýan glikozidlere antroglikozidler diýilýär. Olar gara tikende, yşgynda, senaýmekgede, saburda we beýleki ösümliklerde saklanýar. Antroglikozidler az zäherlidir, saklananda bolsa durnuklydyr we köplenç olar gyzyl, mämişi reňkler bilen reňklenendir.

Käbir ösümlikler düzüminde ajy glikozidleri saklaýar. Olar lukmançylyk amalynda işdä açyjy hökmünde ulanylýar.

Ajy glikozidler ajy ýowşanda, goreçawkada (yer bahasy), tozgada, altyn gülde we ş. m. saklanýar. Ajy maddalar aşgazanyň içegäniň tolkun şekilli ýygrylmasyna täsir edýär, aşgazan şiresiniň bölünip çykmagyny güýçlendirýär we iýmitiň gowy sindirilmegini üpjün edýär.

Glikozidleriň ýene-de bir görnüşleri saponinlerdir. Olar köp dürli ösümlüklerde saklanýar. Saponinler 70-e golaý ösümlik maşgalalarynda tapyldy. Olaryň arasynda, myhak ýa-da çüýtiken, gwozdikalylar we nowruzgülliler maşgalala-ry, birinji ýerde durýar. Saponin saklanýan ösümlikler lukmançylyk amalynda gakylyk gopduryjy (istodyň köki, sinýuha, perwoswet), peşew kowujy (böwrek çaý), öt kowujy (jerebaýyň oty) serişdeler hökmünde ulanylýarlar. Käbir saponinler gan basyşy peseldiji, gaýtardyjy we derlediji täsirleri ýüze çykarýar.

Soňky döwürde, flawonoid glikozidleriniň ähmiýeti uly boldy. Bu ösümlikleriň atlary sary reňki aňladýar diýmekdir. Olar fenol birleşmelerine degişlidir. Flawonoid glikozidleriň käbiri P-witamin täsirliligi, bakteriosid we öt kowujy täsirleri ýüze çykarýar. Mundan başga-da, bedenden radioişjeň maddalaryň çykarylmagyny üpjün edýär.

**Kumarinler we furokumarinler**. Bu maddalar ösümliklerde arassa görnüşde ýada gant bilen-glikozid görnüşinde bolup biler. Bu birleşmeler suwda erbet ereýärler we ýagtylyga durnuksyzdyrlar. Kumarinler köplenç ösümlikleriň saýawanlylar, kösükliler, rutalar maşgalalarynda duş gelýär. Şeýle hem olar kökde we miwesinde ýygnanýarlar. Ösümlik dünýäsinde 150-den köprägi kumarin saklanýan derman ösümlikleri bolup, olaryň lukamançylyk amaly üçin has amatlysy furokumarinler hasaplanýar. Olaryň köpüsi dürli farmakologiki täsirleri ýüze çykarýarlar. Meselem, kabirleri: damar giňeldiji, spazmolitiki, beýlekileri estrogenler ýaly çiş keseline garşy, fotosensibilizirleýji täsiri ýüze çykarýarlar.

***Efir ýaglary*** – hoşboý (özboluşly) ysly, ýeňil uçýan maddalar bolup, ösümlikleriň dürli böleklerinde tapylandyr.

Esasan hem ol ösümlikleriň güllerinde, ýapragynda we miwesinde köp duş gelýär. Efir ýaglary ösümlik çig malyndan gyzgyn suw ýa-da bug bilen aňsat kowulýar. Bu maddalar daşky görnüşi boýunça ýaglara meňzeş bolsa-da, olar himiki gurluşy boýunça ýaglaryň toparyna degişli däldir. Olar terpenoidleriň dürli garyndylary we terpenlere meňzeş maddalar hasaplanýarlar.

Häzirki wagytda 2000 golaý efir ýaglaryny saklanýan derman ösümlikleri bar. Meselem narpyz, pişik oty, ýakymlyja, melissa, ajy ýowşan, bidenek, şibit, we ş. m. degişlidir. Ösümliklerde efir ýaglaryň mukdary käbir sebäplere baglydyr: ösümlik görnüşiniň biologiki ösüşiniň aýratynlygyna, howa şertlerine bagly bolup, ol ösümlik çig malynyň gury agramynyň 18-20% gabat gelýär (2-3%) .

Efir ýaglarynyň farmakologiki häsiýetleriniň has mahsuslary alawlama, mikroba, wirusa, gurçuga garşy täsiri ýüze çykarmagydyr. Mundan başga-da käbir efir ýaglary ýürek-damar ulgamynyň, merkezi nerwi ulgamyň (MNU) işine täsir edip: sazlaşdyryjy, trankwilizirleýji we agyry aýryjy täsiri, gan basyşy peseldiji, kelle beýniniň damarlaryny giňeldiji, ýüregiň damarlaryny giňeldiji täsiri ýüze çykarýarlar.

Mundan başga-da ösümlik efir ýaglarynyň gakylyk gopduryjy, üsgülewigi rahatlandyryjy häsiýetleri bellidir. Olaryň dem alyşy gyjyndyrmagy, aşgazan içegäniň işini sazlaşdyryjy häsiýetleri bar.

Ösümlik efir ýaglary himiko-dermançylyk senagatynda dermanlaryň tagamyny, ysyny üýtgetmekde we gowulandyrmakda (bägül, narpyz, kinsa ýagy we beýlekiler) iýmit, likýor-çakyr önümçiliginde içgileri taýýarlamakda ulanylýar.

Efir ýaglarynyň düzümi kislorodyň we çyglylygyň täsirinde üýtgemegi mümkin. Olaryň käbir düzüm bölekleri okislenýär we şol ýagdaýda olar ysyny ýitirýär. Ýagtylyk olaryň reňkini we ysyny üýtgedýär. Şol sebäpli olar saklananda, gaplananda, ýygnalanda, işlenende we olardan

derman serişdeleri taýýarlananda görkezilen düzgünleri berjaý etmeli.

**Sakyzlar** – bular himiki gurluşy boýunça efir ýaglaryna meňzeş bolup, olar efir ýaglary bilen bilelikde ösümliklerde duş gelýärler. Olar hoşboý ysly eliňe ýelmeşegen goýy erginlerdir. Uzak wagtlap guramaýan sakyzlara balzamlar diýilýär. Köp sakyzlar pürli agaçlarda, berýozanyň pyntygynda, yşgynyň kökünde we ş. m. saklanýar. Köp ösümlikleriň sakyzlary bejeriş häsiýeti ýüze çykarýar. Esasan bakterisid, gurçuga garşy täsiri ýüze çykarýar. Lukmançylyk amalynda sakyzlar ýelimleri, tinkturalary taýýarlamakda ulanylýar. Kähalatda olar gowşadyjy serişde hökmünde ulanylýar. Sosnanyň sakyzy ýara bitiriji ýelim kleolyň düzümine girýär.

**Eý maddalary.** Bu maddalar tanidleriň toparyna degişli bolup, olar öz adyny deri eýlemekden, ýagny olary suw geçirmez ýaly etmekden alyp gaýdýar. Bu maksat üçin dub agajynyň gabygy ulanylypdyr. Şol sebäpli derini işlemek - eýlemek diýlipdir, gabykdaky madda bolsa eý maddalary diýlipdir.

Eý maddalar köp atomly fenollaryň önümleri bolup, ösümliklerde duş gelýär. Bu maddalar ösümligiň dürli agzalarynda, meselem agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň agaçlaşan böleginde we gabygynda, otjumak ösümlikleriň kökünde we porrugynda (dub, berýoza, çeremuha, jerebaý, ajy ýowşan, yşgyn, çernika, piňma) ýygnanýar.

Eý maddalary az zäherlidir. Käbir ösümlikler köp tanidleri saklaýanlar. Olar örtüji, bakteriosid serişde hökmünde aşgazan içege kesellerinde, bokurdak çaýkamakda we ş.m. ulanylýar.

Eý maddalaryň alawlama garşy täsiri, tanidleriň protein maddalary bilen birleşip nemli bardada goraýjy bardanyň emele getirmegine we alawlama hadysasynyň togtadylmagyna esaslanandyr. Ýanyklarda, kesilen ýere, ýara tanidler çalynsa protein lagtalanyp goraýjy barda emele gelýär. Şol sebäpli olar ýerli gan saklaýjy, alawlama garşy serişdeler hökmünde

ulanylýar. Mundan başga-da tanidler agyr metallar we alkaolidler bilen zäherlenmede-de ulanylýar.

Eý maddalary kislorod bilen galtaşanda okislenip, gara goňur, gyzyl goňur reňke öwrülip, suwda eremeýän birleşmeleri emele getirýär. Kesilen almanyň, kartoşkanyň, behiniň, rediskanyň garalmagy olaryň düzüminde ey maddalaryň barlygyny aňladýar.

**Witaminler -** gurluşy we farmakologiki täsirliligi boýunça çylşyrymly organiki birleşmeler bolup, ujypsyz mukdarda bedeniň kadaly ösmegi we dolandyrylmagy üçin zerur maddalar hasaplanýar. Witaminleriň madda çalşygy hadysasynda aýratyn orny bolup, iýmitiň siňdirilmegine we esasy iýmit maddalaryň - proteiniň, ýaglaryň, uglewodlaryň ulanylmagyny sazlaşdyrýar. Witamin ýetmezçiliginde madda çalşygy bozulýar, beden agzalarynyň we ulgamlaryň dolandyrylyş işi we işjeňligi peselýär. Häzirki wagtda 30-a golaý tebigy witaminler bellidir. Olaryň köpüsi derman ösümliklerde saklanýar.

Haýwan bedenine daşarky iýmit bilen 20-ä golaý witaminiň barmagyna mätäçdir, beýlekileri bolsa bedende sintezlenýär.

Witaminler fiziki-himiki we farmakologiki häsiýetleri boýunça tapawutlanýarlar.

Adamyň witaminlere mätäçligi onuň ýaşaýyş durmuşy, işi, saglyk ýagdaýy we ýylyň möwsümi we beýleki köp sanly sebäpler bilen baglanşyklydyr.

Dürli kesellerde, esasan hem ýokanç kesellerde bedeniň witaminlere mätäçligi ýokarlanýar. Meselem ýürek-damar kesellerinde askorbin turşusyna (C witamin) mätäçlik ýokarlanýar.

Witaminler iki topara: ýagny suwda ereýänlere - B, C, P, PP we ş. m., şeýlede ýagda ereýänlere - A, D, E we ş. m. bölünýärler.

**A witamin topary** karotiniň önümleri bolup, bedende ýetmezçilik edende gözüň görüşi peselýär (kseroftalmiýa), ösüş peselýär, şeýle-de ýanygy we sowuk uranda bejerilýär.

Bu witaminiň tebigy çeşmeleri, ysmanak, sogan, käşir, kädi, dyrnakgül, rýabina, çasaran, kesegül we başgalar bolup bilýär.

**D witamin topary** diňe janly bedenlerde duşýar. Ösümliklerde olar sterollar görnüşinde bolup, (ergosterin we sitosterin) ultra melewşe şöhleleriň täsirinde D witamine öwrülýärler. D witaminiň ýetmezçiliginde bedeniň süňkleri maýyşgak bolup, rahit keseli döredýär. Şeýle-de D witamin deri kesellerinde-de ulanylýar.

**E witamin topary** ***(tokoferollar).*** Bu witaminiň ýetmezçiliginde ownuk gan damarlaryň gurluşy bozulyp, olaryň geçirjiligi ýokarlanyp, portlaşýar we döwülýär.

E witamini bedende okislenme-gaýtarylma hadysalara gatnaşyp, ganda gemoglobiniň we eritrositleriň mukdaryny ýokarlandyrýar. Şeýlelikde ol göwreliligiň kadaly geçmegini üpjün edýar, we beden etiniň trofiki bozulmasyny bejermekde amatly täsir edýär. Witaminleriň E topary kösüklilerde, itburunyň we çasaranyň miwesinde, suw kyrk bogunynda bardyr.

**K witamin topary** hataryna antigemorragiki, ýagny gany lagtalandyryjy sebäpler degişlidir. Gan saklaýjy serişdeler bolan K witamin - topary ýorunjanyň ýapraklarynda, ysmanakda, kelemde, çit-çitide, çopan torbada, towşan dodakda, boýbodranda, suw kyrk bogynynda we mekgejöweniň gulpagynda bardyr.

**B witamin topary**, esasanam çit-çitide, malinanyň, itburunyň, çasaranyň miwesinde, greçkada, soganda, mekgejoweniň gulpagynda we ş.m. bardyr.

**$B_1$ witamini** (anewrin, tiamin) bedende uglewodlaryň öwrülşigini sazlaşdyrýar. Bu witamin ýetmezçiliginde nerw ulgamynyň işjeňligi bozulýar. Onuň has köp çeşmeleri tüwi we kösükliler hasaplanýar.

**$B_2$ witamini** ***(ribo-laktoflawin)***, ol okislenme-gaýtarma hadysalara gatnaşýar, uglewodlaryň çalşygyny sazlaşdyrýar. Onuň ýetmezçiliginde işdä peselýar we gowşaklyk duýulýar, saç düşýär. Onuň esasy çeşmeleri gök önumler.

**$B_6$ witamini *(piridoksin)*** madda çalşygyna gatnaşýar. Onuň fosforturşy efiri aminoturşylary (dekarboksilirleýji we pereaminirleýji) öwrülşigini katalizirleýji witaminleriň düzümine girýär.

$B_6$ witamini ýetmezçiliginde aminoturşy triptofanyň sintezi we çalşygy bozulýar. Onuň çeşmeleri - tüwi we bugdaý hasaplanýar.

**PP witamini *(nikotin turşusy)*** onuň ýetmezçiliginde pellagra keseli ýüze çykýar. Has köp PP witamini hamyrmaýa, bugdaýda we haýwanlaryň içki agzalarynda saklanýar.

PP witamini periferiki damarlaryň tonusyny ýokarlandyrýar we damargiňeldiji täsiri ýüze çykarýar.

**P witamini** – toparyna çylşyrymly organiki (bioflawo-noidler) birleşmeler – rutin, kwersetin we ş.m. girýär. P witamini itburunyň, alyjyň, rýabinanyň, gara smarodinanyň, greçkanyň miwelerinde, benewşäniň otunda we gurtgyranyň, çopantelpeginiň güllerinde bardyr.

P witamini askorbin turşysy bilen bir hatarda okislenme – gaýtarma hadysalara gatnaşyp, ownuk gan damarjyklary berkidiji, gan saklayjy täsiri ýüze çykarýar.

**C witamini** – askorbin turşysy, ösümlik dünýasinde giňden ýaýrandyr. Onuň ýetmezçiliginde bedeniň ýokanç kesellere durnuklylygy peselýar, kapillýarlar portlaşýar, we “singa” keseliniň ýüze çykmagyna alyp barýar.

C witamine – itburunyň miwesi baýdyr. Şeýle-de bişme-dik grek hozy, kelem, gara smarodina, kartoşka, sosna pürleri, sogan, sitrus ösümlikleri, alma, ýakymlyjanyň oty, altynsow müň, jerebaý, bir ýyllyk burç, atgulak we ş.m. ösümlikler askorbin turşusynyň çeşmeleridir.

Bedende C witaminiň gatnaşmaýän hadysasy ýokdur. Ol proteiniň sintezine gatnaşýar. Eger kollagen emele gelmese onda beýni proteini hem sintezlenmeýär. Askorbin turşusy damarlary berkidýär we maýyşgaklygyny artdyrýar. Arteriýa damaryň diwarlaryndaky holestirini we beýleki proteiniň önümleri aýyrýar. Şeýlelikde aterosklerozyň öňi alynýar.

Witaminleriň toparyna pantoten turşusy, inozit, biotin, fol turşusy, hem girýär, olaryň hem bedene edýän täsiri we ähmiýeti uludyr.

Witaminler dürli kesellerde ýagny böwrek kesellerinde, dem alyş agzalaryň, içki bölüp çykaryş mäzleriň kesellerinde, ýokanç we ýürek kesellerinde, şöhle keselinde, hirurgiýada, akuşer-ginekologiki kesellerde we nerw kesellerini bejermekde we öňüni almakda giňden peýdalanylýar.

**Uglewodlar.** Bular uly toparly organiki birleşmeler bolup, olara monosaharidler, disaharidler, polisaharidler, pektin maddalary, şepbikler, nemler we ş.m degişlidir.

Polisaharidler-gant bolmadyk çylşyrymly uglewodlar bolup, olar madda çalşygynyň netijesinde bedeni energiýa çeşmesi bilen üpjün edýärler.

Ösümlik polisaharidleriniň biologiki işjeňligi dürlidir: olar antibiotik, wirusa garşy, domme çişlere garşy, antidot häsiýetleri ýüze çykarýarlar.

Polisaharidler tebigaty we ýerine ýetirýän işi boýunça tapawutlanýarlar:

Kletçatka ýa-da sellýuloza öýjük bardasynyň esasy bolup, içegäniň nerw myşsa apparatyna mehaniki täsir edip, iýmit siňdiriş agzalaryň motor funksiýasyny sazlaşdyrýar, şireleriň işlenip çykmasyny, madda çalyşygyny ýokarlandyrýar. Mundan başga-da ol holesteriniň we beýleki dargan önümleriň bedenden çykarylmagyny üpjün edýär. Bu bolsa ateroskleroz, gipertoniki we beýleki içki agzalaryň keselleriniň öňüni almakda ähmiýetlidir.

**Pet** ösümlikleriň miwesinde, kökünde, gabygynda, ýer asty miwesinde ätiýaç madda hökmünde ýygnanýar. Senagat möçberinde ýurdumyzda kartoşkanyň, tüwiniň, mekgejöweniň we bugdaýyň peti öndürilýär. Pet diňe bir iýmit hökminde ulanylman eýsem lukmançylyk, dermançylyk we gözellik amallarynda giňden ulanylýar. Pet bedende içege bakteriýalaryň riboflawini sintezlemegini ýokarlandyrýar. Riboflawin bolsa holesteriniň öt turşylaryna öwrülmegini we bedenden çykarylmagyny üpjün edýär. Inulin guzygulagyň,

syçratgynyň we dermanlyk tozganyň düzüminde we kök miwesinde saklanýar. Ol süýji keselini bejermekde ulanylýar.

**Pektin maddalary** polisaharid tebigatly bolup, köp mukdarda ösümlikleriň miwelerinde kök miwesinde we baldaklarynda ýygnanýar. Esasan hem tokaý ýertudanasynda, itburunyň, klýükwanyň, gara smarodinanyň miwesinde, almada, limonda, apelsinde we kalinanyň miwesinde, deňiz keleminde we ş. m. bardyr. Pektin maddalary adsorbirleýji, alawlama garşy täsiri ýüze çykarýar. Onuň adsorbirleýji, täsiri stronsiý, kobalt, radioişjeň izotoplary birleşdirip, bedenden özleşdirilmedik ýagdaýda çykaryp bilmegidir. Şeýle-de pektin simap we gurşun bilen zäherlenmä garşy serişde-antidot hökminde ulanylýar. Pektinler bedende peýdaly bakteriýalaryň ýaşaýşyny we ösüşini üpjün edip, holesterini we zäherli maddalary bedenden çykarmaga ukyplydyr.

**Nemler we şepbikler**. Bu topar kolloid polisaharidleri-niň mahsus häsiýetleri olaryň suwda eräp goýy, şepbik erginleri emele getirmegidir. Şepbikler miweli agaçlaryň ýagny üljäniň, garalynyň, badamyň, akasiýanyň, erigiň şahalarynda emele gelýär. Şepbikleriň düzümini kalsiniň, magniniň, kaliniň duzlary, gant, şepbik turşulary bilen polisaharidleri emele getirýär.

**Nemler**. Esasan zygyryň çigidinde (5-12%) çerbiýanyň, çopan telpegiň, üç bölek goşa dişiň kökünde we atgulagyň, lipanyň, eje-ejeligiň ýapraklarynda köpdür.

Şepbikler we nemler ösümlikler üçin ballas maddalar hasaplanýar, ýöne olaryň örtüji we kolloid erginleri emele getirmegi, ýumşadyjy, örtüji serişde hökmünde bronhit, aşgazan, içege kesellerinde we bokurdagyň nemli bardasyndaky nerw uçlarynyň örtüp goramak üçin giňden ulanylýar. Şol sebäpli nemler we şepbikler kolitli, enterokolidli, gastritli, aşgazan-içege ulgamyň baş we bronhit keselli näsaglary bejermekde ulanylýar.

Dermançylyk ulgamynda şepbikler, emulgator hökminde, örtüji we ýelim maddalary hökminde gerdejikler, pilýula taýýarlamakda ulanylýar.

**Ýaglar, mumlar.** Ýaglar gliserinden we ýokary karbon turşylaryndan emele gelen efirlerdir. Esasan hem ýaglar badamda,zygyrda, günebakarda, mekgejöwende, gowaçada, zeýtunda, künjüde, çasaranda we beýleki ösümliklerde ýygnanýar.

Ýaglar otag gyzgynlyk görkezijisinde ergin halda,gaty ýaglar-gaty ýa-da goýy halda bolýarlar, şeýlede mumlar gaty maddalar hasaplanyp, bal arysynyc we kitic mumy bellidir.

Ýaglaryc, gaty ýaglaryc, mumlaryc terapewtiki täsirliligi olaryc deriden sorulma häsiýetine esaslanandyr. Olarda eredilen derman serişdeleri deriden sorulyp ýumşadyjy serişdeler hökmünde çalgy, krem, sabyn we ş.m. görnüşinde we ýelimleri taýýarlamakda ulanylýar. Şeýle-de erediji hökmünde (meselem, kamforanyc we beýleki serişdeleric sanjym üçin ýagly erginleri) ulanylýar.

Käbir ýaglar (ak kemençäniň, narpyzyc, tminic) içege taýýajygyna we kesel dörediji mikroblara garşy bakterisid täsiri ýüze çykarýar: güýçli täsir edijilere kastor ýagy degişlidir. Düzüminde doýmadyk ýag turşylaryny saklaýan ösümlik ýaglaryny iýmit hökmünde ulanmak ateroskleroz keselinic öcüni alýar.

**Fitonsitler** - biologiki işjec çylşyrymly uçujy organiki maddalardyr. Olar ösümlikler tarapyndan goraýjy maddalar hökmünde emele gelýär we madda çalşygyna gatnaşýarlar. Ösümlikleric dürli görnüşleri, we şol bir ösümligic dürli agzalary dürli görnüşli fitonsitleri öndürip bilýärler. Bir ösümligic fitonsitleri bakretisid täsiri beýleki birinicki bolsa bakteriostatiki täsirlidir.

Fitonsit häsiýetli ýüz müclerçe ösümlikler bardyr. Has köp fitonsit häsiýeti ýüze çykarýanlaryna sogan, sarymsak, ewkalipt, ak kemençe, jerebaý, altynsöw müň, piňma, benewşe, boýbodran, arça we ş.m. degişlidir. Bu ösümlikleric fitonsit häsiýetleri ylmy lukmançylykda öwrenildi. Fitonsitler güýçli antibiotikler bolup, grippic öcüni almakda, ýokary dem alyş ýollarynyc kesellerinde, basykda, agyz boşlugynyc kesellerinde, gingwitde, stomatitde, aşgazan-içege ulgamynyc

kesellerinde we ginekologiki kesellerde ulanylýar. Sarymsagyc, soganyc fitonsitleri aferoskleroz, gipertoniýa keselinde, jerebaýyc dermanlary imanin, nowoiman hirurgiýada gicden ulanylýar. Fitonsitleric täsirinde howadaky mikrobedenjikleriň mukdary azalýyr.

**Mineral maddalary** (himiki elementler)-bedeniň hökmany düzüm bölekleri bolup, onuň işjeňligi üçin zerurdyr. Olar ösümlikleriň öýjük şiresinde az mukdarda bardyr. Bedende her bir himiki element belli bir işi dolandyrýar. Olar biri-biriniň ýerini tutup bilmeýärler. Olar witaminleriň, gormonlaryň şeýlede biohimiki hadysalary dolandyrýan ähli biologiki işjeň maddalaryň düzümine girýärler ýa-da olaryň sintezine gatnaşýarlar.

Ösümliklerde saklanýan himiki elementler iki topara bölünýär: makro we mikroelementler. Makroelementleriň toparyna janly bedeniň 99%-ni düzýän ýaşaýyş üçin wajyp elementler girýär: olara kaliý, natriý, kalsiý, magniý, marganes, kremniý, fosfor, ftor, hlor we ş.m. degişli bolup, olar ösümlik dünýäsinde giň ýaýrandyr.

Mikroelementleriň hataryna bolsa mis, marganes, nikel, myşýak, kobalt, molibden sink we başgalar degişli bolup olar ösümliklerde ujypsyz mukdarda bolýarlar. Mineral maddalar bedeniň çalyşma hadysasyna gatnaşyp, öýjük protoplazmasynyň düzümine girýär, şeýle-de öýjükara we dokuma ara erginlerde bolýarlar. Olar ganda gemoglobiniň (demir), gemosianininiň (mis), galkan görnüşli mäziň (ýod), aşgazan asty we jyns mäzleriniň (sink) düzümine girýärler. Olar enzimatiki hadysalary dolandyrmaga gatnaşýarlar. Mineral maddalar daýanç dokumanyň emele gelmegi üçin esasy bolup hyzmat edýärler. Olar suwuň çalyşygyna gatnaşyp turşy - esas deňagramlygy düzleýärler.

Lukmançylyk amalynda makro we mikro elementler derman serişdeleri hökmünde, şeýle-de demire baý bolan ösümlik preparatlary azganlylykda (anemiýa), ýoda baý bolan-galkan görnüşli mäziň kesellerinde ulanylýar. Fosfor - - fosfor turşysy görnüşinde adenozin trifosfor turşusynyň

(ATF) düzümine girýär. ATF öz gezeginde bedeniň dokumalarynyň düzüm bölegidir. Demir, mis, molibden we beýleki elementler enzimleriň sintezine gatnaşýar. Magniý uglewodlaryň çalşygyny dolandyrýan enzimiň işjeňligini sazlaşdyrýar. Kalsiý öýjük bardasynyň gurluş elementidir.

Mikro elementler häzirki wagtda gan emele geliş ulgamyň kesellerini, dömme çişleri bejermekde ulanylýar. Şol sebäpli fitopreparatlary mikro elementler bilen utgaşdyryp ulanmak has amatly hasaplanýar.

Derman ösümlikleriň düzümine ady agzalan biologiki işjeň maddalardan başgada beýleki himiki birleşmeler (organiki turşular, pigmentler, enzimler we ş. m.) girýärler.

Köp ýagdaýlarda derman ösümlikleriň bejeriş täsiri olaryň düzümindäki haýsy hem bolsa bir madda bilen baglanşykly bolman, eýsem onuň düzümindäki toplum birleşmeleriň täsiri bilen baglanşyklydyr. Meselem: bu ýagdaýda çaýyň, itburunyň, digitalisiň, pişik otynyň düzümindäki arassa täsir ediji maddalaryň (meselem kofeiniň, askorbin turşusynyň, rutin, digitoksiniň, izowalerian turşusynyň), terapewtiki täsirliligi ösümligiň özünden taýýarlanan derman görnüşiniň (ekstrakty, demlemesiniň, gaýnatmasynyň, tinkturasynyň) ýüze çykaran terapewtik täsirliliginden has pesdir.

## 1. 3. Derman ösümlikleriň ýygnalyşy we guradylyşy

Biziň güneşli Türkmenistanymyzda ösümlikleriň 2850 gönüşi ösýär. Olaryň 1700 görnüşi ýabany ösýän ösümliklere degişli. 1000-e golaý ösümlik geljekde dermanlyk çig mal bolmaga mümkinçiligi bar. Ol ösümlikleriň 400-e golaýy adam bedeni üçin wajyp bolan biologiki işjeň maddalardan witaminleri, alkaloidleri, glikozidleri we mikroelementleri saklaýar. Ülkämizde ösýän ösümlikleriň 332 görnüşi başga hiç ýerde duş gelmeýän- endemiki ösümliklere degişli. Biziň ülkämiziň howa şertleri ösümliklerde biologiki işjeň

maddalaryň ýygnalmagy üçin has amatly hasaplanylýar. Biologiki işjeň maddalar ösümlik bedeniniň dürli agzalarynda we onuň ösüşiniň belli bir döwründe ýygnanýar. Derman maddasy bir ösümligiň pyntygynda, ýapragynda we baldagynda ýygnansa, ikinji biriniň güllerinde ýa-da miwesinde, beýleki bir ösümligiň bolsa kökünde ýa-da gabygynda ýygnanýar. Şeýle-de derman maddanyň mukdary ösümligiň dürli ösüş döwründe birmeňzeş bolmaýar, hat-da olaryň mukdary günüň dowamynda-da üýtgäp durýar. Şol sebäpli hem ösümligiň haýsy böleginde biologiki işjeň maddalar köp bolsa şol bölegi hem dermanlyk çig maly üçin ýygnalýar. Ýygym öz wagtynda geçirilmedik halatynda ýygnalan derman ösümlikleri biologiki işjeň maddalary özünde saklamaýar, şol sebäpli olaryň bejeriş täsirliligi pes bolýar. Derman ösümliklerde biologiki işjeň maddanyň mukdary onuň ýygnalýan bölegi we onuň wagty bilen baglanyşyklydyr.

1- nji görkezijide käbir derman ösümlikleriň çig mallarynyň ýygnalyş möwsümleri görkezilendir.

**Pyntyklar -** Derman çig maly hökmünde berýozanyň we sosnanyň pyntyklary ulanylýar. Olary ýazyň başynda, haçan-da çişende ýöne, açylmadyk wagty ýygnamaly. Bu ýagdaý adatça Nowruz we Gurbansoltan aýlarynda bolýar. Iri pyntyklary (sosnanyň) pyçak bilen kesilýär, ownuklary (berýozanyň) bolsa şahasy gurandan soň döwüp aýyrýarlar. Pyntyklary guratmak örän usully yerine ýetirmeli. Olary uzak wagtlap ýelejiredilen, salkyn ýerde guratmaly, sebäbi yssy ýerde olar açylýarlar.

**Gabyk**. Agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň gabyklaryny dubyň, kalinanyň, gara tikeniň gabyklaryny ýazyň başynda şire goýberip başlanda ýygnamaly. Bu wagt olar agaçlaşan ýerinden aňsat aýrylýar. Soňrak ýazyň ahyrynda tomsuň başynda ösüş togtanda gabyk aýrylmaýar. Gabyk almak üçin, ýaş şahalardan ötgür pyçak bilen halka şekilli 25-50 sm biri-birinden uzaklykda kesmeli. Soňra olary kese kesikler bilen birleşdirmeli we turba görnüşinde aýyrmaly. Eger-de gabyk lişaýnik ösüntgileri bilen örtülen bolsa, ilki olary pyçak bilen arassalamaly. Şeýle edilmedik ýagdaýda çig mal ýokary hilli diýip hasaplanylmaýar.

**Ýapraklar.** Ýapraklary ýygnamak ösümligiň mugjalaýan we gülleýän etabynda amala aşyrylýar. Ýapraklar gurak howada el bilen ýygnalýar. Adat boýunça kök üsti, aşaky we ortaky baldakdaky ýapraklar ýygnalyar. Saralan, mör-möjekleriň gemiren, kömelekler bilen zaýalanan ýapraklaryny ýygnamaly däl.

**Otlar.** Ösümligiň oty adat boýunça gülläp başlanda, käbir görnüşlerde bolsa doly gülläp bolandan soň ýygnalýar. Oty ýygnamak çalgy bilen ormak arkaly, orak, pyçak ýa-da beýleki orujy enjamlary ulanmak arkaly ýygnaýarlar. Soňra ösümligiň ýer üsti iri baldaklaryny saýlap aýyrmaly.

**Güller we gül *ç*ogdamlary.** Olary ýygnamak gülläp başlanynda ýerine ýetirmeli. Şol döwürde olar täsir ediji maddalary köp saklaýar we saklananda pytramaýar hem-de guratmaga dözümli bolýar, şeýle-de öz reňkini ýitirmeýär. Güller el bilen sypyryp ýa-da baldakdan üzüp ýygnalýar. Kähalatlarda gül çogdamlaryny ýygnamak üçin ýörite gurallar- kesgiç-gaýçylar ulanylýar. Meselem dermanlyk çopan telpegiň gülleri şol gurallar bilen ýygnalýar.

**Miwesi we tohumy.** Ösümligiň miwesi we tohumy derman maddalara has baý. Şol sebäpli olary ýetişýän wagtyna laýyklykda möwsümleýin el bilen ýygnaýarlar. Rýabinany, tmini, zirki we beýleki ösümlikleriň miwesi saýawan görnüşinde ýerleşenligi sebäpli olary ilki el bilen üzüp alýarlar. Guradylandan soňra sapajyklaryny saýlaýarlar. Itburunyň miwesi onuň okarajygy bilen bile ýygnanýar sebäbi ol miwäniň ýokarsynda ýerleşen. Miwesi guradylyp el bilen owkalananda okarajyk aýrylýar. Aýratyn hem çernikanyň, malinanyň, ýertudananyň şireli miwelerini ýygnamak kyn hasaplanýar. Olary sebede ýygnap ýenjilmez we ezilmez ýaly her gatlagyna ösümlik şahajyklaryny goýmaly.

**Köki, porrugy we ýer asty miwesi.** Ösümligiň bu agzalary onuň ýer üsti bölekleri öz ýaşaýyş möwsümini tamamlandan soň, tomsuň ahyrynda ýa-da güýzde ýygnalýar. Olary ir ýazda ýer asty bölekleriniň ösmegi başlanmanka (wegetasiýa) hem ýygnamak bolýar. џöne bu taýýarlanyş möwsümi gaty gysga bolýar. Olary pil bilen gazyp ýygnaýarlar ýa-da ýörite traktorlaryň kömegi bilen gazylyp alynýar. Soňra olar sowuk suwda ýuwulyp toprakdan arassalanýar we açyk howada guradylyp mehaniki galyndylardan, baldak

böleklerinden, zaýalanan agzalaryndan arassalanýar hem-de guratmaga ugradylýar. Ösümligiň ýer asty bölekleri ýagynly we çygly howada ýygnalman diňe gury howada ýygnalýar.

Zaýalanan, çaň siňen, ýoluň gyralarynda hapalanan ösümliklerden derman çig mallaryny taýýarlamak bolmaýar. Ösümlik gemrijiler tarapyndan zaýalanan bolsa olardan derman çig malyny taýýarlamak bolmaýar. Çig maly gaplara ýygnamaly. Güller, miweleri üçin uly bolmadyk sebetler ýa-da çelekler ulanylýar. Gury miweler, tohumy, çigidi, ýer asty bölekleri bolsa haltalara we beýleki gaplara salyp gaplamaly.

Derman ösümlikleri ýygnalandan soňra ýüz ugruna diýen ýaly ony saklamaklyk üçin, ýagny düzüminde önümçilige, dermanhanalara ýetýänçä üýtgeşmeleriň bolup geçmezligi üçin işlenilýärler. Diňe käbir çig mallaryň üstünde hiç-hili işlenilmeýär. Sebäbi olaryň düzüm bölekleri saklanma döwründe dargaýarlar. Bu hili çig mallary farmasewtiki serişdelerini taýyarlamak üçin terligine ulanylýar. Köp sanly ýygnalynan çig mallary ösümligiň biologiki işjeň maddalarynyň dargamagyny üpjün etmäge ukyply enzimleri inaktiwirlemek (işjeňligini aýyrmak) maksady bilen guradylyp saklanylýar.

Derman ösümliklerinde ýygnalynanyndan soň hem madda çalşygynyň doly üýtgändigine seretmezden ýaşaýyş dowam edýär. Ösümlik dokumalarynda çuň üýtgeşmeler ondaky suwuklyklaryň bugaryp doly guratmaklygy dokumalaryň ölümine hem-de madda çalşygynyň durmagyna getirýär. Dokumalardaky enzimler biohimiki hadysalara gatnaşyp bilmeýändigi üçin öýjükdäki durnuksyz (labil) maddalary dargadýarlar. Şu ýerden ösümlikleriň guradylmagynyň, olaryň dermanlyk çig mallaryna öwrülmegindäki ähmiýetiniň uludygyny görkezýär.

Enzimleriň işjeňligi köp tarapdan öýjügiň düzümindäki wodorod ionlarynyň mukdaryna bagly.

Adatça olar gurşawyň pH derejesi 7 we 10 deň bolanda ýeterlik derejede işjeň bolýarlar.

Kä halatlarda ter ösümliklerdäki enzimleriň täsiri olaryň farmakologiki häsiýetini ýüze çykarmaklygy üçin ýaramly täsir edýärler, kä halatlarda bolsa, olaryň täsiri bilen ýüze çykýan üýtgeşmeler maksada ters gelýär. Birinji ýagdaýda enzimleriň täsirini enzimleme ýoly bilen ýokarlandyryp bolýar, ikinji ýagdaýda enzimleriň islenilmeýän täsirini aýyrmak üçin derman ösümliklerini çalt guratmaly. Meselem, kumarinleriň oşümlikdäki enzimatiki täsirler bilen emele gelmegi, okislendiriji enzimleriň täsiri bilen redusirlenen antrahinonlaryň antrohinonlara öwrülmegi, glikozid sinigriniň gidroliz dargamagy – bularyň hemmesi islenilýän enzimatiw üýtgeşmeler bolup, dermanlyk çig malynyň bejeriji täsirini döredýärler. Beýleki ýagdaýlarda bolup geçýän enzimatiki hadysalary biologiki işjeň maddalaryň dargamagyna getirip, olaryň bejeriji täsiriniň çäklenmegine ýa-da ýitmegine getirýär. Enzimleriň täsiri durnuksyz (labil) glikozidlere, giossiýam derman maddalarynyň alkaloidlerine zaýalaýjy täsir edýär. Şu görnüşli dargamalary enzimleri inaktiwirlemek bilen öňi alynýar we durnuklanan derman serişdesi döredilýär. Derman çig mallarynyň durnuklaşmagyny üpjün edýän şu aşakdaky usullar ulanylýar: ter dermanlyk ösümliklerini gaba salmak bilen alkogolyň ýa-da hloroformyň buglary bilen täsir etmek, soňra olar guradylýar, eger-de suw buglary düzümini üýtgetmek mümkinçiligi bolmasa, suw buglary hem ulanylýar.

Durnuklanan çig malynyň enzimleri inaktiwirlenen soňra reaktiwlenip (täzeden işjeňlenip) bilmeýär. Ýokardaky agzalan usullar çig mallary konserwirlemegiň doly we dogry usuly bolmak bilen, özüniň gymmatlygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin hem ösümlikler guradylmak bilen konserwirlenýär. Guradylanda suw doly

bugarmak bilen enzimleriň täsiri doly aýrylmaýar we diňe saklanylýar.

Ösümlik täzeden çyglanan şertlerinde enzimler işjeňleşýärler we dargama hadysalaryny amala aşyrmaklyga mümkinçilik döredýär.

Dogrusy aýdylanda ter önümleriň düzümini, biologiki täsirini onuň çig malynda üýtgedilmedik görnüşinde saklamak mümkin däldir. Esasy zat ösümlik guradylanda we konserwirlenende onuň düzüm böleklerini, bejeriji täsirini ýitirmezlige çalyşmaly.

Ösümligiň ter bölegini guradylmazdan öň gowy edip ýuwmaly. Ösümligiň yer asty böleginiň goşmaça garyndylary biraz wagtlap suwda saklap, güýçli silkmek bilen arassalanylýar. Eger-de kökler we porruklar şu usul bilen arassalanmasalar, olaryň düzüminde köp mukdarda mikroelementleriň bolmagyna getirýär we bu usul onuň bejeriji täsiriniň peselmegine getirýär.

Käbir köklerden farmakopeýanyň görkezmesine görä gabygy aýrylmalydyr. Köp sanly ösümlik kökleriniň gabygy täze köwlenip çykarylan badyna gowy aýrylýar. Kökleriň gabyklarynyň ardylmagy olaryň külkä öwrülmegini ýeňilleşdirýär, sebäbi olar gabyk süýümlerinden arassalanýarlar.

Ösümlikleriň ýer üsti bölekleri guradylmazyndan ozal del maddalardan, hapalardan, özge ösümliklerden arassalanmalydyr.

Arassalanan çig mallary guradylýar. Çig malyň işjeň bölekleriniň himiýasyny göz öňünde tutup guradylmalydyr. Uzak ýatan ýa-da çüýrän, guran, zaýalanan ösümlikleri guradylmaýar. Derman çig malynyň guradylmagy onuň düzümine baglylykdaky gyzgynlygy ulanmak bilen tiz amala aşyrylmalydyr. Tejribeleriň netijeleriniň görkezmesi ýaly çig mallarynyň guradylmagy üçin ýaramly gyzgynlygyň derejesi $50^0$S deňdir. Şu derejeli gyzgynlykda enzimleriň täsiri gowşaýar ýa-da doly bes edilýär. Käbir halatlarda

guradylmagyny ilki başda ýokary derejede ýerine ýetirip, soňra 50 $^{0}$S ulanmaklyk hem maslahat berilýär.

Tiz guradylmagy ýöriteleşdirilen abzal bolan gyzgynlygy sazlanyp durulýan guradyjy kameralarda amala aşyrylýar. Witaminleri köp saklaýan ter miweleri has-da tiz guradylýar. Bu ýagdaýlarda gyzgynlygyň derejesi 70-90$^{0}$S ýetirilýär, bu bolsa köp mukdardaky witaminleriň saklanyp galmagyny üpjün edýär. Şolar ýaly, ýürek glikozidlerini, alkaloidleri saklaýan çig mallary hem tiz guradylýar. 50$^{0}$S gyzgynlykda oňat ýelejiredilýän ýerde çig mal bejeriş düzümi üýtgemezden guraýar. Biziň güneşli diýarymyzda tomusyň gyzgyn aýlarynda jaýlaryň üçeklerinde hem derman ösümliklerini guratmak üçin amatly şertler bardyr.

Guramagyň häsiýeti derman çig malyň görnüşine, we ondaky täsir ediji maddanyň häsiýetine bagly. Efir ýaglaryny saklaýan derman ösümlik çig mallaryny (käkilik oty, ýakymlyja we ş. m.) 30-35$^{0}$S gyzgyn görkezijilerde haýal guratmaly. Ýokary gyzgynlykda efir ýaglary uçýarlar. Kä halatlarda tersine, ýürek glikozitlerini saklaýan derman ösümlik çig mallary (ýaz adonisi, landyş, göwen, kendir we ş.m.) 50$^{0}$S – 68 $^{0}$S gyzgyn görkezijilerde enzimleriň täsirini togtatmak maksady bilen tiz wagtda gutarmaly.
Askorbin turşusyny saklaýan derman ösümlik çig malynyň (itburunyň gülleri, nowruzgülüň gülleri) okislenmezligi üçin 80$^{0}$ – 90 $^{0}$S gyzgyn görkezijilerde guratmaly.

Göni gün şöhleleriniň täsiri astynda ösümligiň ýaşyl ýapraklary we gülleri öz reňklerini ýitirýär, reňksizlenýär, saralýar ýa-da garamtyl bolýar. Bular ýaly özüniň tebigy reňkini ýitiren çig mallary ulanmaklyga ýaramsyzdyr. Göni gün şöhleleriniň aşagynda reňkleýji maddalary saklamaýan ösümlik

böleklerini – tohumyny, köküni, gabygyny guradyp bolýar. Türkmenistanyň tomus aýlarynda gün şöhleleriniň derejesi örän ýokary bolýandygy sebäpli bu ösümlik bölekleriniň hem guradylmagy maslahat berilmeýär. Ösümlikleriň dürli bölekleriniň guradylyşy birmeňzeş däldir.

Dermanlyk çig mallarynyň guradylmagynyň täze usullary hem ornaşdyryldy. Şeýle usullaryň biri hem infragyzyl ýagtylygy ulanmakdyr. Bu usulda infragyzyl şöhleleri dermanlyk serişdeleriniň içine girýärler we netijede guramak hadysasy tiz amala aşýar. Şol bir wagtda köp mukdardaky çig mallary guratmakda bu usuly ulanmak kynçylyklar döredýär.

Dermanlyk çig mallaryny liofilizirlemek ýoly bilen hem guradyp bolýar. Bu usul haçan-da dermanlyk çig mallarynyň düzümindäki işjeň maddalarynyň ýeňil dargamak howpy bar bolan ýagdaýlarynda ulanylýar. Liofilizasiýany örän pes ýylylykda ($20^0$S) ýerine ýetirýärler. Şeýdip guradylan serişdäniň çyglylygy 2 – 4,5% köp bolmaýar. Bu usulda guradylan serişde-de tropan alkoloidleriň saklanyşy, $50^0$S gyzgynlykdaky guradylan serişdelerinden göz-görtele ýokary bolýar.

Guradylmak bilen bir hatarda çig malynyň konserwirlenmegi amala aşyrylýar. Emma olaryň doly durnuklaşmagynyň bolup geçmegine kepilnama ýokdur. Şonuň üçin käbir barlagçylar galen serişdeleriniň täze görnüşleriniň (tinkturalar, ekstraktlar) gowydygy barada belleýärler, sebäbi bularyň düzümindäki bejeriji täsirler durnukly saklanýarlar diýilip hem pikir aýdýarlar. Häzirki dowürde ýokary derejede arassalanan galeniňkiden hem durnukly serişdeleri ulanýarlar.

Derman ösümlikleriň çig malyndan alynýan arassa maddalaryň galen serişdeleri bilen deňeşdireniňde birnäçe artykmaçlyklary bar, sebäbi serişdeleriň bejeriji täsiri diňe şu görnüşde saklanyp we gözegçilik edilip bolýar. Emma olaryň täsiri derman çig malynyň farmakologiki

täsiri bilen mydama gabat gelip duranok. Şonuň üçin hem iň gowy farmakologiki täsirli derman görnüşleri girizilýär. Bu görnüşler köp sanly tejribeleri geçirmeklik bilen alynýar. Kä halatda çig malynyň düzümi biologiki täsirlerden başga sebäpleriň täsirleri bilen hem üýtgäp biler. Meselem guradylma döwründe turşy häsiýetli maddalar, ter ösümlikleriň düzüminde bolýan işjeň optiki maddalaryň rasemizasiýasyny ýuze çykaryp bilerler.

Çig maly guradylanyndan soňra täzeden arassalanylýar, seljerilýär, ýene-de guradylýar, böleklenilýär we gaplanylýar. Soňky arassalanmanyň esasy maksady – çig malynda tötänleýin düşen ösümligiň del böleklerinden hem-de guradylan döwründe öz tebigy görnüşini ýitiriji böleklerinden arassalanmakdyr. Çig mal iň soňky gezek, onuň düzümindäki çyglylygyň farmakopeýanyň kadalarynyň we ölçeg (standart) talaplaryna gabat gelen derejede guradylýar. Aşa guradylmakdan hem gaça durmaly. Sebäbi beýle çig mallary ýeňil döwülýär, gaplanylanda hem-de daşalanda külkä öwrülýärler.

Çig maly gaplanylanda, oňa salynýan gabyň nämeden ýasalandygynyň hem ähmiýeti bardyr. Dermanhanalarda satmak üçin, ownudylan we owradylan çig mallary olaryň tebigatyna baglylykda adaty we iki gatly haltalara ýa-da gutulara salynýar. Täzeden işlenilmegi göz öňüne tutulýan çig mallary haltalara, kagyz haltalara, özbaşdak bogdaklar edilip gaplanylýar.

Dermanhanalardaky dermanlyk çig mallary belli wagt aralygynda hiç hili üýtgeşmeler bolmaz yaly şertlerde saklanmalydyr. Munuň üçin ösümlikler saklanylýan jaýlara bolan wajyp talaplary – jaýyň howasy gurak bolmaly, gowy ýelejiretmeli, arassa, berk poly bolmagyny berjaý etmeli. Toplanan derman serişdelerini biri-biriniň üstüne goýmak bolmaýar, olar tekjelerde aýratyn edilip goýulmalydyr. Käbir çyglylygy köp çekýän ýa-da efir ýaglaryny saklaýan serişdeleri agzy ýapyk gaplarda goýulmalydyr. Farmakopeýanyň talaplaryna görä zäherli

we güýçli täsirli serişdeleri beýlekilerden aýratynlykda, gulplanylýan şkaflarda saklanylýar.

Nädogry saklanylanda, esasanda çygly, ýelejiremeýän, hapa diwarlary, poly zaýalanan bolsa, derman serişdeleri çig çekýär, çüýräp başlaýar, köp sanly zaýalaýjylar düşýär.

Deman ösümlik çig mallary gury garaňky, arassa ýerde saklanýar. Gülleriň ýapraklaryň otlarynyň saklanyş möhleti 1-2 ýyldan aşmaly däl. Köki, porrugy, gabygy – 2-3 ýyl möhletde saklanýar.

## 1. 4. Derman ösümlik çig malyndan derman görnüşleriniň taýýarlanylyşy

Derman ösümlikleri lukmançylykda öz tebigy durkunda örän seýrek ulanylýar. Adatça olardan dürli derman görnüşlerini we preparatlaryny ýasaýarlar.

Iň ýönekeý derman görnüşleriň biri ürgünler bolup durýar. Olar ösümlikleriň bölekleriniň (ýapragy, miwesi, köki, porrugy) owradylan görnüşidir. Ösümlikleriň guradylan böleklerini sokyda ýa-da kofe owradyjy enjamda owradýarlar. Alynan massany ýaralara sepmeklik üçin ulanýarlar ýa-da bolmasa içýärler. Umuman lukmançylyk amalynda derman ösümliklerden alynan ürgünler seýrek ulanylýar.

Dermanlyk ösümlik çig maly esasan hem demleme we gaýnatma görnüşlerinde ýygy ulanylýar. Demlemeler we gaýnatmalar bolsa ösümlik çig malyndan suwly çykyndy görnüşinde alynýar. Demlemeleri ýapraklardan, güllerden, baldaklardan taýýarlaýarlar. Gaýnatmalary bolsa kökünden, gabykdan, porruklardan taýýarlaýarlar. Her ösümlik çig malyny belli derejä çenli owratmaly. Ýagny ýapraklary, gülleri 5 mm çenli; baldagy, gabygy, köki, porruklary-3 mm çenli; miweleri, tohumlary- 0,5 mm uly bolmadyk göwrüme çenli owradylýar. Owradylan çig maly farfor ýa-da syrça bilen örtülen gaba salyp, üstüne suw guýup, gapagyny ýapmaly we gaýnap duran suwly hammamjyga oturtmaly. Demlemeleri $15^0$S çenli, gaýnatmalary $30^0$S çenli gyzdyrmaly, yzygider bulap durmak gerek. Gyzdyrylandan soň gaby otag temperaturada sowatmaly we süzmeli, galan çig maly sykmaly. Taýyar bolan çykyndyny gerek bolan göwrüme çenli suw bilen garmaly.

Demlemeler we gaýnatmalar köplenç 1:10 we 1:20 gatnaşykda taýýarlanylýar, ýagny, owradylan çig malyň bir böleginden demlemäniň, gaýnatmanyň 10,20 bölegi taýýarlanýar.

Içmek üçin ulanylýan demlemeleriň doýgunlygyny pes etmeli bolýar, şonuň üçin olary 1:30, 1:40 gatnaşygynda ýasaýarlar. Onuň tersine daşky hajatlar üçin ulanylýan demlemeleriň doýgunlygy has ýokary etmeli.

Öý şertlerinde demlemeleri we gaýnatmalary gaýnatman taýýarlaýarlar. Onuň üçin dermanlyk çig malynyň üstüne gaýnag suw guýup, gabyň gapagyny ýapyp, üstüni mata bilen ýapmaly. 4-6 sagat durandan soň süzmeli we sykmaly. Demlemeler we gaýnatmalar tiz zaýalanýarlar esasan hem yssy howada. Şony göz öňünde tutup olary her gün täze ýasamaly.

Eger-de her gün täze ýasamak mümkin bolmasa, onda salkyn ýerde ýa-da sowadyjyda saklamaly, ýöne 2 gije-günizden artyk saklamaly däl.

Kärhanalarda ýörite enjamlaşdyrylan tejribe geçirilýän otaglarda, derman ösümliklerden galen preparatlaryna degişli tinkturalary taýýarlaýarlar. Olary 70% ýa-da 40% spirtde taýýarlaýarlar. Owradylan ösümlikleri gaba salyp, üstüne spirt guýmaly, agzyny berk ýapyp 7 gün goýmaly. Bir hepdeden soň tinkturany aýyrmaly, galyndyny gowy sykyp, süzmeli. Tinkturalary köplenç 1:10 gatnaşykda ýasaýarlar. Spirtli tinkturalar köp wagtlaýyn saklamak üçin niýetlenendir. Olary köp bolmadyk mukdarda, ýagny, damjalap ulanýarlar (10-30 damja käwagt ondan hem az).

Kärhana şertlerinde ösümliklerden nowogalen preparatlary hem taýýarlanylýar. Olar öz gezeginde ballanst maddalardan ýokary derejede arassalanan suwly ýa-da seýrek ýagdaýlarda spirtli çykyndysy bolup durýar.

Nowogalen preparatlary diňe içmek üçin däl-de sanjym üçin hem ulanmak bolýar.

Sanjym üçin preparatlary ampulada, içmek üçin preparatlary bolsa çüýşede goýberýärler.

Lukmançylyk amalynda derman ösümlikleriniň guradylan bölekleri toplumlar we çaý görnüşinde ulanylýar. Toplumlardan demlemeleri, gaýnatmalary we gyzgyn ýapgylary taýýarlaýarlar.

Derman ösümlikleriň köklerinden çalgylary taýýarlaýarlar. Esas hökmünde wazelin, duzlanmadyk doňuz ýagy, mesge, ösümlik ýagy ulanylýar. Doňuz ýagyndan we ösümlik ýagyndan taýýarlanan çalgylar wazelin esasly çalgylardan gowy täsir edýär.

Bejeriş maksatlary üçin köplenç ösümlikleriň şiresi ulanylýar.

Ingalýasiýa üçin niýetlenen garyndylar, gaýnatmalardan ýa-da demlemelerden taýýarlanýar. Olara ingalýasiýa garyndysynyň bejeriş doýgunlygyna çenli suw bilen garylýar (adatça 1:2 we 1:3). Ýuwmak üçin, pürkmek üçin we başgalar üçin edil şular ýaly taýýarlanýar. Has doýgunlandyrylan suwly çykyngylar almak üçin bolsa demlemeleri we gaýnatmalary 1:5 gatnaşykda taýýarlap, olary şol durşuna daşky bejeriş maksatlary üçin ulanmaly.

Bejeriş hammamçalar taýýarlananda her hammam üçin 1-21 demleme we gaýnatma ulanylýar.

# II. KÖP ÝAÝRAN KESELLERIŇ DERMAN ÖSÜMLIKLERI WE FITOSERIŞDELERI BILEN BEJERILIŞI

## 2.1. Ýürek-damar keselleriniň fitoterapiýasy

**Ýürek gan-damar ulgamy. Ýürek gan-damar newrozlary.** Ýürek patologiýasynda ýürek gan-damar newrozlary esasy orny tutýar. Olara ýüregiň işleýşini sazlaýan ulgamyň näsazlyklaryna getiren umumy newrozlar hököminde seretmeli. Olara newrosteniýa, psihaasteniýa ýa-da isteriýa sebäpli döreýän psihogen (ruhy) alamatlaryň toplumlary degişlidirler.

Ruhy newrozlaryň ýüze çykmagyna görä:was-waslyk netijesinde döreýän hem-de ruhyýeti gowşaklygy sebäpli döreýän somatogen görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Newrozlara mahsus alamatlar bolup merkezi hem-de wegatatiw nerwi ulgamlarynyň işleriniň bozulmaklygy (gaharjaňlyk, gykylykçylyk, oňşuksyzlyk, gowşaklyk, tiz ýadamaklyk, ukysyzlyk, ýüregiň çalt urmagy, ýüregiň urşynyň durma duýgusy, üýtgemegi, ýurek agyrsy, dem gysma, kelle agyry, subfebril gyzgynlyk, huşyň peselmegi we ş.m.) degişlidir.

Bejerilişi: kesele getiren sebäpleri aýyrmaly, ruhy bejeriş çärelerini geçirmeli, bejeriş maşklaryny ulanmaly, şypahana bejergisi hem-de merkezi nerwi ulgamyny rahatlandyryjy derman we fito serişdelerini ulanmaly.

Tiz gahary gelýän kardiofobiýaly näsaglara bromyň walerianaly serişdelerini (waleriananyň köküniň demlemesi 12.0:200.0; natriniň bromidi 8.0 nahar çemçesi göwrüminde günde 3-4 gezekden) hem-de waleriananyň, landyşyň we alyjyň tinkturasynyň hersinden 10.0 we alyjyň ergin ekstraktynyň 5.0 günde 25 damjadan 2-3 gezek berilýär. Bu serişdeler, aýratyn hem, ýürek çalt uranda berilýär.

Näsagyň ukusynyň kadalaşmagyny hem gazanmaly. Muny ukysyzlygyň tebigatyny düşündirmek bilen, autogen taplanmany öwredip hem gazansa bolar. Eger-de näsagyň kadaly ukusy bolmasa, onuň doly sagalyp bilmejekdigini ýatdan çykarmaly däldir. Ukladyjy serişdeleri gysga wagtlaýyn bellemek bilen, soňunda ukyny ýüze çykarýan şertli-reflektor usullara geçmeli.

Ukysyzlyk bilen bileleikde duş gelýän ýürek newrozlarynda şu aşakdaky derman ösümlikleriň ýygyndysy bellenilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 10.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Flor. | Conwallariae | 10.0 | (Landyşyň gülleri) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae | 40.0 | (Walerianaryň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny günüň dowamynda birnäçe gezekde içilýär. Bejerginiň dowamlylygy 12-14 güne deň bolýar.

Ruhy dartgynlygy aýyrmak hem-de ukyny gowulandyrmak üçin ýene-de bir derman toplumy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 15.0 | (Walerianaryň köki) |
| | Strobuli | Lupuli | 15.0 | (Hmeliň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Leonuri | 30.0 | (Şirguýrugyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny günüň dowamynda owurtlap içip gutarylýar ýa-da ertir we agşam günde iki gezek ýarty bulgurdan içilýär. Bejerginiň dowamlylygy 12-14 gün.

Ýüregiň üstünde newrotiki agyry duýulyp, bradikardiýa ýagdaýlarynda landyşyň, walerianaryň tinkturasy her birinden 10,0 belladanyň tinkturasy 5,0 Mentol 0,1 ulanylýar. Bu serişde ýurek agyry peýda bolanynda 25 damjadan günüň dowamynda 2-3 gezek içilýär.

Walerianaryň hem-de landyşyň tinkturasy - 10 ml., belladonnanyň tinkturasy -5 ml. natriniň bromidi - 4 g., mentol- 0.25g. arassalanan suw - 30 ml çenli. Serişde esasan hem ukysyzlykdan ejir çekilende 20 damjadan 2-3 gezek bellenilýär. Bejerginiň dowamlylygy 2-3 hepde.

Kardialgiýada we tahikardiýada düzüminde bromizowalerian turşusynyň etil efirini, fenobarbital natriý, narpyz ýapragynyň ýagyny saklaýan korwalol ýa-da walokordin bellenilmek görkezilendir. Bu serişdeler sedatiw, damarlary giňeldiji, spazmolitiki täsirlidir. 25-30 damjadan günde 2-3 gezek içmeli, tahikardiýada bolsa 40-60 damja

çenli köpeldilýär. Newrotiki agyrylary bir bölek süýjiniň üstüne 5-10 damja walidol damdyryp içilende aýrylýar.

Bulardan başga hem şu aşakdaky derman ösümlikleriniň ýygyndylary ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Menthae piperitae | 20.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae | 10.0 | (Waleriananyň köki) |
| | Fol. | Trifolii | 20.0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Strobuli | Lupuli | 10.0 | (Hmeliň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulgur demlemäni günüň dowamynda içmeli. Bejerginiň dowamlylygy 2-3 hepde.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Menthae piperitae | 30.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae | 40.0 | (Waleriananyň köki) |
| | Flor. | Convallariae | 10.0 | (Landyşyň gülleri) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we j bulgurdan günde 1-2 gezek içmeli. Bejerginiň dowamlylygy 2-4 hepde.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Leonuri | 30,0 | (Şirguýrugyň oty) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Waleriananyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 3 gezek nerwi dartgynlygynda, gyjyndyryjylykda, ukysyzlykda içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Waleriananyň köki) |
| | Herb. | Leonuri | 25,0 | (Şirguýrugyň oty) |
| | Fruct. | Carvi | 25,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fruct | Foeniculi | 25,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 3 gezek nerw dartgynlygynda, howsalada, ýürek çalt uranda içmeli

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 30,0 | (Walerianany̆ň köki) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Flor. | Chamomillae | 30,0 | (Çopantelpegiň gülleri) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 2 gezek nerw dartgynlygynda, howsalada içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. | Polygoni avicularis | 30,0 | (Kyrk bogunyň oty) |
| | Flor. | Crataegi | 50,0 | (Alyjyň gülleri) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – j bulgurdan günde 3-4 gezek ýürek çalt uranda, gyjyndyrmada we ukysyzlykda içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 30,0 | (Walerianany̆ň köki) |
| | Herb. | Leonuri | 30,0 | (Şirguýrugyň oty) |
| | Herb. | Millefoli | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Fruct. | Anisi | 20,0 | (Anisiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – j bulgurdan günde 2-3 gezek ýürek ulgamynda agyry peýda bolanda içmeli.

**Gipo we gipertoniýa görnüşli neýrosirkulýator distoniýalar.** Gan damarlarynyň tonusynyň üýtgemekligi sebäpli ýüze çykýan gipotoniýa ýa-da tiz geçýän, ýokary bolmadyk, esasan hem sistoliki gipertoniýa köplenç ýüregiň newrozy bilen gabat gelýär ýa-da gan-damar distoniýa we neýrosirkulýator sindrom diýilip özbaşdak ähmiýete eýe bolýar.

**Gipotoniýa görnüşli** neýrosirkulýator distoniýa köplenç ýaş adamlarda duş gelýär. Birlenji hem-de ikilenji neýrosirkulýator distoniýanyň görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Bejerilişi: toplumlaýyn bolmalydyr. Ýüregiň newroz-ynda bellenilýän serişdelerinden başga ösümlik neýrostimulýatorlar bolan ħenşen köki, lewzei ekstrakty, zamanihanyň tinkturasy, araliniň, eleuterokokk ekstrakty, saparal ulanmaklyk hem göz öňünde tutulýar.

***Ћenşen köki*** nahardan öň spirtli tinkturasynyň 15-25 damjasyny, günde 3 gezekden ýa-da 0,15-0,3 g günde 3 gezekden bellemeli. Bejerginiň dowamlylygy 2-4 hepde.

***Leweýiň ergin ekstrakty*** 20-30 damjadan, günde 2-3 gezek bellenilýär

***Eleuterokokkanyň ergin ekstrakty*** gurplandyryjy serişde hökmünde nahardan ýarym sagat öň 2 ml. 2-4 hepdeläp kabul edilýär.

***Zamanihanyň tinkturasy*** - täsiri ћenşeniňki bilen meňzeş bolanlygy sebäpli merkezi nerw ulgamyny sazlaşdyryjy serişde hökmünde, gipotoniýada 30-40 damjadan, günde 2-3 gezek nahardan öň bellenilýär.

***Araliniň tinkturasy*** gipotoniýada bellenilýär. Nerw oýanyjylygynyň ýokarlanmagynda, ukysyzlykda ulanmaklyk bolmaýar.

***Saparal*** - newrozlarda, gipotoniýada gurplandyryjy serişde hökmünde ulanylýar. Nahardan soň 0.05 g, ertirine we agşamyna bellenilýär. Ukysy bozulan adamlara agşamyna bellenilmeli däldir. ýokarlanan gyjynyjylykda, giperkinezlerde, garaguşagyryda bu serişde ulanylmaly dädir.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Rhodiolae roseae | 20,0 | (Gülgün rodiolanyň köki) |
| | Rad. | Eshinopanacis | 20,0 | (Zamanihanyň köki) |
| | Fruct. | Rosae | 20,0 | (Itburunyň miwesi) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 15,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fruct. | Grataegi | 15,0 | (Alyjyň miwesi) |
| | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – S bulgurdan günde 2-3 gezek içmeli. Gurplandyryjy we immun ulgamy ýokarlandyryjy serişde

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Araliae mandshuricae | 15,0 | (Araliniň köki) |
| | Rad. | Leuzeae | 15,0 | (Lewzeiniň köki) |
| | Fruct. | Grataegi | 15,0 | (Alyjyň miwesi) |
| | Fruct. | Rosae | 15,0 | (Itburunyň miwesi) |
| | Flor. | Galendulae | 10,0 | (Dyrnaklyjanyň gülleri) |
| | Herb. | Bidentis | 10,0 | (Üç bölek goşa dişiň oty) |
| | Fruct. | Aroniae melanocarpae recens | 10,0 | (Rýabinanyň miwesi) |
| | Fol. | Plantaginis | 10,0 | (Atgulagyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – 1/4 bulgurdan günde 3 gezek içmeli. Gurplandyryjy we immun ulgamy ýokarlandyryjy serişde.

**Gipertoniýa görnüşli neýrosirkulýator distoniýa.** Köplenç emosiýasy durnuksyz ýaş adamlarda duş gelýär. ýüregiň çalt urmagy, kelläniň ýeňsesiniň we çekge böleginiň lorsuldap agyrmagy bulara mahsus alamatdyr. Gan basyşynyň derejesi 165/90 mm. sim. st. çenli ýokarlanýar. Näsaglarda rahatsyzlyk, dartgynlyk hemişelik gorky we howp duýgulary bolýar.

Bejergi esasan hem başlangyç mehanizmi aradan aýyrýan sedatiw terapiýany geçirmekden ybarat bolup durýar. Ilkinji bilen näsaglara walerianany̆ kökünden demleme çaýyny bermeli. Sebäbi ony uzak wagtlap içip bolyar hem-de onuň ýakymsyz täsiri ýok. Walerianany̆ kököniň çaýy kelle beýniniň gabygynyň oýanyjylygyny peseldýär, wegetatiw nerw ulgamynyň işini sazlaýar. Walerianany̆ kököniň çaýyny onuň 10-15 g. ownadylan köküni we porrugyny 200 ml. doly gaýnan suw bilen, agzy yapyk gapda demlenilýär. Indiki gün süzüp almaly we 30 ml. günde 3 gezekden nahardan öň içmeli. Näsaglaryň özüni duýuşlaryna görä serişdäniň mukdary köpeldilip ýa-da azaldylyp biliner.

Walerianany̆ täsirine meňzeş täsiri sirguýrugyň oty hem ýüze çykarýar. 15 g. 1 bulgur suwa salynyp demleme taýýarlanylýar. Bulguryň j bölegini günde 3-4 gezekden nahardan 30-60 min öň içilýär. Arterial basyşy peseldiji, rahatlandyryjy, kelle agyryny, ýüregiň çalt urmasyny aýryjy häsiýeti şu aşakdaky ösümlik ýygyndysy ýuze çykarýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Gnaphalii uliginosi | 15,0 | (Keçegüliň oty) |
| | Herb. | Astragali | 20,0 | (Göweniň oty) |
| | Herb. | Melilotus | 20,0 | (Eşek ýorunjanyň oty) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkboguny) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1-2 nahar çemçesi mukdarda, günde nahardan soň 2-3 gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 25,0 | (Walerianany̆ köki) |
| | Herb. | Leonuri | 25,0 | (Şirguýrugyň oty) |
| | Fruct. | Carvi | 25,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fruct. | Foeniculi | 25,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 2 gezek nerw dartgynlygynda we howsalaly ýagdaýda ýürek çalt uranda içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Convallariae | 10,0 | (Landyşyň gülleri) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae | 40,0 | (Walериananyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – j bulgurdan 3 gezekde gunüň dowamynda miokarditde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walериananyň köki) |
| | Flor. | Chamomillae | 30,0 | (Çopan telpegiň gülleri) |
| | Fruct. | Carvi | 50,0 | (Tminiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 2 gezek, nerwi dartgynlygynda, howsalaly yagdaýda, ukysyzlykda içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopan telpegiň gülleri) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walериananyň köki) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fruct. | Carvi | 20,0 | (Tminiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1-2 bulgurdan ertirine, 1 bulgurdan agşamyna ukysyzlykda içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Carvi | 20,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fol. | Vincae minoris | 10,0 | (Kiçi barwinogyň gülleri) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walериananyň köki) |
| | Flor. | Crataegi | 20,0 | (Alyjyň gülleri) |
| | Herb. | Visci albi | 30,0 | (Ak omelanyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 – j bulgurdan günüň dowamynda birnäçe gezekde içmeli.

Rezerpiniň hem sedatiw täsiri bardyr. Bu maksatlar üçin ony 0.1 g. günde 1-2 gezek ýa-da 0.25 g. ýatmazdan öň belleýärler.

## Ateroskleroz

Ateroskleroz - arteriýa gan damarlarynyc diwarlarynda ýag ýygnanmaklygy netijesinde birleşdiriji dokumalaryc ösüp, onun galcamagy, zaýalanmagy sebäpli bolup geçýän dowamly

keseldir. Şeýlelikde lipidleriň çalşygy bozulyp, gan damarlary dykynlanyp daralýar.

Aterosklerozy fitoserişdeler bilen bejermegic kliniki farmokologiýasy ýeterlik öwrenilmedik. Holesteric gana soruluşyny peseltmek üçin hem-de onuc endoteliýalara geçmekligine päsgel bermeklik üçin şu aşakdaky ösümlik ýygyndylaryny bellemek bolýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Crataegi | 15,0 | (Alyjyň gülleri) |
| | Herb. | Equiseti | 15,0 | (Meýdan kyrk bogunynyň oty) |
| | Herb. | Visci albi | 15,0 | (Ak omelanyň oty) |
| | Fol. | Vincae minor | 15,0 | (Barwinogyň ýapragy) |
| | Herb. | Millefolii | 30,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F. spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Bir bulgury owurtlap günüc dowamynda içilýär. 1,5-2 aýlap bejergi bellenilýär. Arakesmänic dowamlylygy hem 1-2 aýa dec.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Arnicae | 5,0 | (Arnikanyc gülleri) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodron oty) |
| | Herb. | Hyperici | 25,0 | (Jerebaýyň oty) |

M.F. spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Ösümlik ýygyndysynyc demlemesi holesterinic mukdaryny sazlaýar. Bir bulgur demlemäni owurtlap günic dowamynda içýärler.

Gipertenziýlarda we angiospazmalarda, gan-damar geçirijiligini sazlamak maksady bilen şu ýygyndy ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminic miwesi) |
| | Fol. | Vincae minoris | 10,0 | (Kiçi barwinkanyc ýapraklary) |
| | Flor. | Crataegi | 20,0 | (Alyjyc güli) |
| | Herb. | Visci albi | 30,0 | (Ak omelanyň oty) |

M.F. spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Günde iki bulgur demleme içilýär.

Dislipidproteidemiýa hem-de gan damarlarynyc geçirijiligine şu aşakdaky ýygyndylar täsir edýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Fragaria vesca | 5,0 | (Ýer tudanasynyň miwesi) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Herb. | Eduiseti | 10,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| Herb. | Hyperici perfor | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |
| Fol. | Farfarae | 10,0 | (Eje we ejeligic ýapraklary) |
| Sem. | Anethi | 20,0 | (Şebitic tohumy) |
| Herb. | Gnaphalii | 30,0 | (Batgaly keçegülüň oty) |
| Herb. | Leonuri | 30,0 | (Şirguýrugyc oty) |

M.F. spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemäniň 2/3 bulgur mukdaryny günde 3 gezek nahardan öň kabul edilýär. Bejerginic dowamlylygy
1 S -2 aý.

Gipoholesterinemiki serişde hökmünde polisponin dioskoreýanyň porrugundan we köklerinden edilen gury ekstrakty ulanylýar. Gerdejik görnüşinde 0,1-0,2 g. nahardan soc, günde 2-3 gezekden içilýär. Dowamlylygy 20-30 gün bolup 7-10 günläp arakesme etmeli. Şeýle bejergini 3-4 aýlap geçirmeli.

Aterosklerozda sarymsagyc tinkturasy hem ulanylýar. 250 g sarymsagy arassalap 1 litr 40% etil spirtinde 30$^0$C gyzgyn görkezijili, garaňky otagda 14 gün goýmaly. Soňra süzüp, onuň 20 damjasyny 1 bulgur süýde damdyryp, günde 2-3 gezekden içilýär.

Düýp soganyc spirtde ýatyrylan çykyndysy – allilçep hem 20-30 damjadan, günde 3 gezekden, 3-4 hepdeläp içilýär.

**Dowamly karonar damar ýetmezçiligi.** Karonar damarlaryc aterosklerozy sebäpli döreýän, esasy kliniki ýüze çykmalary stenokardiýa bolup durýan ýüregic karonar damarlarynyc ýetmezçiligi, ýüregic işemiki keselinic (ÝIK) ic köp ýaýran görnüşi bolup durýar.

Dowamly karonar damar etiniň kemçiligini bejermegic toplumlaýyn çärelerinic düzüminde aterosklerozyc beterleşmeginic öcüni alyjy, ony bejeriji, hem-de kislorod decagramlygyny sazlaýjy ýa-da karonar damar gan aýlanyşygyny köpeldiji serişdeler bolmalydyr. Köp sanly dermanlar toplumlaýyn täsir edýär.

Her bir näsagyc bejergisinde onuc umumy ýagdaýy, karonar damar ýetmezçiliginic derejesi, ýürek ýetmezçili-

ginic alamatlary, serişdeleric täsirinic mehanizmleri göz öcünde tutulmalydyr.

Stenokardiýanyc tutgaýynyc öcüni almak üçin, karonar damarlarynyc newrozlardaky spazmalarynda pasternagyc tohumyndan alynýan serişde bolan pastinasin ulanylýar. Ol 0,02 g günde 2-3 gezekden nahardan öc bellenilýär. Terapewtiki netije 2-5 günden socra ýüze çykýar. Bejerginic dowamlylygy 2-4 hepde.

Alyjyc güllerinden we miwesinden, hem-de ak omelanyň otyndan taýýarlanan serişdeleri hem gicden ulanylýar. Alyjyc güllerinden taýýarlanan demlemänic S bulguryny günde 2 gezekden içilýär. Bejerginic dowamlylygy 3-4 hepde.

Stenokardiýanyc ýecil görnüşlerinde karonar damarlarynyc spazmasynyc öcüni almak üçin dag innewinden alynan preparat orangelin ulanylýar. Nahardan 30 min öc, 0,1-0,4g, günde 2-4 gezek bellenilýär. Bejerginiň dowamlylygy 2-3 aý.

**Ýürek urgysynyc yzygiderliginic (ritminic) bozulmagy.** Ýürek urgysynyc yzygiderliginic bozulmagy- kardiologiýanyc özbaşdak we wajyp bölegi bolup durýar. Aritmiýalar ýürek, gan-damar kesellerinic dürli görnüşlerinde (ÝIK, miokardit, miokardiodistrofiýa, miokardiopatiýa) duş gelmek bilen köplenç ýüregic, gan aýlanşygynyc ýetmezçiligini ýüze çykarmak bilen zähmet, durmuş meselelerinic çylşyrymlaşmagyna getirýär.

Mersatel aritmiýany we paroksizmal tahikardiýany bejermekde goşmaça fitoterapewtiki serişde hökmünde alyjyc miwesi ulanylýar. Onuc suwuk ekstrakty 20-30 damjadan, nahardan öc, günde 3-4 gezekden ýa-da tinkturasy 20 damjadan, günde 3 gezek bellenilýär.

Funksional newrotiki ýagdaýlar bilen baglanşykly ekstrasistoliki aritmiýalarda mikstura hem görkezilendir: Walerianany̆n we landyşyň tinkturasynyň her birinden 10,0 we alyjyň ergin ekstraktynyň 5,0; Mentol 0,05. Bu serişdänin 20-25 damjasyny 2-3 gezekden içilýär. Ukynyc sazlanylmagy, onuc çuclygyny we dowamlylygyny sazlamagyc hem

ähmiýeti örän ulydyr. Bu maksatlar üçin şu aşakdaky ösümlik ýygyndylary ulanylýar:

Rp. Fol. Trifolii fibrini 30,0 (Wahtanyc ýapraklary)

Fol. Menthae piperitae 30,0 (Narpyzyň ýapraklary)
Rad. Valerianae 30,0 (Walerianyň köki)
M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demleme ukydan 1 sagat öc, 1 bulgyr içilýär

Rp. Cort. Frangulae 40,0 (Garatikeniň gabygy)

Flor. Chamomillae 40,0 (Çopantelpegiň gülleri)
M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Agşam 1-2 bulgur demleme içilýär.

Rp. Fol. Trifolii fibrini 20,0 (Wahtanyc yapraklary)

Fol. Menthae piperitae 20,0 (Narpyzyc ýapraklary)
Rad. Archange 30,0 (Dýagelic köki)
Rad. Valerianae 30,0 (Walerianyň köki)
M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemäni bulguryc 1/3 bölegini günde 3 gezekden içilýär

Rp. Flor. Chamomillae 25,0 (Çopantelpeginiň gülleri)

Fol. Menthae piperitae 25,0 (Narpyzyň ýapraklary)
Fruct. Foeniculi 25,0 (Arpabadyýanyň miweleri)
Rad. Valerianae 25,0 (Walerianyň köki)
Fruct. Carwi 25,0 (Tminiň miwesi)
M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Bir bulgur demlemäni agşamyna içmeli.

**Dowamly ýürek ýetmezçiligi.** Gan aýlanyşygynyň ýetmezçiligi – bu ýürek, gan – damar ulgamynyň bedeniň agzalaryny we dokumalaryny ýeterlik derejede gan mukdary bilen üpjün edip bilmezligidir. Gan aýlanyşygynyň ýetmezçiligi şu aşakdaky alamatlar toplumy bilen häsiýetlendirilýär: dem gysmagy, tiz ýadamaklyk, çiş ýöremekligi, esasanda aýaklaryň çişmegi, gögermeklik, ýürek urgysynyň güýçlenmegi.

Ýürek ýetmezçiliginiň bejergisi etiologiki we patogenetiki bejeriş çärelerini göz önünde tutýar. Berhiz tutmaklyk, suw

içmekligi, duzuň mukdarynyň kemelmegi, dümew we beýleki keselleriň önüniň alynmagy hem wajypdyr.

Etiologiki we patogenetiki bejergilerine seretmezden gan aýlanyşygynyň ýetmezçiligine täsir edýän, onuň beterleşmegine päsgel berýän serişdeler ulanylýar. Bu serişdelere ýürek glikozidleri, strofantyň glikozidi we deniz soganynyň glikozidi degişlidir.

Ýürek glikozidleri ýürek ýetmezçiligini bejeriji esasy patogeniki serişdedir. Bu serişdeler ýüregiň dekompensasiýa döwründe işjenlik ýagdaýlaryny gowylandyrýarlar. Olaryň täsiri bilen miokard öňki işinden köp işi ýerine ýetirmäge ukyply bolýar we gan aýlanyşygynyň ýetmezçiliginiň alamatlaryny aýyrýar.

**Ýürek glikozidleriniň täsiriniň mehanizmleri we bejergi ýollary.** Ýürek glikozidleri örän köp mukdarda digitalisiň ýapraklarynda, strofantyň tohumlarynda, deňiz soganynda, landyşyň otynda, adoniziň güllerinde we oleandranyň ýapraklarynda saklanylýar.

Bejergi mukdarynda ýürek glikozidleri miokardyň hemme ýerine ýetirýän işini ýygrylyjylygyny, oýanyjylygyny güýçlendirmek bilen we sinus awtomatizmini we geçirijiligini peseldýär.

Ýürek glikozidleriniň terapewtiki mukdary ýürek öňüniň etiniň antrowentrikulýar düwüniň, garynjygyň geçiriji ulgamynyň awtomatizm ukybyny peseldýär, a zäherli mukdarda ýokarlandyrýar. Bu bolsa ýürek glikozidleri köp mukdarda ulanylanda ýürek urgysynyň köp görnüşli bozulmalaryna getirmegi mümkin.

Ýürek glikozidleriniň uly toksiki mukdarda oýanyjy-lygyny ýokarlandyrmak ükyby miokarda erbet täsir edýär, bu bolsa ýekeleýin ýa-da toparlaýyn ekstrosistoliýalaryň peýda bolmagyna getirip biler. Jedelli we şol bir wagtda wajyp soraglaryň biri hem digitalis serişdeleriniň YSK näsaglarda ulanmak mümkinçilikleridir. Häzirki döwürde glikozidleriň terapewtiki mukdarynyň karonar damar arteriýalaryny daraldyjy täsir etmeýändigi subut edildi. Bu netijäniň uly

amaly ähmiýeti bar, sebabi gan aýlanyş ýetmezçiligi, YSK döredýän kardioskleroz bilen esaslanandyr.

Ýürek glikozidleri ulanylanda diurezin ýokarlanmagy onuň kardiotoniki täsiri we gemodinamikanyň gowylanmagy bilen baglanşyklygydyr, sebäbi olar böwrek akabajyklaryna göni täsir etmeýärler.

Arterial we wena basyşlaryna hem ýürek glikozidleri göni täsir etmeýärler. Basyşyň üýtgemegi hem olaryň kardiotoniki täsiri bilen baglanyşykly.

Glikozidleriň täsiri bilen öýken arteriýalarynda basyş peselýär, gan aýlanyş mukdary bolsa artýar.

Glikozidler bilen bejermeklik garyn boşlugyndaky damarlaryň daralmagyna we bagyrda, portal ulgamynda ganyň göwrüminiň azalmagyna getirýär.

Lantozid – nowogalen serişdesi, digitalisiň ýapraklary-ny spirtde ýatyrylyp alynan, glikozidleriň toplumyny öz düzüminde saklaýar. Ol 15-20 damjadan günde 2-3 gezekden içilýär. Bejeriji täsiri 5-6 günden ýüze çykýar, soňundan goltgy mukdaryna geçilýär. Dispeptiki hadysalar ýüze çykanynda lantozidi mikroklizma görnüşinde (20 ml natriniň hloridiniň izotoniki erginine 20-30 damjadan goşmaly) hem bellenilýär. Selanid wenanyň içine goýberilende edil strofantin ýaly tizlikde täsir edýär, emma bradikardial täsiri ondan hem güýçlidir. Tiz bejeriji netije almaklyk üçin wenanyň içine 0,2-0,4 mg (0,02% - erginiň 1-2 ml) günde 1-2 gezekden goýberilýär. Asetildigitoksin 0,02 mg gerdejik görnüşinde, 0,01% ergin (0,1 mg 1 ml-de) görnüşinde göýberilýär. Içmek üçin ilkinji 3-5 güni 0,4-0,8 mg/gg (2-4 gerdejik 0,2 mg) bellenilýär, socundan goltgy mukdaryna geçirilýär (1-2 gerdejikden). Wenanyc içine 0,01% ergini 2-4 ml-den haýaldan ýa-da 5% glýukozanyc ergininde damjalap göýberilýär. Bejeriş netijesi alynandan socra, içmeklige geçilýär. Digoksin güýçli sistoliki täsir edip, ýürek urgusyny haýalladýar. Içilende ocat sorulýar. Kardiotoniki netije 1-2 sagatdan socra ýüze çykýar we 8 sagadyc içinde özünic

ýokary derejesine ýetýär. Wena göýberilende täsiri 20-30 minutdan ýüze çykyp, ýokary derejä 3 sagatdan ýetýär.

Içmeklik üçin digoksin ilkinji güni 0,25 mg (1 gerdejik) 4-5 gezekden bellenilýär. Socky günleri 0,25 mg. dan günde 1-3 gezek bellenilýär. Mukdaryny her günde gan basyşyna pulsyc ýygylygyna, peşewiň bölünip çykyşyna, dem alyşyc ýygylygyna baglylykda täzeden kesgitlemeli. Goltgy mykdary doly digitalizirlemek üpjün edileninden socra her günde ýa-da gün bökdürip 0,25 mg barabardyr.

Sanjym üçin digoksiniň 1-2 ml 0,025% ergini ulanylýar; 10 ml 5% glýukozanyc ergininde ýuwaşdan göýberilýär. Damjalap göýbermeklik üçin 1-2 ml 0,025% ergini 5% glýukozanyc 100 ml erginine garyp, her minutda 20-40 damjadan göýberilýär.

Digitoksin – gyrmyzy digitalisiň ic işjec glikozidi. Göýberiliş görnüşleri: gerdejik 0,0001 g (0,1mg) we şem 0,00015 g (0,15 mg).

Adatça günde 5-6 gerdejikden başlap, bejeriş netije gazanylanyndan socra olaryň sanyny 1-2 gerdejige çenli peseldilýär, socra goltgy mukdaryna geçilýär (1-1/2 gerdejikden günde 2-1 gezekden ýa-da 1-2-3 günleri bökdürilip) bellenilýär.

Kordigit – digitoksin bilen deceşdirilende az ýygnanma häsiýetli. Göýberiliş görnüşleri: gerdejik 0,8 mg-dan, we şem 0,8 mg we 1,2 mg kordigit saklaýar.

Deciz soganynyc ýürek glikozidi bolup prossillaridin A (talusin) durýar. Digitalizasiýa maksatlary üçin günic dowamynda 0,5 mg günde 3 gezekden bellenilär. Günde 4 gezekden 0,2 mg içilende terapewtiki netije 4-5-nji günleri ýüze çykýar. Goltgy mukdary bolup günde 3 gezekden 0,25 mg bolup durýar.

Strofantin K – ösümliklerden alynýan çig mal bolup durýar (kendirleric dürli görnüşli).

Strofantin serişdeleri örän az mukdarda garyn-içege ýollarynda sorulýar, şonuc üçin onuc esasy ulanyş ýoly wenanyc içine göýbermekdir. Wena göýberiş doly mukdary

bolup 0,8-0,9 mg durýar, şonda gündeki eleminasiýasy bolup – 50% - tutup durýar.

Wenanyc içine göýberilende strofantin 5-10 min soň täsir edip başlaýar, 2-3 sagatdan özünic ýokary derejesine ýetýär, polojitel inotrop täsiri 6-8 sagatlap saklanýar.

Strofantini ulanmagyc görkezmesi gan aýlanyşygynyc ýiti ýetmezçiligi bolup durýar, esasanda digitalisiň serişdelerini kabul edilip bilinmeýän ýagdaýlary bolýar. Wenanyc içine göýberilýän adaty mukdary 0,05% ergini 0,25-0,5 ml bolup durýar, garrylarda 0,125 ml dec. Strofantin sanjymdan öc hökmany suratda 5%-20%-40%- glýukozanyc ergininic 10-20 ml garylýar. Bolmasa-da natriý hloridinic izotoniki ergininde garylýar we örän haýal göýberilýär (5-6 min dowamynda). Bir sanjymdan, seýrek hem günde 2 sanjymdan bellenilýär. Digialisiň serişdeleri bilen bejergi alynandan socra strofantini 24-42 sagat geçirilip bellenilmelidir.

Strofantyň tinkturasy – uly adamlara gan aýlanyşy-gynyc ýetmezçiliginic başlangyç döwürlerinde 5-8 damjadan günde 2-3 gezekden bellenilýär. Dilic daş-töweregine damdyrylýan miksturanyň güýçli derejede täsiri bardyr. Onuň düzümine strofantyc tinkturasynyň 6,0 , Nitroglyseriniň 0,5% ergini we Menthol 0,4 girýär. Bu mikstura 7 damjadan süýjä damdyrlyp, günde 6-7 gezekden peýdalanylýar. Strofantinic täsirine örän golaý häsiýetli bolup maý landyşynyc glikozidi bolup durýar.

Korglikon täsir ediş tizligi boýunça strofantinden kem durmaýar, emma netijeliligi pes. Korglikonyc 1 ampulasy (1 ml, 0,06% ergin), strofantinic 0,2 mg (0,4 ml, 0,05% ergin) dec bolup durýar. Terapewtiki derejesini saklamaklyk üçin, günde 2 gezek sanjym edilýär.

Korglikon 0,5-1 ml günde 2 gezekden 10-20 ml 20% ýa-da 40% glýukoza ergininde hem-de natriý hloridic ergininde wenanyc içine göýberilýär.

Landyşyň tinkturasy – taýyn derman görnüşleric düzümine girýär we köplenç ýürek işjecliginic işiniň bozulmalarynda ulanylýar.

Konwallýatoksin – wenanyc içine göýberlende örän tiz we güýçli täsiri ýürek, gan-damar ulgamyna ýetirýär. Täsiric netijesi eýýäm 5-10 minutdan soň ýüze çykýar we 1-2 sagatdan ýokary derejä ýetip, 20-22 sagatlap dowam edýär. Ic ýokary mukdary wenanyc içine goýberilende 0,45 mg, gaty agyr ýagdaýlarda – 0,6 mg çenli bolup durýar. Ony 10-20 ml 20% glýukozanyc ergininde ýa-da natriý hloridiniň izotoniki ergininde 5-6 min dowamynda göýberilýär.

Gan aýlanyşygynyc ýetmezçiliginic başlangyç döwründe, esasanda dowamly öýken keselleri sebäpli ýürek kesellerinde ýaz adoniziniň otynyc serişdeleri hem ulanylýar. Bu ösümligic ýapraklaryndan hem-de güllerinden adonitoksin we simarin atly ýürek glikozidleri alynýar.

**Ýaz adoniziniň otynyc demlemesi:** 4-6 g– 200 ml suw bilen taýýarlanylýar, digitalise meczeş täsir edýär, böwregic gan aýlanyşygyny, kiçi gan aýlanyşygy gowulandyrýar. Bir nahar çemçesi mukdarda günde 3-6 gezek bellenilýär.

Adonizid - ýaz adoniziniň glikozidlerinic suwdaky ergini: Gan aýlanyşygynyc ýetmezçiliginic başlangyç döwürlerinde we wegatodamar newrozlarda 20-40 damjadan 2-3 gezek bellenilýär.

Ýürek ýetmezçiligini bejermeginic ikinji ugry hem peşew kowyjylaryň ulanylmagydyr.

Diuretikler bellenende olaryc täsirinic mehanizmini, dowamly gan aýlanyşygynyc kliniki geçişini, suw – elektrolit çalşygynyc bozulma derejelerini göz öcünde tutmaly.

Köp sanly sintetiki (etakrin turşusy, diakarb) peşew çykaryjy serişdelerinic bardygyna seretmezden gan aýlanyşygynyc ýetmezçiligini bejermekde ösümlik peşew çykaryjy serişdeleri hem öz ähmiýetlerini ýitirenok.

Peşew çykaryjy täsiri köp sanly ösümliklerde bardyr. Ic ýokary derejeli täsirlilere berýozanyc ýapraklary, meýdan kyrkbogunynyň oty, badyýanyň köki degişlidir.

Ösümlik peşew çykaryjy serişdeleric esasy ýetmezçiliklerinic biri hem olaryc demleme görnşinde içilip köp mukdarda suwuklyk içmeli bolýanlygydyr.

Berýozanyc ýapraklaryndan taýýarlanan demlemäni günde 2 bulgurdan içilýär. Meýdan kyrkbogunynyň otynyc demlemesi günde 1 bulgurdan içilýär. Badyýanyň kökünden taýýarlanan demlemäni gyzgyn wagtynda günde 125 ml içilýär. Peşew çykaryjy ösümlik ýygyndylaryndan şu aşakdakylary uzak wagtlap ulanmaklyga hödürlenýär:

Rp. Fruct. Juniperi 10,0 (Arçanyc miwesi)

Fol. Betulae 10,0 (Berýozanyc ýapraklary)

Rad. Taraxaci 10,0 (Tozganyc köki)

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemänic 1 bulgury günic dowamynda içilýär.

Rp. Fol. Betulae 10,0 (Berýozanyc ýapraklary )

Herb. Equiseti 10,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Bulgyryc 1/3 bölegi mukdardaky demlemäni günic dowamynda içmeli.

## Çiş döräninde we assitlerde şu aşakdaky ýygyndylar bellenilýär

Rp. Fol. Betulae 50,0 (Berýozanyc ýapraklary)

Fruct. Rosae 25,0 (Itburunyc miwesi)

Rad. Ononidis 25,0 (Meýdan polatlynyc köki)

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemänic 1 bulgyry günic dowamynda içilýär. Bu demleme göwrelilik, böwregic ýiti gaýnaglamasy, peşew çykaryjy ýollaryc gaýnaglamasy kesellerinde bellenilmeli däldir.

Şonuc ýaly-da peşew çykarmany kryjownigic miwesi, ýer tudanasy, zirk, kädinic çigidi, şebit, gawun, armyt, limon, mekge gulpagy, garpyz, turp we onuc bal bilen garyndysy ýokarlandyrýarlar.

# Guryagyry

Guryagyry - bu genetiki ýykgynçylygy bolan adamlaryc A topara degişli β gemolitiki streptokokklaryc ýokuşmagy we sensebilizasiýasy netijesinde döreýän birleşdiriji dokumalarynyc ulgamlaýyn gaýnaglama keselidir. Häzirki lukmançylyk ylmy tarapyndan ýiti, ýitileşýän, uzaga çekýän, üznüksiz gaýtalanýan we latent guryagyrylaryň patogenetiki aýratynlyklary öwrenildi. Guryagyryly näsaglaryc garyndaşlarynda ýa-da ekiz taýlarda köp duşmagy bu keselic döremeginde genetiki täsirleric ähmiýetinic bardygyny görkezýär. β gemolitiki streptokokk bilen ýokuşmaklyk, onuc bilen sensebilizirlen-meklik keselic ilkinji döwürlerinde has-da aýdyc görünýar. Guryagyry köplenç miokardit, endokardit, seýrek erikardit ýaly ýüregic keselleri bilen gabat gelýär.

Karditden başga-da guryagyrynyň esasy kliniki ýüze çykmasy bolup poliartritiki sindromlar (alamat toplumlary) hyzmat edýär.

**Guryagyryly endomiokardit:** Ähli guryagyryly näsaglarda diýen ýaly miokardit bolýar. Ol ojaklaýyn ýa-da ýaýrac (eksudatiw ýa-da produktiw häsiýetli) gaýnaglamanyc görnüşlerinde bolup bilýär. Ojaklaýyn hadysalar görnüp duran eksudatiw hadysalaryc ýok bolmagynda geçýär. Miokarditic ýiti döwründe kliniki ýüze çýkmagy onuc görnüşlerine baglydyr. Ýecil görnüşlerinde näsaglarda tiz ýadamaklyk, işjecligic peselmegi, ýüregic üstünde ýakymsyz duýgynyc döremegi, ýüregic çalt urmagy ýüze çykýar. Guryagyryly endokarditic kliniki alamatlary rewmatizmiň ýiti döwründe bildirilgisiz bolmagy hem mümkin. Emma muca seretmezden rewmatiki endokarditler gazanylan ýürek gabsalarynyc ýitmezçiliginic döremeginic çaklanyş görkezijilerini kesgitleýji bolup durýarlar. Endokarditic irki alamatlarynýc birine hem 3-4 hepdeden sonra, haçanda miokarditic alamatlary peselip başlandan ýürek diclenilende eşidilýän goşmaça şyggyldylar degişlidir.

**Guryagyryly poliartriti.** Bu kesel guryagyry bilen kesellän-leric 55%-de duş gelýär. Onuc esasy alamatlary bolup uly bogunlarda ýiti agyrynyc döremegi, bogunlaryc çişmegi, bogundan-boguna “göçüp” duran agyrylaryc bolmagy hyzmat edýär. Guryagyryly poliartridic esasy bolup periartikulýar dokumalaryc eksudatiw gaýnaglamasy bilen gabat gelýän sinowit tutup durýar. Onuc patomorfologiki alamatlary bolup, bogun boşluklarynda dürli maňyzly leýkositleri köp saklaýan, arassa, seroz-fibrinoz suwuklygyc bolmagy, periartikulýar dokumalaryc çişmegi we bogun suwuklyklarynda bolsa fibroz hadysalaryn kliniki ýüze çykmagy, olarda düwünjikleric emele gelmegi bolup hyzmat edýär.

***Artralgiýa*** - guryagyrynyň esasy kliniki alamatydy-gyna garamazdan, näsaglaryc 1/3 böleginde duş gelýär. Artritlerden tapawutlykda artralgiýada bogunlardaky hereketleric çäklenilmegi, el bilen basyp görülende agyrmaklyk we ş. m. alamatlar bolmaýar.

Bejergisi: guryagyry endomiokarditleric bejergisi hem rewmatizmic bejergisi bilen birmenzeşdir. Ýiti döwründe adaty guragyra garşy bejergini geçirýärler. (penisillin, glukokortikosteroidler, salisilatlar). Strepto-kokklary aýyrmak üçin ösümlikden alynan derman serişdesi bolan romazulony hem-de bidenegiň ýapraklaryndan taýýarlanan demlemäni agyz çaýkamaklyk üçin ulanylýar. 1,5 çaý çemçesi ramazulony 1 litr suwda eredilýär we agyz çaýkalýar. Bidenegiň ýapraklaryň demlemesini (1 nahar çemçesi ýapraklary 200 ml. gaýnag suwda taýýarlanylýar) agyz çaýkamaklygy 7-10 günüc dowamynda her 3-4 sagatdan maslahat berilýär.

Keseliň ýiti döwründe öz düzüminde salisil birleşmelerini saklaýan we derlediji täsirli derman serişdeleriniň demlemeleri ulanýlýar. Olara şular degişlidir:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Frangulae | 10,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Cort. | Betulae | 40,0 | (Berýozanyc gabygy) |
| | Cort. | Salicis | 50,0 | (Serwi agajyň gabygy) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Onuc günde 2 bulguruny içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Sambuci | 30,0 | (Gara buzinanyc gülleri) |
| | Fol. | Urticae | 30,0 | (Iki öýli çit-çitinic ýapraklary) |
| | Rad. | Petroselini | 30,0 | (Badyýanyc köki) |
| | Cort. | Salicis | 30,0 | (Serwi agajyn gabygy) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Ony ýyly görnüşinde 2 bulgurdan günde 4-6 hepdäniň dowamynda içmeli.

Bogun görnüşli guryagyry hüjümlerde şu aşakdaky ösümlik ýygyndysyny bellenilýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Salicis | 20,0 | (Serwinic gabygy) |
| | Herb. | Eguiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Fol. | Betulae | 20,0 | (Berýozanyc ýapragy) |
| | Flor. | Gentaurae cyani | 5,0 | (Gök daş kekräniň gülleri) |
| | Flor. | Calendulae | 5,0 | (Dermanlyk dyrnaklyjanyc gülleri) |
| | Fruct. | Juniperi | 5,0 | (Arçanyc miwesi) |
| | Cort. | Frangulae | 5,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Flor. | Sambuci | 10,0 | (Gara buzinanyc gülleri ) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 10,0 | (Iki öýli çit-çitinin ýapraklary) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndy 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemäni her 2 sagatdan 1 bulgurdan gyzgyn döwründe içmeli. Bu demlemänin rahatlandyryjy, gyzgyny düşüriji, agyryny aýryjy, çişmä garşy täsirleri bardyr. Bejerginic dowamyllygy keselic geçişine bagly.

Bakteriýaly endokarditde fitoterapiýa goşmaça häsiýete eýedir hem-de içdäni açmaklyga, dezintoksikasiýa, witaminterapiýa, bedeni mikroelementler, demir bilen üpjün edilmeklige gönükdirilendir.

Içdäni açyjy hasiýete ýowşanyc 10,0 we narpyzyc 10,0 tinkturalary hem eýedir. 15-20 damjany suwa damdyrmak bilen, nahardan öc içilýär.

Düzüminde itburunyc miwesini we gara smorodinanyň miwesini 1:1 gatnaşykda saklaýan hem-de itburunyc miwesi bilen rýabinanyc miwesini 1:1 gatnaşykdaky çaýlary ulanylýar. Itburunyc miwesi öz düzüminde askorbin turşysyny, K, P, $B_2$ witaminlerini, A prowitaminlerini (karotin), süýjini, pektinleri, limon turşusyny, köp mukdarda kaliý, demir, margenes, fosfor, kalsiý duzlaryny saklaýar. Itburunyc miwesindäki askorbin turşysynyc mukdary limon bilen deceşdirenicde 50 esse köpdir. Gara smorodinanyc düzüminde askorbin turşusy, P, B, witaminlerini we karotin bar. Rýabinanuc ýetişen miweleri köp mukdarda askorbin turşysyny hem-de organiki turşylary saklaýar. Witaminli çaýyň taýýarlanyş usuly: miweleric 2 çaý çemçesini 2 bulgur gaýnaga goşmaly we 1 sagadyn dowamynda demini aldyrmaly, süzmeli we tagamyna baglylykda süýji goşmaly. Ýarym bulgurdan günüc dowamynda 3-4 gezek içmeli.

**Ýolugan ýürek nogsanlary.** Ýüregic şikesi diýilip sözüc gic manysynda ýüregic gabsajyklarynyc, myşsalarynyn we onuc diwarlarynyc gurluşyndaky düri üýtgeşmelere we onuc netijesinde ýürek, içki gemodinamikanyc, gan aýlanyş ulgamynyc işiniň bozulmagyna aýdylýar. Dogabitdi hem-de ýolugan ýürek nogsanlary tapawutlandyrylýar. Dogylanyndan soc döreýän, ýagny ýolugan ýürek nogsanlary gabsajyklaryc gurluş üýtgemeleri degişlidor. Olaryc ýygy sebäplerinic biri bolup guryagyry, bakteriýaly endokardit, mergi we ateroskleroz bolup durýar.

Ýürek nogsanlarynyň bejergisi, etiologiki täsirleric, gan aýlanyşygynyc ýetmezçiligini, ýürek urgysynyc bozulmalaryny düzeltmeklikden ybarat bolup durýar.

**Gipertoniki kesel we arterial gipertenziýalar.** Arterial gipertenziýa- köp ýaýran keseldir. Köp sanly ilatyn gan basyşy ölçenilip görülende - barlananlaryc 20-30% gan basyşynyc derejesi ýokarydygy anyklanylýar. Arteriýal

gipertenziýaly adamlary tapgyrlaýyn barlanylyp görülmeginic netijesinde 65% gipertoniki keselli 35% simptomatiki gönüşlileri anyklanypdyr.

Arteriýal gipertenziýalarýn simptomatiki görnüşini anýklamagyc uly ähmiýeti bardyr. Böwrek arteriýalaryc zaýalanmagy, feohromositoma, konnanyc sindromy, aortanyň koarktasiýasy sebapli döreýän arteriýal gipertenziýalary hirurgiki usul bilen bejerilýär.

Gipertoniki keselinic sebäplerine ruhy dartgynlylyk, ruhy sarsgynlylyk bilen baglanyşykly arteial gan damarlarynyň tonusynyň bozulmagy degişlidir. Goşmaça sebäpler bolup maşgala-nesil täsirleri hyzmat edýär. Keselic esasy alamaty - arterial basyşyc ýokary galmagydyr. Häzirki dömirde 20-50 ýaş aralygyndaky adam üçin kadaly basyş diýilip 18,7/12,0 kPa (140/90 mm. sim. st.) hasap edilýär. Halkara saglygy goraýyş guramasynyc maglumatlaryna görä uly adamlar üçin aralyk gipertenziýanyc derejesi hökmünde 18,7/12,0 - 21,2/12,5 kPa (140/90-159/94 mm. sim. st.) hasap edilýär.

Gipertoniki keselinic geçişiniň şertli üç tapgyra bölünýär: I tapgyrda A/B derejesi 21,3/12,7 kPa (160/95 mm. sim. st.) dec bolýar we bu döwürde ýürek, gan-damar ulgamynda organiki üýtgemeler bolmaýar. II tapgyrda arteriýal basyşynyc derejesi örän ýokary bolup, çep garynjygyc gipertrofiýasynyc alamatlary ýüze çykýar. Emma beýleki agzalaryc işinic bozulma alamatlary bolmaýar. III tapgyrda gan basyşyc derejesi örän ýokary bolup ýüregic we beýleki beden agzalarynyc (kelle beýni, gözün torly gatlagy, böwregic uly gan damarlary) işinic bozulmagy bolýar.

Şonuc ýaly-da haýal hem-de tiz ösüji (çylşyrymly hilli) geçişli gipertoniki keseli bolýar. Bet hilli geçişde arteriýal basyşyc derejesi gaty ýokary bolýar (29,3/17,3 - 32,0/18,7 kPa ýa-da 220/130 - 240/140 mm. sim. st.), esasanda diastoliki basyşyc durnukly göterilmegi bolýar. Göz düýbinic torly gatlagynyc çişmegi netijesinde zaýalanmagy, görüş nerwlerinic zeperlenmegi, gemorragiki, plazmorragii,

anewrizmler hem-de böwregin damarlarynyc organiki üýtgemeleri duş gelýär.

Gipertoniki keselin ýüze çykmagynyc mehanizmleri barada durup geçmek bilen keselli hem-de sagdyn adamlarda gan basyşynyc sazlanyş mehanizmleric birmeczeşdigini aýtmalydyr. Gipertoniki keselde damarlaryc tonusunyc sazlanyşynyc wajyp neýrogumoral halkasynyc bozulýandygyny bellemelidir. Arteriýal basyşyc derejesini gomeostatiki görkeziji hökmünde bedenic talaplaryna bagly bolup, pressor we depressor tebigatly neýrogumoral ulgamlaryc işleýşine bagly bolup durýar. Gipertoniki keselic emele gelmeginic, onuc geçişinic umumy kanunalaýyklygynyc bardygyna garamazdan, her bir näsagda sazlaýyş mehanizmleric gatnaşyk derejeleri dürli bolup durýar. Läbil, ýagny durnuksyz gipertoniýada renin-angiotenzin ulgamynyc ýagdaýy köp tarapdan simpato-adrenal ulgamynyc täsirine bagly bölýar. Stabil, ýagny durnukly tapgyrynda damarlaryc wazokonstruktor täsirleşmeleri, plazmanyc renininic işjenliginic artmagy, suw-duz hemişeliginiň sazlanyşynyc bozulmagynyc ähmiýeti ulydyr.

Gipotenziw serişdäni bellemek bilen, onuc her bir näsagdaky patogenetiki mehanizmleric esasy halkasyna täsir etmekligini gazanmalydyr. Bu ýörelgänic dogrydygyna häzirki döwürdäki dürli täsirli derman serişdelerinic bardygy hem güwä geçýär.

Bejerilişi: Gipertoniýa keselinic başynda arterial basyşy hemişelik galmaýar hem-de zahmeti we dynç almany kadalaşdyrmak bilen, berhiz tutmaklyk bilen hem-de ýenil derman serişdelerini bellemek bilen bejerilýär.

Arterial gipertenziýanyc durnukly tapgyrynda duzsuz naharlanmany, az mukdarda suwuklyk içmekligi (800-1000 ml/gije-gündiz) bellemek bilen güýçli depginde derman terapiýany geçirmeli. Bu bejergini esasan hem gaýraüzülmeleric öcüni almaklyk üçin geçirmelidir.

Gipertoniki keselde rahatlandyryjy terapiýany ulanmak hem-de dokuma madda çalşygyna täsir edýän we mahsus gipotenziw serişdeleri ulanylýar.

Fitoserişdeler arterial gipertoniýanyc labil (durnuksyz) we aralyk görnüşlerinde ulanylýar. Olar damarlaryc aterosklerozlarynda, serobroişemiki gelip çykyşly simptomatiki gipertenziýalarda peýdaly bolup durýarlar.

Bu serişdeleric arasynda kesgitli orny kiçi barwinkanyc alkoloidleri tutýar. Oca dewinkan winkapan degişlidir. Dewinkan sedatiw, gan damarlary giceldiji we gipotenziw hasiýetine eýedir. Täsir ediji mehanizmi boýunça rezerpine meczeş bolup gipotenziw täsiri ondan pesdir. Şol bir wagtda merkezi nerw ulgamyna edýän täsiri rezerpin bilen deceşdirenicde örän ýokary bolýar. Gipotenziw täsiri bejerginic 6-10-njy günlerinde aýdyň ýüze çykýar. Şonuc üçin hem dewinkan labil we stabil gipertoniýalaryc I-II tapgyrlarynda, esasanda başaylanma we newrogen tahikardiýada peýdalydyr. Serişdäni 5-10 mg.-dan günde 2-3 sapar kabul edip başlamaly, socundan günde 3-4 gezege çenli köpeltmeli. Terapewtiki netije gazanylanyndan socra mukdaryny kem-kemden azaltma-ly. Bejerginic dowamlylygy birnäçe hepdeden ybarat bolup durýar.

Winkapan öz täsiri boýunca dewinkana golaý bolup durýar. Bejergini S gerdejikde (0,005 g) günde 2-3 gezekden başlap, bir hepde geçeninden socra 1 gerdejikden günde 2-3 gezekden içirmeli. Terapewtiki netije gazanylandan soňra dermanyc mukdaryny azaltmaly, bejergini uzak wagtlap dowam etdirmeli. Bu serişdeleric ulanmagyna garşy görkezmeler entek anyklanmadyk. Gipertoniki keselde goşmaça bejergi hökmünde, esasanda kelle beýninic gan damarlarynyc spazmalarynda sporynýa-nyc digidrirlenen alkoloidleri (digidroergotamin, digidroergotoksin) ulanylýar. Olaryc güýçli $\alpha$-adreno baglaýjy täsiri we damarhereketlendiriji merkezine rahatlandyryjy täsiri bardyr. Şeýle-de ol gan basyşyc derejesini peseldýär, damarlary giceldýär, ýürek

urşyny biraz seýrekleşdirýär. Bu serişdelerde ýatgynyc etine gyjyndyryjy täsiri pes derejededir.

Ak omelanyň oty gipotenziw serişde hökmünde täsir edýär. Ateroskleroz sebäpli arterial gipertenziýalarda we onuc bilen baglanyşykly (başaýlanma, kelle agyry) hadysalarda ulanylýar. Bir bulgur demlemäni günüc dowamynda içmeli. Bejerginic dowamlylygy 3-4 hepde. Gerek bolsa bejerginic dowamlylygyny uzaldyp bolýar. Goltgy bejergi hökmünde demlemänic 1 nahar çemçesi mukdaryny günde 2-3 gezek içilýär. Işdänic peselmegi, başaýlanma ýaly ýakymsyz hadysalar seýrek bolýar.

Alyjyc güllerinic serişdeleri, gipotenziw täsirden başga-da kardiotoniki täsiri bardyr. Şonuc üçin ol gipertoniki keselic toplumlaýyn bejergisinde ulanylýar.

Alyjyc güllerinden taýýarlanan demlemesi S bulgurdan, günde 2 gezekden içilýär. Alyjyc tinkturasy 20-40 damjadan, nahardan öc, günic dowamynda birnäçe gezekden içilýär. Ol esasanda paroksizmal tahikardiýada bellenilär. Alyjyň demlemesiniň 100 damjadan hem köp mukdary içilende ýüregic urgysynyc seýrekleşmesi ýaly täsiri ýüze çykýar.

Şirguýrugyň otunyň demlemesiniň 1 nahar çemçesi günde 3-4 gezekden içilýär. Şirguýrugyc tinkturasynyň 30-50 damjasyny suwa goşup, günde 3-4 gezekden içmeli.

Aralyk we labil gipertoniýada galen serişdeleri hem ulanylýar. Olara ewkomminic gabygynyc gaýnatmasy, suwly ekstrakty we tinkturasy degişlidir. Ewkomminic tinkturasy 15-30 damjadan, nahardan öc, günde 2-3 gezekden içilýär. Ewkomminic gaýnatmasy (10,0:200,0) 1 nahar çemçeden, günde 3 gezek içilýär. Baýkal balyk gözüniň tinkturasy - 20-30 damjadan, günde 2-3 gezek içilýär. Mundan başga-da şu aşakdaky dermanlyk ýygyndysy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Gnaphalii | 15,0 | (Palçykly keçegüliň oty) |
| | Herb. | Melilotus | 20,0 | (Eşek ýorunjanyc oty) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. | Astragali | 20,0 | (Ýücgülli göwenic oty) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemäni 1 nahar çemçesi göwrüminde, günde 2-3 gezekden içilýär.

Örän netijeli dermanlyk otlarync ýygyndysyna ýene-de mysal getirýäris:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Gnaphalii | 60,0 | (Palçykly keçegülic oty) |
| | Fruct. | Crataegi | 50,0 | (Alyjýc miwesi) |
| | Flor. | Helichrysi arenarii | 50,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Herb. | Melilotus | 10,0 | (Eşek ýorunjanyc oty) |
| | Fol. | Betulae | 10,0 | (Berýozanyc ýapraklary) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýan kökünic) |
| | Fol. | Farfarae | 20,0 | (Eje we ejeligic ýapragy) |
| | Herb. | Equiseti | 30,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. | Anethi graweolens | 30,0 | (Şebitiň oty) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemäni bulguryc 2/3 bölegini 3 gezekden nahardan öc içmeli. Bejerginic dowamlylygy birnäçe aý.

Käbir fitoterapewtler şu aşakdaky ýygyndyny hödürleýärler:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Crataegi | 15,0 | (Alyjyc gülleri) |
| | Herb. | Equiseti | 15,0 | (Meýdan kyrk bogunynyň oty) |
| | Herb. | Visci albi | 15,0 | (Ak omelanyň oty) |
| | Fol. | Vincae minoris | 15,0 | (Kiçi barwinkanyc ýapraklary) |
| | Herb. | Millefolii | 30,0 | (Boýbodronyc oty) |

M.F. spec.D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Demlemänic bir bulguryny, owurtlap günic dowamynda içmeli

Gipertoniki keselinde, goşmaça serişdeler hökmünde ösümliklerden alynan derman serişdeleri bolan teobromin, teofillin, papawerin, hem-de olaryc önümi bolan teofillin-aminofillin ulanylýar. Olaryc hemmesi çylşyrymly külkänic düzüminde bolýarlar. Gipertoniki keselleric I-II tapgyrlarynda keselic öcüni alyş maksatlary bilen gara miweli aroniýanyň ýa-da rýabinanyc şiresi ulanylýar. Onuc ýetişen miwesi witamin toplumlaryny, askorbin turşysyny, ýod we beýleki mikroelementleri, flawonoidleri saklaýar. Gara miweli aroniýanyň - rýabinanyc şiresi gipotenziw we spazmolitiki täsir edýär. Şiränic 50 ml., günde 3 gezek, nahardan 0,5 sagat öc içmeli. Bejerginic dowamlylygy 2-4 hepde. Miwelerini 100 g., günde 3 gezek, nahardan 30 min. öc bellenilýär.

# Guryagyryly kesellerde ulanylýan dermannamalar

Rp. Cort Salicis (Serwi agajyň gabygy)

Flor. Ulmariae (Labaznigiň güli)
Flor. Tiliae aa 5,0 (Lipanyň güli)

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndydan 200 ml demleme taýýarlamaly we günde 50 ml 3 gezek ýiti guryagyryda içmeli.

Rp. Fruct Sorbi (Rýabinanyň miwesi)

Herb. Violae tricoloris aā 40,0 (Benewşäniň oty)
Cort. Hippocastani (At kaştanyň gabygy)
Flor. Hippocastani aa 25,0 (At kaştanyň güli)
Fol. Urticae diocae 30,0 (Çit-çitiniň ýapragy)

M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndydan bir bulgur suw bilen gaýnatma taýýarlamaly. Günde 1 nahar çemçeden 3 gezek iýmit arasynda artroz keselinde içmeli.

Rp. Tinct Capsici 10,0 (Bir ýyllyk burçuň tinkturasy)
Spiritus sap camph ad 50,0 (Kamforly spirt)
M.D.S. Sürtmek üçin

Rp. Flor. Ulmariae (Labaznigiň guli)

Flor. Ribus nigri aā 40,0 (Gara smarodinanyň güli)
Cort. Salicis 30,0 (Serwi agajyň gabygy)
Flor. Sambuci (Gara buzynanyň güli)
Flor. Tiliae (Lipanyň güli)
Fruct Rubi idae aā 20,0 (Malinanyň miwesi)

M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe ýygyndydan bir bulgur demleme taýýarlamaly. Günde 1 nahar çemçeden 3 gezek içmeli.

Rp. Fruct. Juniperi 10,0 (Arçanyň miwesi)

Fol. Betulae (Berýozanyň ýapragy)
Herb. Millefolii (Boýbodranyň oty)
Herb. Fumariae aa 30,0 (Şaternäniň oty)

M.F.spec. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen 15 min bassyryp demläp goýmaly. Günde üç bulgur guryagyryda we podagra keselinde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Betulae | 50,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Herb. | Urticae dioicae | | (Çit-çitiniň oty) |
| | Rad. | Urticae dioicae aā | 35,0 | (Çit-çitiniň köki) |

M.F.spec. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen 15 min demläp goýmaly we günde 2-3 gezekde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Ononidis | | (Polatlynyň köki) |
| | Rad. | Sapo nariae | | (Sabyn otyň köki) |
| | Stipites | Dulcamarae | | (Süýjümtik it üzümiň baldagynyň ýokarsy) |
| | Cort. | Salicis aā | 25,0 | (Serwi agajyň gabygy) |

M.F.spec. D.S. 3 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnag suw bilen demläp, 10 min gaýnatmaly. Süzmeli we günde 2-3 bulgur içmeli

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Ribus nigri | 100,0 | (Gara smarodinanyň güli) |
| | Cort. | Fraxini | | (Dardarynyň gabygy) |
| | Herb. | Ulmariae aā | 50,0 | (Labaznigiň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 300 ml suwda 3 min gaýnadyp, 5 min goýmaly, süzmeli. Günde 2 gezekde ajöze içmeli.

## 2. 2. Nerw ulgamynyň keselleriniň fitoterapiýasy

Häzirki döwürde bu keselleri nerw ulgamynyň haýsy bölümine zeper ýetirýändigine baglylykda bäş sany uly toparlara bölýärler:

1. Töwerekdäki (periferiki) nerw ulgamynyň keselleri: newralgiýa we newritler;
2. Öňurga ýiliginiň keselleri: polimiýelitler, oňurga ýiliginiň gaýnaglamasy, dagynyk ýa-da köpçülikleýin huşsyzlyk we ş.m.
3. Kelle beýnisiniň keselleri: ensefalitler, meningitler, çişler, döwük-ýenjikler, beýniniň gan aýlanşynyň bozulmalary we ş.m.;
4. Wegetatiw nerw ulgamynyň keselleri: çakyza we ş.m.;
5. Newrozlar: akyl çaşmasy we samrama, kem akyllylyk, hyýala getirmäniň bozulmasy, was-waslyk we ş.m.;

Nerw keselleriniň ýüze çykamagyna dürli hili sebäpleri bardyr. Olaryň köp bölegini ýokanç keselleriň esasynda döreýän keseller tutýar (ensefalitler, meningitler, polimiýelitler, polinewritleriň käbir görnüşleri we ş.m.). Şeýle-de olaryň ýüze çykmalarynyň esasy sebäpleri kelle beýniniň gan aýlanmasynyň näsazlyklary, oňurga ýiligiň hem-de kelle beýnisiniň töweregindäki nerwleriň zaýalanmalary, seýrek hallarda ehinokokklaryň döremegi bolup biler. Bu ýagdaýlar beden zäherlenmelerinde (şeraplar içilende, bedene gurşun, myşýak düşende) hem ýüze çykýarlar. Olardan başga-da bu keselleri bedendäki madda çalşygynyň näsazlyklary, durmuşdaky gündelik duş gelýän gaýgy-aladalar we ş.m. hem ýüze çykaryp bilerler.

## Periferiki nerw ulgamynyň keselleri

**Newralgiýalar**. Bu kesellere ol ýa-da beýleki nerwiň ugrunda ýaýrap gidýän häsiýetli agyrylar degişlidir. Newralgiýanyň dürlüligi nerwiň haýsysyna zeper ýetenligine baglydyr. Mysal üçin otyrýer nerwiniň newralgiýasy, üçşahaly nerwiň newralgiýasy, oňurga nerwiň newralgiýasy we ş.m.

Otyrýer nerwiniň newralgiýasy (işias) – bu kesel otyrýer nerwiniň özünden ýa-da onuň gapdalyndan gidýän gowşak ýa-da güýçli ýiti agyrynyň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Işias ýiti agyryly bolup, kä halatlarda onuň ýüze çykmaklygyndan öň näsagyň bilinde we aýagynda ýakymsyz duýgular bolup, ýarawsyz adam aýagynda agyrlyk düýup, çalt ýadaýandygy barasynda arz edýär. Otyrýer nerwiniň üstünden basylanda ýiti agyry ýüze çykýar. Kä halatlarda işiasda oňurganyň gapdala egrilmesi ýüze çykyp, onuň şekli üýtgeýärde nerw köklerine zeper ýetýär.Üçşahaly nerwiň newralgiýasy - güýçli, ýiti agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç agyrylar birden ýüze çykyp birnäçe wagtlap dowam edýär. Üçşahaly nerwiň haýsy şahasyna zeper ýetenligine baglylykda agyry duýgulary adamyň ýüzüniň we kellesiniň

dürli böleklerinde ýüze çykyp bilýär. Şol agyry gulaga, göze, boýuna, ýeňsä geçýär we olaryň netijesinde ýüzüň derisiniň ýygrylmasy, derleme, ýaşyň çykmasy, sülekeýiň artmagy hem-de burundan nemiň çykmagy bolup geçýär.

Oňurga nerwiň newralgiýasy - bu keselde ilki oňurgada agyry döräp, ol soňra boýuna we arka geçýär. Mundan başga-da kelläniň ýeňse tarapynyň hemme ýerinde ýiti bolmadyk agyry döreýär. Agyryny duýmazlyk üçin näsag öz kellesini hereketlendirmän, kesgitli belli bir ýagdaýda saklamaga çalyşýar.

**Newritler -** diýilip nerwleriň gaýnaglamasyna aýdylýar. Bu gaýnaglama ýokanç kesellerinden soňra gaýraüzülme görnüşde ýüze çykýar. Ol köplenç ýagdaýlarda garyn garahassalygy we hörezek kesellerinden soň ýüze çykýar. Bu keselde nerwiň biriniň zeper ýetmesine – mononewrit, nerwleriň köpçülikleýin zeper ýetmesine bolsa – polinewritler diýilýär. Bu keseller ýaňy dörände nerwiň gapdaly bilen agyry ýüze çykýar, hereketini we duýujylygyny ýitirýär, netijede bolsa ýarym ysmazlyk ýüze çykýar. Mundan başga-da deride birnäçe üýtgeşmeler, ýagny onuň inçelmesi, guraklygy, saçyň düşmekligi, deriniň reňkiniň üýtgemekligi, dyrnaklaryň owranmaklygy bolup biler.

## Oňurga ýiliginiň keselleri

**Polimiýelitler** - bu kesel esasan-da kiçi ýaşly çagalarda (birnäçe aýlykdan 4-5 ýaşa çenli döwürde) ýüze çykýar, şonuň üçin-de oňa çaga ysmazy hem diýilýär. Barlaglaryň esasynda bu kesel dörände kelle we oňurga beýnisiniň dürli bölümlerine zeper ýetýändigi anyklanyldy. Olar ýüze çykanda bedende üşütme we aşgazan-içege bozulmalary (iç geçme, iç gatama, gusmaklyk) bolup geçýär.

**Oňurga ýiliginiň gaýnaglamasy** - adaty bolşy ýaly dürli ýokanç kesellerden (dümew, garahassalyk, hörezek we ş.m.) soň gaýraüzülmesi netijesinde bolup bilýär. Ol gaýnaglama merkezi oňurga ýiliginiň hemme ýerini (çal we ak maddalaryny) eýeleýär. Gaýnaglama merkeziniň nirede

ýerleşendigine baglylykda aýaklaryň ýa-da el-aýaklaryň ysmazy ýüze çykýar (mysal üçin, gaýnaglama merkezi bedeniň boýun böleginde bolsa, onda el-aýaklaryň ysmazy döreýär).

**Dagynak ýa-da köpçülikleýin huşsyzlygyň -** esasy hökmünde kelle we oňurga beýnisiniň köpçülikleýin, maýda ojaklaýyn zeper ýetmesi bolup durýar. Keseliň başynda näsagyň aşaky ahyrlarynda näsazlyklar, ýagny çalt ýadamaklyk, duýujylygyny ýitirmeklik, güýçli agyrylaryň ýüze çykmagy bolup biler, kä halatlarda bolsa näsagyň elinde titreme hem peýda bolýar. Şunuň bilen baglylykda näsagyň nahar iýmekligi (esasan hem suwuk iýmitleri), ýatmaklygy kynlaşýar, sözlemegi, pikiriň yzygiderliligi ýitýär. Bu bolsa beýni ulgamynda näsazlyklaryň barlygyny aňladýar.

## Kelle beýnisiniň keselleri

**Ensefalit** – kelle beýnisiniň gaýnaglamasy. Munuň ýüze çykmagyna dürli hili ýokanç keseller sebäp bolup bilerler. Ähli ensefalitler iki sany uly topara bölünýärler,ýagny ilkinji we ikilenji ensefalitler. Olaryň birinjisine endemiki ensefalitler, sakyrtga ensefalitleri we ş.m. degişlidirler. Ikilenji ensefalitler bolsa ýokanç keselleriniň dowamynda (garamykda, öýken kesellerinde we ş.m.) bolýan kelle beýnisiniň gaýnaglamasy esasynda ýüze çykýandyrlar.

Epidemiki ensefalitiň şeýle atlandyrylmagy 1917-1928 ýyllarda onuň dünýäniň hemme ýerlerine giňden ýaýrandygy bilen baglanşyklydyr. Keseliň dowamynda ol iki hili yzygiderlilikde, ýagny ýiti we dowamly bolup bilýärler. Olaryň ýiti görnüşde bedeniň temperaturasy $38^0$ S çenli galýar. Kä halatlarda ol kadaly hem bolup biler. Ýokary galan temperatura 15-20 günüň dowamynda saklanyp biler. Näsagyň ukusy bozulyp, ol uzak günüň dowamynda hem ukyda ýatyp bilýär. Derman ýa-da iýmit bermeklik üçin oýarylan näsag şol bada ýene-de uklaýar. Soňra bolsa bu ýagdaý tersine bolup ukysyzlyga öwrülýär.

Bu keseliň ýiti görnüşi soňra dowamly görnüşe geçip, näsagy haýal we az hereketjeňlige getirýär. Ýüzüniň derisiniň reňki polat kysmy reňkde bolup, üýtgemän durýar.

**Meningit -** bu beýni gabygynyň gaýnaglamasydyr. Häzirki wagtda olaryň dürli görnüşleri, ýagny ilkinji (epidemiki) we ikilenji (inçekesel we iriňli) meningitler duş gelýändirler. Kelle agyrsynyň ýüze çykmagy, ýürek bulanmasy, gaýtarma we boýnuň yzky beden etiniň dartylmasy bu keseliň esasy alamatlaryna digişlidirler.

## Wegetatiw nerw ulgamynyň keselleri

Wegetatiw nerw ulgamy adamyň bedeniniň hemme nerw ulgamy bilen berk arabaglanşyklydyr. Şonuň üçin-de bedende dürli keseller dörände belli bir derejede wegetatiw nerw ulgamynda-da näsazlyklar ýüze çykýandyr. Mysal üçin, kelle beýnisiniň bozulmalarynda, bedeniň ýürek-damar işjeňligi we dem alyş häsiýetleri hem bozulýandyr. Nerw ulgamynyň wegetatiw bölüminiň zeper ýetmesine çakyza degişlidir.

**Çakyza -** bu kesel kelläniň bir gapdalynda yzygiderli bolýan agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyrylar hiç hili sebäpsiz ýüze çykyp bilýärler we birnäçe sagatlap dowam edýärler. Köplenç kelle agyrylar ýokary derejä ýetende ýürek bulanma we gusma ýüze çykýar. Agyry dörände dürli töwerekdäki gyjyndyryjylar (ýagtylyk, galmagal we ş.m.) kelle agyryny güýçlendirýärler. Agyry köplenç näsag ukysyny alanyndan soň aýrylýar. Bu keseliň ýüze çykmagynyň sebäpleri doly anyklanan däldir.

**Newrozlar.** Bu kesellere akyl çaşmasy, samrama, kem akyllylyk, hyýala getirmäniň bozulmasy, was-waslyk, terkidünýälik, göwnüçökgünlilik ýaly nerw ulgamynyň bozulmalary bilen baglanşykly hadysalar mysal bolup bilerler. Olaryň hemmesinde-de akyla zeper ýetýär.Olaryň döremegine gündelik duş gelýän gaýgy-aladalar, iýmitler, uky bilen baglanşykly hadysalar, keselçilikler we ş.m. sebäp bolup bilerler. Akyl çaşmasynyň we samramanyň esasy sebäpleri

kelle beýnisinde bolup, onuň döremegine dowamly ukysyzlyk, köp pikir-gaýgy etmeklik, iýmit siňdiriş ulgamynyň kemçilikleri, ýatgy keselleri we ş.m. sebäp bolýarlar.

Akyl çaşmasynda beýniniň pikir etmek ukybynyň bozulmagy bolup geçýär, kemakyllylykda ýa-da akmaklykda ol ukybyň zaýalanmagy netijesinde beýni doly özgerýär, ýa-da özüniň bu babatdaky işjeňligini doly ýitirýär. Şonuň üçin-de kemakyl ýa-da akmak syrkawlaryň ýagdaýy garrylyga ýa-da çagalyga meňzeş bolýar. Ýatkeşligiň bozulmasynda zeper ýetme beýniniň ýeňse tarapynda bolýar, çünki ol beýniniň ýeňse böleginiň ýetmezçiliginden ýa-da onuň hemme ukybynyň ýok bolmagyndan döreýär. Ol sowuklama esasynda-da döräp biler. Hyýala getirmäniň bozulmagy keselinde bolsa beýniniň öňki bölegi zeper tapýar. Munda adam ýok zatlary hyýalyna getirýär we töwerekde bolmadyk zatlary görýär, bu bolsa beýniniň öňki böleginiň näsazlyklary bilen baglanşyklydyr. Was-waslyk terkidünýälik ýaly zatdyr. Beýniniň gyzgyn bolmagy bilen bolýan basyklar, aýagyň gapdalynyň gan bilen dolup gyzarmagy ýa-da aýalyň göwsünde gan gatamagy was-wasylykdan nyşan beriji alamatlardyr, ganyň gatamagy gany bozýan hereketleriň bolandygyny bildirýän nyşandyr. Göwniçökgünlik – pikiri we akyly tebigy ýolundan bozuklyga, gorkmaga we ýamanlyga tarap özgertmekden ybaratdyr. Göwniçökgünlik, gaharjaňlyk, adamlara topulmak we ýamanlyk bilen goşulup gelse, oňa was-wasy hem diýilýär. Terkidünýäligiň başlaýandygyny görkezýän belgileri erbet pikirler, sebäpsiz gormak, çalt gazaplanmak, ýalňyzlygy gowy görmek, bedeniň gyzmagy, kelläň aýlanmagy we gulagyň şaňlamagy bolýar.

Häzirki döwürde nerw kesellerini derman otlarynyň kömegi bilen bejermeklik giňden ýaýrandyr.

## Nerw kesellerinde ulanylýan bejeriji häsiýetli ösümlikleriň dermannamalary

Häzirki döwürde nerw kesellerini bejermekligiň köp sanly usullarynyň biri hem olary dermanlyk ot-çöpleriň kömegi bilen bejermeklik bolup durýar. Bu kesellerde köplenç ýagdaýlarda derman otlaryny toplumlaýyn (şol sanda beýleki derman serişdeleri bilen bilelikde hem) ulanmak bilen peýdalanýarlar. Şonuň üçin-de olaryň köp ulanylýan görnüşleriniň käbirleri şu aşakdaky dermannamalarda görkezilendir:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Infusi | Valerianae | 10,0 / 190,0 | (Walerianananyň köküniň demlemesi) |
| | Rad. | Natrii bromidi | 10,0 | (Natriniň bromidi) |

M.D.S. 1 nahar çemçeden günde 3 gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Tinct. | Valerianae | 20,0 | (Walerianany ň tinkturasy) |
| | Tinct. | Grataegi | 10,0 | (Alyjyň tinktursy) |

M.D.S. Günde 25 damjadan birnäçe gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | | (Walerianany ň köki) |
| | Fol. | Menthae pip. āā | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fol. | Chamomillae | 40,0 | (Çopantelpegiň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 500 ml suwda 10 min gaýnatmaly. 50 ml günde birnäçe gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Mellissae | | (Melissanyň ýapragy) |
| | Flor. | Grataegi āā | 20,0 | (Alyjyň güli) |
| | Herb. | Leonuri | | (Şirguýrugyň oty) |
| | Rad. | Valerianae āā | 30,0 | (Walerianany ň köki) |

M.F. spec. D.S. 1 nahar çemçe garyndyny 300 ml. gaýnag bilen garmaly. Demlemäni 50 ml-den günde 3 gezek nahardan öň içmeli

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | | (Walerianany ň köki) |
| | Herb. | Meliloti āā | 40,0 | (Eşek ýorunjanyň oty) |
| | Herb. | Thymi | | (Käkilik oty) |
| | Herb. | Origani | | (Ýarymlyjanyň oty) |
| | Herb. | Leonuri cardiaceae āā | 50,0 | (Şirguýrugyň oty) |

M.F. spec. D.S. 2 nahar çemçe garyndyny 500 ml gaýnag suw bilen demlemeli. Günde 1 bulgurdan 4 gezek nahardan öň içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Melissae | | Melissanyň ýapragy) |
| | Rad. | Valerianae āā | 20,0 | (Walerian201anyň koki) |
| | Strob. | Lupuli | | (Hmeliň miwesi) |

M.F.spec.D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 200 ml gaýnag suwda demlemeli. Demlemäni ertir we agşam ýatmazdan öň ukysyzlykda içmeli.

## 2. 3. Ýokary dem alyş agzalarynyň kesełleriniň fitoterapiýasy

**Bronhitler** - has giňden ỳaỳran keselleriň biri bolup, dem alyş agzalarynyň köp duş gelỳän keselleridir.

Bronhitleri - birlenji we ikilenji görnüşlere bölỳärler. Birlenji bronhitde- bronh sütünleriniň alawlama hadysasyna düsünilỳär. Ikilenji bronhit bolsa, ỳokanç keseller netijesinde (garahassa, gyzamyk), öỳken keselleri (inçekesel, pnewmoniỳa, dömme çişler), ỳürek keselleri, böwrek keselleri (uremiki bronhit) we ş.m. bolmagy bilen ỳuze çykỳarlar. Etiologiki täsirleri boỳunça: wirusly, bakteriỳaly, şeỳle hem fiziki, himiki ýagdaýlaryň täsiri bilen ỳüze çykỳan we tozanly bronhitlere bölỳärler. Geçişi boỳunça ỳiti we dowamly, şeỳle hem diffuz we çäklenen görnüşlere bölỳärler. Iň soňky görnüşleri käbir keselleriň (howply çiş, inçekesel) ýokanç keseliň alamatlary hökmünde bolup bilỳär.

Gakylygyň häsiỳeti boỳunça-nemli(kataral), nemli-iriňli, iriňli, gemorragiki, fibrinoz we ş.m. görnüslere bölünỳär. Ýerine ýetirýän alamatlary boỳunça obstruktiw we obstruktiw däl (ỳonekeỳ) görnüşlere bölünỳärler.

Bronh geçirijiliginiň bozulmagynyň potalogiki alamatlary:bronhlaryň gysylmagy, bronhlaryň nemli

bardalarynyň çişmegi, gakylygyň mukdarynyň köpelmegi we onuň bronhlarda saklanmagy.

Ỳiti bronhit: bronhlaryň nemli bardalarynyň diffuz alawlamasy, özem wirus ỳa-da bakterial etiỳalogiỳaly bolýar. Etiologiki ýagdaý hökmünde allergiỳa hem täsir edip biler, şeýlede dem gysmaly bronhidi, himiki we tozanly gyjyndyryjylar döredip biler.

Ilkinji ỳiti bronhitde bronhlar alawlamanyň esasy ỳeke-täk orun tutỳan ỳeridir, ỳöne köplenç alawlama hadysalary buruna, burun-bokurdak boşlugyna, damaga we traheỳalara hem ỳaỳraỳandyr. Keseliň kliniki alamatlary-üsgülewük, gakylygyň bölünip çykmagy, döşde ỳakymsyz agyry we özüňi erbet duỳmaklyk we ş.m. bolup biler.

Bejerilişi. Keseliň sebäbini, patogenezini we kliniki alamatlaryny göz öňüne tutmak bilen geçirilỳär. Klinikasynyň agyrlygyna baglylykda dynçlyk (pes we ỳokary derejede) bellenilỳär, bedeniň gyzgyn görkezijisi ỳokary bolanda düşekde ỳatmaly. Çilim çekmeklik gadagan, otagy arassa howa bilen ỳelejiretmeli, iỳmit witaminlere baỳ, ỳeňil siňỳän bolmaly. Derman bilen bejermek-alamat-lara baglylykda gyzgyn düşüriji, agyry aỳryjy serişdeler bilen amala aşyrylỳar.

Der bölünip çykmagyny üpjün edýän ỳygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 25.0 | (Çopantelpegiň guli) |
| | Flor. | Tiliae | 25.0 | (Lipanyň güli) |
| | Fol | Menthae piperitae | 25.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Flor. | Sambuci | 25.0 | (Gara buzynanyň guli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli. Demlemäni gyzgyn görnüşinde, alawlama kesellerinde günde 2-3 bulgurdan içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 40.0 | (Buýanyň köki) |
| | Flor. | Tiliae | 60.0 | (Lipanyň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli. Demlemäni günde 2-3 bulgurdan içmeli. Onuň derlediji, üsgülewügi aỳyryjy we gakylyk gopduryjy häsiỳeti bar.

Döş boşlugynyň töweregine gyzdyrgyçlar goỳulỳar. Gurak, gyjyndyryjy üsgülewükde 3-4 günüň dowamynda üsgülewüge garşy serişdeler bellenilỳär. Şeỳle hem ipekakuananyň köküniň demlemesi (0.6:200.0) her 3-4 sagatdan 1 nahar çemçeden berilỳär. Mundan başga-da şu aşakdaky ýygyndy bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Fol. | Farfarae | 20,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Herb. | Origani | 10,0 | (Ýakymlyjanyn oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli. Demlemäni S bulgurdan nahardan 2-3 sag soň içmeli.

Gagylyk goparyjy we üsgülewige garşy serişdeler hökmünde birnäçe ýygyndylar ulanylýar.

Üsgülewigi aýyrmak üçin sosnanyň pyntyklarynyň demlemesiniň bugundan peýdalanmak ýa-da ony içmek hem bolar. Aýrylmasy kyn bolan gakylygy käbir ýygyndylaryň kömegi bilen aýyrmak bolar. Anis yagy gakylyk goparyjy serişde hökmünde günde 4-6 wagtyna 2-3 damjadan 1 çemçe ýyly suw bilen içilýär.

Bronhlaryň gysylmagynda olary giňeltmek üçin serişdelerden: teofedrin (günde 3 wagtyna ½-1 gerdejikden), efedrin (günde 2-3 wagtyna 0,25 g) eufillin (günde -3 wagtyna 0,15 g) we ş.m. ulanylýar.
Mundan başga-da ýygyndylardan şu asakdakylar bellenil-ýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyn köki) |
| | Fruct | Anisi | 20,0 | (Anisiň miwesi) |
| | Fol | Salviae | 20,0 | (Bidenegiň ýapragy) |
| | Gammarum pini | | 20,0 | (Sosnanyň pyntygy) |

M. F. spec. D. S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen demläp goýmaly Demlemäni nahardan soň, her 4-5 sagatdan 1/3-bulgur we ýatmazdan öň S bulgur içmeli. (gakylyk gopdurujy, spazmolitiki, sedatiw häsiýeti ýüze çykyar).

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Farfarae | 20,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fol | Plantaginis | 20,0 | (Atgulagyň ýapragy) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |
| Herb. | Violae tricolar | 20,0 | (Benewşäniň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen demläp goýmaly. Demlemäni ýyly görnüşde günde 4-6 wagtyna nahardan öň j bulgur içmeli

Bronhitde – antibakterial, bronhlary giňeldiji we gakylyk gopdurujy serişdeler toplumlaýyn terapiýa görnüsinde prednizolan bilen bilelikde 25-30 mg-dan 5-7 günüň dowamynda ulanylýar. Şu ýagdaýda aşakdaky ýygyndylar hem ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 40,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 15,0 | (Buýanyn köki) |
| | Fol. | Farfarae | 20,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fruct. | Foeniculi | 10,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen demläp goýmaly. Demlemäni ýyly görnüşinde 1 bulgurdan 4-5 gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Farfarae | 10,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fol | Plantaginis | 20,0 | (Atgulagyň ýapragy) |
| | Herb. | Equiseti | 30,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Flor. | Primulae | 40,0 | (Nowruzgüliň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen demläp goýmaly. Demlemäni 1 bulgurdan ýyly görnüşinde 4-5 gezek içmeli.

Gaýtalanyp durýan ýiti bronhitler soňra dowamly bronhitlere öwrülýär. Dowamly (ötüşen) bronhidiň ösmegine-çilim çekmeklik, howanyň tozany we gazlar bilen hapalanmagy, alkogol içgileri mümkinçilik döredýär.

**Dowamly bronhit** öýken kesselleriniň içinde esasy orunlarynyň birini eýýeleýär. Ilkinji dowamly bronhit köplenç 30-40 ýaşdan geçen erkek adamlarda, esasan hem çilim çeýän we hapalanan howadan hem almak netijesinde ýüze çykýar.

Dowamly bronhidiň ýüze çykmagyna burun, burun-bokurdak kesseleri sebäp hem bolup biler.

Dowamly bronhidi anyklamak kynçylyk döredýär. Ony kesgitlemeklik esasy 4 alamatlar boýunça – üsgürmek, gakylyk gopmagy, dem gysma, we umumy bedeniň

ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy zerarly anyklamak amala aşyrylýar.

Bejerlişi. Toplumlaýyn bejergi çärelerini geçirmek dowamly bronhidiň etaby boýunça kesgitlenilýär. Dowamly bronhidiň ähli görnüşlerinde umumy terapewtiki çäreleri geçirmeli, ýagny:

Çilim çekmegi gadagan etmek, dem alyş ýollaryny gyjyndyryjy maddalardan daşda durmak, (öýde we önümçilik şertlerinde) bedeniň umumy durnunyklylygny ýokarlandyrmak, fizioterapiýa, bedenterbiýe çäreleri, ingal-ýasiýa, gakylyk gopdurujy serişdeler ulanmak ähmiýetlidir. Iriňli bronhitde goşmaça, antibakterial terapiýa, emma dykylan bronhitde bolsa, bronhlary giňeldijiler we glýukokortikoidlar ulanylýar.

Bronhlary giňeldiji, bronh mäzleriniň bölüp çykaryş işini güýçlendiriji we gakylygy gopduryjy indiki ýygyndylar ulanylýar:

1) Buýan köki we atgulagyň ýapyragy-3 bölekden, eje-ejeligiň ýapragy-4 bölek alynyp demleme taýýarlanýar. Demlemäni günde 4-5 wagtyna j bulgurdan bermeli.

Efir ýaglary bronhlaryň nemli bardasynda bölünip çykyp-bronholitiki täsiri, gakylyk gopdurujy we antiseptiki täsiri ýüze çykarýar.

Aýdyň bronholitiki täsiri-sosnanyň pyntyklarynyň demlemesi ýüze çykarýar, ol günüň dowamynda 1/3 bulgurdan içilýär. Şu bejergide gakylygyň mukdary köpelmeýär, hyňhyldy bolsa 3-5 gün ulanylandan soňra ýitýär, bronhlaryň geçirjiligi hem ýokarlanýar.

Öýken emfizemasy bilen bilelikde dowamly bronhidi bejermek üçin esasy preparat termopsisiň oty hasaplanylýar. Preparat dem alyş merkezine gyjyndyryjy täsir edip, dem alyş ýollarynyň bölüp çykaryş işini güýçlendirýär we alkaloidleriň (sitiziniň, metilsitizin) täsirinde dem alyşyň çuňlaşmagy we ýygylaşmagy bolup geçýär. Termopsisiň demlemesini (0,6-1,0- 200 ml ) günde 6-8 gezek 1 nahar çemçeden belleýärler. Seýrek ýagdaýlarda ony ürgün görnüşinde (0,01-0,05 g günde

2-3 wagt) ýa-da gury ekstrakt görnüşinde ulanýarlar. Bejergi 12-14 gün dowam etdirilýär. Bu preparat şepbeşik iriňli suwuklygyň bölünip çykmasyny peseldýär.

Dem gysmaly we öýken emfizemaly, dykynly bronhitlerde iň ähmiýetli serişde-buýan köküdir, ol goýy ekstrakt, şerbet we ýygyndy görnüşde ulanylýar. Buýan köki öz düzüminde birnäçe glikozidleri saklaýar. Glisirizin turşusy – alawlama garşy täsiri ýüze çykarsa, likwiritozid – spazma aýyryjy, emma likurazid bolsa alawlama garşy hem-de spazma aýyryjy täsiri ýüze çykarýar.

**Kükrek eleksiri** 20-40 damjadan nahardan 1 sagat öň birnäçe gezek içmeli., çagalara bolsa olaryň ýaşyna laýyklykda berilýär (damjada). Bu ýygyndy (owradylan buýan kökini atgulagyň ýapyraklaryny-3 bölek we eje-ejeligiň ýapyraklaryny 4 bölek saklaýar) demleme görnüşinde 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda taýýarlanýar we nahardan soň günde 2-3 gezekden S-1/3 bulgurdan kabul etmeli. Bejergi tapgyry 10-12 gün.

Ondan daşary hem iri we orta bronhlaryň zeperlenmesinde, gakylygyň köp bolmadyk, goýy bolan ýagdaýynda saponinleri saklaýan ösümlikleri ulanmak amatlydyr. Onuň üçin istodyň köki ulanylýar. Ol bronh mäzleriniň bölüp çykaryş işini ýokarlandyrýar, gakylygy suwuklandyryp, onuň gopmagyny üpjün edýär.

Guzygulagyň kökini we porrugyny gaýnatma görnüşinde (20.0:200.0) günde 4-5 nahar çeşmeden kabul etmeli.

Köp mukdardaky serroz gakylykly bronhitlerde terpingidrat gije-gündizde 1.5 g çenli ulanylýar. Iriňli gakylykda terpingidrat 0.2g 3-4 wagtyna, antibiotikler bilen bile ulanylýar. Şeýle täsiri käbir ýygyndylar hem ýüze çykarýar.

Has yokary üsgülewük refleksinde we bronhial dykylmada käkilik otunyň derman görnüşlerini peýdalan-ýarlar. Ol öz düzüminde efir ýaglaryny saklamak bilen, bakteriosid we rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýar. Käkilik oty demleme, suwuk ekstrakt görnüşinde ulanylýar, şeýle hem ol pertussiniň

düzümine hem girýär. Demleme ulylara- günde 3 gezek 1 nahar çeşmeden, çagalara bolsa günde 3 gezekden 1 desert çemçeden bellenilýär. Şeýle hem käbir ýygyndylar ulanylýar.

Dowamly bronhitlerde-ikilenji öňüni alyş çäreleri hökmünde bedeniň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin – umumy sazlaşdyryjy häsiýetli serişdeleriň hem orny ulydyr. Şeýle häsiýeti ýüze çykarýanlara pantokrin, limonnigiň serişdeleri we witaminler degişli. Pantokrin 2-3 hepdäniň dowamynda nahardan 30 min öň 30-40 damjadan bellenilýär. Hytaý limonniginiň tinkturasy 2-3 wagtyna açöze 20-30 damjadan bellenilýär.

Ýitileşme döwründe 300-600mg-dan (1 gije-gündiz üçin) askorbin turşusy, 3 mg witamin A,we B, topar witaminleri (tiamin, riboflawin, piridoksin) 0,03 g-dan bellenilýär. Şeýle hem itburunyň miwesiniň demlemesi gara smorodinanyň miwesiniň demlemesi rýabinanyň miwesiniň demlemesi we ş.m ulanylýar. Bu demlemäni günde 3-4 wagtyna ýarym bulgurdan içmek maslahat berilýär. Immun ulgamyna öňaýly täsiri şu aşakdaky ýygyndylar hem ýüze çykarýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyň köki) |
| | Rad. | Taraxaci | 15,0 | (Tozganyň köki) |
| | Rad. | Rubiae tinctoriae | 30,0 | (Çopboýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we ertirine we agşam 1 bulgurdan kabul etmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort | Frangulae | 10,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyň köki) |
| | Herb. | Violae tricolor | 40,0 | (Benewşäniň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur suwda 30 minut gaýnatmaly (suwly hammamda) we 2 bulgurny bir günüň dowamynda içmeli. Bejeriş wagty 4-6 hepde, 3-4 aýdan soň bejergini gaýtalaýarlar.

Gara smarodinanyň, brusnikanyň we itburunyň ýapraklaryndan taýýarlanan witaminli çaýlar, şeýle hem düzüminde askorbin turşusyny saklaýn gök önümller, ir – iýmişler (kelem, kädi, arpabadýan, noýba, limon, apelsin,

sogan, sarymsak we ş.m.) hem böwreküsti mäziň gadyk gatlagynyň işjeňligini ýokarlandyrýar.

**Pnewmoniýa.** Ỳiti pnewmoniýa saglygy goraýyş üçin iň wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Ilkinji we ikilenji öňüni alyç çärelerini we terapiýany geçirmek üsin olary – ilkinji ýiti ilkinji dowamly we ikilenji pnewmoniýa bölmek ähmiýetlidir.

Ỳiti pnewmoniýa etiologiýasy boýunça (bakterial, wirusly, fiziki we himiki sebäpleriň täsirinde garyşyk), kliniki – morfologiki alamatlary boýunça (ojaklaýyn, kruppoz, garyşyk), geçişi boýunça (ýiti, dowamly gesýän) görnüşlerine bölünýär.

Ỳiti pnewmoniýanyň esasy döredijileleri: pnewmokokk, iriňli stafilokokk, Fridlenderiň taýajyklary, grippiň wiruslary, adenowiruslar, gök-iriň taýajyklary, mikoplazma, eşerihi, tulýarmiýanyň bakteriỳasy, ötbaş keseliniň basillasy, gyrgynyň taýajyklary we ş.m.

Etiologiki köpdürliligine garamazdan birlenji ýiti pnewmoniỳa köplenç pnewmokokklar, stafilokokklar, streptokokklar wiruslar we mikoplazmalar tarapyndan döredilýändir.

Ilkinji ýiti pnewmoniýanyň kliniki alamatlary- kesel döredijiniň görnüşine we onyň kesel döredip biljek ukybyna, şeỳle hem bedeniň durnuklylygna baglydyr.

Pnewmoniỳany ýiti geçýän we uzak geçỳän görnüşlere bölýärler. Ỳiti geçýän pnewmoniýa 21-28 gün dowam edip, sagalma bilen gutarýar, emma has uzak dowam edýän, agyr geçýän görnüşli uzak geçýän topara degişlidir. Uzak geçýän görnüşiniň şeýle uzak wagtlap dowam etmegine – näsagyň garrylygy, kabir goşmaça keseller esasan hem dowamly bronhit, süýji keselleri, ýürek-damar keselleri şert döredýär.

Bejergisi. Ỳiti pnewmoniýada bejergi toplumlaýyn geçirilýär, we oňa dogry iýmitlenmek, dogry derman bejergisi, fizioterapiýa, saglygy dikeldiş edaralaryny bellemek hem degişlidir.

Düşekde ýatmak kadasy-keseliň ähli geçişinde berjaý edilmeli, tä näsagyň bedeniniň gyzgynlyk görkezijisi kadalaşynça dowam etmeli.

Ỳiti pnewmoniýada esasy ünsi näsagyň iýmitlenişine gönükdirmeli, esasan hem gyzdyrýan döwründe. Iýmit köpdürli, witaminleri köp mukdarda saklaýan we ýeňil siňýän bolmaly. Bu näsaglarda toplumlaýyn terapiýa geçirmekde witaminlere bolan gije-gündizlik talap şeýledir: $B_1$-12mg, $B_2$-12mg, $B_6$-18mg, askorbin turşusy-400mg, PP-100-120mg. Poliwitaminler (undewit günde 3 wagtyna 1 noguldan, dekamewit 1 gije-gündizde 2 noguldan)-köplenç bedeniň witaminlere bolan talapyny kanagatlandyrýar. Şu maksatlar bilen witaminli çaýlar we witaminleri köp saklaýan ir-iýmişler, gök- önümler hem giňden ulanmak bolar.

Şeýle näsaglarda suw elektrolit deňagramlygyň bozulmasy bolanlygy üçin olara ýeterlik derejede ir-iýmiş we gök önümler bermeli.

Ýiti pnewmoniýanyň toplumlaýyn terapiýasynda fitopreparatlar hem giňden ulanylýar. Has güýçli gurak üsgülewükde merkezi we periferiki täsirli rahatlandyryjy serişde ulanylýar. Üsgülewügiň ilkinji 22 günleri glausiniň gidrochloridi (0.05 g-dan, nahardan soň günde 2-3 wagtyna), Çerbiýäniň köküniň demlemesi (6.0:180.0) her 2 sagatdan 1 nahar çemçe içmek bellenilýär.

Üsgülewükde – reflektor gyjynmany aýyrýan ýygyndylara aşakdakylar degişli:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 40.0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 15.0 | (Buýanyň köki) |
| | Fol | Farfarae | 20.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fruct. | Foeniculi | 10.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur suwda 30 minut gaýnatmaly we ýyly görnüşinde her 2-3 sagatdan 2 nahar çemçeden kabul etmeli – ol üsgülewügi köşeşdirýär we gakylygyň erkin çykmagyna şert döredýär.

Şeýle hem gakylyk goparyjy we üsgülewügi basyp ýatyryjy indiki ýygyndyny hem ulanmak bolar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 20.0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Fol. | Farfarae | 20.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Herb. | Origani | 10.0 | (Ýakyplyjanyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we her 2-3 sagatdan üsgülewük galýança günde j bulgurdan içmeli.

Aýdyň ýüze çykan bronhitde – çygly hyňňyldylar bolanda we gakylygyň ýeterlik gopmazlygynda – gakylyk goparyjylary – düzüminde istodyň köküni, sinýuhanyň köki we porrugyny saklaýan serişdeler ulanylýar. Istodyň kökiniň gaýnatmasy (20.0:200.0) görnüşinde beýleki ýumşadyjy serişdeler bilen bilelikde nahardan 1 sagat öň, günde 5 gezek 1 nahar çemçeden işjeňligini ýokarlandyrýar, gakylygy suwuklandyrýar we onuň sepbeşikligini peseldýär. Bu preparat gastritli we baş keselli näsaglara bellemek bolmaýar. Sinýuhanyň köki we porrugy gakylyk gopduryjy we rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýar. Onuň kökleriniň demlemesi (6.0-8.0:200.0), gaýnatmany (3.0-6.0:200.0) 1 sagat nahardan öň günde 5 gezek 1 nahar çemçeden kabul etmeli.

Guzygulagyň köki we porrugy düzüminde efir yaglaryny we saponinleri saklaýar. Gakylyk gopdujy serişde hökmünde gaýnatmasy (20.0:200.0) günde 3-5 nahar çemçeden içilýär.

Has şepbeşikli, iriňli gakylykda – alawlama garşy, bakteriýalara garşy we gakylygy suwuklandyryjy täsirli şu aşakdaky ýygyndylar ulanylyar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Serpylli | 25.0 | (Käkilik oty) |
| | Herb. | Violae tricoloris | 20.0 | (Benewşäniň oty) |
| | Herb. | Gnaphalii uliginosi | 10.0 | (Keçegüliň oty) |
| | Fol. | Plantaginis | 15.0 | (Atgulagyň ýapragy) |
| | Gemmarum pini | | 20.0 | (Sosnanyň pyntygy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan öň günde 4-5 gezek j bulgurdan ýyly gornüşinde içmeli.

Agyryny azaltmak üçin suwly hammamlar hem ulanylýar. Şeýle hem fitoserişdelerden - ajy burçuň tinktturasy, kamfora melhemi, çylşyrymly skipidar we ş.m. sürtmek üçin ulanylýar. Üns sowujy we agyry aýryjy serişdeler hökmünde gyzdyrgyçlar, burçly ýelimler ulanylýar.

Alawlama döwrüniň dowam etmeginiň öňüni almak üçin preparat solutan ulanylýar, onuň bronhlary giňeldiji ukybyndan başga-da gakylygy suwuklandyrjy we bronhlaryň drenaћy işini gowulandyryjy ukybyny hem ýüze çykarýar. Preparat nahardan soň günde 3 wagtyna 20-30 damjadan içmek üçin bellenilýär, bugundan dem almak üçin bolsa günde 1-2 wagtyna 5 ml. –natriniň hloridiniň (izotoniki) ergini bilen bilelikde 6-8-12 damjadan bellenilýär. Şu döwürde gakylyk goparyjy ýygyndylardan – buýan köküniň, käkilik otynyň demlemesi örän peýdalydyr. Şeýle hem käbir başga-da ýygyndylary ulanýarlar.

Pnewmoniýanyň ýagny başlanan wagtyndan 2-3 hepde geçenden soň efedriniň bejeriji täsirliligi has ýokarydyr, onuň bronhlary giňeltmek ukyby hem ýokarydyr. Bu halatda şu aşakdaky ýygyndylar ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Farfarae | 20.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fol. | Plantaginis | 20.0 | (Atgulagyň ýapragy) |
| | Flor. | Calendulae | 15.0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| | Herb. | Serpylli | 15.0 | (Käkilik otynyň oty) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 10.0 | (Buýanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan öň günde 4-5 wagtyna 1 nahar çemçeden içmeli.

Şeýle hem damarlaryň tonusyny ýokarlandyrmak we kollapsyň öňüni almak üçin kamforadan, kofeinden we kordiaminden başgada saparal, çilibuhanyň tinkturasy günde 2-3 wagtynda 10-15 damjadan ulanmak bolar.

Bedeniň immun ulgamynyň işjeňligini ýa-da bedeniň kesellere bolan durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin biýogen sazlaşdyryjylar, esasan hem saburyň ekstrakty (10-15 günüň

dowamynda günaşa 1-1.5 ml, soňra 30-35 sanjyma çenli ýetirmeli) ulanylýar.

## Bronhial dem gysma

Bronhial dem gysmasy – allergiki we allergiki däl tebigatly bolup, dem alyş agzasynyň işjeňliginiň bozulmagy bilen häsiyetlendirilýär.

Patogenezinde – bronhlaryň geçirijiligindäki tutgaýly bozulmanyň ýüze çykmagynda bronhlaryň gysylmagy, bronh sütünleriniň nemli bardalarynyň çişmegi we nem mäzleriniň ýokary işjeňligi bolup geçýär.

Dem gysmanyň etiologiyasy birmeňzeş däl. Onuň ýokanç – allergiki we ýokanç däl allergiki gornüşlerini tapawutlandyrýarlar. Keseliň birinji tapgyryna dem gysmanyň tutgaý görnüşli geçişi degişli bolup, ol agyrlygy boýunça ýeňil, orta agyrlykdaky we agyr görnüşlerine bölünýär. Ikinji tapgyry uzak saklaýan tutgaýlar, demiň gysmasy, aýdyň öýken agyrlaşmasy (emfizema, bronhit, III dereje dem ýetmezçiligi we ş.m.) bilen häsiýetlendirilýär.

Dem gysmaly näsaglara wegetatiw nerw ulgamynyň oýanyjylyk çäginiň birden pese düşmegi häsiýetlidir. Şunuň bilen hem aşa ýadamaklygyň reflektor gyjynmalarynyň, gormonal üýtgemeleriň we nerw-psihiki şikesleriň netijesinde tutgaýlar ýeňil ýüze çykyp bilýär. Ondan daşary hem tutgaýlar – daşky howa şertleriniň birden üýtgemegi (çyglylygyň ýokarlanmagy, basyşyň üýtgemegi, atmosfera howasynyň elektrik potensialynyň üýtgemegi, dürli yslar we ş.m.) netijesinde hem döräp bilýärler.

Berelişi. Dem gysmasynda – fitopreparatlar esasan hem tutgaýlary aýyrmak we olaryň öňüni almak üçin we kömek beriji terapiýany geçirmek üçin ulanylýar. Ýeňil tutgaýy bejermek üçin esasan hem spazma aýyryjy serişdeler we bronh sütüniniň nemli bardalarynyň çişlerini aýyrmak üçin preparatlar bellenilýär.

Bronhlaryň geçirjiligini ýokarlandyrmakda şu aşakdaky ýygyndylar ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyn köki) |
| | Rad. | Violae tricoloris | 10,0 | (Benewşäniň köki) |
| | Herb. | Thymi serpilli | 40,0 | (Käkilik oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we 1 bulguryny günde 4 gezekden içmeli. Şonda bronhlaryň geçirijiligi 45-60 min soň gowulanýar we 5-6 sagadyň dowamynda täsiri saklanýar.

Ýene-de şeýle häsiýetli ýygyndylary mysal getireliň:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Thymi serpilli | 10,0 | (Käkilik oty) |
| | Fol | Farfarae | 10,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Herb. | Violae tricoloris | 10,0 | (Benewşäniň köki) |
| | Rad. | Inulae | 10,0 | (Guzygulagyň köki) |
| | Fruct | Anisi | 10,0 | (Anisiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we 1 bulgurdan 4 gezege bölüp içmeli.

Eger bu demlemeler ýaramasa onda aşakdaky düzümdäki ýygyndylaryny we çaýy ulanmak bolar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Ephedrae | 10,0 | (Borjagyn oty) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 10,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Rad. | Inulae | 10,0 | (Guzygulagyň köki) |
| | Herb. | Millifolii | 15,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Flor. | Crataegi | 15,0 | (Alyjyň güli) |
| | Flor. | Calendulae | 15,0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| | Fol | Plantaginis | 25,0 | (Atgulagyň yapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan soň günde 3-4 wagtyna S bulgurdan içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Anisi | 10,0 | (Anisiň miwesi) |
| | Fruct | Foeniculi | 10,0 | (Arpabadyýanyn miwesi) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Herb. | Thymi serpilli | 10,0 | (Käkilik otynyň oty) |
| Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyň köki) |
| Gemmarum Pini | | 10,0 | (Sosnanyň pyntygy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we 1 bulgurdan 4 gezege bölüp içmeli.

Kömek beriji terapiýany we öňüni alyş çärelerini geçirmekde ösümlik serişdeleriniň hem ähmiýeti ulydyr. Esasan hem olar ýokary dem alyş ýollaryny arassalamakda bähbitlidir. Ỳokary dem alyş ýollarynyň keselleri reflektor täsir edip dem gysmanyň tutgaýyny ýuze çykaryp bilýär. Şonuň üçin burundan erkin dem almaklygy dikeltmeli. Şeýle ýagdaýda çopantelpegiň gyzgyn demlemesiniň bugundan dem almak, çopantelpegiň gülüniň demlemesi bilen bokurdagyňy çaýkamak gowy netije berýär.

Laringitde, faringitde we tonzillitde-bokurdagy çaýkamak üçin bellenilýän ýygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Feoniculi | 5.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rhiz. | Potentillae erecti | 15.0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |
| | Rad. | Althacae | 15.0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Cort. | Quercus | 15.0 | (Dubuň gabygy) |
| | Fol | Salviae | 15.0 | (Bidenegiň ýapraklary ) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we ýyly görnüşde her 2-3 sagatdan bokurdagy çaýkamak üçin ulanylýar

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Rubi truticosi | 20.0 | (Böwürsleniň ýapragy) |
| | Fol. | Fartarae | 25.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fol. | Salviae | 30.0 | (Akkemençäniň yapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we ýyly görnüşinde bokurdagy çaýkamak üçin ulanylýar.

Mundan daşary hem birnäçe ýygyndylar ulanylýar. Goldaýjy simptomatiki fitoterapiýany geçirmek üçin-antiseptikler, allergiýa garşy serişdeler, rahatlandyryjy

serişdeler we gakylyk suwgardyjylar ulanylýar. Şeýele-de şu aşaky ýygyndylary ulanmak bolar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Meliloti | 5.0 | (Eşek ýorunjanyň oty) |
| | Herb. | Thymi serpilli | 5.0 | (Käkilik otunyň oty) |
| | Fruct. | Feoniculi | 5.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fol. | Plantaginis | 10.0 | (Atgulagyň ýapragy) |
| | Rad. | Althaeae | 10.0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 10.0 | (Buýanyň köki) |
| | Fol. | Farfarae | 20.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly (suwly hammamda) we 1 bulgurny ýyly görnüşinde birnäçe gezek kabul enmeli.

Bagyr we öt haltanyň keselleri bolanda ýygyndynyň düzümine goşmaça zygyr tohumy goşulýar. Indiki dermanlyk serişdelerini bilelikde ulanmak: şirguýrugyň oty, boýbodranyň oty, guzygulagyň ýapragy, mekgejöweniň gulpagy, çit-çitiniň ýapragy, dyrnaklyjanyň güli, narpyzyň ýapragy, çerbiýäniň köki, zygyr tohumy-örän netijelidir. Bu ösümlikleriň hersinden 10 g almaly. Soňra garyşdyrýarlar we ýygyndynyň 2 nahar çeşmesini alyp 200 ml gaýnatma taýýarlap, nahardan 40 min öň günde 3 wagtyna 1/3 bulgurdan içmeli.

Ỳygy-ýgydan tutgaýly näsaglarda gorky duýgusy döreýär, şonuň üçin olaryň bejergisine rahatlandyryjy serişdeleri hem goşýarlar.Şonda çopantelpek bilen bir hatarda walerENDiananyň köküniň (10.0-15.0:200.0) demlemesi ýyly görnüşinde 1-2 bulgurdan bellenilýär.

Rahatlandyryjy ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 25.0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 25.0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fruct. | Feoniculi | 25.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rad. | Valerianae | 25.0 | (Walerenananyň köki) |
| | Fruct. | Carvi | 25.0 | (Tminiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we günde 2 wagtyna S bulgurdan we gijesine 1 bulgurdan bellemeli.

Öýkeniň gan aýlanyşygyny we ýürek etiniň işjeňligini ýokarlandyrmak üçin ýaz adoniziniň otunyň demlemesi (6.0-8.0:200.0) ululara 1 nahar çemçesindan, çagalara 1 çaý çemçesindan günde 4-6 wagtyna her aýda 10-12 günüň dowamynda ulanmaly.

Dem gysmanyň tutgaýynyň öňüni almak üçin goşmaça keselleri (bronhit, gepatit, holesistit, dowamly piýelonefrit, gastrit, aşgazanyň we oniki barmak içegäniň baş kesellerini we ş.m.) bejermek zerurdyr.

## Öýken emfizemasy

Öýken emfizemasy-bu öýkeniň anatomiki üýtgeşmesi bolup, bronhlaryň boşluklarynyň ulalmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu morfologiki üýtgemede öýkeniň göwrümi ulalýar, onuň işjeňliginiň bozulýar we emfizemanyň kliniki alamaty bolan dem gysmany ýüze çykarýar.

Ilkinji emfizemanyň etiologiýasynda esasy orun mikrosirkulýasiýasynyň bozulmagy, surfaktantyň zeperlenmegi, dem alynýan howanyň hapalygy bilen düşündirilýär.

Kliniki suraty - öýkeniň emfizemasy bilen kesgitlenilýär, dowamly bronhit bilen, dem alyşyň bozulmagy we gan aýlanyşynyň bozulmagy bilen kesgitlenýär.

Birinji ýerde demiň gysmasy, üsgülewik, gakylyk gopmasy we dodagyň gögermegi, şeýle hem döş kapasasynyň görnüşiniň we hereketiniň üýtgemegi bolýar. Şu alamatlaryň toplanmagyna- dykynlanma emfizema özüniň kliniki aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

Öýkeniň dem alyş üst-ýüzüniň azalmagy bilen demiň gysylmagy düşündirilýär, bu bolsa öýkenleriň diffuzion ukybyny peseldýär.

Dem ýetmezçiliginde kislorod terapiýasy we kardiotoniki terapiýa bolsa ýaz odonisiniň demlemesi (6.0-10.0:200.0) bilen geçirilýär. Bu demlemäni 1 nahar çemçeden günde 4-5

wagtyna içmeli. Ỳaz adoniziniň demlemesini güýz we gyş aýlarynda her aýyň dowamynda 12-14 gün içmeli, eger-de dem gysma ýene-de bimaza etse onda ýaz adonizini tomus hem belleýärler.

Gan aýlanşyny sazlamak we diurezi ýokarlandyrmak üçin aşakdaky dermanlyk ýygyndylar hödürlenýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Juniperi | 10.0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Fol. | Betulae | 10.0 | (Berýozanyn ýapragy) |
| | Rad. | Taraxaci | 10.0 | (Tozganyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan 30min öň günde 2 wagtyna 1 bulgurdan içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Betulae | 10.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Herb. | Equiseti | 10.0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan öň günüň dowamynda 3 gezege bölüp içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Betulae | 50.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Rosae | 25.0 | (Itburunyň miwesi) |
| | Rad. | Ononidis | 25.0 | (Polatlynyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan 30-40 min öň günde 3-4 wagtyna 1/3 bulgurdan kabul edilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Feoniculi | 10.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Flor. | Sambuci | 10.0 | (Buzynanyň güli) |
| | Fruct. | Carvi | 10.0 | (Tminiň miwesi) |
| | Herb. | Adonidis vernalis | 10.0 | (Ýaz adoniziniň oty) |
| | Fruct. | Petroselini | 30.0 | (Badyýanyn miwesi) |
| | Fruct. | Juniperi | 30.0 | (Arçanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan soň 1 güniň dowamynda 1 bulgyry üç gezege bölüp içmeli. Bu demleme göwreliler we böwregiň, peşew ýollarynyň ýiti gaýnaglamasyndan ejir çekýänlere ulanmak bolmaýar.

Rp. Fruct. Petroselini 10.0 (Badyýanyn miwesi)

Herb. Chelidoni 10.0 (Demrewotyň oty)
Fol. Uvae ursi 40.0 (Aýy gulagyň ýapragy)

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan öň günde 1-2 wagtyna 1 bulgurdan içilýär

Gakylygy suwuklandyryjy, gakylyk goparyjy, bronhlardaky spazmany aýyrmak üçin indiki ýygyndylar ulanylýar:

Rp. Gemmarun pini 30.0 (Sosnanyň pyntygy)

Fol. Plantaginis 30.0 (Atgulagyn ýapragy)
Fol. Farfarae 30.0 (Eje-ejeligiň ýapragy)

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l gaýnan suwda demläp goýmaly we nahardan öň günde 4-6 wagtyna j bulgurdan kabul edilýär

Rp. Gemmarun pini 10.0 (Sosnanyň pyntygy)

Rad. Glycyrrhizae 10.0 (Buýanyň köki)
Rad. Violae tricoloris 20.0 (Benewşäniň köki)

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 0,5 l suwly hammamda 10 min gaýnatmaly, soňra 1 bulguryny günde 4 gezekde bölüp içmeli.

Dem alyş merkezini sazlaşdyryjy serişde hökmünde kordiamin her 2-3 sagatdan 1 çaý çemçeden we limonnigiň miwesiniň (10.0:200.0) demlemesi günüň birinji böleginde 1 desert ýa-da 1 nahar çemçesindan kabul etmeli.

## Gaýnaglama kesellerinde ulanylýan dermannamalar

Rp. Flor. Sambuci (Buzynanyn güli)

Flor. Tiliae aa 20,0 (Lipanyň güli)

M.F.spec. D.S. 2 caý çemçe 1 bulgur demleme. Günde 2-3 bulgur gyzgyn içmeli.

Rp. Herb. Ulmariae (Labaznigiň oty)

Flor. Sambuci aa 20,0 (Buzynanyn güli)
Flor. Tiliae (Lipanyň güli)
Flor. Betulae aa 10,0 (Berýozanyn güli)

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gyzgyn demleme. Günde 2-3 bulgur gyzgyn içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Sambuci | | (Buzinanyň güli) |
| | Flor. | Tiliae | | (Lipanyn güli) |
| | Flor. | Betulae aa | 20,0 | (Berýozanyn güli) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag guýup, 5 min saklamaly. Günde 2-3 bulgur gyzgyn içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | | (Çopantelpegiň güli) |
| | Flor. | Salviae | | (Akkemençäniň güli) |
| | Herb. | Agrimoniae aa | 10,0 | (Hreniň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 caý çemçe 1 bulgur gyzgyn demleme – çaýkamak üçin (günde birnäçe gezek).

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Verbasci | | (Sygyrguýrugyň güli) |
| | Fol. | Farfarae | | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Rad. | Althaeae | | (Çerbiýäniň köki) |
| | Flor. | Malvae aa | 10,0 | (Mamaçöregiň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag bilen çaý ýaly demlemeli. Sowadyp, agyz çaýkamak üçin.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Tiliae | | (Lipanyň güli) |
| | Flor. | Chamomillae aa | 20,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Flor. | Sambuci | | (Buzynanyň güli) |
| | Herb. | Origani | | (Ýakymlyjanyň oty) |
| | Herb. | Majoranae aa | 20,0 | (Syçangulagyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnag suw bilen. Gündiz demlemäniň birnäçe bulguryny içmeli.

## 2. 4. Aşgazan-içege keselleriniň fitoterapiýasy

**Aşgazan içege keselleri barada umumy maglumat we olaryň bejerilişi.** Iýmit siňdiriş agzalarynyň keselleri giň ýaýrandyr we olara ýaňadan gaýtalanma häsiýetlidir. Bu bolsa emeli preparatlar bilen bejerlende olaryň goşmaça häsiýetleriniň netijesinde ýüze çykyp bilýändir. Gastroenterologiki keselleri bejermekde derman ösümlikleriň preparatlaryny ulanmagyň ähmiýeti uludyr.

Fitopreparatlaryň aýratyn häsiýetleriniň bolmagy ýagny, toplumlaýyn täsiriniň, giň spektr täsiriniň (örtüji, aramlaşdyryjy, rahatlandyryjy, alawlama garşy, witaminleriň, mineral duzlaryň, mikroelementleriň mukdaryny saklamagy, bardanyň geçirijiligini, bölüp çykaryş hadysalary, sorulmak hadysasyny kadalaşdyryjy hasiýetleriniň) bolmagy olara mahsusdyr. Bu häsiýetler bolsa iýmitiň kadaly siňdirilmegi üçin zerur şertlerdir. Şol sebäpli hem beýleki kesellerden tapawutlylykda aşgazan-içege kesellerinde fitopreparatlary ulanmagyň amatlydygy lukmançylyk amalynda ençeme gezek tassyklanandygyny bellemelidiris.

**Aşgazan we oniki barmak içegäniň keselleri.** Aşgazan we oniki barmak içegäniň keseli giň ýaýran keselleriň biridir. Gelip çykyş alamatlary boýunça ýaraly zaýalanmalar birnäçe topara bölünýärler.

I. Merkezi nerw ulgamyň işiniň bozulmagynyň netijesinde we nemli bardalarda gormon mehanizmleriniň dolandyryş işiniň bozulmagy netijesinde aşgazanyň we oniki barmak içegäniň baş keseliniň döremegi.
II. Endokrin ulgamynyň bozulmagy netijesinde ýaranyň (galkan görnüşli mäziň çiş keseli netijesinde, gormonlaryň emele gelmeginiň bozulmasy) emele gelmegi.
III. Dermanlaryň täsiri ýa-da olaryň nädogry ulanylmagy sebäpli
IV. Zäherli we allergiki täsirli maddalaryň täsiri netijesinde
V. Ýokanç keseller (inçe kesel, merezýel keseli we ş.m) sebäpli döremegi.

Biz aşgazanyň peptiki başynda we oniki barmak içegäniň baş keseliniň üstünde durup geçeliň.

Bejeriş nukdaý nazaryndan aşgazanda baş emele gelmegine onuň nemli bardasynyň böwet işiniň bozulmagy sebäp bolýar. Ýagny onuň alawlama – distrofiki üýtgemesi, we başgalar aşgazanyň bölüp çykaryş, elektrolitiki ýerine ýetirýän işlerini gowşadýar. Şu ýagdaýdan peýdalanyp

wodorod ionlary aşgazandan sypyp gana düşýär, netijede gipohlorgidriniň mukdary köpelip nemli bardadaky alawlama has artýar. Boşan gistamin bolsa ownujak gan damarlaryň geçirijiligini ýokarlandyryp, dokuma suw ýygnaýar. Mundan başga-da boşan wodorod ionlary pepsiniň bölüp çykaryş işini güýçlendirýär, ony işjeňleşdirip pepsinogene öwürýär. Şeýle ýagdaýda nemli barda öz-özünden iýilip başlanýar. Netijede ýara, hat-da aşgazanyň peptiki baş keseli emele gelýär.

Oniki barmak içegäniň baş keselinde nerw ýa-da gumoral häsiýetli güýçli sekretor sazlaşdyrylma netijesinde aşgazanyň nemli bardasynyň öýjüklerinde, aşgazan şiresiniň turşulygy ýokarlanýar. Netijede hlorly wodorod turşusynyň ýokary goýulygyny we pepsin saklaýan bu aşgazan şiresi reabsorbsion hadysalara gatnaşman, oniki barmak içegä baryp düşýär. Ol ýerde aşgazan asty şire we öt bilen neýtrallaşdyrylyp ýetişmänkä, distrofiki-alawlama üýtgemelerini emele getirýär. Bu ýagdaý bolsa has hem köp mukdarda wodorod ionlarynyň bölünip çykmasyna sebäp bolýar. Şeýlelikde aşgazanyň nemli bardasynda bolşy ýaly oniki barmak içegelerde-de ýiti ýaralaryň, peptiki ötüşen baş emele gelmegine sebäp bolýar.

Bejergisi. Baş keseliniň esasy berjaý edilmeli kadalarynyň biri, iýmit iýmek kadasyny saklamak. Günde 6-8 gezek ýeňil siňýän, witaminlere baý iýmit iýmeli. Ýagly hem-de gowrulan naharlary, içi ýellendirýän iýmitleri iýmeli däl.

Ýygy-ýygydan iýmitlenip aşgazanyň bufer kadasyny saklamaly. Özüňi erbet endiklerden, ýagny, çilim çekmekden, alkagol içgilerini içmekden saklamaly. Şeýlelikde dynç alyş, iş, uky we iýmit kadalaryny berjaý etmeli. Bu keseliň has güýjeýäň döwri 10-12 güň näsaglara №1a we №16, iýmitlenmek kadasyny 20 günden soň №1 iýmitlenmek kadasyny berjaý etmek maslahat berilýär.

Baş keselde bejergi hlorly wodorod turşusyny aramlaşdyryjy, alawlama garşy täsiri, nemli bardany örtüji, antiholinergiki, agyry aýryjy, rahatlandyryjy häsiýetli bolmalydyr. Bu iki keseliň berjergisiniň aýratynlygy aşgazan

başy berjerlende holinolitiki serişdeler berilmeli däldir. Sebäbi bu serişdeler aşgazanyň ewakuator işini kynlaşdyrýar.

Aşgarlaýjy serişdeleriň kömegi bilen aşgazan şiresiniň görkezijisi pH=5 derejä deňlense, pepsiniň işjeňligi peselýär we agyry aýrylyp, ýara bitip başlaýar.

Fitoterapewtiki serişdeleriň dürli farmakodinamiki täsirli netijeleriniň bolmagy, olary aşgazan we oniki barmak içegäniň baş kesellerinde giňden ulanmaga mümkinçilik berýär. Has köp ulanylýan fitoterapewtiki ýygyndylar mysal getirilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |
| | Rad. | Sym phyti | 20,0 | (Akopnigiň köki) |
| | Herb. | Chelidonii | 10,0 | (Demrewotyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min suwly hammamda gaýnatmaly we 2-3 bulgurdan günde nahardan 30 min öň içmeli. Bejergi 3-4 hepde geçirilýär.

Gaýnatma aşgazanyň bölüp çykaryş işini sazlaşdyrýar we gowşadyjy, regenerator hadysany sazlaşdyryjy, agyry aýryjy täsiri ýüze çykarýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rad. | Althaeae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min suwly hammamda gaýnatmaly we ỳylyjak wagty 1 bulgurdan agşam içmeli

Gaỳnatma alawlama garşy, spazmolitiki täsiri ỳüze çykarỳar we içegäniň ýerine ýetirýän işini kadalaşdyrỳar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopantelpegiň gülleri ) |
| | Flor. | Tiliae | 40,0 | (Lipanyň gülleri) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1-3 bulgardan ajöze ỳyly görnüşinde içmeli.

Demlemäniň alawlama garşy, spazmolitiki täsiri bar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Chelidonii | 10,0 | (Demrewotyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Flor. Chamomillae | | 20,0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| Herb. Hyperici | | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 2-3 bulgardan nahardan öň içmeli. Demleme saryň gaỳnanda peỳdaly.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Sem. | Lini | 20,0 | (Zygyryň miwesi) |
| | Rad. | Althaeae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Herb. | Bursae Pastoris | 20,0 | (Çopan torbanyň oty) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (WalerIananyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we ajöze ertirine we agşam 0.5 bulgurdan, iç gatamalarda, içege ulgamynda agyry peỳda bolanda içmeli

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Centauri | 20,0 | (Altyn gülüň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopan telpegiň gülleri) |
| | Fol | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Gnaphalii uliginosi | 20,0 | (Keçegülüň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 30 minut demläp goýmaly we ertir hem-de agşam nahardan 40 min öň ¼ bulgur içmeli. Demleme alawlama garşy, bitmesi kynlaşan ỳaralary bejermekde, trofiki, antispastiki täsiri ỳüze çykarỳar.

Bitmesi kynlaşan başlary we newrotiki täsirleşmelerde gök sinýuhanyň gaỳnatmasy ulanylỳar. Onuň 1 nahar çemçesini günde 3-4 gezek iỳmit arasynda içmeli,bejergi 2-3 hepde dowam etdirilỳär. Şol bir wagtda bromuň preparatlary, sedatiw dermanlar we trankwilizatorlar ulanylỳar.

Agyry peỳda bolanda we saryň gaỳnanda 2-3 aỳyň dowamynda her 10 günden şu ỳygyndyny ulanmaly:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 5.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Flor. | Calendulae officinalis | 20.0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| | Fol. | Farfarae | 20.0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 nahar çemçeden günde 3-4 gezek nahardan 20 min. öň içmeli. Bejergini 10 gün dowam etdirilmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 5,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Herb. | Hyperici | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |

Fol. Plantaginis majoris 20,0 (Uly atgulagyň ýapragy)

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 nahar çemçesi bilen günde 3-4 gezek nahardan 20 min öň 10 günüň dowamynda içmeli.

Ganly içi geçmede şu ýygyndy hödürlenýär:

Rp. Flor. Chamomillae 20,0 (Çopan telpegiň güli)

Rhiz. Potentillae erecti 20,0 (Gaýtarmanyň porrugy)
Herb. Hyperici 20,0 (Jerebaýyň oty)

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min suwly hammamda gaýnatmaly we günde 1nahar çemçeden 4-5 gezek nahardan 45-60 min öň içmeli.

Bedeniň metaboliki hadysalarynda we dikeliji döwründe witaminleriň B topary, A, U witamini, biogen sazlaşdyrjylar bolan saburyň ekstrakty, solkoseril we başgalar peýdaly hasaplanýar.

## Aşgazanyň we öniki barmak içegäniň baş keselinde ulanylýan dermannamalar

Rp. Tinct. Belladonnae 30,0 (Belladonanyň tinkturasy)

M.F. spec. D.S Günde 5-6 damjadan 3-4 gezek çopantelpegiň demlemesine damdyryp içmeli.

Rp. Sem. Lini (Zygryň miwesi)

Rad. Althaeae (Çerbiýäniň köki)
Lichenis island aa 25,0 (Islant mohy)

M.F. spec. D. S. 2 nahar çemçäni 2 bulgur sowuk suwda birnäçe sagat goýmaly we soňra 5 min gaýnatmaly. Gaýnatmany bir günde 5-6 gezekde içmeli.

Rp. Fol. Althaeae (Çerbiýäniň ýapragy)

Rad. Althaeae (Çerbiýäniň köki)
Rad. Glycyrrhizae (Buýanyň köki)
Rad. Symphyti aā 20,0 (Okopnigiň köki)
Herb. Chelidonii 10,0 (Demrewotyň oty)

M.F. spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygyndyny 1 bulgur suwda gaýnatmaly. Günde 50 ml 2-3 gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 50,0 | (Çopantelpegiň güli) |

D.S 3 çaý çemçesi 1 bulgur suwda demlemeli. Ertirine ajöze nahardan 1 sagat öň, sagat 17.00 we agşam ýatmazdan öň içmeli. Aşgazany ýuwmak üçin ulanmaly.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | | (Çopantelpegiň güli) |
| | Fruct | Foeniculi aā | 10,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rad. | Althaeae | | (Çerbiýäniň köki) |
| | Rad. | Liquiritiae | | (Buýanyň köküniň külkesi) |
| | Fol. | Menthae pip aā | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M. F.spec. D.S 2 çaý çemçesini 400 ml suwda 30 min ýuwaşja gaýnatmaly. Günde 3 gezek 50 ml ajöze içmeli. Gastrit we baş kesellerinde peýdaly.

## Ötüşen gastrit

Bu kesel mahsus bolmadyk ötüşen alawlama hadysalarynyň netijesinde aşgazanyň nemli bardasynyň gurluşynyň hem-de onuň bölüp çykaryş, motor we içerkimäzleriň bölüp çykaryş işiniň bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Ötüşen gastridiň emele gelmegine dürli ekzogen we endogen ýagdaýlara sebäp bolýarlar. Ekzogen faktorlara: iýmitiň düzüminiň we iýmitleniş kadasynyň bozulmagy, çilim, neşe çekmek, alkogol içgiler içmek hem-de saglyga zyýanly kärde işlemek degişlidir. Endogen ýagdaýlara: patogenetiki mehanizmlerden awtoimmun hadysalary, nerw we gormonal bozulmalar, hem-de toksiko-himiki ýagdaýlaryň täsirinde nemli bardanyň dargamagy we ş.m. mysal bolup biler.

Ötüşen gastrit özbaşdak kesel hem bolup biler ýa-da beýleki keselleriň (aşgazan başy, gepatoholesistit, awitominozlar, gipoksemiýa we başgalar) emele gelmegine sebäp bolup biler.

Aşgazanyň motor-ewakuator işiniň, bölüp çykarýan işiniň bozulmagy köp dürlidir. Bu kesel bölümleri boýunça çäklendirilýär (meselem: güjeýän döwri, keseliň gowşamagy).

Gastrit keseli. Bu keselli nasaglar agyr siňdirilýän we gyjyndyrýan iýmiti iýip bilmeýärler. Şeýle iýmit iýlende olar agyrlyk, gysylma duýýarlar, çişmek, aşgazan ulgamynda gaýnaglama, gägirmek, ýürek bulanma ýa-da gaýtarmak ýaly näsazlyklary duýýarlar. Kähalat güýçli bolmadyk agyry duýulýar. Näsagyň diliniň üstüne örgün örýär.

Bejerlişi. Gastritiň güýjän döwründe № 5a düzümli iýmit kadasy bellenýär. Günde 4-5 gezek iýmit iýmeli we onuň düzüminde nemli çorbalar, dograp, geçirilip gowy gaýnadylan et, balygyň ýagsyz görnüşleri, gyrgyçdan geçirilen gök önümler, kakadylan çörek, süýtde bişirilen aşlar bolmaly we itburunyň demlemesi bellenilýär. Şeýle iýmitlenmek kadasyny 7-10 gün dowam etdirmeli.

Alawlama garşy, spazmolitiki täsiri ýüze çykarýan plantaglusit hem-de witaminlerden $B_1$, $B_2$, $B_6$, C, nikotin turşusy bellenýär. Mundan başga-da ötüşen gastritde aşgazan şiresiniň pes turşulygy bolan näsaglar bejerilende hlorly wodorod turşusy bilen pepsin bellenilýär. Turşulygy ýokary gastritde bolsa, tersine antasid preparatlary bellenýär.

Gastrit keselini bejermekde fitoterapewtiki serişdeleriň hem ähmiýeti uludyr. Bellenilen witaminli ýygyndylaryň düzümine rýabinanyň, itburunyň, ýertudanasynyň, smarodinanyň miweleri, çit-çitiniň ýapragy we başgalar girýär. Aşgazanyň nemli bardasynyň gaýnaglamasy netijesinde onuň ýerine ýetirýän işiniň bozulmagynda tebigy aşgazan şiresi bellenýär. Onyň 1-2 nahar çemçesini günde 3 gezek iýmit iýilýän wagty içmeli.

Ötüşen gastritde köplenç içegäniň we öt bölüp çykarýan ulgamyň ýerine ýetirýän işi bozulýar. Şol sebäpli bu bozulmalary kadalaşdyrýan derman ösümlikleriň (çopantel-pegiň güliniň, narpyzyň ýapragynyň, ajy ýowşanyň, boýbodranyň, jerebaýyň otunyň, mekgejöweniň gulpagynyň we ş.m.) demlemeleri bellenýär.

Sekretor ýetmezçiligi bolan gastritde bellenýän ýygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Rhiz. | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |
| | Fol. | Trifolii | 10,0 | (Üç ýaprakly watanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 3 gezek nahardan 30 min öň içmeli.

## Işdäni açmak üçin bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Extr. | Centaurii fluidi | | (Altyngüliň ergin ekstrakty) |
| | Extr. | Absinthii fluidi aa | 15,0 | (Ajy ýowşanyň ergin ekstrakty) |
| | T-rae. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragynyň tinkturasy) |

M.D.S. 20 damjadan 1 bulgur suwa damdyryp nahardan öň içmeli.

## Içgeçmeli näsaglara bellenýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogynynyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Rhiz. | Potentillae erecti | 10,0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we günde S bulgur içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 10,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Herb. | Millefolii | 10,0 | (Boýbadranyň oty) |
| | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Fol. | Salviae | 10,0 | (Ak kemençäniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we günde S bulgyr ýyly görnüşinde nahardan 20-30 min öň içmeli

## Aşgazanyň we içegäniň ýerine ýetirýän işiniň bozulmalarynda (dispepsiýasynda) bellenýän ýygyndylar

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rhiz. | Calami | 20,0 | (Süýji ýekeniň porrygy) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walerirananyň köki) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fol. | Chamomillae | 30,0 | (Çopantelpegiň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan günortan naharyndan soň we uklamazdan öň içmeli.

## Ýokary sekretor funksiýaly gastritde bellenýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Plantaginis | 40,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |
| | Herb. | Hyperici | 40,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Gnaphalii | 40,0 | (Keçegüliň oty) |
| | Herb. | Polygonii evicularis | 20,0 | (Suw kyrkbogunyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 15,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 10,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fruct. | Carvi. | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Rhiz. | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 0,5 bulgurdan günde 4 gezek nahardan soc içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Tiliae | 20,0 | (Lipanyň güli) |
| | Sem. | Lini | 20,0 | (Zygyryň miwesi) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |
| | Rhiz. | Calami | 20,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fruct | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we günde 2-3 bulgurdan nahardan 1 sagat öc içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althaeae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Fruct | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we agşam 1 bulgurdan içilýär.

## Sary gaýnamaly we iç gatamaly näsaglara bellenýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Fol. | Trifolii | 10,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| Herb. | Tanacetii | 10,0 | (Tanasetumyň oty) |
| Rad. | Valerianae | 10,0 | (Walerrananyň köki) |
| Rhiz | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we günde 0,5 bulgurdan nahardan 1-1,5 sagat öc içmeli.

## Işdäsizlikde we aşgazanda agyry bolanda bellenýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | T-rae | Belladonnae | 5,0 | (Belladonanyň tinkturasy) |
| | T-rae | Centaurii | | (Altyngülüň tinkturasy) |
| | T-rae | Absinthi aā | 20,0 | (Ajy ýowşanyň tinkturasy) |

M. D.S. Günde 0,5 bulgur suwa 30 damja damdyryp nahardan öň içmeli

## Agyry duýlanda we iç ýellenende bellenýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Anisi | 10,0 | (Anisiň miwesi) |
| | Fruct. | Foeniculi | 10,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulguryny günüc dowamynda owurtlap içmeli.

## Iç ýellenende bellenilýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 30,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Fol. | Trifolii | 20,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Fol. | Mentae piperitae | 15,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Millefolii | 15,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Sem. | Anethi | 15,0 | (Şebidiň tohumy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/4 bulgurdan günde 4-6 gezek nahardan 1-1/2 sagatdan soc içmeli.

## **Inçe içegänic keselleri (enteritler)**

Inçe içegänic kesellerinde onuc belli bir derejede sekretor, motor, iýmit sicdiriji, rezorbtiw ýerine ýetirýän işiniň bozulmagy bolup geçýär. Bu bozulmalar nemli bardada morfologiki üýtgeme bolmasada bolup bilýär. Inçe içegänic

ýerine ýetirýän işi bozulan näsaglaryň inçe içegesinde we beýleki synalarynda-da organiki üýtgemeler bolup biler.

Şeýle ýerine ýetirilýän iş bozulmalara, inçe içegäniň hereketleniş işiniň bozulmagy, onuň siňdiriliş işiniň bozulmalary ýagny uglewodlaryň, ýaglaryň siňdirilmek hadysalaryň bozulmagy mysal bolup biler.

Inçe içegäniň gaýnaglamasynda ýagny enteritde aşgazan ýa-da ýogyn içege zaýalanyp biler. Netijede gastroenteritler, enterokolitler we gastroenterokolitler ýüze çykýar.

Inçe içegäniň alawlama keseliniň ýüze çykmagyna iýmitlendiriş ulgamynyň ýokarky bölümleriniň hereketleniş işiniň we sekretor işiniň bozulmagy (atrofiki gastrit, kesilen aşgazan, öt haltanyň we öt ýollarynyň hereketleniş işiniň bozulmagy, ötüşen pankreatit) sebäp bolup biler. Mundan başga-da ýürek näsazlyklary we gipertoniýa sebäpli gan bilen arassalanyşyň bozulmagy, iýmit üpjünçiligiň bozulmagy (proteinleriň, witaminleriň ýetmezçiligi) madda çalyşygynyň bozulmagy, (süýjülik keseli we tireotoksikos), aşgazan içegäniň täsirleşmek ýagdaýy, (adaty däl klimatiki we fiziki täsiri) we ş. m. sebäp bolup biler.

Köp halatlarda ýiti enteritleriň ýüze çykmagynda salmonellalar, Escherichi coli we dürli mikrobedenjikleriň, enterowiruslaryň, kandidileriň dürli görnüşleriniň ýüze çykaran, toksiki ýokanç kesel döredijiniň ähmiýeti ulydyr. Bu keseliň emele gelmegine iýmitleniş kadanyň bozulmagy, derman serişdeleriň toksiki täsiri, himikatlar, hili pes iýmitler sebäp bolup biler. Ötüşen enteritiň ýüze çykmagyna ýiti enterit bilen näsaglamak sebäp bolup biler ýa-da onyň bildirgisiz ötüşmegi mümkin.Ýiti enteritiň ötüşen görnüşine geçmegine ýokarda sanalan ýagdaýlar gös-göni sebäp bolup biler.

Mundan başga-da ötüşen enteritiň ýüze çykmagyna lýamblioz parazitiniň bolmagy ýa-da içegäniň üpürjikleriniň atrofiýasy, içegede iýmitiň sorulmagynyň bozulmagy we ş.m.sebäp bolup biler.

Patogenezi. Enteritde inçe içegäniň esasy 4 sany ýerine ýetirýän işiniň bozulmagy ýagny: sekretor, motor, rezorbtiw we ekstretor bozulmagy bolup geçýär.

Şeýle ýagdaý bolsa iýmitiň siňdirilmegine we onuň düzüminiň doly sorulmagyna päsgel berýär.Ýaglaryň siňdirilmesi bozulsa, ýagda ereýän witaminleriň ýetmezçiligi duýulýar. Netijede gipo, we awitaminozlar, gipoproteinemiýa we güýçli horlanma ýüze çykýar.

Netijede, inçe içegede mikroflorasynyň aram kadasy bozulýar we ol ýogyn içegä hem geçýär. Netijede, iýmitiň siňdirilşi bozulup, autointoksikasiýa başlanýar. Bakteriýalar goňşy beden agzalaryna aralaşyp, öt ýollarynyn, böwrek, peşew haltanyň alawlamasyny döredýär.

Inçe içegäniň enteritinde näsaglar garyn boşlugynda agram duýýar,we nahardan soň garyn çişme duýulýar. Göbegin daşynda agyry peýda bolýar. Içdäsi pes we ýokary bolup biler. Uly täret bozulup günde 2-4 gezek, ýa-da sary yaşyl reňkli su-wuklyk görnüşinde bolýar. Garnyň çişmesini we agyrsyny elläp görüp bilmek bolýar. Has agyr ýagdaýlarynda gipoproteinemiýanyň alamatlaryny duýmak bolýar. Näsaglar horlanýar. Tejribe barlaglaryň netijesinde ganyň düzümindäki elektolitleriň üýtgeýändigini, proteinleriň, albuminleriň, holesterolyň azalýandygyny bilmek bolýar.

Bejergisi. Näsagy hassahanalarda bejermeli. Etiotrop bejergiden soňra ýokanç kesel döredijilere garşy, soguljana garşy serişdeleri ulanyp, etiotrop iýmitleniş kadasyny berjaý etdirmeli. Näsagyň iýmiti düzüminde az mukdarda uglewodlary we ýaglary saklamaly. Witaminoterepiýany (A, $B_1$, $B_2$, $B_{12}$, PP, C witaminleri) bellemeli.

## Ỳogyn içegäniň keselleri ( kolitler)

Etiologiỳasy we patogenezi. Ỳogyn içegäniň esasy ýerine ýetirýän işiniň biri- ol hem inçe içegeden barýan iýmit massanyň sorulmagyny üpjün etmek. Ol ỳerde suwuň we elektrolitleriň sorulmagy we uly täret massanyň daşary

çykarylmagy üpjün ediỳär. Ỳogyn içegä günde 1200 ml himus barỳar olaryň 200 g, täret görnüşinde çykarylỳar. Ỳogyn içegede günde 70 mekw natriỳ, 30 mekw hloridler, 40 mekw bikorbonatlar, 5 mekw kaliỳ ionlar çykarylỳar. Gerek bolan ỳagdaỳynda ỳogyn içege öz kadasyndan bäş esse köp erginleri we elektrolitleri reabsorbirlemäge ukyplydyr. Ýogyn içegäniň esasan hem sag tarapy rezorbirleỳji häsiỳeti berỳär. Onuň bu işi bozulanda iç geçme, hereketlendiriji işi bozulan bolsa, iç gatama ỳüze çykỳar.

Ỳogyn içegäniň alawlama keseli has köp duş gelỳär. Ỳiti kolit esasan ýokanç kesel döretmeýän agentler, ỳönekeỳjeler tarapyndan we iỳmitdäki nasazlyklary tarapyndan döreỳär.

Otüşen kolitiň ỳüze çỳkmagynda bolsa ýokanç kesel döredýän agentler, ỳönekeỳjiler, soguljanlar, zäherli maddalar, metabolizmiň bozulmagy, fiziki ýagdaýlar, allergiki we immun mehanizimleriniň bozulmalary we başgalar sebäpli bolup biler. Otüşen kolit birnäçe toparlara bölünỳär. Zäherli, ýokanç kesel döredijilerden soň, radiosion, allergiki ikilenji, baş – gemorragiki bolup biler. Ýokanç kesel döredýän otüşen kolitleriň arasynda iň esasy ỳeri otüşen bakterial dizenteriỳa tutỳar. Mundan başga-da patogen ştamlar eşerihiýa koli, kesel döredijileriň dünýäsinden (antibiotiklerden soň emele gelen disbakterioz) tarapyndan ỳüze çykan otüşen kolitler, inçe keseliň we merezýel keseliniň kolitleri hem uly rol oỳnaỳar. Ỳogyn içege güỳçli ýokanç kesel dörediji döwründe zaỳalanyp, birnäçe wagt geçenden soň hem bildirip biler. Otüşen kolit ekzogenlere, we endogenlere bölünỳär. Ekzogen kolitler gurşun, simap, bilen zäherlenende ỳa-da uzak wagtlap gowşadyşy preparatlar ulanylanda ỳüze çỳkỳar (fenolftalein). Endogen toksiki kolitler uremiỳada, gipertireozda we böwrek üsti maziň gabyk gatlagynyň gipofunksiỳasynda ỳüze çykỳar.

## Ýaraly - gemoraggiki kolit

Ýaraly - gemoraggiki kolit – bu ýogyn içeganiň iriňli ýara gaýnaglama keseli bolup gaýtalamaga ukyplydyr. Bu keseliň etiologiýasy patogenezi doly takyklanmadyk, ýöne onuň ýüze çykmagyna immun ulgamynyň bozulmagy sebäp bolup biler.

Keseliň alamatlary. Pes tonusly näsaglarda ýa-da olaryň ýogyn içegesiniň uzynlygyna ösmeginde iç gatama alamaty ýüze çykýar. Garry adamlarda iç gatama endikleriniň uzak wagtlap dowam etmegi ýogyn içegede ýokary basyşyň netijesinde içi boş haltajyklaryň emele gelmegi mümkin, şeýlede ýogyn içegäniň birleşdiriji dokumasynyň we tekiz muskulaturanyň trofiki bozulmagy mümkindir. Funksional keselleriň arasynda ýygy duş gelýäni (diskineziýa) hereketiň kynlaşmagy (ýogyn içegäni gyjyndyryjy; colica mucosa, ýogyn içegäniň spastikligi). Bu kesel beýleki keseller sebäpli ýa-da ruhy - emosional agramsalmalar sebäpli döräp biler.

Kliniki keşbi. Bu keseliň kliniki keşbi uly täretiň bozulmagy, aşgazanyň ýerine ýetirýän işiniň bozulmagy we agyry ýüze çykmagy bilen hasiýetlendirilýär. Agyrynyň ýüze çykmagy uly täret bilen baglanşykly ýa-da uzak wagtlap dyngysyz agyry bolýar. Aşgazanyň ýerine ýetirýän işiniň bozulmagy işdä peselmegine, iç ýellenmegine we içiň jugurdamagyna getirýär. Uly täretiň bozulmagy, içgeçme gysga wagytly we az mukdarda bolup, näsagyň umumy ýagdaýyna hem-de onuň daýawlygyna täsir etmeýär. Iç gatama 24-sagatdan hem köpräk bolup biler, ýöne näsag uly täreti kynlyk bilen we az mukdarda günde edip biler. Uly täret bilen bölünip çykýan gan gyzyl reňkini saklaýar.

Bejergisi: Ýokanç keselli kolitde we ondan soň näsaglara sulfanilamidler (sulfaguanidin), antibiotikler, dezinfisirleýji preparatlar, bellenilýär. Ikilenji kolitler esasy keseliň yzygider bejergisini talap edýär.

Zäherleýji madda bedenden çykarylanda näsagyň ýagdaýy gowulaşýar.

Ýogyn içegäniň keseliniň bejergisinde iýmit kadasyny we suw-elektrolitiki deňagramlylygy saklamaly. Funksional bozulmalarda – ýogyn içegäniň (diskineziýasynda) hereketiň bozulmasynda sedatiw we trankwilizirleýji serişdeler üstünlikli ulanylýar.

Içgeçme we içgatama alamatlary bolanda ýörite simptomatiki bejergi bellenilýär.

Fitoterapewtiki serişdeden ýara bitiriji häsiýetli kelemiň şiresi, gülgün kartoşkanyň şiresi, dermanlyk çopantelpegiň gülüniň suwly demlemesi, buýanyň kökünіň gaýnatmasy ulanylýar.

Iç geçme we iç gatama alamatlary bolan näsaglara fitoterapewtiki serişdelerden tanine baý (iç geçmede) ösümlikler ulanylýar. Meselem: olhanyň bişen miwesi, kiziliň bişen miwesi, ak ýaseniň köki, gaýtarmanyň köki, böwürsleniň ýapragy, ýandagyň güli, çaýyň ýapragy we ş.m..

Iç gatama alamatlary ýüze çykanda gowşadyjy fitoterapewtiki serişdeleriň uly topary ulanylýar. Ösümliklerden taýýarlanan gowşadyjy serişdeleriň bir topary içegede çişip onuň tolkun şekilli ýygrylmasyny üpjün edýär. Käbirleri bolsa – içegäniň nemli bardasyny gyjyndyryp, onuň tolkun şekilli ýygrylmasyny üpjün edýär we köp mukdarda suwly sekresiýa bolünip çykyp, gaty täret massany ýumşadýar.

Ýene-de bir görnüşi bolsa düzüminde nemli massany saklap, içegäniň içindäkile nejesatlary hereketlendirip daşary çykarylmagyny üpjün edýär. Gowşadyjy täsirli derman ösümliklerine: sabur, senaýmekge zygyr, garatiken, şugundyr, käşir, kädi, ak bägül, injir, meýdan peçegi we başgalar degişlidir.

Babasil – artbujak ulgamynyň deriasty we atrbujak akalgasynyň nemli bardasynyň aşakdaky gatlagyndaky wenoz örümleriň babasil düwünli giňelmeleridir. Babasil düwünleriň emele gelmegi birnäçe göni arteriýawenaly seplemeleri bolan köwek dokumanyň ýygnanmagydyr. Bu örän köp ýaýran kesel bolup, göwrelilikde (iç gatama, çaga dogrulanda)

çygylmagy sebäpli wenoz akymynyň kynlaşmagy sebäpli, infeksiýada (proktit) iç geçmede, içege ýellenmesinde, göni içege uly täretden doly arassalanmadyk halatynda, derweze wena ulgamynda basyşyň ýokarlanmagy sebäpli ýuze çykyp biler. Bu keselde bedeniň gurluş aýratynlygynyň uly ähmiyeti bardyr.

Keseli anyklamak näsagyň arzy, ýerli seretmek we rentgen barlaglarynyň esasynda geçirilýär. Babasil ýogyn içegäniň nemli bardasynyň daşyna çykkmagy, polipler we göni içegäniň çişmegi bilen düşündirilýär.

Bejergisi. Babasil keseli köplenç hammamda oturyp buglanmak ýa-da gyzdyryjy ýapgylar, semleri, iç sürüji serişdeleri ulanmak bilen bejerilýär. Ýiti dowründe rahatlyk bermeli we ihtiolly, proteolitiki enzimli we nowokainli şemleri bellenilýär. Babasil düwünler gaçyp çykanda we kesel güýjände gowusy operasiýa geçirmeli. Düwünler çişen halatynda bolsa fitoterapewtiki serisdeleri ulanmak amatlydyr. Bu serişdeleri hammamça etmek, ýapgy ýapmak, şeýle hem içmek peýdalydyr.

Babasilde wenatoniki serişde hökmünde at kaştanyň gyzgyn demlemesi ulanylýar.

At kaştanynyň miwesinden esflazid we eskuzan preparatlar goýberilýär. Eskuzan 10-20 damja günde 3 gezek nahardan öň içmeli. Esflazid 1 gerdejikden ýa-da 1 şemden günde 2 gezek, 2 gün, soňky günler bolsa günde 3-4 gezek göni içegä goýbermeli. Bejergini 4 hepde dowm etdirmeli.

Babasilde artbujak ulgamyny hammamça ýa-da ýapgy etmek üçin ýygyndy.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Sem. | Hippocastani | 30,0 | (At kaştanyň miwesi) |
| | Flor. | Chamomillae | 30,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Fol. | Salviae | 20,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |
| | Cort. | Quercus | 50,0 | (Dubuň gabygy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we hammamça ýa-da ýapgy etmek üçin ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Quercus | 50,0 | (Dubuň gabygy) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogynyň oty) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walerinanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we hammamça etmeli.

Iç ýumşatmak üçin ulanylýan ýygyndy.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Quercus | 30,0 | (Dubuň gabygy) |
| | Sem. | Lini | 30,0 | (Zygyryň tohumy) |
| | Flor. | Chamomillae | 40,0 | (Çopan telpegiň güli) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/2-1 bulgurdan ertir we agşam içmeli.

Babasilde göni içegede gaýnaglama emele gelende zygyr çigidiniň demlemesi bilen iç ýuwmaly. Bu maksat üçin 1 çemçe zygyr çigidini 1 bulgur gaýnan suw bilen 2-3 sagat demläp goýmaly. Soňra 50 ml taýýarlanan nemli ergini (ýylyjak) içegä goýberip birnäçe gezek ýuwmaly.

## Içege kesellerinde ulanylýan gök önümler we miweler

Gök önümlerden we miwelerden içege kesellerinde ulanylýanlary gowşadyjy, berkediji, spazmolotiki, gaýnaglama garşy, gan saklaýjy täsiri ýüze çykarmalydyr.

Iç gatamalarda gowşadyjy serişde hökmünde bişirilmedik kädi, şugundyr, turp, garpyz, gawun, käşir, kelem şiresi, zeýtun, böwürslen we üzüm ulanylýar.

Kolitlerde, iç gatamalarda agyry aýryjy we gowşadyjy serişde hökmünde: kryħownigiň miwesiniň gaýnatmasy, şebidiň tohumynyň demlemesi, garaugyň köküniň demlemesi we şiresi we zirkiň miwesiniň şiresi ulanylýar. Iç geçmelerde gaýnaglama garşy we örtüji serişde hökmünde behiniň, naryň (güllerinden, tazeje miwelerinden gabygy bilen) kakadylan armydyň, böwürsleniň, ýertudanasynyň, ýapraklaryndan, kalinanyň güllerinden, ýandagyň gülünden taýýarlanan demlemeler we gaýnatmalar ulanylýar. Iç geçmä garşy täsiri

smorodinanyň täzeje we guradylan miweleri hem ýüze çykarýar.

## Aşgazanasty mäziň keselleri

Aşgazanasty mäz garyn boşlugynda on iki barmak içegäniň deňesinde ýerleşendir. Iýmit siňdiriş hadysasynda onuň işi örän wajypdyr. On iki barmak içegäniň hanasyna dökülýän pankreatik şire proteinleri özleşdirmek üçin tripsin enzimlerini, uglewodlary, ýaglary özleşdirmeklik üçin gerekli amilaza we lipaza enzimlerini öz düzüminde saklaýar.

Aşgazanasty mäz - süýnmek görnüşli parenhimatoz beden agzasydyr. Görkezilip geçilen daşky ýagdaý işinden başga-da, ol uglewodlaryň özleşdirilmekligine ýardam ediji insuliň gormonyny işläp çykarýar.

Aşgazanasty mäz, on iki barmak içege, aşgazan, öt ýollary we bagyr bilen jebis arabaglanşykdadyr. Bu baglanyşyk diňe bir anatomik taýdan däl, eýsem olar fiziologik taýdanda ysnyşykly özara ylalaşykdadyr. Öt we hlorly wodorod turşusy aşgazanasty mäziň daşky sekretor işiniň höwesjeň gyjyndyryjylarydyr. Şeýlelikde, aşgazanasty mäziň işjeňliginiň bozulmaklygy, köplenç, görkezilen agzalaryň patalogik näsazlyklary bilen şertlenendir. Ol ýa-da beýleki enzimatiki işiň bolmazlygynda iýmitiň düzüm böleginiň siňmegi bozulýandyr. Meselem, lipazanyň bölünip çykmagy bozulanda, ýaglaryň siňdirilmesi bozulyar. Netijede täretin düzüminde siňmedik ýaglaryň mukdary ýokarlanýar (steatoreýa). Tripsiniň bölünip çykmagynyň bozulmakygynda täretde siňdirilmedik muskul süýümjikleri tapylýar (kreatoreýa).

**Pankreatit.** Ýiti pankreatit - aşgazanasty mäziň ýiti alawlamasy - iýmitden aşa düşlmeginden, zäherlenmeden ýa-da aşgazanasty mäze zäherli täsirlerden (intoksikasiýa) duýdansyz döräp biler. Oslagsyz, garnyň daşyna guşaklaýyn egriliji agyry, öt gusmaklyk, bedeniň gyzgyn görkezijisiniň ýokarlanmagy, leýkositozyň mese-mälim ýüze çykmagy bilen

utgaşýandyr. Ýiti pankreatiti bejermeklik klinikada hirurgiki amala aşyrylýar.

**Ötüşen pankreatit.** Bu giňden ýaýran keseldir. Ugurdaş agzalaryň dowamly keselleri, köplenç, ötüşen pankreatitiň sebäpleri bolup bilerler. Meselem: bu kesel ötüşen holesistitden we aşgazanyň ýara-baş keselinden ejir çekýänleriň 1/3-de duş gelýär. Bu näsaglarda, pankreatit, ötüşen geçiş akymyna eýe bolýar, ýagny, wagtal-wagtal garnyň daşyna egriliji agyry, şeýle hem, göbegiň töwereginde, garnyň çep tarapyna ýaýraýan agyry peýda bolýar. Içegeler ýellenýär.

Düýpli barlaglarda, iç ýellenme zerarly, garnyň dartylyp durmagy, elläp görlende, garynasty mäziň öňdäki garyn perdejigine düşýän nokadynda (göbegiň töwereginde we göbekden çepde) agyry kesgitlenilýär. Agyry, on iki barmak içegäniň ýerleşýän ýerinde hem (göbekden sagda) döräp biler. Täret bolsa, düzüminde siňmedik ýag goşundysynyň bardygy sebäpli ýagjymakdyr. Täretde dargap ýetişmedik kleçatkalaryda görmek bolýar.

Ganyň biohimiki barlaglary, kä halatlarda, pankreatik enzimleriň düzüminiň ýokarlanýandygyny ýüze çykarýar. Edil şonuň ýaly üýtgemeler peşewde hem bolýar.

Bejerilşi: berhiz örän ähmiýetlidir. Trasilol, kontrikal bilen bejeriş tapgyry bellenilýär. Zerur halatlarda, tebigy aşgazan şiresi, pankreatin, antibiotikler ulanylýar. Ugurdaş agzalaryň utgaşykly kesellerini bejermek hem örän wajypdyr.

Näsaglara bejergi bellenende, berhiziň berjaý edilişine gözegçilik etmeklik möhümdir. Berhiz bozulanda, bolup biläýjek düýpli kesel çylşyrymlaşmalary barada, olara duýdurmalydyr.

Ötüşen pankreatiti fitoterapewtiki serişdeler bilen bejermegiň maksady, aşgazanasty mäziň ýerine ýetirýän işini dikeltmekden ybaratdyr. Şeýle-de alawlama garşy täsiri ýüze çykarýan ýygyndy bellenilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fructl. | Anisi | 10,0 | (Anisiň miwesi) |
| | Herb. | Chelidonii | 10,0 | (Demrew otynyň oty) |
| | Stygm. | Maydis | 10,0 | (Mekgejöweniň gulpagy) |
| | Rad. | Taraxaci | 10,0 | (Tozganyň köki) |
| | Herb. | Polygonii avicularis | 10,0 | (Kyrkbogunyň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Violae tricolar | 10,0 | (Benewşäniň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we gyzgyn görnüşinde 1 bulgurdan günde 3 gezek nahardan 20-30 minut öň içmeli.

Aşgazanasty mäziň enzimleriniň ýetmezçiligini, aşgazanasty mäziň preparatlary bolan pankreatin bilen üstüni ýetirip bolar. Preparat aşgarly suwlar bilen içilýär. Mundan başga-da, utgaşdyrylan preparat - panzinorm forteden 1-2 noguldan nahar iýilende 3 gezek içmeli.

Bu keseli bejermekde derman ösümlikleriniň preparatlary giňden ulanylýar. Olar rahatlandyryjy, spazmolitiki, agyry aýryjy bölüp çykarmagy sazlaşdyryjy, şeýle-de, antimikrob täsiri ýüze çykarýarlar.

Ýokarda agzalan täsirleri ýüze çykarýan ýygyndylara aşakdakylar degişlidir:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Sem. | Anethi | 30,0 | (Şebidiň tohumy) |
| | Fruct. | Crataegi | 20,0 | (Alyjyň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Flor. | Chamomillae | 10,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Flor. | Helichrysi arenarii | 10,0 | (Gurtgyranyň güli) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1/2 bulgurdan, nahardan 1 sagat geçenden soň, günde 3 gezek içmeli.

Pankreatiti bejermekde dermanlyk çaýlar ulanylýar. Şeýle çaýlara: lipanyň gülleri, çopantelpegiň gülleri, jerebaýyň, narpyzyň, benewşäniň oty degişlidir. Bu çaýlary ýyly görnüşinde, günde, 1 -1/2 bulgurdan 3 gezek nahardan öň içmeli.

## Aşgazan-içege kesellerinde ulanylýan derman ösümlikleriniň ýygyndylary

## Sekretor ýetmezligi bolan gastritde belleнýän ýygyndlar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Rhiz. | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |
| | Fol. | Trifolii | 10,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan günde 3 gezek nahardan 30 min öň içmeli.

## Işdä açmak üçin bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Extr. | Centaurii fluidi | | (Altyngülüň ergin ekstrakty) |
| | Extr. | Absinthii fluidi aa | 15,0 | (Ajy ýowşanyň ergin ekstrakty) |
| | T-rae. | Menthae pip | 20,0 | (Narpyzyň tinkturasy) |

D.S. 20 damjadan 1-bulgur suwa damdyryp nahardan öň içmeli.

## Içgeçmeli näsaglara bellenýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogynynyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Rhiz. | Potentillae erecti | 10,0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we günde S bulgur içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 10,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Herb. | Millefolii | 10,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Herb. | Absinthii | 10,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Fol. | Salviae | 10,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we günde S bulgyrdan ýyly görnüşinde nahardan 20-30-min içmeli.

## Işdäsizlikde we aşgazanda tutgy bolanda bellenýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | T-rae | Belladonnae | 5,0 | (Belladonnanyň tinkturasy) |
| | T-rae | Gentaurii | | (Altyngüliň tinkturasy) |
| | T-rae | Absinthii aa | 20,0 | (Ajy ýowşanyň tinkturasy) |

D.S. Günde 0,5 bulgur suwa 30 damja damdyryp nahardan öň içmeli.

## Aşgazan we içegäniň ýerine ýetirýän işiniň bozulmalarynda (dispepsiýasynda) bellenýän ýygyndy

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rhiz. | Calami | 20,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Waleriananyň köki) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fol. | Chamomillae | 30,0 | (Çopan telpegiň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan günortan naharyndan soň we uklamazdan öň içmeli.

## Bölüp çykaryş işi ýokary bolan gastritde bellenýän ýygyndylar

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Plantaginis | 40,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |
| | Herb. | Hyperici | 40,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Gnaphalii | 40,0 | (Keçegüliň oty) |
| | Herb. | Polygonii evicularis | 20,0 | (Kyrk bogunyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 18,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 10,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Rhiz. | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 0,5 bulgurdan günde 4 gezek nahardan soň içmeli

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Tiliae | 20,0 | (Lipanyň güli) |
| | Sem. | Lini | 20,0 | (Zygyryň tohumy) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |
| | Rhiz. | Calami | 20,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we günde 2-3 bulgurdan nahardan 1 sagat öň içmeli

## Içi gatamaly gastritli näsaglara bellenýän ýygyndy

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Althae ae | 20,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Fruct | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Flor. | Chamomillae | 20,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Rad. | Gylycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we agşam 1 bulgurdan içilýär.

Sary gaýnamaly we içi gatamaly näsaglara bellenýän ýygyndy

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Fol. | Trifolii | 10,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Herb. | Tanacetii | 10,0 | (Tanaçetiniň oty) |
| | Rad. | Vallerianae | 10,0 | (Walerirananyň köki) |
| | Rhiz. | Calami | 10,0 | (Süýji ýekeniň porrugy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we günde 0,5 bulgurdan nahardan 1-1,5 sagat öň içmeli

Agyry duýlanda we iç ýellenende bellenýän ýygyndy

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Anisi | 10,0 | (Anisiň miwesi) |
| | Fruct. | Foeniculi | 10,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyn ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulguryny günüň dowamynda owurtlap içmeli.

Iç ýellenende bellenilýän ýygyndy

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 30,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Fol. | Trifolii | 20,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 15,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Millefolii | 15,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Sem. | Anethi | 15,0 | (Şebidiň tohumy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we j bulgurdan günde 4-6 gezek nahardan 1-1/2 sagatdan soň içmeli

## 2. 5. Bagyr we öt ýollarynyň keselleri

**Bagyr we öt ýollarynyň keselleri barada umumy maglumat.** Bagyr bedeniň baş tejribe barlaghanasy diýlip

atlandyrylýar. Bu wajyp beden sag gapyrganyň eteginde, garyn boşlugynda ýerleşýär. Bagryň agramy 1,5 — 2 kg.

Bagryň esasy iki: sagky (uly) we çepki (kiçi) bölümleri bardyr. Bu bölümleriň aralygynda oýtajyk bolup, onda - öt haltasy ýerleşýär. Öt haltanyň bedenjik bölümi oniki barmak içege bilen degşip durýandyr. Öt halta özünde 50 ml çenli (kadada) öt saklaýar. Gepotositdler- bagyr öýjügi, bagryň esasy gurluş birligidir.

Gepatositlerde iýmit siňdiriji wajyp suwuklyk öt bölünip çykýar, soňra ol geptosidleriň arasynda ýerleşen öt çekiji ownujak damarlaryna düşýär. We öt akalgajygy boýunça öt halta düşýär. Bagryň daşyndaky öt akalga, bagyr we öt halta akalgajyklarynyň birikmelerinden emele gelýär. Muňa umumy öt akalgasy diýilýär, bu ödüň guýulýan ýeri bolan oniki barmak içegäniň uly emzijegine açylýar.

Bagyryň nerw gurşawy wegetatiw nerwi ulgamyň simpatik we parasimpatik bölümleri tarapyndan amala aşyrylýar.

Bagryň wajyp daşky (bölüp çykaryş) işiniň biri-de — öt bölüp çykmasydyr. Öt birnäçe maddalary: bilirubini, öt turşularyny, kalsini, fosfory, holesterini we ş.m. özünde jemleýär. Öt wajyp iýmit siňdiriji suwuklyk bolup, ol pankreatik suwuklygy bilen birlikde, esasan-da, ýaglaryň siňdirilmegine täsir edýär. Öt bagyr öýjüklerinden bölünip çykmak bilen, öt haltada toplanýar, bu ýerden bolsa iýmit massasynyň oniki barmak içegä düşmegi bilen baglylykda, wagtal-wagtal oniki barmak içegä akyp gelýär.

Öt haltasyndan öt pürkülmegi şu aşakdaky ýaly bolup geçýär: öt halta diwaryň muskul süýümjikleri azaşan nerwiniň täsiri astynda ýygrylýarlar we simpatik nerwiniň täsirinde bolsa ýazylýarlar. Käbir emosional dartgynlyklaryň (gorky, gazap we ş.m.) täsirinde oniki barmak içegeden degişli nerw impulslary iberilip bilner, netijede öt halta muskulaturasy ýygrylýar we umumy öt akalgasynyň agzynyň muskul bogusy — Oddi sfinkteri gowşaýar we öt on iki barmak içegä guýulýar.

Onuň keseli (daş bolmagy) bilen baglylykda öt halta kesilip aýrylandan soňra, öt bagyrdan emele gelişiçe üznüksiz akyp durýar, bu bolsa oniki barmak içegede, aşgazanasty mäzde we ş.m. üznüksiz gyjyndyrma döredýär. Ödüň düzümi bagryň we öt ýollarynyň, şol sanda öt haltanyň-da ýagdaýyny äşgär görkezýändir. Öt barlaglary üçin birnäçe usullar bar. Mikroskopiki usul boýunça öt möçberi, ondaky kerepler, durulygynyň üýtgemegi, reňki, iriň, gan, düşmegi we ş. m. kesgitlenilýär. Mikroskopda ötdäki leýkositler, bilirubiniň kristaljagazlary we ş.m. ýüze çykarylýar. Bakteriologiki barlaglar (ödi ekmeklik) mikroflorany ýüze çykarmaklyga we onuň antibiotiklere duýgurlygyny barlamaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem ödüň biohimiki barlaglary geçirilýär.

Bagyr keselleri anyklanylanda ganyň düzümindäki bilirubini kesgitlemegiň ähmiýeti ulydyr. Ötde-de bilirubiniň möçberi kadada 1,7-17,1 mk mol/l deňdir. Kadaly öt akymy bozulanda (meselem, umumy öt akalgasynyň, daş ýa-da dömme çişler bilen baglanmagy sebäpli) bilirubiniň gandaky düzümi 171-256,6 mk mol/l çenli we ondan-da ýokary geçýär. Näsagyň endamy, şirejimek örtügiň göze görünýän ýerleri we göz agy saralýar — obturasion saraltma (mehaniki) emele gelýär. Bagyr saraltmasy, meselem bagyr dokumasyna zeper ýetende emele gelýändir. (ýokanç gepatit). Eritrositleriň gemolizinde (anemiýanyň dürli görnüşlerinde) gemolitik saraltma ýüze çykýar. Bu halatlarda bilirubiniň kesgitlenilişi dürli usullar boýunça amala aşyrylýar.

Bedende bilirubiniň özboluşly aýlanyşygy bolup geçýär, ol öt bilen bilelikde içegä düşüp, ol ýerde sterkobiline öwrülýär. Sterkobiliniň bir bölegi tärete reňk berip, soňra daşary çykarylýar.

Sterkobiliniň galan bölegi bolsa bagra gaýdyp gelýär we gaýtadan bilirubine öwrülýär. Peşewde urobiliniň agdyklyk etmegi we ganyň düzüminde bilirubiniň köpelmegi, bagyr dokumasyna haýsy-da bolsa bir alawlama hadysasyndan soň şikes ýetendigi hakynda güwä geçýär. (ýiti gepatit).

Bedeniň işjeňliginde bagryň tutýan orny örän ulydyr. Iýmit bilen adam bedenine düşýän ýaglar, proteinler, uglewodlar, witaminler iýmit siňdiriş synalarynda özleşdirilýärler we gan akymy bilen bagra gelýärler. Bu ýerde ol maddalar dürli agzalaryň we ulgamlaryň ýeňil özleşdirip biljek önümlerine öwrüji himiki täsirleşmeler bolup geçýärler. Meselem, uglewodlar bagyrda glikogene öwrülýärler, zerur halatda bolsa, glikogen bagyrdan glýukoza görnüşinde gana düşýär. Proteinler dürli iýmit siňdiriş şireleriniň täsiri astynda dargamaklygyň belli bir etabyny geçip, içegeler arkaly sorulýarlar we bagra gelýärler. Bagryň protein çalşygyndaky tutýan orny beden üçin derwaýys bolan albuminiň, birinji ýagdaýnyň (fibrinogen) ýa-da protrombiniň emele gelmeklerine gatnaşýandygyndan ybaratdyr.

Içegede ýaglaryň siňdirilmegi we sorulmagy öt, hususanda öt turşulary bolmazdan mümkin däldir. Bagyrda holesterin emele gelýändir.

Bagyr witaminleri we bedeniň kadaly işlemegi üçin gerekli mikroelementleri saklaýjy özboluşly ambardyr.

Bagryň wajyp ýerine ýetirýän işiniň biri-de zäherlere garşy durujy işidir: bu ýerde bedene düşen käbir zäherli maddalar zähersizlendirilýärler.

**Gepatitler.** Wirusly gepatit — wirusyň ýüze çykarýan ýokanç keseli bolup, bedeniň zäherlenmegi esasanam sary getirmede bagryň zäherlenmegi netijesinde ýüze çykýar. Olara “A” gepatiti (ýagny ýokanç gepatit, Botkiniň keseli) fekal-oral we howa-damja mehanizmi boýunça geçýän we B-gepatitine (syworotka gepatiti) ýagny keseldörediji ilki ganda toplanyp, soňra parenteral ýol bilen ýokuşyp bilýändir.

Wirusly gepatit anyklananda we bejerilende keseliň geçiş etabyny göz öňünde tutmalydyr (sary getirmeli, sary getirmeli däl, gizlin ýa-da uzaga çeken, holestatiki – öt akymynyň durmagy).

Bejergisi: wirusly gepatitli näsaglar bejerilende düşek we iýmit kadasyny berk berjaý etmelidirler. Iýmitiň düzüminde ýagsyzlandyrylan proteinler we uglewodlar bolan 5-nji berhiz

bellenilýär. Gije-gündiziň dowamynda 2-3 litre çenli suwuklyk, ýagny miwe şirelerinden, aşgarlaşdyrylan mineral suwlary içmeli. Mundan başga-da, witaminleriň B-toparyndan $B_1$, $B_2$ witamini 6-9 mg we $B_6$, we PP witamini 100-150 mg, askorbin turşusy 600-900 mg, rutin, kokarboksilaza, lipoý turşusy bellenilýär. Mundan başga-da, glýukozanyň 5% we natriý hloridiniň izotonikt erginleri wenadan goýberilýär. Keseliň agyr akymlarynda şeýle-de, uzaga çeken görnüşinde, öt akymynyň durgunlygynda ýüze çykan görnüşlerinde we çişli-assitiki görnüşlerinde, bagryň distrofiýasiýasynyň emele gelmelerinde glýukokortikoid preparatlary bellenilýär.

Wirusly geppatitde ulanylýan fitoterapewtiki serişdeler aşgazan-içege ulgamyna toplumlaýyn (alawlama garşy, smazmolitiki, zäherlenmä garşy, bakteriostatiki, kähalatda bakterisid we ş.m.) täsir edip fagositozy sazlaşdyrýar we gepatitiň ýiti döwründe gerekli fitoterapiýany üpjün edýär.

Bu keseliň başlangyç etaplarynda şu aşakdaky ýygyndy bellenilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Waleriananyň köki) |
| | Flor. | Crataegi | 20,0 | (Alyjyň güli) |
| | Cort. | Berberis | 30,0 | (Zirkiň gabygy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M. F. spec. D. S. Demlemäni S - s bulgurdan irden ajöze we uklamazdan öň agşam içmeli.

Mundan başga-da wirusly gepatitde witaminli çaýlary, şol sanda rýabinanyň we itburunyň miwelerinden (25,0) günde bir bulgur içmeli. Şeýle-de, smarodinanyň, kryhownigiň we beýleki miweleriň şirelerini saklaýan içgiler bellenilýär.

Näsagyň gutulýan döwründe öt erginleriniň we beýleki bölüp çykýan şireleriniň bölünip çykyşyny sazlaşdyrmak maksady bilen oňa miwe şirelerini (käşiriň, şugundyryň, kelemiň, kartoşkanyň we ş.m.) bermeli. Ol şireleri 1:4 gatnaşykda suw garyp günde bulguryň 1/3 mukdaryny kem-kemden köpeldip içmeli.

**Ötüşen gepatit.** Etiologiýasy we patogenezi. Ötüşen gepatit — bagryň ötüşip geçiş akymyna eýe bolan alawlama keselidir. Bu alawlama kesellere ýokanç gepatiti (Botkiniň keseli) garahassalykdaky we gaýry ýokanç kesellerindäki ýiti gepatiti, ol ýa-da beýleki zäherlenmeler zerarly dörän gepatiti goşmak bolar.

Kesel ençeme sebäplere görä, meselem, ýokanç gepatitde wagtynda bejergä girişilmedik ýagdaýda we keseliň özboluşly görnüşine baglylykda, näsaglar tarapyndan düzgünleriň äsgerilmezligi, lukmanyň maslahatynyň berjaý edilmezligi netijesinde ötüşen geçiş akymyna eýe bolýandyr. Ötüşen gepatitde gepatositleriň parenhimanyň (parenhimatorz gepatit) ýa-da aralyk dokumalaryň – mezenhimalarynyň (mezenhimal gepatiti) umumy diffuzlaýyn weýrançylyklaryna gözegçilik edilýär. Ötüşen gepatitiň başlangyç etabynda bagyr ulalýar, bu gepatositleriň çişmegi we olary ýag tutmagy bilen baglanyşyklydyr. Beýle üýtgemeler ýokanç keseller we zäherlenme sebäpli (ýokanç gepatitde, ötüşen enterokolitde we holesistitde, malýariýada, merezýel kesellerinde, sepsisde, gurşundan we alkogoldan zäherlenmelerde) ýüze çykýar. Şeýlede zäherli önümleriň gepatositlere we bagyr içi ownujak damarlara edýän täsirinden ýüze çykyp bilýär.

Ötüşen alawlamanyň güýjemegi netijesinde bagyrda aralyk birleşdiriji dokuma ösüp berçikýär.

Kliniki keşbi. Näsaglary köplenç, esasan hem, parenhimany berbatlaýjy gepatitde sag gapyrganyň etegindäki gowşagrak agyry, endam gijemesi, kemişdälik, ysgynsyzlyk, iç ýellenmeklik, içege işiniň näsazlygy biynjalyk edýär.

Bagryň ölçegleri we ulalyş derejesi anyklananda kadada ýaýjyk orta çyzyk boýunça 10 sm deňdir. Şeýle hem bagryň ölçegleri öňki goltuk çyzygy boýunça (7 sm) we orta goltuk çyzygy boýunça (12 sm) kesgitlenýär. Şeýle hem perkussiýa we barmak bilen barlanyş usullary bilen bagyryň dalagyň ölçegleri kesgitlenýär. Kada boýunça perkussiýada kesgitlenilýän ini 6 sm golaýdyr. Parenhimatoz gepatitde bagyr we dalak ulalýar, endamyň, şirejimek örtügiň reňki we

gözüň agy solagrak sary öwüsýär. Bu bagyryň işiniň bozulmagy bilen baglanyşyklydyr. (bagyr sarygetirmesi). Bagyryň ýerine ýetirýän işiniň bozulmagy ganaýjylyk (protrombiniň emele geliş işiniň bozulmagy), ganyň düzümindäki proteiniň (gipoproteinimiýa) we holesteriniň (gipoholesterinemiýa) azalmagy bilen ýüze çykýandyr.

Esasan hem, mezenhimal dokumany weýran ediji gepatitde sag gapyrganyň etegindäki agyry parenhimatoz gepatitiniňkiden has güýçli ýüze çykýar, bu ýelmeşmeklik hadysasynyň garyn bardasyna we bagyr örtügine (bagryň daşyny örtüp duran gabyk) aralaşmaklygy bilen düşündirilýär. Seýrek bolmadyk halatlarda bagryň deňölçegsiz ulalýandygyna gözegçilik etmek bolar, bu bolsa birleşdiriji dokumanyň ojaklaýyn ösmegi bilen baglydyr. Barmak bilen barlanyşda bagyr agyrýandyr. Dalak ulalyp biler. Parenhimatoz gepatitden tapawutlylykda mezenhimal gepatitde adatça saraltma bolmaýar. Umuman bularyň ikisini hem tapawutlandyrmak kynrakdyr.

Keseliň dürs anyklanmagy üçin häzirki wagtda biohimiki barlaglar, radioizotop anyklanylşy we beýleki öňdebaryjy usullar ulanylmalydyr.

Bejerilşi. Ötüşen gepatitiň bejerilişi bagyr sirrozynyň bejerilişi bilen köp umumylyklary bardyr. 5-nji iýmit berhizini saklamaly. Aşgazaniçege ulgamynyň keselleri bilen utgaşanda 5-$^{\underline{a}}$ berhizini saklamaly.

Derman serişdeleri bilen bejergi bagyr öýjüklerinde madda çalyşygy hadysasynyň gowulandyrylmagyna ugrukdyrylýar. Witaminler, kokarboksilaza, lipoý turşusy, aminoturşulary we proteinleriň gidrolizatlary bellenilýär.

Gormonal terapiýany talap etmeýän ötüşen gepatitde derman ösümlikleriniň preparatlary bilen bejergi täsirli bolmagy mümkin. Fitoterapiýany has ir başlasaň, şonça hem peýdaly bolup, ony bagyryň ýerine ýetirýän işi doly dikelýänçä dowam etdirmeli. Gepatitiň beýleki görnüşlerinde fitoterapewtiki serişdeler goşmaça serişdeler hasaplanýar. Bu kesellerde bellenen derman ösümlikleriň düzümini her 2-3

aýdan çalşyryp durmaly. Şeýle-de, bütin bedeniň we aşgazan-içege ulgamynyň we beýleki beden agzalaryň ýerine ýetirýän işiniň ýagdaýyna gözegçilik edip durmaly.

Öt sekresiýasynyň bölünip çykyşyny kadalaşdyrmak üçin bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walerianany̆ň köki) |
| | Flor. | Crateagi | 20,0 | (Alyjyň güli) |
| | Cort. | Berberidis | 30,0 | (Zirkiň gabygy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we ertirine, agşam 1 bulgurdan icmeli.

Şeýle-de, öt bölünip çykmagy sazlaşdyryjy derman ösümliklerinden taýýarlanan ýygyndy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Helichrysi | 40,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Fol. | Trifolii | 30,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyn ýapragy) |
| | Fruct. | Coriandri | 10,0 | (Kinzanyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we S - $^{1}/_{3}$ bulgurdan günde 3 gezek nahardan 30 min öň içmeli. Sary getirmede öt kowujy serişde hökmünde bellenilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Berberidis | 10,0 | (Zirkiň miwesi) |
| | Fol. | Betulae | 10,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 10,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny 2-3 gezekde günüň dowamynda içmeli. Öt bölüp çykmagy sazlaşdyrýar.

Içegäniň işini sazlaşdyryjy ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 10,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fruct . | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Cort. | Frangulae | 20,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| Herb. | Centauri | 20,0 | (Altyngülüň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny günüň dowamynda içmeli. Içiň ýöreşmegini sazlaşdyrýar.

Gepatit bilen utgaşyp gelýän tutgaýda ulanylýan ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 10,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyň köki) |
| | Herb. | Hyperici | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Chelidonii | 20,0 | (Demrewotyň oty) |
| | Fol | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan günde nahardan öň 2 gezek içmeli.

Gepatitde we anasid gastritde iç ýöreşmesini sazlaşdyryjy ýygyndy bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort | Frangulae | 20,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Fol | Trifolii | 20,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Rad. | Gentianae | 20,0 | (Ýer bahasynyň köki) |
| | Herb. | Chelidonii | 20,0 | (Demrewotyň oty) |
| | Rad. | Taraxaci | 20,0 | (Tozganyň köki) |
| | Fol | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we1 bulgurdan günde nahardan öň 2 gezek içmeli.

**Bagyr sirrozy.** Bagyr sirrozy -- bu bagyr parenhimalarynyň distrofiýasy we nekrozy bile häsiýetlendirilip, birleşdiriji dokumalaryň diffuzlaýyn ösmekligi bilen geçýän ötüşen keseldir.

Bagyr sirrozynyň postnekrotik, portal, biliar we garyşyk görnüşleri bardyr.

**Bagryň sary distrofiýasy.** Gepatitli ýa-da sirrozly näsagyň ýagdaýy çalt ýaramazlaşyp, haly teňleşýär. Nerw ulgamyň düýp näsazlyklarynyň alamatlary peýda bolýarlar (ysgynsyzlyk, özüňi ukyly duýmaklyk, soňabaka galýusinasiýa, ýokary nerw oýanyjylygy). Bu gepatositleriň nekrozy we gaýtadan başgaça döremekligi netijesinde bagryň zäherlenmeklige garşy durmak ukybynyň we gaýry ýerine ýetirýän işiniň ýitileşmegi bilen bagly bolup, bagyr özüniň päsgelçilik dörediji ornunyň oýnamaklygy bes edýär. Bedeniň öz-özüni zäherlemekligi başlanýar. Adalatly barlaglar bagryň gabarasynyň örän kiçelýändigini görkezýär. (bagyr dokumalary ölýärler). Bedeniň gyzgyn görkezijisi peselýär. Uly gan öýmeler — ganyň bir ýere köp toplanyp çişmekligi bolýar, kentlewükden gan akýar. Kesilip görende bagryň belli bir ýerinde ýag tutup saralandygyny (şonuň üçin oňa bagryň sary distrofiýasy diýilýär), onuň gabarasynyň ep-esli kiçelýändigini saýgarmak bolýar (atrofirlenýär).

Bejergisi. Ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly, ötüşen gepatitiň öňünden: ýokanç gepatit, sary getirmeli leptospiroz (Weýll Wasilýewiň keseli), senagat zäherlerinden, fosfordan we myşýakdan, zäherli komeleklerden, şeýle hem käbir dermanlardan, meselem, sulfanilamid preparatlaryndan, nowarsenoldan zäherlenmek zerarly döreýän — zäherli gepatiti emele gelýändir. Şeýlelikde, bagyr sirrozynyň bejergisi we onuň öňüniň alnyşy, ozaly bilen zäherli gepatitiň öňüni almak we bejermekdir.

Ötüşen gepatitli we bagyr sirrozly näsagy düzüminde uglewodlaryň, proteinleriň ýeterlik mukdary bolan doly bahaly iýmitler bilen üpjün etmeklik möhümdir. Her näsaga, onuň ýagdaýyna, beden agramyna we ş.m. baglylykda ösümlik we mal ýagyny (zeýtun, günebakar, mesge ýaglaryny) utgaşdyryp bermegi maslahat berilýär. Näsaglar witaminleriň zerur mukdaryny kabul etmelidirler.

Gowurlan we duzlanan tagamlar, ýiti işdä açyjylary iýmeklik gadagan edilýär. Iýmite gaýnan ýagsyzrak et, gaýnadylan ýagsyzrak balyk, gaýnadylan kartoşka, käşir, kelem, süýt önümleri, miwe suwlary, miwe şireleri, kisel girizmek maksada layk hasaplanýar. Mundan başga-da, näsagyň iýmitiniň süýtli mannyý, tüwi, külkelenen greçka aşy bilen dürli-dümenleşdirip bolar. Iýmit günde 5-6 gezek uly bolmadyk möçberde iýilmeli. Içilýän suwuň möçberi, ylaýta-da assit ýüze çykanda çakdanaşa köp bolmaly däldir.

Ötüşen gepatitli we bagyr sirrozly näsaglar derman preparatlary bilen bejermeklik ilki bilen, näsagyň etiologik alamatlary esasynda gurulýandyr. Meselem, bagryň biliýar sirrozynda, bagyr içi öt akalgalary mese-mälim alawlama hadysasynda mikroflora anyklanylandan soňra antibiotikler belleýärler.

Gyzdyrma (malýariýa) ýa-da merezýelli gepatitde mahsus terapiýasy geçirilýändir. Ötüşen gepatitli we bagyr sirrozly näsaglara witaminleriň “B” toparyny (piridoksin, sianokobalamin), şeýle hem, askorbin turşusyny bellemeklik maksada laýykdyr. Näsaga glýukozanyň ergini kähalatlarda bolsa, gormonlar, bagyr ekstrakty we holin hloridi sanjym görnüşinde bellenýär. Gan gitmede gan guýulýar ýa-da fillohinonlar (K-witamini) bellenilýär.

Bagryň sirrozynyň assitli görnüşinde esasy işleriň biri laparosintezdir. Ol ýeterlik deliller bar wagtynda, haçanda ýygnanan suwuklyk garyn perdejiginiň diwaryny we garyn hamyny ep-esli dartanda, garyn juda ulalanda we dartylanda geçirilýändir. Laparosinteziň geçiriliş ýygylygy suwuklygyň toplanyş tizligine we onuň göwrümine baglydyr.

Laporosentez näsagyň garyn diwaryny troakor (guraly) bilen deşip, çiş suwuklygynyň (bir gezekde 2 litrden 5 litre çenli) çykarylyşy.

Fitoterapewtiki serişdeler sirroz keselinde bagyr öýjükleriniň metabolizmini gowulandyrýar, içegede iýmitiň siňdirilmegini, içiň ýöremegini sazlaşdyrýar we peşew

kowujy täsiri ýüze çykarýar. Şeýle täsiri ýüze çykarýan derman ösümliklerinden taýýarlanan ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Rosae | 40,0 | (Itburunyň miwesi) |
| | Fol | Urticae dioicae20,0 | | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny günüň dowamynda 2-3 gezekde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Absinthii | 20,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 30,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walerianі anyň köki) |
| | Strobuli | Lupuli | 10,0 | (Hmeliň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1-2 bulgurdan günde nahardan 30 min öň 2-3 gezek içmeli. Holesistit we holangit kesellerinde ulanylýar.

Iýmit siňdirişini, içegäni kadalaşdyryjy we peşew bölüp çykyşyny ýokarlandyrýan ýygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Cichorii | 20,0 | (Syçratgynyň köki) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogynynyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we bir bulguryny günüň dowamynda 2-3 gezekde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort | Frangulae | 10,0 | (Gara tikeniň gabygy) |
| | Fruct | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Herb. | Hyperici | 10,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 10,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 2-3 bulgurdan günde nahardan öň içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Adonidis | 20,0 | (Ýaz adoniziniň oty) |
| | Herb. | Equiseti | 20,0 | (Meýdan kyrkbogynynyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Herb. | Chelidonii | 40,0 | (Demrewotyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we günde 1 bulgurdan 2 gezek içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Absinthii | 25,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Fol | Trifolii | 25,0 | (Üç ýaprakly wahtanyň ýapragy) |
| | Fruct | Carvi | 25,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Fol | Plantaginis | 25,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 nahar çemçeden günde nahardan öň işdä açyjy serişde hökmünde içmeli.

**Bagryň howply çiş keseli.** Bagryň çiş keseli köplenç ötüşen bagyr keselleriniň düşeginde: ötüşen gepatitde, bagyr sirrozynda we ş.m. döräp bilýändir.

Onuň alamatlary. basmarlaýjy ysgynsyzlyk, işdäniň kesilmegi ýa-da üýtgemegi, sag gapyrganyň eteginde barha güýjeýän üznüksiz agyry, işe ukyplylygyň peselmegi, horlanmaklykdyr. Barlaglarda bagryň ep-esli ulalandygyny bilmek bolýar, seýrek bolmadyk halatlarda barmak basyp barlamak arkaly bagryň gyrasynyň gatap, çykyn-çykyn bolýandygy kesgitlenilýär. (düwünli çiş diýip atlandyrylýar) Näsagyň endamy mese-mälim sary öwüsýär. (howply hilli dömme çişiň öt ýollaryny gysmagy), howply hilli dömme çiş derweze wenasyny gysanda, assit emele gelýär. Gan barlaglarynda gan azlyk ýüze çykýar.

Keseli anyklamak — bagryň ilkinji çis keseliniň başlangyç etabynda keseli anyklamak kyndyr. Kliniki usullar bilen bir hatarda bagryň çis keselini anyklamagyň gaýry usullarynyň-da: bagryň punksion biopsiýasy we çis üçin mahsus öýjükleri ýüze çykarmaklyga mümkinçilik beriji biopsiýa materiallarynyň gistologik barlaglarynyň bagry skanirlemegiň (radio-izotoplar arkaly barlag) we ş.m. ähmiýeti uludyr.

Bejergisi. Adatça simptomatikdir, seýrek halatlarda hirurgikdir, şöhle terapiýasyndan (ionizirleýji şöhläni ulanmak), dömme çişiň garşysyna himioterapiýany ulanmakdan ybaratdyr.

## Öt haltanyň we öt ýollarynyň keselleri

**Holesistit** — öt haltanyň alawlamasy bolup, ol ýygy duş gelýän keseldir. Holesistit - daşsyz we daşly (öt haltanyň alawlamasy, öt daşlaryň döremekligi bilen utgaşdyrylmagy) bolýar. Daşly holesistiti käte öt-daş keseli diýip hem atlandyrylýar, ýöne ol öt haltada alawlama hadysasynyň ýok wagtynda-da döräp biler, beýle halatlarda daşlaryň döremegi gaýry ýagdaýlara bagly bolup durýar. Öt haltasy we öt ýollary keselleriň hataryna diskineziýa degişlidir.

Diskineziýa - bu öt halta muskulaturasynyň ýygryjylyk ukybynyň bozulmagy, netijesinde ödüň bagyrdan we öt haltadan oniki barmak içegä gelişiniň bozulmagydyr.

Adatça, diskineziýa özbaşdak kesel hökmünde ýüze çykman, eýsem daşsyz ýa-da daşly holesistit bilen utgaşýar. Holesistit keseli öt ýolarynyň lýamblioz, opistorhoz, askaridoz ýaly we şuňa meňzeş mugthorlaryň döreden keselleri we öt daş keseli bilen utgaşyp gelýär.

Holesistit keseli çylşyrymlaşma bilen-de geçip bilýändir. Olaryň içinde has ýygy duş gelýäni biliýar sirrozyna getirip biljek gepato-holesistit, holesisto pankreotit, reaktiw gepatitdir (ugurdaş gepatitdir). Daşly holesistitiň we öt daş keselleriniň çynlakaý kesel çylşyrymlaşmasynyň biri-de (öt) bagyr sanjysydyr. Bu, öt halta ýa-da umumy öt akalganyň daş bilen dykylmagy netijesinde obturasion saraltma, öt haltanyň suw almagyna ýa-da öt halta emfiemasyna getirip biler (iriň ýygnanmagy).

Etiologiýasy we patogenezi. Daşsyz, şonuň ýaly-da daşly holesistitiň sebäpleriniň köp taraplary biri-birine kybapdaşdyr. Köplenç halatlarda daşsyz holesistit öt daş keselleriniň öňünden gelýändir diýmek bolar. Çünki alawlama öt daşlarynyň döremegine ýardam ediji ýagdaýlaryň biridir. Holesistit alawlama hadysasy güýçli geçende ýiti, kliniki

keşbi gowşagrak ýüze çykanda ötüşen bolup biler. Iki ýagdaýda hem alawlama hadysasy mikrofloranyň içegeden (ýokary çykyjy diýilýän) ýa-da bedendäki islendik alawlama ojakdan gan damarlary ýa-da limfatik damarlar boýunça (aşak düşüji) öt halta aralaşmagy zerarly döreýändir. Içege ýokanç kesel döredijisinde (garyn gara hassalygy, dizenteriýa) edil mahsus däl kolit ýaly öt haltanyň alawlamasyna ýardam edýändir. Içege saprofiti, meselem, içege taýajyklary amatsyz şertlerde holesistit keseliniň sebäbi bolup bilýändir. Ötüşen otit, gaýmorit, adneksit (ýatgy çykyntgysynyň alawlamasy), piýelit, osteomiýelit we şuňa meňzeş aşak düşüji ýokanç kesel döredijisiniň çeşmeleri bolup bilýärler. Bu ojaklardan öt haltasyna köplenç stafilokokk, streptokokk we başgalar aralaşýarlar.

***Allergiýa -*** bedeniň käbir mikrobedenlere ýa-da ýagdaýlara (iýmit allergiýasy) aşa duýgurlygy holesistit keseline itergi berip biler. Öt haltada öt dykyn almaklygy holesistit emele gelmekligine ýardam edýär. Bu gipotonik diskineziýasy şeýle hem gysby edip eşikleri geýmeklik (korsetler, guşaklar we ş.m.) iç ýöremezligi bilen baglydyr. Az hereket etmek: fiziki işjeňlik bilen bagly däl işler, adaty hojalyk işlerinde hereketiň azlygy, naharyň seýrek we aşa köp iýilmegi, dykyn almaklyga getiriji amatly şertlerdir. Mikrofloranyň gös-göni öt haltasyna aralaşmasyna we onda alawlama hadysasynyň ösmegine ahiliýa (aşgazan şiresinde hlorly wodorod turşusynyň bolmazlygy) ýa-da aşgazanyň şire bölüp çykaryş işjeňliginiň peselmegi gönüden-göni ýardam edýär. Çünki, aşgazan şiresiniň düzümine girýän hlorly wodorod turşusynyň bakteriosid häsiýeti bardyr. Öt haltada alawlama hadysasy ösende onuň şirejimek örtüginiň astyndaky gatjagazda leýkositler we limfoid infiltratlar peýda bolýar.

Kliniki keşbi. Holesistit aram kataral alawlamasy halynda dowamlyrak ýa-da gysgarak möhletde dowam edip biler. Näsaglar sagky gapyrganyň etegindäki güýçli bolmadyk agyrydan, agyz ajamasyndan arz edýärler. Duýedenal

zondirlemek boýunça alnan ötde leýkositler, şirejimek suwuklyk epitelial öýjükler bardyr. Ödüň bakterial barlaglarynda ol ýa-da beýleki bakterial flora tapylýar. Rentgenologik usul öt haltanyň ýygryjylyk ukybynyň bozulmaklyga, ýagny diskineziýanyň alamatlaryna meýil edýändigini äşgär edip biler. Bu alamatlar daşsyz holesistitiň kliniki ýüze çykmalarydyr.

Seýrek bolmadyk wagtynda öt haltadaky alawlama hadysasyna täsiri astynda ödüň fiziki häsiýetleri (kollod) üýtgeýär. Daş döreme bedendäki çalyşma hadysasynyň bozulmagy, ilkinji nobatda ýag çalşygynyň näsazlygy ep-esli orun tutýar, bu naharyň aşa köp iýilmegi, semizlik hem-de bedendäki neýroendokrin gyşarmalar (göwrelilikde, klimaks döwürde, galkan şekilli mäziň işjeňliginiň peselmeginde we ş.m. ýag çalyşmagynyň bozulmagy bilen baglanyşyklydyr. Holesterin daşlarynyň döremegi, meselem, bedende diňe bir ýagyň agdyk düşmegine däl, eýsem suw ergininiň ýetmezçiligine we doly bahaly däldigine-de baglydyr. Öt gepatositlerde emele gelýär, onuň wezipesi wirus gepatiti ýa-da zäherlenme ýaly hadysalaryň täsiri netijesinde bozulyp bilner. Öt dykyn almaklygy öt daşlarynyň döremekligine ýardam edýändir.

Daşly holesistitde, ýagny öt halta alawlamasy öt daşlarynyň döremekligi bilen utgaşanda onuň kliniki keşbi daşsyz holesistitiňkiden başgaçadyr. Daşly holesistitde agyry (sag gapyrganyň eteginde) adatça güýçlidir, şol bir wagtda tutgaý görnüşindedir, agyry guşaklygyň sag tarapyna ýa-da pilçe asty töweregine berýändir. Daş umumy öt akalgany baglasa, obturasion saraltma ýüze çykyp biler.

Duodenal zondirlenip alnan öt halta ödünde (“B” bölegi) edil daşsyz holesistitiňki ýaly leýkositler, şirejimek suwuklyk, epitelial öýjükler bardyrlar. Emma daşly holesistitde hromatik duodenal zondirlenip alnan ödüň “B” böleginde holesteriniň, bilirubiniň, kalsiniň kristaljyklaryny anyk kesgitlemek bolýar, rentgenologik holesistografiýada konkrementleriň kölegeleri ýüze çykarylýar.

Bejergisi. Bejeriş çäreleri keseliň etabyna we çylşyrymlaşmagyna bagly bolup, iýmit kadasyny saklamak, ýokanç kesel döredijini ýok etmek, alawlama garşy göreşmekden ybaratdyr. Şeýle-de, öt sekresiýasyny sazlaşdyryjy, öt sürüji serişdeleri ulanmak, immunoterapiýany we sedatiw we tonizirleýji serişdeleri bejeriş, fiziki maşklary, fizoterapewtiki çäreleri bellenilýär.

Derman ösümlikleri we käbir derman preparatlary (holenzim, allahol, holesin, nikodin, sikwalon, öt bölüp çykmagyny sazlaşdyrmak bilen ýa-da öt kowmak bilen (holagon, holesistokinin, iç ýumşadyjy — ksilit, sorbit) öt ýollarynyň geçirijiligini dikeldip gowulandyrýarlar. Şeýle-de, agyry peýda blanda, öt akymlarynyň boşamagy kynlaşanda, spazmolitiki serişdeler: atropin, platifillin, belladonna bellenilýär.

Derman ösümlikler bilen ötüşen holesistiti öt ýollarynyň alawlamasyny bejermek köp halatlarda täsirlidir.

Käbir agzap geçjek ýygyndylarymyz öt emele getiriji we öt kowujy täsirden başga-da alawlama garşy, bakterisid we bakteriostatiki täsiri ýüze çykarýar. Olar iýmitiň özleşdirilişini ýokarlandyrýarlar, içegede ajamak we iç ýellenmek hadysasyny peseldýär. Öt kowujy täsiri ýüze çykarýan ýygyndy bellenilýär.

Iç geçmeli näsaglara bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Helichrysi arenarii | 15,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Herb. | Hyperici | 15,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Fol | Menthae piperitae | 15,0 | (Narpyzyň oty) |
| | Herb. | Leonuri | 15,0 | (Şirguýrugyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan nahardan 30 min öň içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Helichrysi arenarii | 20,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Flor. | Calendulae | 20,0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| | Herb. | Origani | 10,0 | (Yakymlyjanyn oty) |
| | Flor. | Centaurae cyani | 10,0 | (Altyngüliň güli) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we ýyly görnüşinde 1/3 bulgurdan nahardan 30 min. öň içmeli.

## Içi gatama ýykgynly näsaglar üçin ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Rhei | 20,0 | (Yşgynyň köki) |
| | Flor. | Helichrysi arenarii | 30,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Herb. | Millefolii | 50,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulguryny agşam bir gezekde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 10,0 | (Arpabodyýanyň miwesi) |
| | Cort. | Frangulae | 10,0 | (Gara tikeniň gabygy) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan ertir we agşam içilýär.

Täret kadaly bolanda gurtgyranyň gaýnatmasyny (6.0—10,0:200,0). 1 nahar çemçeden günde 3-4 gezek nahardan 15 min. öň içmeli. Narpyzyň ýapraklarynyň demlemesini (1:10 ýa-da 1:3) 1 nahar çemçeden gyzgyn görnüşde günde 3-4 gezek nahardan öň içmek bellenilýär.

## Holesistitde we holangitde bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Berberidis | 20,0 | (Zirkiň miwesi) |
| | Fol. | Betulae | 20,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Juniperi | 20,0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Herb. | Absinthii | 20,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Herb. | Millefolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we ertir we agşam 1 bulgurdan içilýär.

## Tutgaýly holesistitde we holangitde bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. | Artemisiae vulg | 20,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Rad. | Valerianae | 20,0 | (Walerian anyň köki) |
| | Herb. | Hyperici | 30,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Strobuli | Lupuli | 10,0 | (Hmeliň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulgurdan ertirine we agşam içmeli.

Gowşadyjy we spazmolitiki täsiri ýüze çykarýan damja:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | T-rae. | Chamomillae | | (Çopantelpegiň tinkturasy) |
| | T-rae. | Foeniculi, | | (Arpabadyýanyň tinkturasy) |
| | T-rae. | Absinthii, | | (Ajy ýowşanyň tinkturasy) |
| | T-rae. | Belladonnae aa | 10,0 | (Belladonnanyň tinkturasy) |

D.S. 50 ml suwa 20 damja damdyryp günortan we agşam nahardan soň içmeli.

Dartgynlyk ýüze çykanda bellenilýän damja:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Ol | Carvi | 5,0 | (Tminiň ýagy) |
| | T-rae | Belladonnae | | (Belladonnanyň tinkturasy) |
| | T-rae | Chelidonii aa | 10,0 | (Demrewotynyň tinkturasy) |
| | T-rae | Valerianae aether | 15,0 | (Walerianaňyň efirinli tinkturasy) |

D.S. 25 ml suwa garyndynyň 20 damjasyny damdyryp içmeli.

Gowşadyjy, rahatlandyryjy we öt kowujy serişde hökmünde şu aşakdaky ýaly damja bellenilýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Ol | Carvi | 5,0 | (Tmin ýagy) |
| | T-rae | Absinthii | | (Ajy ýowşanyň tinkturasy) |
| | T-rae | Stryshni | | (Strihniniň tinkturasy) |
| | T-rae | Valerianae aa | 15,0 | (Walerianaňyň tinkturasy) |

D.S. 30 damjasyny günde 3 gezek nahardan soň içmeli

## Öt ýollarynyň diskineziýasy

Öt halta we öt ýollary keselleriniň hataryna –diskineziýa degişlidir.

Diskineziýa-bu öt halta muskulaturasynyň ýygrylyjylyk ukybynyň bozulmagydyr, netijede ödüň bagyrdan we öt haltadan oniki barmak içegä gelişi bozulýar. Diskineziýa muskulaturalaryň gowşamagy we tonusyň peselmegi bilen gipotoniki ýa-da tersine, gipertoniki (öt halta muskulaturasynyň ýygrylmagy) bolýandyr. Adatça

diskineziýa özbaşdak kesel hökmünde ýüze çykman, eýsem daşsyz ýa-da daşly holestit bilen utgaşýar. Öt ýollarynyň lýamblioz, epistorhoz, askaridoz ýaly we ş.m. mugthorlaryň ýüze çykaran keselleri holisistit we öt daş keseli bilen utgaşyp gelýär. Kähalatlarda öt akymy üçin mehaniki bökdençlikleriň döremegine sebäp bolýar.

Bu keseliň etiologiýasy we patogenezi dürli-dürlidir. Olaryň esasy sebäbi MNU-nyň işjeňliginiň bozulmagy we wirusly gepatit keselidir. Şeýle-de öt haltanyň hereketleniş işiniň bozulmagy, ötüşen holestistit we ot daş keseli sebäp bolup biler.

Bejergisi. Keseliň görnüşine bagly geçirilýär. Umumy çärelere iýmit kadasyny berhiz saklamak, öt bölüp çykmasyny sazlaşdyryjy serişdeleri, fiziki maşklary, ukyny kadalaşdyrmak, newrotiki bozulmalara ýol bermezligi gazanmaly.

Öt sürüji serişdeleri diskineziýanyň haýsy görnüşiniň agdyklyk edýändigini göz öňünde tutup bellemeli.

Diskineziýanyň gipertoniki görnüşinde trankwilizatorlary belladonna, şeýle-de gowşak minerallaşdyrylan suwlar, esentuki №4 we №20, narzan we ş.m. bellenilýär.

Diskineziýanyň gipotoniki görnüşinde köp mukdarda ösümlik we haýwan ýaglary, gök önümler, miweler bellenilýär. Derman serişdelerden strihniniň nitraty sanjym görnüşinde şeýle-de ħenşen içmek üçin bellenilýär. Mundan başga-da gowşak minerallaşdyrylan mineral suwlar, esentuki №17, we ş.m. bellenilýär.

Öt sürüji serişdeler hökmünde derman ösümlikleri giňden ulanylýar. Olar bagyr gepatositleriniň ödi işläp çykarylşyny güýçlendiriji häsiýeti ýüze çykarýarlar, şeýle-de olar ödüň öt akalgalar boýunça akymyna päsgelçilik bolanda, ot ýollarynyň we ot haltanyň atoniýasynda ýa-da öt daşlary tarapyndan şirejimek örtüjegiň gyjyndyrylmagy zerarly ot halta muskulaturasynyň ýygrylmalarynda bellenilýär.

Diskineziýanyň gipertoniki görnüşinde holosas 1 çaý çemçeden günde 2-3 gezek nahardan 30 min öň içmeli.

Mekgejöwen gulpagynyň demlemesi (10,0:200,0) her 3 sagatdan 1-2 nahar çemçe içmeli. Zirkiň ýapraklaryndan taýýarlanan tinktura günde 15-20 damjada 2-3 gezek nahardan 30 min öň içmeli.

Mundan başgada diskineziýanyň giperkinetiki görnüşinde tutgaý bilen utgaşýan bolsa bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Potentillae anserinae | 30,0 | (Gaýtarmanyň oty) |
| | Herb. | Chelidonii | 30,0 | (Demrewotynyň oty) |
| | Fol | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we gyzgyn görnüşinde günde 1-2 bulgur içilýär.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol | Trifolii pratensis | 30,0 | (Ýorunjanyň ýapragy) |
| | Herb. | Absinthii | 30,0 | (Ajy ýowşanyň oty) |
| | Fol | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 2-3 nahar çemçeden 30 min nahardan öň içmeli.

Diskineziýanyň gipokinetiki görnüşinde holesistokine-tiki ot kowujy serişdeler (gurtgyran we ş.m.), umumy gurplandyryjy täsirli preparatlar (ћenşen, hytaý limonnigi we ş.m.) bellenilýär.

Gurtgyranyň gury ekstrakty günde 1g. 3 gezek bellenilýär. Bejerginiň dowamlylygy 2-3 hepde.

Gurtgyranyň güllerinden taýýarlanan demleme (10,0 : 200,0) nahardan 30 min öň şu tertip boýunça içmeli:

1-nji gün 1/3 bulgur, 2-nji gün 1/3 bulgur 2 gezek; 3-nji gün 1/3 bulgur 3 gezek; 4-nji gün 1/ 3 bulgur 3 gezek; 5-nji gün S bulgur 2 gezek; 6-nji gün S bulgur 1 gezek; Zerurlyk çykanda demlemäni 7 günden soň gaýtalap kabul etmeli.
Gipokineziýada we aşgazanyň bölüp çykaryş işiniň näsazlyklarynda bellenilýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Trifolii pratensis | 15,0 | (Ýorunjanyň ýapragy) |
| | Rad. | Gentianae | 15,0 | (Ýer bahasynyň köki) |
| | Rad. | Taraxaci | 20,0 | (Tozganyň köki) |
| | Fol | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyn ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 2-5 nahar çemçeden nahardan 30 min öň içmeli

Içegäniň işjeňligini we ot bölünip çykmasyny güýçlendirýän ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 40,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Rad. | Taraxaci | 40 | (Tozganyň köki) |
| | Flor. | Helichyrysi arenarii | 15,0 | (Gurtgyranyň güli) |
| | Fol | Trifolii pratensis | 15,0 | (Ýorunjanyň ýapragy) |
| | Flor. | Chamomillae | 15,0 | (Çopan telpegiň güli) |
| | Herb. | Centauri | 15,0 | (Altyn gülüň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we ertir we agşam 1 bulgurdan içmeli.

## Öt daş keseli

Öt daş keseli ödüň kolloid düzüminiň bozulmagy netijesinde öt haltada, öt ýollarynda ýa-da bagryň içinde öt daşlarynyň çökmegi bilen häsiýetlendirilýär. Öt haltada daş emele gelme ýygy duş gelýän kesel bolup, ol erkek adamlara seredende aýallarda 4 esse köp duş gelýär.

Öt daş keseliniň esasynda indiki patogenetiki mehanizmi durýandyr:

Öt akymynyň togtamagy.

Öt halta ýokanç kesel döredijiniň düşmegi.

Holesteriniň we beýleki madda çalyşygynyň bozulmagy. Kesel döremegine naharyň aşa köp iýilmegi, semizlik, bedende neýroendokrin bozulmalar (göwrelilikde, klimaks döwürde, galkan şekilli mäziň ýerine ýetirýän işiniň peselmegi, ýag çalşygynyň bozulmagy we ş.m.) sebäp bolup bilerler. Öt gepatositlerde emele gelýär, onuň ýerine ýetirýän işi wirusly gepatit ýa-da zäherlenme ýaly ýagdaýlaryň täsirinde bozulyp biler. Öt dykyn almaklygy hem öt daşlarynyň döremegine ýardam edýändir.

Öt daşlarynyň garyşan düzümi bolup, onuň merkezini protein esasy düzýär. Öt daşlarynyň köpüsiniň esasy düzüm

bölegi holesterindir. Bilirubin we hek suwly pigment daşlary bolsa seýrek duş gelýär.

Keseliň bejerilişi we klinikasy köp ýagdaýlara baglydyr, şol sanda:

Öt daşlarynyň ýygnanan ýerine,

Öt daşlarynyň ululygyna we sanyna,

Öt haltanyň alawlama ýagdaýyna,

Näsagyň ýaşaýyş durmuşyna we ýerine ýetirýän işine (ýagly naharlaryň aşa köp iýilmegi, bedeniň şikeslenmegi, fiziki dartgynlylygy we ş.m.)

Beýleki iýmit siňdiriş agzalarynyň zaýalanmagy.

Öt daş emele gelmeleriň (holelitiaz) birnäçe görnüşleri (latent, dispepsiki, agyryly sanjy görnüşli hem-de torpid) tapawutlandyrylýar.

Öt daş keselinde alawlama hadysalary ýokdur. Sag gapyrganyň eteginde üznüksiz syrkyrap durýan agyry bolýar. Garyn barmak bilen barlananda öt haltanyň ulalanlygy kesgitlenilýär.

Holesistogrammada öt haltanyň örän ulalandygy we ýaramaz ýygrylýandygy görünýär.

Bejergisi. Öt tutgylarynda agyry aýryjy, spazmolitiki we antibakterial serişdeler bellenilýär.

Tutgysyz ýagdaýda ödüň akymyny üpjün etmeli we şol bir wagtda holesterinemiýa, alawlama ýol bermeli däl.

Iç gatama ýol bermeli däl, tiz-tiz az mukdarda iýmit, ýyly içgiler bellenilýär. Bedeni gysmaýan geýim geýmeli we bejeriş maşklaryny ýerine ýetirmeli.

Öt ýollarynyň kataral alawlamalaryny we öt daş keselini bejermekde fitopreparatlar täsirli hasaplanýar. Bu maksat üçin öt sürüji, öt emele getiriji we rahatlandyryjy häsiýetli derman ösümlikleriň demlemeleri bellenilýär. Bejergi yzygiderlilikde we dowamly bolmalydyr. (2-3 aý). Agzalan häsiýetleri derman ösümliklerinden taýýarlanan käbir ýygyndylar hem ýüze çykarýar, mundan başga-da bagyr we öt ýollarynyň kesellerinde iýmitiň siňdirilişini sazlaşdyrýan gök önümler we miweler hem ulanylýar.

**Adaty kädi.** Bugdaý unundan we kädiden bişirilen aş içegäniň işjeňligini gowulandyrýar, peşew bölüp çykarmasyny gowulandyrýar, duzlary bedenden çykarýar. Şol sebäpli bedende madda çalşygy bozulanda, bagyr we öt halta kesellerinde, içege işiniň bozulmagy bilen baglanyşykly ýetmezçiligindäki kolitde bellenilýär.

**Kelem.** Duzlanyp ýatyrylan kelem we onuň şiresi S bulgurdan günde 2-3 gezek nahardan öň ýyly görnüşinde içilende, öt, aşgazan we pankreatiki şireleriň bölünip çykmagyny ýokarlandyrýar. Şeýle-de, bagyr, öt haltanyň kesellerinde holangiogepatitde bejeriş täsiri ýüze çykarýar.

**Adaty zirk.** Miwesi öt kowujy täsiri ýüze çykarýar.

**Tokaý ýer tudanasy.** Miwesinden we ýapraklaryndan taýýarlanan demlemesi öt kowujy serişde hökmünde bellenilýär. Onuň terje miwesiniň şiresini 4-6 nahar çemçesini öt daş keselinde ajöze içmek maslahat berilýär.

Itburun, miwesinden taýýarlanan demleme öt bölünip çykmasyny sazlaşdyryp, bakteriosid täsir edýär. Şeýle-de, aşgazan-içege ulgamynyň bölüp çykaryş we motor işini sazlaşdyrýar. Mundan başga-da öt we peşew kowujy serişdelere jerebaýyň otundan, mekgejöweniň gulpagyndan gurtgyranyň gülünden taýýarlanan demlemeler degişlidir.

Bagyr we öt ýollarynyň kesellerinde ulanylyan derman ösümliklerinden taýýarlanan ýygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Carvi | 10,0 | (Tminiň miwesi) |
| | Cort. | Frangulae | 30,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Rad. | Althaeae | 30,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Fol. | Salviae | 30,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1-2 bulgurdan agşam täretiň äsiýetine görä ulanylýar. (Täret kadaly bolsa 1 bulgur, iç gatamada 2 bulgur).

Rp. Cort. Frangulae 20,0 (Garatikeniň gabygy)

Fol. Menthae piperitae 30,0 (Narpyzyň ýapragy)
Flor. Chamomillae 30,0 (Çopan telpegiň güli)
M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulguryny günüň dowamynda 2-3 gezekden içmeli.

## Öt daş keseli sebäpli aşgazanyň ýerine ýetirýän wezipesi bozulanda (dispepsiýa) bellenilýän ýygyndy:

Rp. Flor. Chamomillae 10,0 (Çopan telpegiň güli)

Cort. Frangulae 10,0 (Garatikeniň gabygy)
Fruct. Foeniculi 10,0 (Arpabadyýanyn miwesi)
Flor. Helichrysi 20,0 (Gurtgyranyň güli)
Fol. Menthae piperitae 20,0 (Narpyzyň ýapragy)
Herb. Millefolii 20,0 (Boybodranyň oty)
Herb. Absinthii 20,0 (Ajy ýowşanyň oty)
M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly, ertir we agşam 1 bulgurdan nahardan 30minut öň içmeli.

## Holesistitiň ýitileşmeginiň alamatlary ýüze çykanda bellenilýän ýygyndy:

Rp. Fol. Menthae piperitae 10,0 (Narpyzyň oty)

Herb. Absinthii 10,0 (Ajy ýowşanyň oty)
Flor. Helichrysi 10,0 (Gurtgyranyň gabygy)
Cort. Frangulae 10,0 (Gara tikeniň gabygy)
Rad. Taraxaci 10,0 (Tozganyn köki)
Rad. Rubiae tinctoriae 40,0 (Böwürsleniň köki)
M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we ertirine hem-de agşamyna 1 bulgurdan nahardan öň içmeli.

## Agyry aýyrjy we rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýan ýygyndy:

Rp. Herb. Chelidonii 50,0 (Demrewotynyň oty)

Fol. Menthae piperitae 50,0 (Narpyzyň ýapragy)

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we ertir-agşam 1 bulgurdan nahardan öň içmeli.

## 2. 6. Böwrek we peşew ýollarynyň keselleri

**Böwrek we peşew ýollarynyň keselleri barada umumy maglumat**. Böwregiň roly bedeniň işjeňlik hadysasynda emele gelýän jerhetleri bedenden çykarmakdan ybaratdyr.

Böwrekde peşew emele gelip, bu ýerde ol inçejik maýyşgak turbajyk – peşew akalga boýunça peşew halta gelýär we peşew çykaryjy akalga boýunça daşary çykarylýar.

Böwrek (olar jübütdirler) oňurgalygyň sag we çep taýynyň guşaklyk ulgamynda garyn perdejiginden daşarky kletçatkada ýerleşýär. Sagky böwregiň ýokarsynda bagyr, çep taýkysynyň ýokarsynda bolsa dalak ýerleşýär. Böwrek noýba şekilli bolup 10-12 sm. uzynlykda, agramy 150-170 g. aralygynda bolýar. Böwrek ýukajyk birleşdiriji dokuma örtügi we ýag dokumalarynyň galyň gatlagy bilen gurşalandyr.

Böwrek gan bilen ýeterlik üpjün edilýär we nerw süýümleri bilen gurşalandyr. Böwrek kesilende onuň daşky gabyk gatlagyny we içki beýni gatlagyny görmek bolýar. Gabyk gatlagynda şahalanýan böwrek arteriýasyndan emele gelýän böwrek bedenjiginiň ýumajygy ýerleşýär. Her bir ýumajygyň daşy ýörite örtük bilen gurşalandyr. Bu örtügi özboluşly süzgüç bilen deňeşdirse bolar: bu ýerde ganda toplanan beden üçin gerekmejek maddalar, böwrek bedenjiginiň ýumajyklary boýunça örtükden aýrylyp gaýdýan akalgalara duşýar. Akalgajyklar böwregiň gabyk we ýilik jisimlerine ýerleşendirler. Akalgajyklar ahyr soňy peşewiň ýygnanýan we peşew akalga açylýan ýeri bolan böwrek ýaprajygyna birikýär. Gan böwregiň üsti bilen üznüksiz geçip durýar (takmynan 1 min. 1 L), netijede bedeniň jerhetlerinden arassalanmasy bolup geçýär. Adatça jany sag uly adam gije-

gündizde 2 L. köp peşew  bolüp çykarýan däldir, ýöne suwuklyk köp içilende peşewiň mukdary artýar, gury-gurak iýlende bolsa peşew azalýar. Yssy howada onuň mukdary azalýar.

Böwrek işjeňligi merkezi nerw ulgamyň täsiri astynda bolup geçýär. Peşewiň bölünip çykmasy ol ýa-da buýanky nerw-psihiki  zor salynmalarda bozulup bilner. Aşa tolgunmaklyk  peşew saklap bilmezlige getirip bilýändir.

Peşew emele gelmegiň düýpden bozulmagyna anuriýa diýilýär (böwrege zeper ýetende, meselem, zäher bilen zäherlenende peşew emele gelmeginiň togtamagy). Peşewiň az bölünip çykmagyna oliguriýa  we  köp bölünip çykmagyna poliuriýa  diýilýär. Bu fiziologiki üýtgeşmeler böwrek we beýleki agzalaryň  hem-de ulgamlaryň kesellerinde  bolup biler.

Sagat adamlaryň peşewiniň dykyzlygy 1,017 – 1,024 aralygynda. Dykyzlygy pes  bolan peşewiň bölünip çykmagy - gipostenuriýa  diýilýär. Bu ýagdaý böwregiň ýerine ýetirýän işi bozulanda duş gelinýär.  Böwrek we peşew ýollarynyň keselleri köp dürli bolsalar-da, olar ýerli (inçekesel, dömme, peşew daş, piýelonefrit) we umumy (nefrit, nefroz) kesellere bölünýärler. Haýsy-da bolsa ýörite bir kesel üçin aýratyn häsiýetli  bolan alamatlar bilen bir hatarda peşew bölüp çykaryş agzalaryň kesselleriniň aglabasynda mahsus alamatlaryda bardyr.

Alawlama, böwrek daş, howply hilli dömme çişli we ş.m. keselli näsaglaryň guşaglyk ulgamynda agyrynyň bolmagy mahsusdyr. Agyry ýiti (böwrek sanjysynyň tutgaýynda) ýa-da sorkuldaýjy, üzniksiz (ötüşen alawlamalarda) bolup biler. Näsag ýygy bugşukmakdan, bugşygylanda peýda bolýan agyrydan, peşewde çökündiniň emele gelmeginden arz edip biler, meselem peşewde gan bolmagy (gematuriýa)  nefrit, sistit uretrit üçin mahsusdyr.

Gözegçilikde näsagda reňk agarmaklygy, çişi, ýüzi ýellenmekligi saýgarmak bolýar. Ýokarda belleýşimiz ýaly, peşewde patalogiki garyndylar bolup biler. Gematuriýadan

başga-da piuriýa (peşewde iriň bolmagy), albuminuriýa (peşewde proteiniň bomagy), bolýar.

Böwrek kesselleriniň gaýry alamatlarynyň içinde ýiti we ötüşen nefritde duş gelýän arterial basyşyň ýokary galmagy(arteriýal gipertenziýasy), şeýle hem göz düýbündäki üýtgemeler bellenip geçilmäge mynasypdyr. Ötüşen nefritde gipertenziýa zerarly ilkibaşda göz torjagazlarynyň gan damarlary gysylýarlar, soňabaka damarlaryň sklerozy emele gelýär.

## Glomerulonefritler

Bu böwregiň iki gapdallaýyn allergik düzümli diffuzlaýyn ýiti alawlamasy bolup, esasan böwrek bedenjiginiň ýumajygyna zeper ýetmeklikdir. Bu keseliň iki görnüşi bar: ýiti we ötüşen glomerulonefrit.

Ýiti glomerulonefritiň etiologiýasy we patogonezi. Bu keseliň etiologiýasyna basyk, iriňli otit, pnewmoniýa, alawlama ýagdaýlar degişli. Keseliň patogenezi allergik bolup-antigen antitela toplumynyň böwrek ýumajygynyň ownujak gan damarlarda berkemegidir.

Kliniki keşbi. Umumy gowşaklyk, kellagyry, bedeniň gyzgynlygy ýokarlanýar. Peşewde ganyň (gematuriýa) peýda bolmagy mümkin. Peşewiň reňki et ýuwundysynyňka çalym edýär. Näsagyň ýüzi çişýär, gabaklary ýellenip gözi gömülýär, (kapillýar syzyjylygyň artmagy zerarly süzülme hadysasynyň bozulmagyndan natriý hloridiniň we suwuklugyň dokumalarda saklanyp galmagy netijesinde), gipertenziýa (böwrek ownujak damarlaryň ýygrylmagy) ýüze çykýar.

Glomerulonefridiň geçiş akymynyň dürli görnüşleri: çiş agdyklyk etmegi bilen geçiji-nefrotik ýa-da arterial gipertenziýasy bilen geçiji-gipertoniýaly görnüşi bardyr. Kesel çalt ösüşe eýe bolup we agyr geçende, çiş diňe bir näsagyň ýüzüne ýaýraman, eýsem tutuş bedenine-de ýaýraýandyr. Arteriýal basyş düýpli ýokary galyp biler. Bu

ýagdaý birnäçe hepdä çekende ýürekde organiki üýtgeşmeler, (çepki mädejigiň gipertrofiýasy) ýüze çykyp, dem gysma, ýürek çalt urmak, göz düýbündäki üýtegemeler peýda bolup bilerler.

Keseliň ýaýbaňlanyş döwründe peşewiň mukdary gije-gündizde 250 ml. çenli azalyp bilner. Bu keselde peşew suwuklugynda gan bolmagy (gematuriýa), proteiniň bolmagy we peşewiň dykyzlygynyň peselmegi häsiýetlidir.

Bejergisi. Berk düşek düzgüni berjaý edip alawlamanyň öňüni almaly. Iýmit kadasyny saklamaly. Ilkinji hepdäniň dowamynda mürepbeli suw, üzüm şiresi, klukwanyň şireli içgisi, biraz süýjedilen maniý bulamagy, süýt bermeli. Içilýän suwuň mukdaryny çäklendirmeli. Nahar duzuny çäklendirmeli.

Çiş gaýdyşýança näsaga duzsyz nahar, süýji we gyjyndyryjy önümler bütinleý aýrylan (marinadlar) 7-nji belgili berhiz berilýär.

Derman serişdelerinden gipotenziw preparatlary (ýokary arterial basyşy peseldip): magniniň sulfatynyň 25% ergininiň 10 ml. beden etine göýberilýär. Glýükozanyň 40% ergininiň 20ml. wena damaryna göýberilýär. Keseliň öňüni almak üçin geçirilýän çäreler ilkinji nobatda bedendäki ötüşen alawlama ojagyna garşy göreşmekden ybarat. Bu ojaklar bolsa ötüşen tonzillit, gaýmorit, adneksit, dişiň çüýremegi we beýleki kesellerdir. Ýiti glomerulonefritiň seýrek bolmadyk halatlarynda öýken sowuklamasy we başga birnäçe, hususanda ýokanç keselleriň kesel çylşyrymlaşmasydygyny unutmak bolmaz.

Ötüşen glomerulonefridiň etiologiýasy we patogenezi.

Ýiti glomerulonefridiň öz wagtynda anyklanylmazlygy we bejerilmezligi, bejeriş çäreleriniň delilsiz goýbolsun edilmegi, lukmanlaryň belliklerininiň bozulmagy ötüşen glomerulonefride getirýär. Egerde ýiti glomerulonefritde näsagda başga bir ötüşen alawlama ojagy saklanyp galsa, hatda bejerginiň dürs alnyp gidilmeginde hem keseliň ötüşen görnüşe geçmeklik howpy döreýändir.

Böwrek ýumajygyndaky patologiki näsazlyklar, diňe bir alawlama üýtgemeleri bolmak bilen çäklenmän, eýsem bu ýerde birleşdiriji dokumalaryň-da örmekligi bolup geçýär. Bu hadysa akalgajyklaryň ýerleşýän bölegini öz içine alýar. Böwrek bürüşmekligi emele gelýär.

Kliniki keşbi. Ötüşen glomerulonefridiň alamatlary köp halatlarda ýiti glomerulonefridiň çiş, artelial gipertenziýasy, gematuriýa ýaly alamatlaryna meňzeşdir. Ýöne ötüşen glomerulonefridiň käbir mahsus aýratynlyklary-da bardyr. Hususanda peşewiň barlagy, onuň dykyzlygynyň peselýändigini görkezýär. Peşewde "Dänejimek silindr" diýip atlandyrylýan protein emele gelmeler tapylýar. Ýiti we ötüşen glomerulonefritleriň birnäçe geçiş taraplary bardyr. Ötüşen glomerulonefridiň arterial basyşynyň durnukly ýokary galmaklygy, ýürek ýetmezçiligi (ýürek çalt urmak, özüne fiziki zor salmalarda, soňa baka dynçlyk ýagdaýynda–da demiň gysmagy, çişiň ýaýramagy) bilen geçiji gipertoniýaly görnüşli gözegçilik edilýändir. Ötüşen glomerulonefridiň çiş agdyklyk etmegi bilen geçiji nefrozly (çişli) görnüşinde arterial basyş kadadan ýokary galmaýar, ýöne çiş mese-mälim bildirýändir.

Bejergi. Öz wagtynda geçirilmese, böwrek eklampsiýasy emele gelýär (esasanda, beýnä çiş ýöremegi zerarly). Bu patologiki hal güýçli kellagyry tutgaýy, gusmak, essi aýylmak, beden etiniň damarlaryň çekmesi arkaly ýüze çykýar.

Bejerginiň bozulmagynda we keseliň öňe ösüşlik geçiş akymynda näsagyň bedeniniň azotly jerhetler bilen zäherlenmegi netijesinde uremiýa ýüze çykyp biler. Azotly jerhetler böwrek işjeňliginiň bozulmagy zerarly bedenden öz wagtynda çykyp bilmeýärler.

Bu ýagdaýlarda näsagyň haly teňleşýär, damary çekýär, aňy garjaşýar, dili guraýar, agzyndan peşewiň ysy gelýär, çünki moçewina iýmit siňdiriş agzasynyň şirejimek örtügi arkaly bölünip çykarýar. Uremiýada gözüň görşi peselýär, we beden agzalarynyň köpüsine zeper ýetýär, MNU-da

näsazlyklar bolýar (tutgaýly) beden etiniň damar çekmesi, ukylylyk). Köplenç perikardit emele gelýär. Ganda azot galyndylarynyň köpelmegi - azotemiýa, şeýle-de asidoz, giperkaliýemiýa giponatriýemiýa kesgitlenýär.

Bejergisi. Ötüşen glomerulonefritiň esasy bejeriş kadalary ýiti glomerulonefridiňkä meňzeşdir.

Aşgar gipertenzion ýa-da çiş alamatlarynda düşek düzgüni berjaý edilmelidir. Alawlamadan gaça durmaklyk möhümdir, fiziki zor salynmalardan saklanmaly. Berhiz kadany berjaý etmeli nahar duzuny, proteinleri aşa köp
iýmekden gaça durmaly. Ýokary arterial basyşda gipoten-ziw serişdeler bilen bejergi bellemeklik maksada laýykdyr.

Uremiýada protein köp saklaýan önümler (ýumurtga, et) bermek bolmaýar.Bu ýagdaýda düzüminde köpräk uglewod saklaýan önümler bermeli.

Peşewiň düzümi kadalaşandan soň içine limon atylan we gara smorodinanyň şiresi goşulan süýjüli suw bermek peýdaly. Deriden üznüksiz bölünip çykýan moçewina gijilewuk döretmegi mümkindir.

**Fitopreparatlar bilen bejerilişi.** Glomerulonefridi bejermekde ulanylýan fitoterapewtiki serişdeler keseliň etiologiki, patogenetiki ýagdaýyna şeýle hem keseliň alamatlaryna täsir edýändir.

Basyk we laringofaringit kessellerini bejermekde agyz çaýkamak üçin derman ösümliklerden taýýarlanan ýygyndy ulanylýar. Meselem bidenegiň ýapraklaryny we çopantel-pegiň güllerini deň derejede garyp 1 çaý çemçesini 1 bulgur gaýnag suwda demlemeli we agyz çaýkamak üçin ulanmaly.

Ýene-de şu maksat üçin şeýle ýygyndy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 5,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 15,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Flor. | Chamomillae | 15,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Fol. | Salviae | 15,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 0,5 sagat demläp goýmaly we gyzgyn görnüşinde agyz çaýkamak üçin ulanylýar.

Glomerulonefritde bedeniň durnuklylygyny ýokarlandyr-mak we peşew kowujy we arterial basyşyny peseldiji täsiri ýüze çykarmak maksady bilen şu ýygyndy bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Ribes nigrum | 10,0 | (Gara smarodinanyň ýapragy) |
| | Fol. | Betulae | 10,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Juniperi | 10,0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Strobuli | Lupuli | 10,0 | (Hmeliň miwesi) |
| | Fol. | Uvae ursi | 20,0 | (Aýy gulagyň ýapragy) |
| | Fol. | Plantaginis majoris | 20,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |
| | Herb. | Eguiseti | 30,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Fol. | Vitis idacae | 20,0 | (Brusnikanyň ýapragy) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 30,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fruct. | Rosae | 40,0 | (It burunyň miwesi) |
| | Fruct. | Fragariae vescae | 60,0 | (Ýer tudanasynyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. Ýygyndynyň 5-6 g. 500 ml. gaýnan suw guýup, suwly hammamda 30 min gyzdyrmaly (gaýnatman) Demlemäni 150 ml. günde 3 gezek ýyly görnüşde nahardan 30 min oň içmeli. Soňra peşewiň bulançaklygyna gözegçilik etmeli. Gematuriýa ýokarlananda ýygyndydan meýdan kyrkbogunyny aýyrmaly.

Bokurdak çaýkamak üçin laringitde şeýle ýygyndy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 5,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rhiz. | Potentillae erecti | 15,0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |
| | Rad. | Althaeae | 15,0 | (Çerbiýäniň köki) |
| | Cort. | Quercus | 15,0 | (Dubuň gabygy) |
| | Fol. | Salviae | 15,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe bir bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we gyzgyn görnüşde bokurdak çaýkamak üçin ulanmaly.

Glomerulonefritde alawlama garşy allergiýa garşy, peşew kowujy häsiýeti ýüze çykarýan şeýle-de witaminleriň (A, C we B witaminleriniň toparynyň, we başgalaryň ) çeşmesi bolup hyzmat edýän fitopreparatlar ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Fragariae vescae | 10,0 | (Ýer tudanasynyň ýapragy) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 10,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fol. | Betulae | 20,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | | Sem Lini | 50,0 | (Zygyryň tohumy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe bir bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we nahardan öň günde 1-2 bulgurdan içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Semen | Lini | 40,0 | (Zygyryň tohumy) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rad. | Ononidis | 30,0 | (Polatlynyň ýapragy) |
| Fol. | Betulae | 30,0 | (Berýozanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe bir bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgaryny günüň dowamynda birnäçe bölege bölüp içmeli.

Ýiti we ötüşen glomerulonefrit giperazotemiýa alamatynda Lespenefril dermany bellenilýär. Bu preparat kösükliler maşgalasyndan bolan Lespedeza ösümliginiň spirtli tinkturasydyr. Ony 1-2 çaý çemçeden (agyr ýagdaýlarda 6 çaý çemçeden) günde bellenilýär. Ýa-da bu preparatyň sanjym üçin niýetlenen görnüşleri ulanylýar.

Mundan başga-da glomerulonefridi bejermekde şu ýygyndylar bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Eguiseti | 10,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Fruct. | Rosae | 15,0 | (It burunyň miwesi) |
| | Fol. | Plantaginis | 15,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |
| | Herb. | Millefolii | 10,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Flor. | Calendulae | 20,0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| | Herb. | Bidens tripartitae | 5,0 | (Üc bölek goşa dişiň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we demlemäni 1/4 -1/3 bulgurdan günde 3-4 gezek, ötüşen glomerulonefritde içmeli.

Ötüşen glomerulonefridiň gematuriýaly görnüşinde düzüminde çit-çitiniň ýapragyny saklaýan ýygyndylaryň demlemesi ulanylýar.

**Piýelonefrit.** Piýelonefrit – bu esasan böwregiň interstistal dokumasy-nyň we böwrek ýargajygynyň alawlamasydyr. Bu kesel ýokary çykyjy kesel döredijiniň, köplenç, kokkileriň peşew çykaryjy akalganyň, peşew haltanyň alawlamasynda, şeýle hem, aşak düşüji ýokanç kesel döredijiniň gan damarlary we limfatik ýollar boýunça aralaşmagy (bedendäki islendik alawlama ojagyndan) zerarly döräp biler. Allergiýa itergi beriji sebäp bolup hyzmat edýändir. Yiti piýelonefrit fiziki aşa dartgynlygyň, alawlamanyň täsirinden örän çalt ýaýbaglanýandyr.

Kliniki keşbi. Bedeniň gyzgyn görkezijisi ýokary galýar, näsag umumy gowşaklykdan, nähoşlukdan arz edýär,

guşaklykda agyrynyň peýda bolmagy, bu keseliň baş alamatydyr. Näsag ýygy buşugýar. Peşew bulançak bolup, onda köp sanly leýkositler anyklanýar.

Bejergisi. Näsag düşek düzgünini berjaý edip, 7-nji berhiz bilen iýmitlenmeli. Bulardan başga-da, näsaga, köp mukdarda adaty içilýän suw, mineral suwlar, şireli içgi we miwe suwlary bellenýär.

Peşewiň suwuklygynyň tejribe barlagy geçirilip, bakterial gelip çykyşy tebigaty anyklanylandan soň, antibiotikler bellenilmelidir.

**Piýelonefritiň fito preparatlar bilen bejerilşi** Piýelonefritli näsaglara klýukwanyň morsy, şireler hem-de peşew kowujy we antiseptiki täsirli derman ösümlikleriň demlemeleri bellenilýär. Şeýle täsiri ýüze çykarýan derman ösümlikleriniň ýygyndylaryndan taýýarlanan çaýlara şu aşakdakylar degişlidir:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Betulae | 10.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fol. | Uwae ursi | 10.0 | (Aýy gulagyňýapragy) |
| | Herb. | Eguiseti | 10.0 | (Meýdan kyrkbogynyň oty) |
| | Rad. | Taraxaci | 10,0 | (Tozganyň köki) |
| | Fruct | Juniperi | 10,0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Fol. | Vitis idaeae | 20,0 | (Brusnikanyň ýapragy) |
| | Sem. | Lini | 20,0 | (Zygyryň tohumy) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 10,0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 150 ml-den günde 4 gezek nahardan 30 min öň içmeli..

Bu ýygyndynyň demlemesi antibakterial serişdeler bilen utgaşdyryp ulanmaly

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Juniperi | 60,0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 minut gaýnatmaly we 1/3-1/4 bulgurdan günde 3 gezek peşew kowujy serişde hökmünde içmeli. (Göwrelilikde, böwrek we peşew ýollarynyň ýiti alawlama kesellerinde ulanmak gadagandyr).

Alawlama hadysasy geçenden soň, keseliň gowşan halatynda, antibakterial preparatlary ulanmagy bes etmelidir. Näsaglara klýukwanyň şiresini günde 1 bulgurdan 4 gezek we metioniniň gerdejigini 0,5 g-dan 4 gezek bellemeli. Şeýle utgaşdyrma bagyrda gippur turşusynyň sintezini üpjün edýär. Gippur turşusy peşewiň düzüminde böwrek bilen bölünüp çykyp, piýelonefriti emele getirýän kesel döredijilere bakteriostatiki täsir edýär.

Piýelonefritde bakterial kesel döredijä garşy we bedeniň daşky gurşawa durnuklylygyny artdyrmak üçin bellenilýän ýygyndylar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Uwae ursi | 20,0 | (Aýy gulagyň ýapragy) |
| | Fol. | Plantaginis majoris | 20,0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |
| | Fol. | Ribes nigrum | 10,0 | (Gara smarodinanyň ýapragy) |
| | Fol. | Betulae | 10,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fruct. | Juniperi | 10,0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Fol. | Urtical dioicae | 30,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fruct. | Rosae | 60,0 | (It burunyň miwesi) |
| | Fruct. | Fragariae versae | 60,0 | (Ýertudanasynyň miwesi) |
| | Herb. | Equiseti | 60,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 minut gaýnatmaly we 150 ml-den günde 3 gezek 30 min nahardan öň ýyly görnüşinde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Equiseti | 30.0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Rhiz. | Potentillae | 30.0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |
| | Fol. | Plantaginis | 40.0 | (Uly atgulagyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 minut demlemeli we 1/3-1/4 bulgurdan, günde 3-4 gezek, böwregiň we peşew ýollarynyň alawlama kesellerinde agşamlaryna ýyly görnüşinde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Leonuri | 25,0 | (Şirguyrugyň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 25,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Violae tricolor | 25,0 | (Benewşäniň oty) |
| | Herb. | Equiseti | 25,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 minut gaýnatmaly we 2-3 bulgurdan günde içmeli.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct | Juniperi | 25.0 | (Arçanyň miwesi) |
| | Fol. | Betulae | 25.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Rad. | Taraxaci | 25.0 | (Tozganyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 minut demlemeli we 1 nahar çemçeden günde 3 gezek nahardan öň içmeli. Bejerginiň dowamlylygy her aýda 10-12 gün.

Piýelonefritde antibakterial bejergini goldaýan ösümlik ýygyndylary bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Equiseti | 1 çaý çemçe | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Fruct | Juniperi | 1 nahar çemçe | (Arçanyň miwesi) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 1 nahar çemçe | (Buýanyň köki) |
| | Fol. | Uwae ursi | 1 çaý çemçe | (Aýy gulagyň ýapragy) |
| | Fol. | Vitis idaeae | 1 nahar çemçe | (Brusnikanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 3 nahar çemçe derman sümlikleriniň garyndylaryny 3 bulgur suw bilen garyp, hammamda 10 min gyzdyrmaly. Demlemäni 1 nahar çemçeden günde 3 gezek nahardan öň içmeli. Bejergini 1-1.5 ýyl dowam etdirmeli.

## Böwrekdäki daş keseli

Böwrek daşlary adam bedeninde bolup geçýän madda çalyşma (duz, mineral) hadysalarynyň bozulmagy, iýmit bidüzginçiliginiň (her gün şol bir iýilýän tagamlar, naharyň aşa köp iýilmegi, etli iýmitlere, gyzyl şeraba ýykgyn edilmegi), awitaminozyň, hususan-da, A awitaminozyň, böwrek ýargajygyndaky dykyn almak hadysasy netijesinde döräp bilýändir. Peşew dykyn almasynda daş emele gelmekligiň düýp özeni hasap edilyan peşew turşusynyň duzlary (uratlar) kristallaşyp bilýändirler.

Böwrek daşlarynyň düzümi dürli-dürlüdir. Daşlaryň dykyzlygy we reňki olaryň düzümine baglydyr. Meselem, oksalat daşlarynyň reňki garamtyl-goňrasdyr, üsti büdür-südür we gatydyr. Fosfat daşlary (uratlar) sarymtyl-gyzgylt, ýylmanak, oksalat daşlaryna görä ýumşakdyrlar. Böwrek

daşlary sany boýunça ýeke-täk ýa-da ençeme (100-e çenli, hat-da ondan hem köp sanly), ululygy boýunça çäge dänejiginden tä uly ýumurtga ýaly bolup bilýärler.

Daş döremeklige itergi beriji çalyşma hadysalarynyň bozulmagy neýroendokrin näsazlyklar bilen bagly bolup bilerler.

Kliniki keşbi. Köp ýyllaryň dowamynda daşlaryň bardygy ýüze çykman hem bilýändir. Böwrek sanjysynyň tutgaýy: guşaklygyň sagynda we çepinde döreýän hem-de gasyk ulgamyna beriji güýçli agyry - bu keseliň baş alamatydyr. Hassanyň gusmaklygy, hat-da çaşmaklygy hem mümkin. Peşewde gan we täzeje eritrositler ýüze çykyp biler.

Böwrek sanjysy içinden daş geçende, peşew akalganyň gyjyndyrylmagy bilen baglanyşyklydyr. Özüni fiziki zor tutmak, bitekiz erden ulagly gitmek, zeperlenme böwrek sanjsynyň ýüze çykmagyna gös-göni itergi berip biler.

Böwrek sanjysy uzaga çekip biler ýa-da daş peşew haltasyna süýşüp gelen bolsa (adatça, olar kiçiräk we ýylmanak), böwrek sanjysy basym gowşaýar(2-3 sagatdan). Eger-de, daş böwrek ýargajygynda saklanyp galsa we töwerekdäki dokumany gyjyndyryp durýan bolsa, ol ýerde özüniň ahli mahsus alamatlary bilen alawlama hadysasy (piýelit we piýelonefrit) emele gelip biler. Beýle bolanda, gaty bir güýçli bolmasa-da, guşaklyk ulgamynda agyry duýulýar, beden gyzgynlygynyň görkezijisi ýokarlanýar, käte peşewde gandan başga-da iriň hem görünýär. Peşew bölünip çykyşynyň bozulmagy bilen baglylykdaky alamatlaryň hem ýüze çykmagy mümkindir, käte garyn hem ýellenýär.

Guşaklyk ulgamyna seredilip görlende, onuň ol ýa-da beýleki gapdalynda agyry peýda bolýar. Peşew akalgasyna daş dykylanda bolsa, ýygnanan peşew böwrek ýargajygyny süýndirip, gidronefroz emele getirip biler. Şeýle ýagdaýda, ulalan böwregi elläp görmek ýoly bilen kesgitlemek başardýar.

Bejergisi tutgaý aralygyndaky döwürde näsaga degişli berhizi kesgitlemelidir. Bu maksat üçin, daşlaryň düzümini

kesgitleýärler. Fosfat daşlarynda peşewiň aşgar täsirleşmesinde kömürturşy minerally suwlary bermek bolar, iýmitde bolsa, gök önümler artdyrylyp, etiň mukdary çäklendirilýär. Iýmitde ýeňil siňýän her dürli we doly bahaly proteinler, uglewodlar, ýaglar, witaminler bolmalydyr. Näsag köp hereketde bolmalydyr, maşklar bilen meşgullanmalydyr we suwuklyklaryň ýeterlik mukdaryny kabul etmelidir.

Böwrek sanjysy tutanda, ýyly hammamlary, gyzgyn suwly gyzdyryjyny peýdalanmak maslahat berilýär.Berhiz tutmak daşyň düzümi bilen baglydyr.

Eger peşewturşy daşlar (uratlar) bar bolsa, iýmitde çorbanyň mukdaryny azaltmaly, böwrek iýmegi çäklendirmeli. Fosfat daşlary aşgar ulgamynda emele gelýär. Bu daşlar bar bolsa, süýt önümlerini, miweleri, gök önümleri iýmegi çäklendirmeli. Oksalat daşlary bar bolsa, turşuja ysmanak we beýleki gök önümleri çäklendirmeli.

Böwrek daş keselinde berhiz saklamak bilen bir hatarda, köp mukdarda (her gün 8-10 bulgur) suwuklyk içmeli. Dermanlardan bakteriýalara garşy, spazmolitiki, peşew kowujy preparatlary, şeýle hem, içegede duzlaryň sorulşyny peseldip, olary peşew suwuklygy boýunça çykarmagy üpjün edýän derman serişdeleri ulanylýar.

Böwrek daş keselinde fitoterapewtiki serişdeler giňden ulanylýar. Böwrek daş keselinde ulanylýan derman önümlikleriniň preparatlary madda çalşygyny kadalaşdyryjy derman serişdeleridir. Böwrek daş keselinde, fitopreparatlar, bejergi we keseliň öňüni alyjy serişdeler hasaplanýar. Çöp boýanyň gury ekstrakty spazmolitiki, peşew kowujy hem-de fosfatlary, magnini saklaýan peşew daşlaryny ownadyjy täsirleri ýüze çykarýar. Onuň günde 2-3 gerdejigini (0,25 g) 0,5 bulgur ýyly suw bilen 3 gezek içmeli.Bejerginiň dowamlygy 20-30 gün.

Toplumlaýyn preparat olimetin spazmolitiki peşew kowujy, alawlama garşy täsiri ýüze cykarýar we owunjak daşlary peşew bilen çykarýar. Örtük görnüşinde (0,5 g) ol, günde 2 örtükden, 3-5 gezek, nahardan öň içilýär. (Preparaty

glomerulonefritde, gepatitde, aşgazanyň baş keselinde ulanmak gadagan)

Awisan preperaty diş amminiň miwesiniň maddalar toplumyny saklaýar. Preparat böwrek daş keselinde spazmolitiki täsiri ýüze çykarýar we daşlaryň çykarylmagyny üpjün edýär. Preparaty, günde 2 gerdejikden (0,1 g), 4 gezek nahardan soň, 4 hepdäniň dowamynda içmeli.

Pinabin. Sosnanyň püründen alnan agyr fraksiýaly efir ýagynyň 50%-i şetdaly ýagyndaky ergini. Preparatyň spazmolitiki we bakteriostatiki täsiri bar. Ony 5 damjadan ganda damdyryp, günde 3 gezek, 20 minut nahardan öň içmeli. (Nefritde bu preparaty ulanmak bolmaýar.)

Sistenal spazmolitiki we peşew kowujy täsiri ýüze çykarýar. Ony 4 damja ganda damdyryp, günde 3 gezek içmeli. Preparaty ötüşen glomerulonefritde, peşew daş keselinde, aşgazanyň baş keselinde ulanmak bolmaýar.

Peşew ýollarynyň alawlama kesellerinde bakteriaýalara garşy serişdeleri bellemek bilen bilelikde, meýdan kyrkbogunynyň otunyň gaýnatmasy hem günde 1/4 bulgurdan 3-4 gezek bellenilýär. Gaýnatmany glomerulonefritde ulanmak gadagan.

Peşew ýollarynyň daşlarynda spazmolitiki, antiseptiki we peşew kowujy täsiri ýüze çykarýan ýygyndy:

Rp. Fol. Urticae dioiae 5,0 (Çit-çitiniň ýapragy)
Rhiz. Calami 5,0 (Süýji ýekeniň porrugy)
Fol. Menthae piperitae 5,0 (Narpyzyň ýapragy)
Herb. Equiseti 15,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)
Flor. Sambuci 15,0 (Buzinanyň güli)
Flor. Tiliae 15,0 (Lipanyň güli)
Fruct. Juniperi 15,0 (Arçanyň miwesi)
Fruct. Rosae 15,0 (Iitburunyň miwesi)
M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulguryny ertirine we agşam içmeli.

Rp. Herb. Equiseti 10,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)
Flor. Tanaceti 10,0 (Piħmanyn güli, tanasetumyň)

Fol. Vitis idaeae 20,0 (Brusnikanyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe bir bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgyrdan etirine we agşam içmeli.

Rp. Fol. Betulae 20,0 (Berýozanyň ýapragy)

Rad. Ononidis 20,0 (Polatlynyň köki)
Fruct. Juniperi 20,0 (Arçanyň miwesi)
Herb. Protentillae anserinae 20,0 (Gaýtarmanyň oty)
M.F.spec. D.S. ýygyndynyň 4 nahar çemçesini 1 litr gaýnag suwa demläp, sowaýança basyryp goýmaly we şol pursat içmeli. Şeýle-de peşew bölünip çykmasyny saklajak bolmaly. (Ýygyndyny glomerulonefritde ulanmak gadagan).

Rp. Fruct. Petroselini 50,0 (Arpabadyýanyň miwesi)

Fruct. Anisi 50,0 (Anisiň miwesi)
Herb. Bursae pastoris 15,0 (Çopan torbanyň oty)
Fruct Juniperi 15,0 (Arçanyň miwesi)
Fol. Uvae ursi 15,0 (Aýy gulagyň ýapragy)
Rad. Ononidis 15,0 (Polatlynyň köki)
Rad. Taraxaci 15,0 (Tozganyň köki)
M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 burguldan ertirine we agşam içmeli.
Böwrekden ürgün we daş çykarmak üçin bellenilýän ýygyndy

## Oksalat tebigatly daşlar bar bolsa, ulanylýan ýygyndy:

Rp. Rad. Rubiae tinctorum 10,0 (Çop boýanyň köki)
Rad. Ononidis 20,0 (Polatlynyň köki)
Sem. Lini 40,0 (Zygyryň tohumy)
M.F.spec. D.S. ýokardaky ýygyndynyň 4 nahar çemçesini 1 litr gaýnag suwa demläp basyryp goýmaly we sowandan soň, süzüp, bir günde içmeli.

## Böwrek keselinde ulanylýan we alawlama garşy täsiri ýüze çykarýan ýygyndy:

Rp. Fol. Uvea ursi 10,0 (Aýy gulagyň ýapragy)

Herb. Polygonii avicularis 10,0 (Suw kyrkbogynyň oty)
Herb. Herniariae 20,0 (Ingilijäniň oty)
Stigmatis Maydis 10,0 (Mekgejöweniň gulpagy)
M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 minut demläp goýmaly we 1/4 bulgurdan, günde 3-4 gezek, nahardan 1 sagat soň içmeli.

Rp. Herb. Chelidonii 25,0 (Demrewotynyň oty)

Herb. Hyperici 10,0 (Jerebaýyň oty)
Herb. Thymi Serpylli 25,0 (Käkilik otynyň oty)
M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 minut demläp goýmaly we 1 litrini sowandan soň içmeli

Rp. Fruct. Petroselini 5,0 (Arpabadyýanyň miwesi)

Fruct. Juniperi 5,0 (Arçanyň miwesi)
Fruct. Anici 5,0 (Anisiň miwesi)
Flor. Convallariae 30,0 (Landyşyň güli)
Fol. Betullae 30,0 (Berýozanyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 minut demläp goýmaly we 1/3 bulgurdan, günde 3 gezek, nahardan 1 sagat soň içmeli. (Glomerulonefritde ulanmak gadagan).

## Böwrek daş keselinde ulanylýan peşew kowujy täsiri ýüze çykarýan gök önümler we miweler

**Garpyz** - böwrek daş keselinde, sistitde, glomerulonefritde we piýelonefritde ulanylýar, şeýle-de bedende suwuklyk ýygnanan näsaglara 2-2,5 kg garpyz iýmek bellenilýär. Garpyzy böwrek daşlarynyň urat, oksalat görnüşlerini, peşew turşy duzlarynyň çöküdili sistein urolitiazyny bejermekde ulanylýar.

**Kelem** - düzüminde kaliý ionlaryny saklaýandygy sebäpli, bedenden suwuklyk çykaryp, peşew kowujy täsiri ýüze çykarýar.

**Tokaý ýer tudanasy** - ýapraklarynyň, miwesiniň demlemesi peşew kowujy serişde hökmünde ulanylýar.

**Adaty zirk** - ýapraklarynyň, miwesiniň demlemesi peşew kowujy we alawlama garşy täsiri ýüze çykarýar.

**Armyt** - şiresi, miwesiniň gaýnatmasy peşew daş keselinde peşew kowujy täsiri ýüze çykarýar.

**Gawun** - maňyzy we çigidi peşew kowujy täsiri ýüze çykarýar.

Meýdan kyrkboguny we gara çaýyr, berýoza, arça we ş.m. hem ulanylýar.

## Sistitler

Sistitler-peşew haltanyň alawlama keselidir. Bu keseli doredijiler: içege taýajygy, stafilakokk, streptokokk, proteý we ş. m. Peşew halta ýokanç kesel döredijiniň düşmek ýollary dürlüdir (urogen, renal, limfogen, gematogen). Bu keseli emele getiriji sebäpler bolup: peşew haltanyň arassalanşy, boşadylşy, ýerli gan aýlanşygynyň bozulmagy, alawlamak, peşew haltanyň nemli bardasynyň himiki maddalar bilen gyjyndyrylmagy, ýadawlyk sebäpli bedeniň daşky gurşowa durnuklylygynyň peselmegi, keselden soň, süýji diabet keseli bilen kesellemek we ş m. bilerler.

Bejergisi: Sistitiň toplumlaýyn bejergisi geçirilende bakterialara garşy, spazmolitiki, agyry aýryjy, alawlama garşy täsiri ýüze çykarýan serişdeler bilen bir hatarda, bedeniň ýerli we umumy işjeňligini ýokarlandyryjy serişdeler bellenilýär. Şeýle häsiýetler derman ösümlikeriň preparatlaryna-da mahsusdyr. Olar esasan-da ýygyndy görnüşinde ulanylýar .

Antiseptiki alawlama garşy rahatlandyrjy we peşew kowujy täsiri ýüze çykarýan fitoterapewtiki serişdeler:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. | Uvae ursi | 20.0 | (Ajy gulagyn yapragy) |
| | Fol. | Betulae | 20.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Stigmatis | Maýdis | 20.0 | (Mekgejöweniň gulpagy) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 20.0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur suwda gaýnatmaly we 1/3 bulgurdan günde 3 gezek nahardan coň içilýär.

Sistitde spazmalitiki, alawlama garşy agyry aýryjy seriş-de hökmünde, esasan hem, peşewiň aşgar täsirleşmesinde ulanylýan ýygyndy:

Rp. Fruct. Petroselini 10.0 (Badyýanyň miwesi)

Herb. Chelidonii 10.0 (Demrew otynyň oty)
Fol. Uvae ursi 40.0 (Aýy gulagyn ýapragy)
Herb. Herniariae 40.0 (Ingilijäniň oty)
M.F.spec. D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur suwda gaýnatmaly we 1/2 bulgurdan günde 3-4 gezek nahardan 1.5-2.0 sag. soň içmelidir.

Ürgünli we aşgarly peşewde bellenilýän we spazmolikiki, peşew kowujy täsirli ýygyndy:

Rp. Herb. Herniariae 10.0 (Ingilijäniň oty)

Fruct. Petroselini 10.0 (Badyýanyň miwesi)
Fol. Menthae piperitae 10.0 (Narpyzyň ýapragy)
Rad. Ononidis 30.0 (Polatlynyň köki)
Fol. Uvae ursi 40.0 (Aýy gulagyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we 1/3 bulgurdan günde 3 gezek içmeli.

Aşgarly peşewde we diurezde ulanylýan ýygyndy:

Rp. Herb. Herniariae 20.0 (Ingilijäniň oty)

Fruct. Petroselini 20.0 (Badyýanyň miwesi)
Fol. Uvae ursi 60.0 (Aýy gulagyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda demlemeli we 1/3 bulgurdan günde 3 gezek nahardan öň içmeli

Gemorragiki sistitde ulanylýan ýygyndy:

Rp. Herb. Equiseti 30.0 (Meýdan kyrkbogynyň oty)

Rhiz. Potentillae 30.0 (Gaýtarmanyň porrugy)
Fol. Plantaginis 40.0 (Atgulagyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we gyzgynlygyna 1 bulgurdan agşam içmeli.

Aşgarlaýjy peşewde we gematuriýada bellenilýän ýygyndy:

Rp. Flor. Tiliae 20.0 (Lipanyň güli)

Cort. Quercus 20.0 (Dubuň gabygy)
Fol. Uvae ursi 20.0 (Aýy gulagyň ýapragy)
M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we gyzgynlygyna 1 bulgurdan agşam içmeli.

## Peşew ýollaryny dezinfisirleýji we peşew kowujy täsirli ýygyndy:

Rp. Herb. Equiseti 20.0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)

Flor. Ghamomillae 20.0 (Çopan telpegiň güli)
M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we 3 bulgurdan täze taýýarlanan gyzgyn ýagdaýda içmeli.

## Böwrek we peşew ýollarynyň kesellerinde ulanylýan fitoterapewtiki-diuretiki täsirli dermannamalar

Rp. Herb. Equiseti 20,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)

Herb. Virgaureae 15,0 (Solidagonyň oty (Zolotaznik))
Fol. Betulae (Berýozanyň ýapragy)
Herb. Urticae aā 30,0 (Çit-çitiniň oty)
M.F.spec.D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suw bilen demlemeli. Günde birnäçe bulgur içmeli. (Böwregiň ýiti gaýnaglamasynda ulanmak maslahat berilmeýär).

Rp. Fruct. Juniperi 60,0 (Arçanyň miwesi)

Fruct. Foeniculi (Arpabodyýanyň miwesi)
Rad. Liquiritae aa 20,0 (Buýanyň köki)
M.F.spec.D.S. 1 caý çemçe 1 bulgur gaýnak bilen 10 min gaýnatmaly. Günde birnäçe bulgur içmeli. (Nefrit keselli näsaglara, göwrelilere ulanmak maslahat berilmeýär).

Rp. Fol. Uvae ursi 30,0 (Aýy gulagyň ýapragy)

Flor. Cyani (Gök daş kekranin güli)
Rad. Liquiritia aa 10,0 (Buýanyň köki)

M.F. D.S. spec. 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnag suw bilen 10 min gaýnatmaly. Sowadyp süzmeli. Günde 1 nahar çemçeden 3-4 gezek nahardan öň içmeli.

Rp. Fol. Uvae ursi 30,0 (Aýy gulagyň ýapragy)

Fol. Vitis idaei (Brusnikanyň ýapragy)
Herb. Equiseti aā 50,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)
Sem. Lini 40,0 (Zygyryň tohumy)
Fol. Betulae 20,0 (Berýozanyň ýapragy)
M.F.spec.D.S. 2 nahar çemçe ýygyndyny 500 ml gaýnag suw guýup 10 min demlemeli. Günde 4 gezek 50 ml içmeli.

Rp. Fruct. Juniperi (Arçanyň miwesi)

Fruct. Petroselini aā 10,0 (Badyýanyň miwesi)
Herb. Virgaureae 30,0 (Solidagonyň oty (zolotarnik))
M.F.spec. D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suw bilen 30 min demlemeli. Günde 3 bulgur içmeli.

Rp. Herb. Equiseti 30,0 (Meýdan kyrkbogunynyň oty)

Herb. Polygoni avic 40,0 (Suw kyrkbogynyň oty)
Herb. Galeopsidis 20,0 (Pikulnigiň oty)
M.F.spec. D.S. 3 nahar çemçesiini 500 g gaýnag suw bilen 30 min demlemeli. Gije-gündizki mukdary owurtlap içmeli.

Rp. Rad. Taraxaci (Tozganyň köki)

Fol. Betulae (Berýozanyn ýapragy)
Fruct. Juniperi aā 25,0 (Arçanyň miwesi)
M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe garyndyny 1 bulgur gaýnag suw bilen demläp goýmaly. Sowadyp, süzmeli. Günde 1 nahar çemçeden 3-4 gezek nahardan öň içmeli. (Peşew kowujy serişde).

## 2.7. Madda çalşygynyň bozulmalarynda ýüze çykýan keselleriň fitoterapýasy

Semizlik. **Semizlik has giň ýaýran kesel bolup, madda çalşyk hadysanyň çuňňur bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Semizligiň ösmegine birnäçe içki we daşky sebäpler täsir edýär. Ol bedeniň metaboliki hadysalarynyň has üýtgemegi, energetiki disbalans, madda çalşygynyň merkezi sazlaşygynyň bozulmagy, gormonal bozulmalar we enzim dizadaptasiýasy bilen häsiýetlendirilýär.**

Bu keseliň toparlara bölünişi:

I. Semizligiň birlenji görnüşi:

1) Alimentar – konstitusion
2) Neýroendokrin:

a) Gipotalamo-gipofizar semizlik

b) Adipozo-genital distrofiýa (çagalarda we ýetginjeklerde)

II. Semizligiň Ikilenji (simptomatiki) görnüşi:

1. serebral
2. Endokrin

1) Gipotireoid

b) Gipowarial

w) Klimaksly

g) Böwreküstli.

Semizlik derejeleri:

I – bedeniň agramy adatkysyndan 29%-den öte geçmeli däldir;

II – bedeniň agramynyň artykmaçlygy 30-49% ýetýär;

III – bedeniň agramynyň artykmaçlygy adatkysyndan 50-99,9%-den öte geçýär;

IV – bedeniň hakyky agramynyň artykmaçlygy 100% we ondan hem köpdür.

Bularyň içinde iň ähmiýetlisi alimentar-konstitusion görnüşidir.

**Alimentar – konstitusion semizligiň patogenezinde – esasy zat bedeniň doglyş aýratynlygy bolup, ol alimentar ýagdaýlar tarapyndan amala aşyrylýar. Käbir adamlarda çagalykda dolmuşlyk we işdäniň ýokary bolmagyna ýykgynlylyk, birnäçe aýallarda bolsa, semizlik, çaga dogurandan soň ýüze çykýar. Gipotalamus – gipofiz ulgamy tarapyndan üýtgemeler, çagalyk döwründe artykmaç emdirilmegi bilen baglanyşykly; – ikilenji sebäp hökmünde hem bolup biler, bu bolsa, enzim we gormonal işjeňligiň bozulmagyna, şonuň bilen baglanyşykly hem gipotalamo-gipofizar ulgamynyň işjeňliginiň zeperlen- megine getirýär.**

Semizligiň patogenezinde işdäni sazlaýan iýmit-nerw merkeziniň ýokary gyjyndyryjylygy hem kesgitli orny eýeleýär. Işdäniň ýokarlanmagyna agyz boşlugynyň tagam biliş reseptorlarynyň gyjyndyrylmagy hem täsir edýär. Iýmit merkeziniň gyjyndyrylmagynda gandaky gandyň mukdarynyň peselmegi esasy ähmiýetli bolup, ol uzak wagtlap iýmit iýilmedik ýagdaýynda, şeýle hem insuliniň işjeňliginiň ýokarlanmagy bilen baglydyr.

Semizligiň patogenezinde – ýag dokumasynyň özünde madda çalşygynyň bozulmagy bolup geçýär. Prolaktin gormony, şeýle hem alkogol içgileri we $B_1$witamin, uglewodlardan, ýaglaryň emele gelmegini güýçlendirýär.

**Aşgazanasty mäziniň insulýar apparatynyň işjeňliginiň ýokarlanmagy lipogenez hadysasyny güýçlendirip, semizligiň – dinamiki fazasynda bedeniň agramynyň artmagyna getirýär. Galkan şekilli mäzde bolsa, onuň işjeňliginiň peselmegi netijesinde – ýag deposyndan ýaglaryň çykmagy togtaýar we bagyrda onuň okislenmegi hem bolmaýar.**

Ekzogen sebäplerden semizlige täsir edýän – aşa köp iýmeklikdir, esasanam hem uglewodly iýmitler, ajy iýmitler, alkogol içgileri, şeýle hem iýmitlenmek düzgüniniň fiziki zähmet bilen utgaşdyrylmagynyň gatnaşygy bozulanda (az hereket bilen) ýüze çykyp bilýär.

Bejerilişi. Bejerginiň esasy usuly – berhiz saklamakdyr. N8-nji berhiz belenilýär (proteinler 120-130 g, ýaglar – 80 g, onuň 2/3 bölegini ösümlik ýagy tutmaly, uglewodlar 120 g, umumy kaloriýalylygy 1800 kkal). Eger bu berhiz ýeterlik bolmasa, onda N8a berhizi bellemelidir. Onuň üçin, ýokarkylardan daşary, hepdede 1-2 gezek agram salma günleri (proteinli, ir-iýmişli, gök önümli) geçirilýär.

Açlyk duýgusyny aýyrmak üçin näsaglara az kaloriýaly iýmit maddalaryny ýygy-ýygydan iýmeklik maslahat berilýär, şonda, gysga wagtyň içinde, birden horlanmaga ymtylmaly däldir. Eger bir aýyň dowamynda horlanmak 500-1000 g, has aşa semizlikde 2-3 kg bolsa, şol iň gowy amatly horlanma diýlip hasap edilýär.

Toplumlaýyn terapiýadan – bejergi maşklar, suw bilen bejermek usullary we fizioterapiýa maslahat berilýär.

Işdäni peseldýän derman preparatlary ulanylanda seresap bolmaly, sebäbi, goşmaça täsirleriň we agyrlaşmalaryň bolmagy mümkin.

Uglewod çalşygyny sazlamak üçin biguanidler (glibutid ýa-da adebit, metformin, fenfluramin we başg.) ulanylýar. Seýle hem tiriodin ýa-da triýodtironin ulanmak bolar.

Patogenetiki terapiýada – ýag dokumasynda okislenme hadysasyny ýokarlandyrmak üçin çäreler hem ähmiýetlidir.

Ýag dokumasynda, metaboliki inertliligi peseltmek üçin witamin $B_6$ (100 mg günde 1 gezekden etiň içine 3-4 hepdäniň dowamynda) we askorbin turşusy (2 ml 5% erginini etiň içine 3 hepdaniň dowamynda) bellenilýär.

Fitopreparatlardan – semizlikde horlanmak üçin ýygyndylar ulanylyp, olar öt çykaryjy, içegede iýmitiň sorulmagyna täsir ediji, madda çalşygyna we işdä täsir ediji we berhiz üçin täsiri bardyr.

Işdäni peseltmek we semizligiň öňüni almak üçin, mekgejöweniň gulpagynyň ekstrakty ulanylýar, ony nahardan öň günde 2-3 wagtyna 30-40 damjadan, onuň demlemesini ýa-da gaýnatmasyny bolsa, nahardan öň günde 4-5 wagtyna 1 nahar çemçeden kabul etmeli.

Peşew çykaryjy we iýmit siňdirişi gowulandyryjy, gowşadyjy täsirli ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Frangulae | 60,0 | (Gara tikeniň gabygy) |
| | Rad. | Taraxaci | 20,0 | (Tozganyň köki) |
| | Fruct. | Petroselini | 20,0 | (Badyýanyň miwesi) |
| | Fruct. | Foeniculi | 20,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 0,5 l gaýnag suwda 30 minut demlemeli we iki bulgurny ertirine içmeli.

Madda çalşygyny sazlaýan ýygyndy:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Foeniculi | 15,0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| | Flor. | Chamomillae | 15,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Flor. | Tiliae | 15,0 | (Lipanyň güli) |
| | Flor. | Sambuci | 20,0 | (Buzynanyň güli) |
| | Fol. | Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 0,5 l gaýnag suwda 30 minut demlemeli we 2-3 bulgurdan günüň dowamynda içmeli, bejeriş tapgyry 8-10 hepdedir.

Peşew çykaryjy serişde hökmünde indiki ýygyndy ulanylýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp | Fol. | Betulae | 5,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fol. | Farfarae | 5,0 | (Eje-ejeligiň ýapragy) |
| | Fol. | Rubi fruicosi | 40,0 | (Böwürsleniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 0,5 l gaýnag suwda 30 minut demlemeli we ertir we günortan 1 bulgurdan içmeli.

Semizligiň öňüni almakda ulanylýan miweler we gök-önümler. Düzüminde köp mukdarda kletçatka saklaýanlygy üçin kabaçki (kädiniň bir görnüşi) içegäniň hereketini güýçlendirýär, holesteriniň sorulmagyna we semizligiň emele gelmegine päsgel berýär.

Semizligi bejermek we öňüni almak üçin käşir, gök önüm, klýukwa ýaly önumleri düzüminde köp mukdarda ýod saklaýanlygy üçin iýmeklik maslahat berilýär.

**Semizlikde ulanylýan ösümlik çig mallaryndan has köpi suw otulardyr (agar-agar, köpürjik görnüşli goňur suw otular – Fucus vesiculosus L., Sistozeýriň – goňur suwotusy – Cystosiera barbata, Good.et Wood). Bu suw otulary düzüminde polisaharidleri, nemli maddalary, algin turşusyny saklaýar. Bu maddalaryň köp mukdarda ergin siňdirijilik ukyby bardyr. Şol sebäpli aşgazan we içege erginden doly bolmak bilen doýgunlygy duýduryp, işdäni kesýär. Şu ýagdaýda ýokarda agzalan nemli maddalar bolsa, işlenilmän we bedenden siňdirilmän ergini özlerine siňdirmek bilen, umumy agramyň pese düşmegine getirýär. Suw otulardaky, ýod, galkan görnüşli mäziň işini sazlaşdyryp, çalyşma hadysalaryny çaltlandyrýar we bedeniň agramynyň pese düşmegine, ýagny, horlanmagyna getirýär.**

**Semizlikde derman ösümliklerden taýýarlanan çaýlar peýdalydyr, olar ýeňil gowşadyjy täsiri, peşew kowujy, öt çykaryjy täsirleri ýüze çykarýarlar.**

**Semizligi bejermekde ulanylýan dermannamalar:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct. | Vesiculosi | | (Gabarçakly fukusyc miwesi (suwotysy) |
| | Rad. | Levistici | | (Dermanlyk lýubistogyň köki) |
| | Cort. | Frangulae | | (Garatikeniň gabygy) |
| | Herb. | Millefolii aa | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |

**M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe bir bulgur suwda 30 min gaýnatmaly. Bir bulgurdan günde 3 gezek içmeli**

| | | |
|---|---|---|
| Rp. | Cystoseirae barbatae | (Sistozeýpa (gocur suwoty)) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Cort. Frangulae aā | 20,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Rad. Levistici | | (Dermanlyk lýubistogyň köki) |
| | Fruct Juniperi aā | 5,0 | (Arçanyn miwesi) |
| | Herb. Millefolii | 60,0 | (Boýbodranyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 0,5 sagat demläp goýmaly we ony 3-4 gezekde içmeli

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. Frangulae | 50,0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Fruct. Petroselini | | (Badyýanyň miwesi) |
| | Fruct. Foeniculi aā | 20,0 | (Arpabadyýanyň köki) |
| | Rad. Taraxaci | | (Tozganyň köki) |
| | Fol. Menthae pip. aā | 15,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. Irden baryny içmeli.

## Podagra (bogunlarda duz ýygnanma keseli)

Podagra – dowamly kesel bolup, purin çalşygynyň bozulmagy we ganda peşew turşusynyň derejesiniň ýokarlanmagy bilen, şeýle hem, peşewturşy natriniň bogunlaryň ketirdewüklerinde we beýleki dokumalarda toplanmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Ganyň plazmasynda, peşew turşusy, natriniň uraty görnüşinde saklanýar. Kalorimetriki usul bilen kesgitlenende, onuň ýokarky araçägi erkekler üçin 357-387 mkmol/l (6,0-6,5 mg/100 ml), aýallar üçin bolsa 297-327 mkmol/l (5,0-5,5, mg/100 ml) deňdir.

Giperurikemiýanyň ýüze çykmagyna bedende peşew turşusynyň köp mukdarda emele gelmegi ýa-da onuň peşew bilen çykarlanda azalmagy, ýa-da bu ýagdaýlaryň utgaşmagy sebäp bolup biler. Giperurikemiýanyň birnäçe patologiki görnüşleri tapawutlandyrylýar: birinji, nesilleýin we ikilenji.

Nesilleýin, maşgalada duş gelýän podagranyň görnüşi boýunça, garyndaşlaryň 1/3 böleginde we maşgala agzalarynyň hem 20%-de podagra bolup, şolarda giperurikemiýa ýüze çykaryldy. Ikilenji giperurekemiýa bolsa, 2-5% ýagdaýda we köplenç, peşew turşusynyň böwrek bilen

çykarylyşy peselende ýa-da çykarylmagy bozulanda bolup bilýär. Şeýle ýagdaý gan kesellerinde (miýeloleýkoz, miýeloem keseli we ş.m.) duş gelip, ol öýjük nukleoproteinleriň katobolizminiň güýçlenmegi we öýjük merkezleriniň dargamagy netijesinde peşew turşusynyň ýokarlanmagyna getirýär. Giperurekemiýa – käbir derman preparatlarynyň (diuretikler, sitostatikler, kortikosteroidler) täsirinde hem ýüze çykyp bilýär.

Podagra artridinde has häsiýetli ýiti tutgaý, ýagny 60% ýagdaýlaryň içinde, esasan, aýagyň başam barmagynyň bogunlarynda bolýar. Agyry, tutgaý monoartrit görnüşinde (diňe bir ýerde) bolmagy mümkin, ýöne käwagt birnäçe bogunlar, adatça, köpýyllyk giperurekemiýadan soň ýüze çykýar. Bu keseliň beterleşmegine alkogol içgileri we uzak wagtlaýyn açlyk hem täsir edýär. Bulardan başga-da peşew turşusynyň kadaly çykmazlygy agyr şikes ýetmeler, süňk döwügi, fiziki agram salmalar, käbir derman preparatlarynyň ulanylmagy (gipotiazid, furosemid, asetilsalisil turşusy) hem bozup bilýär. Purinlere we ýaglara baý iýmitler hem podagranyň döremegine itergi berýär.

Bejerilişi: Toplumlaýyn bejeriş çärelerine şular degişlidir:
1)Berhiz saklamak;
2)Köp mukdarda suw içmek;
3)Podagranyň tutgaýyny gozgaýan sebäpleriň öňüni almak;
4)Derman we fito serişdelerini bellemek.

**Iýmitiň düzülişinde purinleri saklaýan iýmitleri iýmekden saklanmaly (böwrek, beýni, bagyr gowrulan et we balyk, etli çorba, ysmanak, noýba, turşuja we ş.m.).**

Podagranyc fitoterapewtiki serişdeler bilen bejerlişi. Podagrada – brusnikanyň (20,0: 200,0) ýapraklarynyň demlemesini günde 3-4 wagtyna 1 nahar çemçeden bellemeli.

Podagranyň ýiti tutgaýynda – alawlama garşy, agyry aýryjy we peşew çykaryjy täsirli aşakdaky ýygyndylar ulanylýar.

Rp Flor. Gentaurae cyani 5,0 (Gök daş kekranyň güli)

| | | |
|---|---|---|
| Flor. Calendulae | 5,0 | (Dyrnaklyjanyň güli) |
| Flor. Paeoniae | 5,0 | (Pionyň güli) |
| Fruct. Juniperi | 5,0 | (Arçanyň miwesi) |
| Flor. Sambuci | 5,0 | (Buzinanyň güli) |
| Cort. Frangulae | 5,0 | (Gara tikeniň gabygy) |
| Flor. Urticae dioicae | 10,0 | (Çit-çitiniň gülleri) |
| Cort. Salicis | 20,0 | (Söbüdiň gabygy) |
| Herbae Equiseti | 20,0 | (Meýdankyrkbogunynyň oty) |
| Fol. Betulae | 20,0 | (Berýozanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 çaý çemçe 1 bulgur suwda 10 minut gaýnatmaly we her 2 sagatdan 1 bulgurdan gyzgyn görnüşinde içmeli.

Madda çalsygygny sazlaýan we peşew turşusynyň çykmagyny sazlaşdyrýan ýygyndy:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. Hyperici | 20,0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Flor. Chamomillae | 20,0 | (Çopantelpegiň güli) |
| | Flor. Tiliae | 20,0 | (Lipanyň güli) |
| | Flor. Sambuci | 20,0 | (Buzinanyň güli) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 0,5 l gaýnag suwda 30 minut demlemeli we günde 2 bulgurdan içmeli.

## 2. 8. Endokrin ulgamynyň keselleri

Diffuz toksiki zob. **Bu kesel ganda tiroid gormonlarynyň mukdarynyň ỳokarlanmagy bilen häsiỳetlendirilỳär. Keseliň ỳüze çykmagyna ruhy şikes ýetmeler, kesel döredijiler(dümew, basyk), nesile geçiji alamatlar we autoimmun hadysalary sebäp bolỳarlar.**

Galkan şekilli mäziň ölçegi tireotoksikozyň agyrlyk derejesini kesgitlemäge mümkinçilik bermeỳär.Bejergisi birnäçe alamatlaryň toplumyny göz öňüne tutmak bilen (göz alamaty, ỳürek-damar bozulmalary, ruhyi üỳtgemeler, wegetatiw damarlaryň we trofiki bozulmalaryň jemi) geçirilỳär.

Bejerlişi: Bejergide hirurgiki we konserwatiw (radioişjeň ỳod, tirostatiki serişdeleri ulanmak) usullar ulanylỳar. Diffuz

toksiki zobuň bejeriliş usulyna garamazdan sedatiw we bedeni umumy berkidiji serişdeler bellenilỳär. Keseliň bejergişinde- zähmediň we dynç almagyň düzgünleriniň berjaỳ edilişi witaminleri we proteinleri saklaỳan iỳmitleriň iỳilmegi uly täsir edỳär. Kömekçi serişdeler hökmünde derman otlary peỳdalanylỳar. Ukyny kadalaşdyrmak üçin, walerainanyc kökünıň demlemesini günde 2-3 wagtyna 1/3 bulgurdan bermeli. Rahatlandyryjy serişde hökmünde şirguỳrugyň demlemesi günde 3-4 wagtyna bir nahar çeşmeden berilmelidir.

Şeỳle hem, ỳürek urgusyny we ỳokary duỳujylygy peseltmek üçin we ukyny gowulandyrmak üçin, alyjyň miwesi bellenilỳär. Ony tinktura görnüşinde ulanylanda 20 damjadan, günde üç wagtyna bermeli, ergin, ekstrakt görnüşinde bolsa 20-30 damjadan nahardan öň, günde üç wagtyna berilmelidir.

Mundan başga-da şeýle ýygyndy bellenilýär:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 20,0 | (Buýanyň köki) |
| | Rad. | Rubiae tinctorum | 40,0 | (Çöp boýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 caý çemçe 1 bulgur suwda 10 minut gaỳnatmaly we ertirine 1-2 bulgurdan içmeli.

Witamin we elektrolit çalşygyny sazlaşdyrmak üçin itburnuň miwesiniň demlemesi günde 3 wagtyna 1/2 bulgurdan bellenilỳär.

## Süýjili diabet keseli

Süýjili diabet keseli- kliniki simptomo-toplum bolup, ol birlenji ýa-da ikilenji insulin ýetmezçiligi bilen häsiýetlenýär. Bu bolsa ähli madda çalyşygyc bozulmagy bilen ýüze çykýar, giperglikemiýa, glýukozuriýa, ketoza ýykgynlyk we irki mikro, makroangiapatiýanyň döremegine sebäp bolýar.

Süýji keseliniň döremeginde nesile geçijilik esasy orun tutýar. Mundan başgada ýeňil özleşdirilýän uglewodlaryň

çenden aşa iýilmegi, az hereketlilik (gipodinamiýa) semizlik we ruhy şikes ýetmeler, operasiýalar we zäherlenme, ateroskleroz, gipertoniki keseller, ýiti we uzaga çeken pankreotit, holesistit we gepatitler, endokrin kesseller, göwrelilik we ş. m. sebäp bolup biler. Agyrlaşmadyk süýji keseliniň nesile geçijilik sebäpleri: aşgazan asty mäziň zaýalanmagy (dömme, kista, gemahromatoz we başgalar) bolup biler.

Süýji diabet ýeňil, orta we agyr akymda bolup biler.

Bejerilşi. Esasy ugry bozulan madda çalşygy maksimal dikeltmek, esasanam uglewodlaryň çalyşygyny, iýmiti sazlamaly we peroral süýji peseldiji preparatlary we insulini ulanmaly.

Berhiz saklap iýmiti sazlamak näsagda süýji keseliniň geçişine bagly bolmaly, mundan başga-da umumy ýagdaý, bedeniniň agramy göz öňünde tutulmaly.

Insulin bedende düýpden insulin ýetmezçiligi ýüze çykanda bellenýär.

Ýetginjeklik döwrüň süýji keseli esasan insulin talap edýär, dekompensasiýa çalt döreýär, horlanýär, polidipsiýa,poliuriýa ýüze çykyp agyr patologiýa öwrülmegi we hirurgiki bejergini talap etmegi mümkin.

Sulfanilamidler we sulfanil moçewinanyň önümleri süýji keseliniň ýeňil we orta görnüşinde bellenilýär.

Bu preparatlar aşgazan asty mäziň β-öýjyklerinic işini sazlaýar.

Sulfanilamidler (nagizan, opanil, bukarban we başgalar).

Sulfanil moçewinanyň önümleri (butamid, talbutamid, opabet we başgalar).

Düzüminde hlor saklaýan sulfanilamid preparatlary (hlorpropamid, diabenez, opadiat, diaboral we başgalar).

Soňky ýyllarda täsirliligi ýokary we zäherliligi pes bolan dermanlar ulanylýar (glibenklamid, daonil, euglýukon we başgalar).

Süýji keselinde kömekçi serişde hökmünde derman ösümlikleri ulanylýar. Olar iýmit bilen utgaşdyrylyp monoterapiýa hökmünde ulanylýar.

**Çernikanyň ýapragy.** Magtymguly we Oguz aýynda ýygnalyp, demleme görnüşinde ulanylýär. **S** bulgur 4-5 gezek nahardan öň içmeli.

**Tokaý ýertudanasy.** Ter ir-iýmişleriň şiresini 4-6 nahar çemçe günde içmeli. Demleme taýýarlamak üçin guradylan görnüşlerini hem ulanmak bolýar. Demlemäniň günde 1 bulguryny içmeli.

**Süle.** Demlemesiniň (100 g. dänesini 3 bulgur gaýnan suwda) **S** bulguryny 3 gezek nahardan öň içmeli.

**Lawryň ýapragy:** lawryň 10-sany ýapragyny 3 bulgur gaýnan suw bilen 2-3 sagadyň dowamynda demläp goýmaly. Soňra S bulgurdan 3 gezek günde içmeli.

Süýji peseldiji serişde hökmünde ösümlikler köplenç ýygyndylar görnüşinde ulanylýar.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. Myrtilli | 20,0 | (Çernikanyň ýapragy) |
| | Rad. Taraxaci | 20,0 | (Tozganyň köki) |
| | Fol. Urticae dioicae | 20,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30m dem-
läp goýmaly. S bulgurdan günde 3 gezek nahardan öň içmeli.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. Myrtilli | 50,0 | (Çernikanyň ýapragy) |
| | Fol. Urticae dioicae | 20,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fol. Sambusi | 20,0 | (Buzinanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 150 ml. günüň dowamynda içmeli.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. Myrtilli | 25,0 | (Çernikanyň ýapragy) |
| | Rad. Bardanae | 25,0 | (Gulaklynyň köki (lopuh)) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min dem
läp goýmaly we 1 nahar çemçeden günde 3-4 gezek nahardan öň içmeli

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp | Herb. Equiseti | 50,0 | (Meýdan kyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. Fragariae vescae | 50,0 | (Ýertudanasynyň oty) |
| | Herb. Polygonii avicularis | 100,0 | (Suw kyrkbogynyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 2 bulgurdan içmeli

Uglewod çalşygyny kadalaşdyryjy we tonizirleýji täsiri ýüze çykarýan ösümlük serişdeleri: Ћenşeniň köki, Lewziniň ergin ekstrakty 20-30 damjasyny günde 3 gezek nahardan soň içmeli, Zamanihanyň tinkturasyny 30-40 damja günde 3 gezek içmeli, Eleuterokokkanyň ergin ekstraktyny 2 ml nahardan 30 min öň içmeli. Mundan başga-da süýji diabet keselini bejermekde derman ösümliklerinden ak tudana, dermanlyk galega, semzek we başgalar ulanylýar. Süýji peseldiji täsiri käbir gök önümler, miweleriň şireleri ýüze çykarýar. Bu şireler enzimleric bölünip çykmagyny güýçlendirýär Hatda şireler 1:1 gatnaşykda suw bilen garylanda-da peýdalydyr. Ilki ¼-1/3 bulgur miwe şirelerini 30-40 min nahardan öň içmeli. Soňra olaryň mukdaryny 1 bulgura çenli köpeltmek bolar. Bu keselde kartoşkanyň täzeje şiresini, kelemiň ýapraklarynyň, malinanyň miwesiniň, kiziliň, armydyň şirelerini içmek maslahat berilýär. Süýji peseldiji täsiri salat, nohut, ýorunja we kömelekler hem ýüze çykarýar.

**Süýji diabet keselini bejermek üçin ulanylýan derman ösümliklerinic ýygyndylaryc dermannamasy**

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. Galegae | 20,0 | (Galeganyc oty) |
| | Peric. Phaseoli | 20,0 | (Noýbanyc kösügi) |
| | Fol. Myrtili | 20,0 | (Çernikanyň ýapragy) |
| | Fol. Urticae | 20,0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Fol. Salviae | 20,0 | (Akkemençäniň ýapragy) |
| | Rad. Taraxaci | 20,0 | (Tozganyň köki) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe çig maly bir bulgur gaýnatmany günde 2-3 gezek içmeli.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. Myrtili | 20,0 | (Çernikanyň ýapragy) |

| | | |
|---|---|---|
| Folliculi Phaseoli | 20,0 | (Noýbanyc kösügi) |
| Herb. Galegae | 20,0 | (Galeganyň oty) |
| Fol. Menthae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly. 3-4 gezekde içmeli.

**Süýjüli diabet keselinde gipoglikemiki täsirli derman oşümliklerine ilkinji nobatda dermanlyk galega, ak tudana, gara tudana, adaty noýba degişlidir. Tejribe üsti bilen kliniki barlaglaryc netijesi dermanlyk galeganyc otunyc düzüminde alkaloid galeginic (guanidinic önümi) bolmagy onuc gipoglikemiki täsirinic bardygyny acladýar. Noýbanyc şeýle täsiri ýüze çykarmagy onuñ düzüminde argininiñ bolmagy bilen baglanyşykly.**

**15 g noýbanyc ownadylan kösügi 200 ml gaýnan suw bilen 10 min ýuwaş otda gaýnatmaly. Süzüp günde 2 nahar çemçeden 3 gezek nahardan öc süýji diabet keselinde içmeli.**

**Noýbanyc kösügi 1 nahar çemçe, çernikanyc ýapraklaryny 1 nahar çemçe almaly we 400 ml gaýnan suwda 1 sagat demläp goýmaly. Süzmeli we günde 0,5 bulgur 3-4 gezek nahardan 30 min öc içmeli. Süýjili diabet we pankreatit keselinic bejergisini 2 aý dowam etdirmeli.**

**Noýbanyc kösügi 2 nahar çemçe, çernikanyc ýapraklary 2 nahar çemçe, sülänic samany 2 nahar çemçe, zygyr tohumy 2 nahar çemçe almaly we 600 ml gaýnan suw bilen 20 min gaýnatmaly. Sowatmaly, süzmeli we günde 3 nahar çemçe bilen 3 gezek nahardan öc süýjüli diabet keselinde 2 aýyc dowamynda içmeli.**

## Patologiki klimaks

*Klimaks döwri* **– bu adamyň garran etaplarynyň biri bolup, erkeklerde, aýallarda häsiýetlidir.**

***Aýallaryň klimaksy*** – aýalyň fiziologiki ýagdaýy ol jyns ulgamynyc yzyna gaýtmasy bilen häsiýetlenilýär. Klimaks fiziologiki we patologiki bolup biler. Klimaks we menosaklanma bolup bilýär. Klimaks irki, giçki we fiziologiki bolup biler. Patologiki klimaksyň akymy häzirki wagtda klimatiki sindrom diýilýär. Onuň kliniki suratlandyrylyşy dürli bolup biler. Şoňa häsiýetli deriň guýulmagy. newroz, biynjalyk, kelle agyry, ukysyzlyk, üşetme, bogunlarda agyry,gulakda ses, kelle aýlanma we başga westibulýar bozulma, jyns agzalarynda gijelewik ýaly alamatlar peýda bolýar.

Bu kliniki alamatlaryň içinde esasy orny wegetatiw-damar bozulmalary eýeleýär.

Klimaks sindromynyň klinikasynyň aýratynlygy köplenç galkan şekilli mäziň we böwrek üsti mäzic gabyk gatlagynyň işjeňligi bilen baglanşyklydyr.

Klimaks döwrüniň "agyrlaşan" görnüşini bellemek zerurdyr. Şonda keseliň kliniki aýratynlygy onuň gan basyşynyň ýokarlanmagy ýa-da gipotalamiki bozulmalar bilen bilelikde geçýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Ol örän agyr we uzak wagtyň dowamynda geçýär.

Bejergisi. Klimaks sindromy bejermek üçin köp sanly usullar hödürlenilýär, ýöne şol terapewtiki çäreleri saýlap almakda lukmanlar kynçylyk çekýärler. Bu soragy çözmek, keseliň patogenezini çuňňur öwrenmek we keseliň kliniki dowamlylygynyň aýratynlygyny öwrenmek bilen amala aşyrmak bolar.

Ilkinji ýerde berhizi berjaý edip, gündelik iýmit witaminleri saklaýan ir-iýmişleri goşmak we gök önümleri we miweleri köpräk iýmekligi ýola goýmak maslahat berilýär.

Dermanlardan holinolitik rahatlandyryjy preparatlary ulanylýar.

**Klimaks sindromy döwründe gormon preparatlaryny bellemek uzak wagtyñ dowamynda ulanylan esasy usullaryñ biri bolupdyr, sebäbi kesel gormonlaryñ täsiriniñ peselmegi bilen baglanyşykly bolup geçýär. Ýöne**

**gormon preparatlary bilen uzak wagtlap bejermek endokrinolog-ginekologyc gözegçiliginde geçirilmelidir.**

Kömekçi serişdeler hökmünde rahatlandyryjy prepatarlar (ýürek-damar newrozlar üçin) ýygyndylar we aýbaşynyñ görüm gelşini sazlaýjy ýygyndylar ulanylýar.

Dismenoreýada şu ýygyndy ulanylýar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. Frangulae | 20,0 | (Gara tikeniň gabygy) |
| | Fol. Betulae | 20,0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fol. Menthae piperitae | 20,0 | (Narpyzyň ýapragy) |
| | Herb. Millifolii | 20,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Rad. Valerianae | 20,0 | (Walerianаnyc köki) |

M.F.spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulgur demlemäni 1 günüc dowamynda içmeli.

Gipertenziýa we dismenoreýa bilelikde bolanda aşaky ýygyndy ulanylýar

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp | Herb. Polygonii avicularis | 10,0 | (Suw kyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. Equiseti | 10,0 | (Meýdankyrkbogunynyň oty) |
| | Herb. Centauri | 30,0 | (Altyn gülüň oty) |
| | Herb. Potentillae erecti | 50,0 | (Gaýtarmanyň oty) |

M.F.spec.D.S. 2 nahar çemçe 0,5 l gaýnan suwda 30 min demläp goýmaly we 1 bulguryny günüň dowamynda owurtlap içmeli.

Agyry aýyryjy we rahatlandyryjy ýygyndy:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. Valerianae | 30,0 | (Walerianаnyc köki) |
| | Fol. Menthae piperitae | 30,0 | (Narpyzyň yapragy) |
| | Flor. Chamomillae | 40,0 | (Çopan telpegiň güli) |

M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan ertirine we agşam içmek maslahat berilýär.

Aýbaşy has köp gelende ulanylýan ýygyndy:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. Quercus | 10,0 | (Dubuň gabygy) |
| | Herb. Bursae pastoris | 25,0 | (Çopan torbanyň oty) |
| | Herb. Millifolii | 25,0 | (Boýbodranyň oty) |
| | Rhiz. Potentillae erecti | 25,0 | (Gaýtarmanyň porrugy) |

M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we 1 bulgurdan ertirine we agşam kabul etmeli

Damarlaryň tonusynyň bozulmagynda, ýagny gipertoniki görnüşinde we menorragiýada ulanylýan ýygyndy:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. Bursae pastoris | 30,0 | (Çopan torbanyň oty) |
| | Herb. Polygonii avicularis | 30,0 | (Suw kyrk bogunynyň oty) |
| | Herb. Visci albi | 30,0 | (Ak omelanyň oty) |

M.F.spec.D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suwda 10 min gaýnatmaly we ertir we agşam 1 bulgurdan içmeli

***Erkeklik klimaksy.*** Jyns mäzleriniň ýerine ýetirýän işinic ýagdaýyny görkezýän, ýaş üýtgemeleri bilen baglanşykly androgen ýetmezçilik görnüşini köp ýazarlar erkeklik klimaksy diýip düşündirýärler. Jyns mäzleriniň işjeňliginiň peselmegi bilen deň derejede neýroendokrin ulgamynda ýaşa bagly üýtgemeler bolup geçýär. 10-20 % erkeklerde neýrogumoral regulýasiýanyň nädogry üýtgemeleri netijesinde patalogiki klimaks ýüze çykýar.

Ýüze çykyş aýratynlygy boýunça irki ( 45 ýaşa çenli ), adaty ( 46-60 ýaş ) we giçki (60 ýaşdan soň ) klimaks tapawutlandyrylýar. Klimaksyň esasy kliniki ýüze çykmalary - ýürek-damar, newrotiki, peşew- jyns ýollarynyň, endokrin bozulmalary bilen bolup geçýär.

Adatça klimaks 2-4 ýyl dowam edýär. Irki klimaks- köplenç infontil -asteniki durkly erkeklerde we semizlikde bolýar. Klimaksyň emele gelmeginde nesilleýin sebäpler, nerw – ruhy bozulma we ýokanç keseller hem ähmiýetli orun tutýar. Irki klimaks agyr geçýär we kähalatlarda 5-10 ýyl dowam edip bilýär.

Bejerilşi: Patologiki klimaksly näsaglary bejerlende jyns taýdan bozulmalary hökman göz öňüne tutmaly, sebäbi ol bütin bedeniň üýtgemeleriniň netijesi bolup biler. Bejergi hususy we toplumlaýyn bolup biler.

Wagtynda iýmitlenmek we dynç almak, zähmet şertleriniň düzgünlerini berjaý etmek wajypdyr. Dolmuş adamlarda bolsa bedeniň agramyny azaltmaklyga ymtylmaly. Bedenterbiýe maşyklary, gezelençler gurnamaly.

Ýokary duýuşlykda, ukusyzlykda, wegetodamar bozulmalarda we eýakulýasiýa hadysasynyň bozulmala-rynda - piýonyň tinkturasyny 40 damjadan günde 3 wagtyna nahardan öň kabul etmeli. Dyrnaklyjanyň tinkturasy 1 çaý çemçeden S bulgur ýyly suw bilen günde 3 wagtyna nahardan 3 minut öň içmeli. Bejergi 1-3 aýyň dowamynda geçirilýär.

Beden etiniñ gowşaklygynda, çalt yadawlyk ýuze çykanda – araliýanyc tinkturasy 30 damjadan günde 2 wagtyna, zamanihanyc tinkturasy 30 damjadan günde 2-3 wagtyna nahardan öc içmeli, ħenşeniñ tinkturasy 25 damjadan günde 3 wagtyna içmeli.

Rahatlandyryjy täsiri ýokarlandyrmak üçin trankwilizatorlar we heýroleptikler (trioksazin, rudotel, aminazin we ş.m.) az mukdarda bellenilýär. 1 gerdejikden günde 3 wagt 2-4 hepdänic dowamynda bellenilýär.

Aýdyc ýüze çykýan newrozlarda we wagtyndan öc tohum dökülmesi bolanda, belloid, akliman, teobromin, magniý sulfaty ulanylýar. Erreksiýany güýçlendirmek üçin korazol, dibazol-sanjymda ulanylýar.

Toplumlaýyn terapiýanyň düzüminde, biologiki işjec maddalar (apilak) we witaminler ($B_1$, E, A we başg.) bolmalydyr. Witamin serişdesi hökmünde indiki ýygyndylar bellenilýär:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct.Sorbi | 25,0 | (Rýabinanýn miwesi) |
| | Fruct.Rosae | 25,0 | (Itburunyň miwesi) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygynydyny bir bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we 1/2 bulgurdan 2-3 wagtyna nahardan öň içmeli

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fruct . Sorbi | 35,0 | (Rýabinanýn miwesi) |
| | Flor. Urticae dioicae | 15,0 | (Çit-çitiniň güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe ýygynydyny bir bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we 1/2 bulgurdan günde 2-3 wagt nahardan öň içmeli.

**Klimaks newrozlarynda hödürlenilýän - gök önümler, ir-iýmişler we miweler**

**Akkelleli kelem** - ter kelemiň şiresini 1/2 bulgurdan ýatmazdan 40-60 minut öň ukusyzlykda içmeli.

**Sarymsak** - Ukusyzlygy aýyrmak we kelle agyrysyny aýyrmak üçin 2-3 ülşüni iýmeli.

**Garauk** - tohumnyň demlemesini aýbaşy agyryly geçende ulanylýar, ter şiresi bolsa agyry aýryjy täsiri ýüze çykarýar.

**Şebit**- otunyň gury külkesi ýa-da tohumynyň demlemesini- ýeňil uky getiriji serişde hökmünde ulanmaly.

**Böwürslen** - Miweleri we olaryň demlemesi umumy berkidiji we rahatlandyryjy täsiri ýüze çykaryp newrozlary bejermekde ulanylýar.

**Adaty kalina** - miwesinden taýýarlanan witaminli demlemesi - newrozlarda, damar gysylmalarynda we gan basyşynyň ýokarlanmasynda ulanylýar, şeýle-de ol umumy berkidiji we rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýar. Demleme 2-3 bulgurdan günüň dowamynda içilýär.

Bogunlaryň kesellериniň fitoterapiýasy

**Guryagyryly artriti.** Guryagyryly artriti-umumy ỳokançallergiki kesel bolup, gelip çykyşy we alamaty doly öwrenilmedikdir.

Bu kesel bilen esasan hem zähmet çekmäge ukyby bolan ỳaşdaky (20-50 ỳaş) adamlar keselleỳärler we şolaryň köpüsi diỳen ỳaly maỳyp bolup galỳarlar.

Keseliň gelip çykyşynda ojaklaỳyn ýokanç kesel dörediјiniň ähmiỳeti örän ỳokarydyr, ỳöne belli-bir derejede adamyň immun ulgamynyň durnuklylygy hem täsir edỳändir. Ojaklaỳyn ýokanç kesel dörediјiden zäherleriň yzygiderli gana düşüp durmagy bedeniň immunologiki täsirliligini üytgedip, allergiỳanyň emele gelmegine getirỳär. Bu hadysa wagtynda (allergiỳa) autoimmun häsiỳetine eỳe bolan biologiki işjeň maddalar bölünip çykỳar. Guryagyryly ýagdaýlaryň bolmagy birleşdiriji dokumanyň proteinleriniň zeperlenmegi bilen baglanyşyklydyr.

Keseli üç tapgyra bölỳärler:

I-tapgyr - ỳiti görnüşi bu periartikulỳar dokumanyň çişmegi, bogunlaryň boşluklarynda ekskudasiỳa hadysalarynyň bolmagy bilen häsiỳetlendirilỳär.

II-tapgyr-kekirdewügiň proleferatiw ösmegi.

III-tapgyr fibroz-distrofiki üỳtgemeler bilen süňk ankilozlarynyň emele gelmegidir.

Bejergi işleri geçirilende guryagyryly artritini 3 derejä bölmeklik ähmiỳetlidir. Birinji dereje-bogunlarda “ỳeňil agry” bedeniň gyzgyn gorkezijisi kadaly, ganyň görkezijileri bütinleỳ diỳen ỳaly üỳtgemedik. Ikinji derejede gyzgyn görkeziji subfibril, biohimiki görkezijileri - alawlama alamatlarynyň bardygyna şaỳatlyk edỳär. Üçünji derejede - gowşaklyk, horlanma, fibril gyzgyn görkezijisi we içki üỳtgemeler ỳüze çykỳar.

Bejerilişi. Guryagyryly artridiniň bejergisi has çylşyrymly meseleler bilen baglanyşykly. Ilki bilen ýokanç kesel dörediјiniň ojagyny tapyp, şony arassalamaly. Bejerginiň etaplaỳyn alnyp barylşyna- (hassahanalarda, saglyk öỳlerinde, bejergi-saglygy dikeldiş edaralarda-dispanser gözegçiligi) gözegçilik etmeli. Guryagyryly artridiň ösüşiniň işjeňligini basyp ỳatyrmaklyk, şol ýokanç kesel dörediјiniň ojaklaryna ỳerli ỳa-da umumy täsir etmeklik bilen amala aşyrylỳar, onuň

üçin alawlama garşy dowamly däl täsirli (alawlama garşy steroid däl preparatlar, glỳukokortikoidler) serişdeler belleńýär. Süňklerde we bogunlarda dokumalaryň düzüm bozulma we dargama hadysalaryna garşy göreşmeklik esasan hem has dowamly, ýöne haỳal täsirli toplumlaỳyn terapiỳanyň kömegi bilen amala aşyrylỳar.

Häzirki döwürde guryagyryly artridi bejermegiň esasy terapiỳasynyň 5-topary bellidir.

Aminohiloniniň önümleri (delagil, plakwenil)

Altynyň duzlary (krizanol)

D-penisillamin (kuprenil)

Hakyky immunodepressantlar (azatioprin, beỳkeran, siklofosfamid we ş.m.)

Lewamizol

Steroid däl gurluşly alawlama garşy preparatlardan butadion ulanylỳar, ol günde 3-4 wagtynda 0.15-0.2g möçberde ulanylỳar. Preparat çalt sorulỳar, onuň ganda bejeriji täsiri 1 S -2 sag. soň ỳüze çykỳar. Preparat baş keselinde we gan basyşynyň ỳokarlanmagynda ulanylmaỳar. Has netijelisi indometasin hasaplanylỳar, sebäbi preparat gowy sorulỳar we 1 sagatdan soň iň ýokary duýujylyga ỳetỳär. Täsiriniň dowamlylygy 4-5 sagat. Ony içmek üçin adatça günde 2 wagtyna 25mg-dan 5 gün belleỳärler, soňra 25mg 1-2 gün goşmaça girizilỳär.

Kortikosteroidler toplumlaỳyn (esasy) bejergä degişli däldir. Olaryň ulanylmagy indiki ỳagdaỳlarda bolup biler:

Köpçülikleỳin bogun içki görnüşlerde

Bogunly görnüşiň has ỳokary işjeňliginde

Beỳleki serişdeler bilen bejergi netije bermedik ỳagdaỳynda

Şunda esasy preparat-prednizolon ulanylỳar, preparadyň möçberi keseliň ýagdaýyna we içki üỳtgemeleriň häsiỳetine baglylykda bellenilỳär.Diňe bogun zeperlenmeleri bolanda bejergi uzak dowam etdirilmeli däldir. Fizioterapiỳany I-II derejeli işjeňlilikde belleỳärler.

Kömekçi serişdeler hökmünde-agyry aỳryjy, alawlama garşy, umumy berkidiji, derlediji, bakteriỳalara we wiruslara garşy indiki dermanlyk ỳygyndylary ulanylỳar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. Sambuci | 10.0 | (Buzinanyň güli) |
| | Fol. Betulae | 40.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Cort. Salicis | 50.0 | (Söbüdiň gabygy) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly demlemeli

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. Sambuci | 30.0 | (Buzinanyň güli) |
| | Fol. Utricae dioicae | 30.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Rad. Petroselini | 30.0 | (Badyýanyň köki) |
| | Cort. Salicis | 30.0 | (Söwüdiň gabygy) |

M.F.spec. D.S. 2 çaý çemçe bir bulgur gaýnag suwda 30 min demläp goýmaly we S bulgurdan nahardan öň günde 4 wagtyna içmeli.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Fol. Betulae | 25.0 | (Berýozanyň ýapragy) |
| | Fol. Utricae dioicae | 25.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |
| | Herbae Viola tricolar | 25.0 | (Benewşäniň oty) |

M.f.spec. D.S. 2 çaý çemçe 0,5 l gaýnag suwda 30 minut demlemeli we S bulgurdan nahardan öň günde 4-6 wagtyna içmeli.

Şeỳle hem böwrek üsti mäziň gabyk gatlagynyň ýerine ýetirýän işini witamin çaỳlaryny içmek bilen sazlaşdyryp bolỳar. Bu maksat üçin gara smorodinanyň, brusnikanyň ỳapraklaryny we itburunyň miwesini deň garyp çaỳ görnüşinde günde 2 bulgurdan nahardan öň içmeli.

## Deformirlenen osteoartroz

Deformirlenen osteoartroz-ilkinji kesel hökmünde bogunlaryň distrofiki zeperlenmegi bilen degenerasiỳa we süňk dokumasynyň soňraky proleferasiỳasy bilen bogun

ketirdewüginiň destruksiỳasy, sinowial gatlagynyň galyňlaşmagy bilen ỳüze çykỳandyr. Sinowial gatlagynyň üỳtgemegi (sinowit) ikilenji häsiỳete eỳedir. Deformirlenen osteoartrozda bogunlaryň zeperlenmegine adamyň wagtyndan öň garramagy sebäp bolup biler. Bogun ketirdewükleriniň wagtyndan öň zeperlenmesi bedeniň içki ulgamynyň, esasan hem genetiki,endokrin, enzimatiw, immunologiki üỳtgemelere getirỳär, şol sanda önümçilik şertleri hem uly täsir edỳär. Bu kesel adatça 40-60 ỳaşdaky aỳal maşgalalarda duş gelỳär.

Bu keseliň häsiỳetli aỳratynlygy- keseliň kem-kemden başlamagy, deformasiỳa hadysalaryna garamazdan bogunlaryň öz işjeňligini uzak wagtlap saklap bilmegidir. Agyry esasan hem bogunlara agram düşende ỳüze çykỳar we dynçlyk wagtynda agyry ỳitỳär.

Adatça az sanly bogunlar zeperlenỳär: çanaklyk but (koksartroz) süňkleri, el-aỳak süňkleri (gonartroz), oňurga (spondilỳoz, spondilartroz, oňurgaara osteohondroz) süňkleri, barmaklaryň bogunlary.

Umumy bedeni berkidiji we bejeriji serişde hökmünde alawlama garşy serişdeler (indometasin we başg.) ulanylỳar. Ol keseliň ỳiti döwründe we täzeden gaỳtalanan döwründe hem ulanylỳar.

Gan aỳlanyşygy gowulandyrmak we beden etiniň atrofirlenmeginiň öňüni almak üçň fizioterapiỳa çäreleri we bejerji fiziki maşklary geçirmek zerurdyr.

Berhiz tutmaklyk we gormon serişdelerini ulanmak madda çalşygynyň bozulmagynyň häsiỳetini göz öňünde tutmak bilen geçirilỳär.

Deformirlenen osteoartrozda, şeỳle hem guryagyryly artridinde iň gowy agyry aýyrjy we alawlama garşy serişde hökmünde fitopreparatlar amatlydyr. Fitopreparatlar ondan daşary hem bedendäki bozulan hadysalara we bogun ketirdewüklerine bejeriji täsir edỳärler.

Bedeniň artykmaç agramynda berhiz bilen bilelikde-horlanmak üçin ỳygyndy hödürlenỳär:

Rp Cort. Frangulae 60.0 (Gara tikeniň gabygy)

| | | |
|---|---|---|
| Rad. Taraxaci | 20.0 | (Tozganyň köki) |
| Fructus Petroselini | 20.0 | (Badyyanyň miwesi) |
| Fructus Foeniculi | 20.0 | (Arpabadyýanyň miwesi) |
| Fol. Menthae piperitae | 20.0 | (Narpyzyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 minut demläp goýmaly we 2 bulgurdan nahardan öň ertirine içmeli.

Işdäni peseltmek üçin mekgejöweniň gulpagynyň demlemesi we gaỳnatmasy (15.0:200.0) - nahardan 15-30min. öň günde 4-5 wagtyna 1 nahar çemçesinden içmeli. Klimaks döwründe-ỳüregiň çalt urmasynyň, gijilewükli örgünleriň öňüni almak üçin we beỳleki alamatlaryc öňüni almak üçin ỳygyndylar ulanylỳar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. Potentillae | 25.0 | (Gaýtarmanyc oty) |
| | Herb. Chelidonii | 25.0 | (Demrewotynyc oty) |
| | Herb. Millefolii | 25.0 | (Boýbodranyc oty) |
| | Flor. Chamomillae | 25.0 | (Çopantelpegic güli) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnag suwda 30 minut demläp goýmaly we ajöze günde 2 bulgurdan owurtlap içmeli.

## 2. 9. Soguljan keseliniň fitoterapiýasy

Iýmit siňdiriş ulgamynda mugthorlaryc döreden kesellериniň 20 köpräk görnüşi duş gelýär. Bu keselleriň has ýygy duş gelýänleri enterobioz, askaridoz, tenioz we teniarinhoz degişlidir.

Soguljan keseliniň dürli görnüşlerini bejermekde himioterapiýa ulgamynda soňky döwürde gazanylan üstünlikler uly. Muňa seretmezden bu keseli bejermekde fitoterapiýanyň hem ähmiýeti uludyr. Bu keseli bejermekde ulanylýan fitoterapewtiki serisdeler zähersizligi bilen (esasanam çagalary we horlanan näsaglary bejermek üçin) tapawutlanýar. Bu ösümliklere sarymsak, ýabany sarymsak we käşir, kädi, käkilik oty, naryň gabygy we köki, piĥma, selme, erkeklik biseperesi degişlidir.

Soguljan kesellerini bejermekde naryň gabygy, köki, erkeklik biseperänic köki ulanylanda olaryň taýýar

ekstraktyny ulanmak amatly we lukmanyň gözegçiliginde bolmaly.

**Enterobioz.** Enterobioz mugthorlaryc döreden keselleriň biri bolup, ol çagalarda has köp ýaýrandyr. Bu keseli Enterebius vermicularis gurçugy emele getirýär. Bu gurçugyň erkeginiň ululygy 2-5mm, urkaçysynyňky 9-12mm deňdir. Bu mugthor ýogyn içegäni we inçe içegäniň aşaky bölümlerini zaýalaýar. Tohumlanan urkaçy gurçugy näsagyň artbujagynda ýumurtga taşlaýar we ol ýerde ýumurtgalardan ýaşajyk gurçuklar ösüp ýetişýär. Her urkaçy gurçuk 12 müňe çenli ýumurtga taşlap bilýär. Bu ýumurtgalar arassaçylyk berjaý edilmedik halatynda, gaşalanda barmaklaryň üsti bilen agyz boslugyna düşüp, inçe içegä baryp ýetýär we ol ýerde olar iki hepdäniň dowamynda tohumlanmaga ukyplanýarlar. Bu keseli ýokaşdyryjy näsag adamdyr.

Keseliň keşbi. Şeýle kesel bilen kesellän näsaglaryň göbeginiň daşynda we ýogyn içegäniň ýollarynda tutgy şekilli agyry peýda bolýar.

Mundan başga-da artbujakda gijelewük peýda bolýar, näsagyň işdäsi peselýär. Gijelewük gijelerine has hem güýjeýär.

**Bejergisi. Ilkinji nobatda arassaçylygy berjaý etmeli we mugthorlary ýok etmek üçin preparatlary ulanmaly. Adipinat, Helmicid, Combantrin we başgalar. Derman preparatlary ulanmak bilen bir hatarda näsagyň içini ýuwmagy hem utgaşdyryp ýerine ýetirmeli.**

**Askaridoz.**Bu kesel dörediji mugthor hem çagalarda köp duş gelýär. Bu keseli dörediji togalak gurçuk Askaris lumbricoides. Onuň erkeginiň ululygy 15-25 sm, urkaçysynyňky bolsa 25-40 sm deňdir. Bu mugthor gurçugy adamyň içegesinde ýumurtga taşlaýar. Olar daşky täsire düşenlerinde $20^0$S 10-15 günüň dowamynda ýetişýärler. Ýene-de ýuwulmadyk gök önümleriň, miweleriň ýa-da hapa elleriň üsti bilen, agyz boşlugyna düşýärler we ýumurtgalardan içegede gurçujaklar ösüp ýetişýär, içege diwarlaryna sorulyp gan aýlanşygynyň üsti bilen bagyra,

öýkene baryp ýetýärler. Soňra dem alyş ýollaryň üsti bilen ýene-de içegä ýetip şol ýerdede mugthorlar ösüp ulalýarlar. Bu soguljan gurçugy agyz boşlugyna düşenden soň 60-75 günüň dowamynda ösüp ýetişýär.

**Kliniki keşbi. Içege görnüşli parazitler bilen kesellän näsaglaryň işdäsi kesilýär we newrotiki ýüze çykmalar duýulýar. Migrasiýa tapgyrynda- ýagny gurçujaklaryc öýkende ýetişýän döwründe üsgülewük, dem gysma, gan tüýkürmek we başgalar bolup geçýär. Bu döwürde nasagyň öýkenini rentgene düşerilende soguljanyň ýumurtgasy we käbir parazitler hem anyklanypdyr.**

Bejergisi. Bu keseli bejermek derman serişdeleriň-Santonin, Combantrin kömegi bilen şeýle-de fitopreparatla-ryň kömegi bilen amala aşyrylýar.

**Tenioz we teniarinhoz.** Tenioz doňuz soguljany tarapyndan, teniarinhoz bolsa öküz soguljany tarapyndan ýüze çykarylýar. Bu keseliň döremegine ýokarda agzalan soguljanlaryň liçinkasyny saklaýan donuz ýa-da sygyr etiniň iýilmegi sebäp bolýar. Doňuz ýa-da iri şahly mallarda bu soguljanlaryň ýumurtgalarynyň ösüş dowürleri bolup geçýär. Soňra olar iýmit üsti bilen adam bedeniniň içegesinde tasma şekilli mugthor-teniý ösüp ýetişýär. Soňky döwürde mal etine barlaglar yzygiderli geçirilmeginiň netijesinde tenioz bilen keselleme peseldi.

Keseliň ýüze çykarýan alamatlary. Tenioz paraziti bilen kesellän näsaglar göbeginiň töwereginde we ýogyn içegäniň ýollarynda güýçli agyry duýýarlar, öz bedeninde ýarawsyzlyk, ysgynsyzlyk duýýarlar. Kä halatlarda allergiýa, endamyna örgün örýär. Näsagyň täretinde ýuwudylan parazitler tapylýar.

Bejergisi. Bu keseli bejermekde derman preparatlaryndan “ýomesan” ulanmak maslahat berilýär. Fitoterapewtiki serişdelerden erkeklik biseperisinic ekstrakty - amatly hasaplanýar.

Ýakymlyja rufa bu ösümligic kesel dörediji mikrobe-denjiklere şeýle-de soguljanlara garşy täsirini tejribeleriñ

netijeleri görkezdi. Esasan hem Ascaris lumbricoides – soguljanyna garşy täsiri ýüze çykarýar. Onuc otunyc demlemesi ulanylýar. Bu maksat üçin 1 g ownudylan otuny 400 ml sowuk suw bilen garyp 8 sagat goýmaly. Demlemäni süzüp 1 günüc dowamynda içmeli.

Bu ösümligi lukmanyc gözegçiliginde ulanmaly ýokary duýujylygy bolan we göwreliler üçin ulanmak gadagan.

## Soguljan kesellerini bejermekde ulanylýan fitoterapewtiki serişdeler

**Nar.** Naryñ miwesiniñ, şahalarynyñ we köküniñ gabygy soguljanlara (teniý) garşy täsiriniñ bardygy halk lukmançylygyndan bize mälimdir. Ylmy lukmançylykda geçirilen tejribeler hem bu ösümligiñ şeýle täsirini tassyklaýar. Teniý görnüşli soguljanlara garşy gaýnatma: 50g naryc kökünic we baldagynyc ownudylan gabygyny S litr suw bilen 15 minut gaýnatmaly/ sowandan soc süzüp lukmanyc gözegçiliginde 2-3 sagadyc dowamynda ony içmeli.

**Ajy ýowşan**. Gurçuga garşy serişde esasan onuc düzümindäki Santonin hasaplanýar. Askaridlere garşy ulanylýar. Santonin lukmanyc gözegçiliginde berilýär we şol bir wagtda näsaga gowşadyjy serişdeleri magninic ya-da natrinic sulfatyny bermeli. Kastor ýagyny bermeli däl ol santoninic zäherliligini güýçlendirýär.

**Ýakymlyja selme.** Bu ösümlik esasan hem soguljana garşy täsiri ýüze çykarýar. Onuň otunyň 5% gaýnatmasy, askaridozlary bejermekde täsirli. Onuň ýagy bolsa askoridleri we teniýleri bejermekde has täsirli hasaplanylýar. Häzirki wagtda bu ösümligic ýagy ulanylýar. Onuc ýagynyc damjasy çaganyc ýaşyna laýyk berilýär. Ony irden ajöze içmeli we 2 sagatdan soc ýumşadyjy serişdeler bilen iç ýuwmaly. Bejergini bir hepdeden soc gaýtalamaly. Ösümligic ýagynyc täsiri arassa askaridol bilen deceçerdir.

**Käşir.** Käşiriň şiresi ýa-da ondan alynan efir ýagy enterobioza, askaridoza garşy serişde hökmünde ulanylýar. Bu serişdeler esasanam çagalary we ysgyndan gaçan näsaglary bejermekde has amatly. Sebäbi beýleki serişdeler olara zäherli täsir etmegi mümkin. Käşiriň düzüminde karotinoidleriň bolmagy witaminiň "A" çeşmesi hasaplanýar. Ony gyrgyçdan geçirip dürli görnüşli ýanyklary bejermekde, bitmeýän ýaralary bejermekde hem ulanylýar.

**Adaty piňma (tanasetum).** Piňmanyc esasan hem soguljana garşy, antiseptiki, alawlama garşy täsiri bar. Ösümligiň otundan alynan efir ýaglary soguljana garşy, bakteriostatiki täsiri ýüze çykarýar (5% gaýnatmasy). Mundan başga-da onuň otundan 5% demlemesi ýürek damar näsazlyklarynda, arterial basyşy peseldiji, ot öwüji häsiýetiniň bardygy bellidir.

Piňmanyň pes doýgynlykly çykyndysynyň antiseptiki, antimikrob, we rahatlandyryjy täsiri bardyr. Şol sebäpli ol iç ýellenende, kolitde, iç geçmede, we agyz boşlugynda emele gelýän alawlama kesellerinde we gepatit keselini bejermekde ulanylýandygyny tejribe barlaglary görkezdi.

**Adaty kädi.** Tejribe we kliniki barlaglaryň netijeleri kädiniň çigidiniň we miwesiniň dürli keselleri bejermekde ähmiýetlidigini subut etdi. Kädiniň çigidi soguljan keselleri bolan teniý, oksiur kesellerine garşy ulanylýar. Öň belleýşimiz ýaly, çigidiň magzynyň daşyndaky gögümtil-ýaşyl barda geterozid pipoperazin saklanýar. Onuň gurçuga garşy täsiri hut şu maddanyň bolmagy bilen baglanşyklydyr. Kädiniň çigidi we onuň preparatlary goşmaça täsiri ýüze çykarmaýar, ulylary we çagalary (2-3 ýaşdaky) göwrelileri, çaga emdirýän eneleri we 60 ýaşdan geçen, şeýle-de agyr keseli geçiren näsaglary bejermek bolýar.

**Teniýoz keselini bejermekde 80-100 sany gabygy arassalan kädi çigidini, gowy ýenjip iýmeli. Soňra 1 sagatdan kastor ýagyny içmeli. Ýa-da çigidi deň mukdarda süýt bilen garyp içmeli.**

300 g arassalanan we gögümtil-ýaşyl bardasy saklanan kädi çigidini 50-60 ml suw bilen sokuda gowy ýenjip, oňa 1 nahar çemçe bal garyşdyrmaly. Näsag ony 1 sagadyň dowamynda ajöze iýmeli. 2 sagatdan soň magniniň sulfatyny (çagalara 15-30gr), bermeli we 1 sagatdan soc içegäni ýuwmaly. Ulular üçin kädi çigidi- 300g, 10-12 ýaşly çagalara – 150g, 5-7 ýaşly çagalara- 100g, 3-4 ýaşly çagalara- 75g, 2-3 ýaşly çagalara –30-50g çigidi gaýnatma görnüşinde-de bu keseli bejermekde ulanylýar. Näsaga diňe onuň süzülen ergini içirilýär.

**Çagalardaky oksiur keselini bejermekde günde 10-15 sany çigidi iýdirmeli we 1 sagatdan 1 çaý çemçe kastor ýagyny içirmeli.**

**Kädiniň özüniň berhizlik we gowşadyjy täsiri bardyr. Ol dürli suw ýygnanmalarda, böwrek, peşew ýollarynyň kesellerinde, iç gatamalarda ulanylýar. Kädiniň bagyr kesellerinde ulanylýandygy bize mälimdir.Ony gyrgyçdan geçirip deriniň zaýalanan bölegini-ýanygy bejerýärler. Gülünden taýýarlanan gaýnatmasy ýaralary bejermekde ulanylypdyr. Gyrgyçdan geçirilen kädi aýagyň dabanyna ýapgy edilse ýadawlyk aýrylypdyr. Ýa-da ony furunkullar, absessleri bejermekde ulanylypdyrlar. Peşew kowyjy serişde hökmünde 0,5 kg kädini 1 günün dowamynda iýmeli ýa-da 0,5 bulgur şiresini içmeli. Gowşadyjy serişde hökmünde 0,5 kg çig kädini iýmeli.**

**Erkeklik biseperesi.** Lukmançylykda erkeklik bisepe-risiniň porrygyndan taýýarlanan efir ekstrakty tenioz keselini bejermekde ulanylýar. Ekstrakty suwda eremeýär, ýagda ereýär, erbet ysy bar. Bu ösümligiň suwly, spirtli ekstraktynyň öýjüksiz wiruslara garşy täsiri bar. Gadymy lukmançylykda bu ösümlik wenalaryň giňelmesinde, deri kesellerinde daşky serişde hökmünde ulanylypdyr. Bu maksat üçin 0,5 kg ownadylan porrugy 5 litr suwda 5 sagat gaýnatmaly. Gaýnadylanda suw guýup durmaly. Gaýnatmanyc 1 *l*-ni

ýuwunmak üçin ulanmaly. Deri kesellerinde aýak wenalar giňelende 30 gezek ýuwunmaly.

Erkeklik biseperisiniň çykyndysyny soguljan keseline garşy ulanylanda şu düzgünleri berjaỳ etmeli. Bejergiden 1 gün öň näsag ỳagly iỳmit iỳmeli däl: has gowusy süỳt önümleri iỳmeli: Onuň ekstraktyny ajöze içmeli we näsaga gowşadyjy serişdeleri bermeli (kastor ỳag bermeli däl). Has gowusy 30g iňlis duzyny bermeli.

**Bu ösümligiň porrugyndan taỳýarlanan gaỳnatmany hem ulanmak bolỳar. 1 nahar çemçe porrugy 400 ml. suw bilen 10 min. gaỳnatmaly. Gaỳnatmany süzmeli we her 2 sagatda üçe bölüp içmeli, 2 sagatdan soň bolsa iňlis duzuny (30 g.) içmeli.**

## Soguljan keselini bejermekde ulanylỳan ỳygyndylar

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp: | Ol. Ricini | 30,0 | (Kastor ýagy) |
| | Gummi arabici | | (Şepbik) |
| | Tinct Allii sativi aä | 10,0 | (Sarymsagyň tinkturasy) |
| | Aq. Menthae pip. ad. | 100,0 | (Narpyzyň suwy) |

M.F. emuls. D.S. Açlygyňa 1çaỳ çemçe (2-5 ỳaşa çenli üçin) 2 çaỳ çemçe ( 6-10 ỳaşa çenli üçin) 3 çaỳ çemçe ( 11> ỳaşlylar üçin) 2 güniň dowamynda içmeli.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp: | Bulbi Allii sativi | 10,0 | (Sarymsak) |

D.S. 5-10 g 1 litr suwda eretmeli we iç ýuwmaly.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp: | Flor. Tanaceti pulv. | | (Piħmanyň gülüniň külkesi) |
| | Rad. Jnulae pulv. | | (Guzygulagyň köküniň külkesi) |
| | Fruct. Myrtilli aä | 5,0 | (Çernikanyň miwesi) |

M.F. D.S. Ertir. S bölegini 2 sagatdan soc 2 gezek içmeli (askaridoza garşy)

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rp: | Semen Cururbitae | | (Kädiniň çigidi) |
| | Flor. Tanaceti | | (Piħmanyn gülleri) |
| | Cort Frangulae aä | 20,0 | (Garatikeniň gabygy) |

M.F. Spec. D.S. 1 nahar çemçe 1 bulgur suw bilen 10 min gaỳnatmaly. Günde 1 bulgurdan 3 gün içmeli.

Rp: Extr.Filicis maris spissi 0,5 (Erkeklik biseperesiniň ekstrakty)
D.f.d. № 10.In capsulis (Ћelatina örtükde )
gelatinosis.
D.S. 5 örtükden her 0,5 sagatdan 2 gezekde bölüp içmeli.
1 sagatdan soc 30g natrinic sulfatyny içmeli.

Rp: Herb. Tanaceti 25,0 (Piћmanyň oty)
D.S. S çaỳ çemçe 1 bulgur suwda demlemeli. Ertir,
agşam içmeli.

Rp: Herb. Tanaceti 1,0 (Piћmanyň oty)
M.F. pulvis D.t.d.№10.D.S. 1 külkeden iki gezek bal bilen içmeli.

## 2. 10. Deri keselleri

**Häzirki döwürde deri kesellerini bejermekde ulanylýan derman ösümlikleri gowy netijeleri berýändir. Derman ösümliklerinden alynan derman serişdeleri öz düzüminde biologiki aktiw maddalary saklaýar, hem-de hiç hili zyýanly goşmaça täsirleri ýüze çykarmaýarlar. Şonuň üçin-de olar bilen deri kesellerini we beýleki keselleri uzak wagtlap hiç-hili zyýansyz bejerip bolýar.**

Deri kesselleriniň ähli görnüşlerinde hem derman ösümlikleri bilen kesel bejermeklikde, olaryň goldaýjy hem-de esasy bejerijilik häsiýetlerine esaslanyp umumy we ýerli bejergileri amala aşyrmak üçin ulanylýar. Keseli bejermekde derman osümlikleri keseliň sebäbine we geçiş döwürlerine görä saýlanyp alynýar. Deri kesellerinde olar esasy bejeriji ýa-da goşmaça derman serişdesi hököminde hem ulanylyp biliner.

Derman ösümlikleri ulanylanda olaryň bejeriş usuly we möçberi ulular üçin görkezilýär. Çagalar üçin bolsa möçberi azaldylan bolmalydyr, ýagny ululara berilýän möçberiň 1/3 - 1/4 bölegini bermelidir. Çagalaryň deri kesellerini bejermeklik üçin güýçli täsir edýän derman ösümlikleri ulanylanda möçberlerini has-da azaltmalydyr. Käbir derman ösümlikleri bolsa asla çagalara ulanmak bolmaýar.

Deri kesellerinin köp sanly görnüşleri bardyr. Olaryň esaslaryna şular degişlidirler, ýagny:

Pis keseli;

Mikozlar;

Kandidozlar;

Kel keseli;

Seboreý saç düşmesi;

Piodermiýa ;

Mehaniki gysylmalaryň we sürtülmeleriň netijesinde ýüze çykýan deri keselleri;

Gyzgyn görkezijiniň ýütgemeginde ýüze çykýan deri keselleri;

Ekzema;

10-Mör-möjekler çakanda ýüze çykýan deri keselleri;

11-Iriňli häsiýetli deri keselleri;

12-Wirusyň we mugthorlaryň ýüze çykaran deri keselleri;

Bu keselleriň bejeriş usullary we olarda ulanylýan derman ösümlikleriniň görnüşleri özaralarynda tapawutlan-ýandyrlar.

Pis keseli. **Bu kesel adam bedeninde pigment ýetmezçiligi sebäpli döräp, tende ak tegmil gornüşinde çykýar. Köp sanly ylmy çeşmelere görä bu ýagdaýda enzimleriň okislenme hadysalarynyň saklanmagy sebäpli tirozini melanine öwrüp bolmaýar. Şeýle-de bu ýagdaý bedende demiriň, misiň ýetmezçiligi sebäpli hem ýüze çykyp bilýär. Şol bir wagtyň özünde bu keseliň döreýiş we geçiş sebäpleri ylymda doly öwrenilen däldir. Şonuň üçin hem bu keseliň ýöriteleşdirilen belli bir bejergisi ýokdyr. Bu keseliň döremeginde birnäçe kesgitli sebäpleri bardyr, meselem nesilleýin geçýän neýroendokrin bozulmalar, akyla şikes ýetirmeler, bowrek üsti mäzleriň, şeýle-de galkan şekilli we jyns mäzleriň işiniň bozulmasy, içki agzalaryň keselleri, ýokanç keseller, zäherlenmeler ýaly güýçler täsir edýär. Mundan başga-da, bu ýagdaý melonositleriň kadaly işiniň bozulmasy bilen hem ýüze çykyp bilýär, ýagny deride melanostimulirleýji**

**gormonlaryň antogonistleri melatonin we kateholamin bar, olar bolsa gormonlaryň işini togtadýarlar.**

Bu kesel ownuk reňksiz tegmiliň emele gelmegi bilen başlanýar. Kesel köplenç bildirmän başlap, duýdansyz ýüze çykýar, netijede bolsa reňksiz tegmiller ýuwaşlyk bilen emele gelýär. Zaýalanan ýerdäki bedeniň suwuklyklary hem reňksizlenýär. Pis keseliniň ýerleşişi hem dürlüdir. Bu kesel islendik ýaşda, şol sanda erkeklerde-de, aýallarda-da bolup biler. Bu keseliň dowamlylygy uzakdyr.

Pis keseliň döreýşiniň sebäbini doly anyklap bolmaýandygy üçin ony bejermeklik hem kyn düşýär. Şu maksatlar üçin soňky 40 ýylyň içinde ultramelewşe şöhleler hem-de furokumarin saklaýan derman ösümlikleri ulanylýar. Furokumarinlere meludinin, beroksan, psoralen, ammifurin degişlidir. Bular ýokary derejede bedeniň ýagtylyga bolan duýujylygyny (fotosensibilizirleýji işjeňligini) ýokarlandyrýar we melaniniň emele gelşini sazlaşdyrýar. Netijede bolsa deri ortügine tebigy reňkini gaýtaryp berýär.

Bedeniň ýagtylyga bolan duýujylygyny käbir derman ösümlikleriniň ýygyndylary hem ýokarlandyrýar, ýagny olaryň düzümine jerebaýyň oty we beýleki pigment çalşygyny gowulandyrýan otlar girýändir.

Käbir barlaglaryň netijesinde bu kesel ýaňy döräp başlan wagtynda jerebaýyň ekstraktyny birnäçe aýlap, içmek hem-de daşky ulanmak bilen bejergileri geçirilse gowy netijeleri almak mümkinçiliginiň bardygy kesgitlenildi. Bu ýagdaýda şol bir wagtyň özünde teni simap-kwars lampasynyň ýa-da tomusyna gün şöhlesiniň kömegi bilen şöhlelendirmelidir. Şeýle bejergileriň netijesinde melaniniň pis keseliniň ojagynda emele gelýändigi anyklanandyr. Bu bejerginiň goşmaça zyýanly täsirleri ýokdyr.

Melanin – fenilalaniniň enzimleýin okislenmeginiň zynjyrynyň ahyrky owrümidir. Melaniniň polimer molekulalarynyň çylşyrymly gurluşy bardyr hem-de bular erkin radikallary we beýleki şöhlelenmäniň aktiw önümlerini fokusirlemäge ukyplydyr. Furokumarin serişdeleriniň täsirligi

zaýalanan yeriň üst ýüzüniň ululygyna baglydyr. Mundan başga-da näsagyň ýaşyna, goşmaça kesellere, näçe wagtdan bäri keselleýändigine baglydyr. Şöhleleriň tolkunlarynyň hem täsiri bardyr. Meselem orta tolkundaky (290-320 nm ýygylykda) ultramelewşe şöhleleriň uzyn tolkunlaryndaka (320-400 nm ýygylykda) seredende täsiri azdyr.

Ultramelewşe şöhleleriň melanini sazlaşdyryjy ukyby furokumarinler bilen bilelikde ulanylýan usulyna pis keseliniň bejerilişiniň fotohimiki usuly diýilýär. Fotohimiýa bilen bejermeklik näsag doly barlanandan soň, bejergä garşy görkezmeler bolmadyk halatynda geçirilýär. Bejergi hepdede 3 gezek geçirilýär, ýagny şöhlelenmeden 2 sagat öň beroksan, psoralen ýa-da ammifurin ýaly dermanlar berilýär. Şöhlelenmeklige başda 3 minut, soňra her 2 gezek şöhlelenen soň ýene-de 3 minut uzaldylýar, soňky bilen bilelikde onuň dowamlylygy 12-15 minuda çenli ýetirilýär.

Bejergini 15-18 şöhlelenme bilen 3 hepde arakesmeden soň ýene-de gaýtadan geçirilýär. Şeýdip 2 gezek bejergi geçirlenden soň keseliň ojagynda pigmentleriň kiçijik bölejikleri emele gelip başlaýar. Soňky bejergiler bilen ol bölejikler ulalýar. Doly pigmentiň emele gelmegi 5 gezek bejergi geçirilenden soň döreýär. Bu hem diňe 50% näsaglarda bolýar, 30% näsaglarda biraz pesräk ýagdaýda bolup geçýär.

Pis keseliniň bejerilişiniň bu usuly beýleki bejergiler bilen deňeşdirilende gowy netijeleri berýändigi üçin köplenç ýagdaýlarda bu bejergini ulanmak maslahat berilýär.

Fotohimiýa usuly bilen bejermekde kähalatlarda goşmaça täsirler hem ýüze çykýar, ýagny: ukynyň bozulmagy, gaýtarmaklyk, kelle agyry, baş aýlanma we ş.m.

Furokumarin serişdelerini käbir kesellerde, ýagny: sarygetirmede, ýürek-damar ýetmezçiliginde, göwrelilikde, inçe keselde we ş.m. ulanmaklygy maslahat berilmeýär.

Ammifuriniň dermanyny pis açma keselini bejermekde ulanyp boljagyny ylmy barlag işleriň netijeleri görkezýär. Bu serişdäniň düzümine furokumarinleriň birnäçesi,

izopimipinellin ksantotoksin, we bergapten girýär. Olar “uly Ammi” ösümliginiň tohumyndan bölünip alynýandyr. Ammifurin bilen bejermegiň täsirliligi ýokarydyr.

Pis keselini bejermekde derman ösümlikleriniň toplumlary hem giňden ulanylýar, mysal üçin olara şular degişlidirler:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Hyperici | 30.0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Fbor. | Calendulae | 30.0 | (Dyrnaklyjanyň gülleri) |
| | Flor | Chamomillae | 20.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Herb. | Salviae | 40.0 | (Bidenek oty) |
| | Herb. | Origani | 20.0 | (Ỳakymlyjanyň oty) |
| | Herb. | Bidentis | 20.0 | (Üç bölek goşa dişiň oty) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 40.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F. spec. D.S. Bu ýygyndynyň 1-2 nahar çemçesiniň demleme görnüşinde 1 bulgur gaýnag erginde taýýarlap, nahardan öň 0,5 bulgurdan günde 2-3 gezek 1-2 aýyň dowamynda içmeli.

**Olardan başga-da şeýle maksatlar üçin birnäçe derman serişdeleri hem giňden ulanylýar:**

3) **Pirroksanyň 1 gerdejigini günde 2 gezek 20 günüň dowamynda içmeli. Arakesme 10- gün. Bejergi 2-3 gezek geçirilýär we bejergi döwründe gan basyşy barlanyp durulýar.**
4) **Metildofa (dopegit) 1 gerdejikden günde 2 gezek nahardan öň içmeli. Bejergi 20 gün dowam edýär. Arakesme 10 gün bolup, bejergini 2-3 gezek gaýtalamaly.**
5) **Araliýanyň we walerianany c tinkturasyny deň mukdarda çaý çemçesi bilen günde 2 gezek nahardan öň suw bilen içmeli. Bejergini 2-3 aý dowam etdirmeli.**
6) **Biosediň 1 ml-ni myşsa, günde bir gezek, 30 günün dowamynda sançmaly.**
7) **Kwarsyň suberutem möçberini (15 gezek) günde kabul etmeli, 2 sagat öň pigmentiň ýok yerlerini jerebaýyň tinkturasy bilen süpürmeli ýa-da dopegit çalgysyny çalmaly.**

**Näsaga bejergi alýan döwründe köp mukdarda käşir, kelem, şugundur we erik iýmekligi maslahat berilýär.**

**Her üç günden näsaga kyrk bogunyc we waleriananyc kökünic suwyna ýuwunmaklygy maslahat berilýär. Bu suwy taýýarlamak üçin 20 ml waleriananyc tinkturasyny hem-de kyrk bogunyc ekstraktynyň 2 nahar çemçesini 1 l suwa goşmalydyr. Bu ýagdaýda näsag, mundan başga-da 2-3 aýlap derman ösümlikleriniň ýygyndylarynyň demlemesini ýa-da irden we agşam 1-2 gerdejigini içmelidir.**

**Näsaglara toplumlaýyn bejergi geçirilende ýene-de legalon, lipoý turşusyny, $B_1$, $B_2$, $B_{12}$, C, witaminlerini, demiriň, misiň, margensiň, kobaltyň dermanlaryny bermek maslahat berilýär. Bulardan başga-da käbir ýagdaýlarda biýohinol, fotin, pantokrin, nowokainiň erginini, fosfren, pituitrin, tolbutamid we anaboliki steroidleri, kortikosteroid dermanlaryny we başgalary ulanmaklyk maslahat berýärler. Şu maksatlar üçin patogenetiki esaslandyrlan derman bolan Metildofany ulanmak hem bolýandygy subut edilendir.**

**Bu keselde fiziki bejergilerden ultramelewşe şöhleleri, ultrases, dürli ýylylyk täsirleri ulanylýar. Şeýle näsaglara saglygyňy dikeldiji we bejeriji öýlerinde bejergi almaklygyň, ýagny arassa howada gezelenç etmekligiň, deňizde suwa düşmekligiň, günüň we howanyň täsirlerinden peýdalanmaklygyň hem uly ähmiýetiniň bardygy anykdyr.**

Mikozlar. **Mikozlar deri keselleriniň uly toparyna degişli bolup, olar patogen kömelegiň üsti bilen kesel döredýärler. Häzirki wagtda şeýle kömelekleriň 500-e golaý görnüşi ylma bellidir we olar dürli ýurtlarda duş gelýändirler. Olaryň köp ýaýran käbir görnüşleri barasynda şeýle maglumatlary berip bolar, ýagny:**

**Keratamikoz - bu epidermisiň gatlagyny zaýalaýar we alawlama keseli ýüze çykmazdan emele getirýär (meselem, turb-şekilli, dürli reňkli lişaý).**

**Epidermomikozlar (gasyk epidermofitiýasy, dowamly mikoz, rubomikoz, kandidozlar) - bular epidermise**

kömelekleriň aralaşmagy bilen alawlama keselini ýüze çykarýarlar.

Trihomikozlar (trihofitiýa, mikrosporiýa we fawus) - olar deriniň şahly gatlagyny we saçlary zaýalaýarlar.

Çuň mikrozlar (blastomikoz, hromamikoz sporotrihoz we başgalar) - bolsa deriniň özüni we deriasty kletçatkany zaýalaýarlar.

Mikozlaryň döremeginde madda calşygynyň bozulmalarynyň täsiri bardyr. Olaryň döremeginiň esasy sebäpleri hökminde gan aýlanşygynyň bozulmagyny, witaminleriň deňagramlylygynyň üýtgemegi, disbakterioz, deriň bölünip çykmasynyň ýokarlanmagyny, ýiti hem-de uzaga çeken ýokanç keseller sebäpli emele gelen trofiki bozulmalary, döwük-ýenjikleriň bolmagyny, sürtülmeleri we başgalary görkezmek bolar. Yerli täsir edýän hadysalaryň netijesinde ýuwaş-ýuwaşdan bedeniň işjeňligi üýtgeýär, bu bolsa belli bir derejede immunobiologiki üýtgemelere alyp barýar.

Mikozlar dürli reňkli lişaýdyrlar we ownuk sary-goňur tegmiljik bolýarlar.Olar garnyňda, arkaňda, göwüsde, seýregräk halda eginde duş gelýärler. Tegmilleri gyrsaň ýüzi gopýar, oňa ýodyň erginini çalsaň zaýalanan yeri has tutuk reňk bilen belli bolýar.

Gasyk epidermofitiýasy esasanam erkek adamlarda duş gelýär. Olar gasyk gasynlarynda, ýumurtgalykda, ýanbaşyň arasyndaky gasynlarda duş gelýär. Olar bir ýa-da birnäçe tegelek bildirip duran, esasanam gijelerine gijeýän gülgüne- gyzyl tegmillerden ybaratdyrlar.

Dabanda mikozyň emele gelmegi dürlidir. Bu keseliň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar köplenç mikrobedenjikler (stafilokokk) bilen we örgün örtükleriniň netijesinde ýüze çykýarlar.

Rubomikoz bilen daban, eliň aýasy, dyrnaklar, esasanam barmak aralary we tüýjümek yerler, kelle zeperlenýär. Ýaramaz örgünleri ýüze çykarýarlar.

**Mikozlary bejermegiň birnäçe usullary bar. Olaryň esasylaryna şu aşakdakylar degişlidirler, ýagny:**

1) **Umumy – immunobiologiki usuly;**
2) **Ỳerli bejergi;**
3) **Mikrobedenleriň, kömelekleriň ösmegini we köpelmegini togtatmaklyk usuly. Bu maksatlar üçin antiparazitar, fungusid serişdeleri ulanmaklyk ýa-da derini guratmaklyk, deriniň turşu täsirleşmesini ýokarlandyrmaklyk maslahat berilýär. Olaryň netijesinde kömelegiň ösüşi üçin mümkinçilikler bolmaýar.**

**Epidermisde dörän dürli reňkli lişaýlary bejermek üçin keratolitiki serişdeler bolan: ýaşyl sabyn, Wilkonsonyň çalgysy, Andriasýanyn ergini, ýoduň spirtli ergini, salisil spritiniň 2-5% ergini, benzil benzoatyň 20% emulsiýasy, kükürtli çalgy, Demýanowiçiň ergini ulanylýar.**

**Mikoz gaýtalanyp, ötüşen yagdaýynda wenadan natriniň tiosulfatynyň, kalsiniň glýukonatynyň ýa-da kalsiniň hloridini goýbermeli. Soňra dimedrol, suprastin, diazolin, fenkarol we başgalary bellemeli. Mundan başga-da olary ýok ediji dermanlary bilen ýuwmaly ýa-da şeýle pastalary çalmaly.**

**Mikozy bejermekde antiparazitar ya-da fungisid täsiri ýüze çykarýan dermanlar bolan: salisil, benzoý, süýt turşularynyň dermanlary we kükürdiň, timolyň anilin boýaglarynyň dermanlary, kömelege garşy dermanlary – mikozolony, mikoseptini, undesini, dekamini, sinkundany, amikozoly we başgalary ulanmaly. Eger kömelek dyrnakda we saçlarda bolsa, onda griseofulwin ulanylýar.**

**Mikozlary bejermekde 1000 köpräk osümlikleriň, 137 ösümlik maşgalasynyň antimikoz täsiriniň bardygy ylmy çeşmelerde yazylýar. Olaryň köpüsi mikroba we mugthorlara garşy täsiri ýuze çykarýan maddalary saklaýarlar. Meselem, salisil, benzoý turşulary - käbir ösümliklerden; lýuterin - sary kubyşka ösümliginden;**

**nowoimanin- jerebaý öşümliginden we başga-da dürli furokumorinler – psoroleýadan we beýlekilerden alynandyr.**

**Mundan başga-da bu keselde iýmit şirelerini ulanmak hem peýdalydyr, ýagny olara badam, ýer tudanasy, ülje, kizil we beýlekiler degişlidirler. Olaryň düzümine dürli aldegidler, uçujy aromatiki maddalar girýär we olar kömelege hem-de mikroblara garşy täsirleri ýüze çykarýandyrlar. Olaryň has täsirlisi badam şiresidir.**

**Berýozadan we sosnadan alynan deg ot hem fungisid täsiri ýüze çykarýar, ony dermatologiki amallarda arassa (5-10%) özüni ýa-da kükürt, salisil turşusy ýa-da naftalan bilen garyp ulanýarlar.**

**Antimikolitiki täsiri pihtanyň pürleri, ewkalipt, adaty çemerisa, gara derek, uly sabyn oty, gorçisa we başgalar hem ýüze çykarýarlar.**

Deriniň kömelekli keselleri. **Hamyrmaýa gornüşli kömelekleriň kandida gornüşine degişlileri deride, nemli bardalarda mesgen tutýarlar. Bu kömelekler süýtde, süýtli önümlerde, miwelerde, kandidozly näsagyň gapdalyndaky zatlarda, onuň otagynyň tozanlarynda, howasynda köp duş gelýär. Bu kömelekler adamyň özünde saklanýar, ýöne kesgitli bir şertlerde özleriniň kesellerini döredip bilýärler. Hamyrmaýa görnüşli kömelekleriň işjeňliginiň ýokarlanmagynda antibiotik derman serişdeleriniň hem täsiri bardyr. Bu kömelekler iýmitiň bozulmagyna, madda we uglewod çalyşygynyň bozulmasyna getirýär hem-de witaminleriň yetmezçiligini ýüze çykarýar.**

**Kandidozlar nemli bardalary we derini zaýalaýarlar. Köplenç III we IV barmaklaryň arasynda, dabanda, gasyk we goltuk oýtumlarynda, semiz aýallaryň süýt mäzleriniň aşagynda we artbujagyň arasynda bolup bilerler. Mundan başga-da bu kömelekler agyz boşlugynyň nemli bardasyny, daşky jyns agzalaryny zaýalap bilerler. Kesel ownuk haltajyklaryň emele gelmegi**

bilen döräp tizden ýalpyldap gyzyl reňkli çygjaryp duran ýara owrülýär. Ỳaranyň üsti anyk aýrylyp duran gabykly bolýar.

Nemli bardadaky kandidoz dürli kliniki görnüşlerde emele gelýär (droħ görnüşli stomatit, kandidomikotiki glossit, basyk, heýlit we başgalar).

Hamyrmaýa meňzeş kömelekleriň içki agzalary hem zaýalaýan wagty duş gelinýär. Olar koplenç wiseral kandidoz wagtynda gyzylödegi, öýkeni, inçe we ýogyn içegäni, peşew haltany zaýalaýar. Ỳüregiň we bagryň kandidozy has seýrek duş gelýär.

Wiseral kandidozyň iýmit siňdiriş ulgamy zaýalamagy ilkinji orunda durýär. Şeýle näsaglaryň işdäsi kesilýär, agyz boşlugynda alawlama duýulýar, çeýnemegiň agyry sebäpli agyrlaşmagy, tiz-tizden içiň geçmegi, içegäniň ýellenmegi we bedeniň gyzgyn görkezijisinic ýokarlanmagy bolup geçýär.

Kandidozlary bejermek üçin kömelege garşy antibiotikleri nistatin, leworin, amfoterasin-B, amfoglýukamin we başgalar ulanylýar. Umumy bedeniňi berkidiji serişdeler höküminde plazma çalyşyjy erginleri, immunoglobulinleri we başgalary sançýarlar.

Kömekçi serişdelerden anilin boýaglary, Kastellanyň ergini, bor tuşrysy, kümüşiň nitraty, bioform ergini, nistatin ýa-da leworin çalgylary we beýleki daşky serişdeleri ulanmalydyr.

Antiseptiki we kömelege garşy häsiyetli lukmançylyk amalyna girizilen tebigy immunitet serişdeleri – fitonsidleri saklaýan ösümlikler hem giňden ulanylýandyr.

Sarymsagyň, soganyň fitonsidleriniň adamda kesel dörediji kömelekleriň ştamlarynyň on üçüsine – fungistatiki, fungisid täsiri ýüze çykarýandygy bellidir. Şol sebäpli soganyň, sarymsagyň fitopreparatlary kömelek keselleri bolan kandidozda kömekçi serişdeler hökmünde giňden peýdalanylýar.

**Ösümliklerden alynýan birnäçe dermanlar Candida albicans toparyndan, droħ gornüşli kömelekler bolan altynsöw stafilokokklara garşy ulanylýar. Olar deri we kandidoz kesellerini bejermekde giňden ulanylýandyr. Mysal üçin, şeýle bejergilerde biosediň 1 ml-ni deriniň aşagyna ýa-da myşsadan 20-30 günün dowamynda günde sançmalydyr. Mundan başga-da saburyñ ekstrakty, ħenşeniň, eleuterokokanyň, zamanihanyň ekstraktlary hem ulanylýar. Ỳene-de şu maksatlar üçin saparaly 1 gerdejikden 1-2 aýlap ertirine we agşamyna içmelidir.**

**Kömekçi bejergi hökmünde indiki derman ösümlikleri we olaryn ýygyndylary ulanylýar, ýagny: adaty arçanyň miweleri, adaty boýbodronyň oty, dermanlyk bidenegiň ýapraklary, ewkaliptiň yaprakalary, dermanlyk çopantelpegiň gülleri, dermanlyk dyrnaklyjanyň gülleri, gara deregiň we berýozanyň pyntyklary. Bu derman ösümlikleriň çig mallaryndan we ýygyndylaryndan demleme taýýarlamak üçin 1-2 nahar çemçesini bir bulgur (200 ml) gaýnan suw bilen suwly hammamda 5-10 minut gaýnatmaly. 45 minut demläp goýup onuň 1/3 bulgur demlemesini nahardan soň günde 3 gezek içmeli, ýa-da demeleme bilen agyzyňy çaýkamalydyr. Zaýalanan ýere hlorofillipt, rozonolom, dyrnaklyjanyň tinkturasyny, berýozanyň we deregiň pyntyklarynyň tinkturalaryny (1:10) çalmalydyr.**

## Kel keseli

**Bu keseliň döreýşi näbellidir. Çaklamalara görä nerwä agram salmalar, ukusyzlyk, agyr gaýgy-aladalar, gormonal bozulmalar, zäherleýji maddalaryň täsirleri, ötüşen ýokanç keselleriň ojaklary (gaýmorit, dişleriň kariýesi, tonsillit), awitominozlar, mikroelementleriň yetmezçiligi we ş.m. onyň döremeginiň esasy sebäpleri bolup bilerler.**

**Kel keseli dörände ilki bilen kelläniň saçly böleginde birden, yekelikde we köpsanly doly saçyň düşen ojagy ýüze çykyar. Saç düşen ojagy tegelek ýa-da süýnmek görnüşli dürli ululykda bolup biler. Käbir yerlerde olar birigip uly saç düşen bölegi emele getirýär.**

**Saç düşen yeriniň gyrasyndaky saçlar ýukajyk we tiz düşegen bolýar, deri bolsa üytgemeýär. Keseliň dowamlylygy birnäçe aýdan başlap birnäçe ýyla çenli gidip biler. Saç düşmeklik ýagdaýynda saçyň kadaly ösüşi bozulýar. Kesel duýdansyz bolup geçýär.**

**Bu keseliň bejergisi uzak wagtlap dowam edýär. Kähalatlarda bejergi netijesiz hem bolýar, esasanam köpçülikleýin saç düşmede. Toplumlaýyn bejergilerde biostimulýatorlary hem ulanynýarlar, ýagny saburyň sanjym üçin niýetlenilen ergini ýa-da biosedi. Bu dermanlar goşmaça täsirleri ýüze çykarmaýarlar. Şol bir wagtyň özünde bejergini 2-4 tapgyrdan geçirmelidir. Newrotiki ýagdaýlarda sedatiw dermanlary hem bellenilýär. Olardan başga-da demiriň, myşyagyň, fosforyň dermanlary bilen bilelikde witaminli bejergiler hem amala aşyrylýar. Biostimulirleýji serişdelerden ħenşeniň köki, eleuterokokanyň ekstrakty, manħur araliýasynyň we gülgün rodiolanyň tinkturalary ulanylýar. Bu ýagdaýlarda fizioterapewtiki bejeriş usullarynyň hem ähmiyeti ulydyr.**

**Ỳerli bejerginiň ähmiýeti saçyň düşen yerleriniň gan damarlaryny giňeltmek bilen dokumalardaky m elichrysi adda çalşygyny sazlaşdyrmak bilen baglanşyklydyr. Bu bolsa saçyň ösmegine mümkinçilik döredýär. Bu maksat üçin ösümliklerden bolan dermanlar gyjyndyryjy serişde hökmünde ulanylýar. Saçyň düşen ojaklaryny repeý, ýagny birýyllyk burçuň spirtli tinkturalaryny, soganyň, sarymsagyň, şeýle-de beýleki derman ösümliklerinden bolan ýygyndylaryň dermanlaryny çalmalydyr.**

**Olardan:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp: | Rad | Arctium | 30.0 | (Uly lapuhyň köki) |
| | Fol. | Urticae | 70.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. Ỳygyndyny 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda demleme görnüşinde taýýarlap saçyň düşen ýerlerini ýuwmaly.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp: | Rad. | Arctium | 15.0 | (Uly lapuhyň köki) |
| | Herb. | Hyperici | 15.0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Herb. | Bidensis | 15.0 | (Üç bölek goşa dişiň oty) |
| | Fl. | Helichyrysi arenarii | 10.0 | (Gurtgyranyň gülleri) |
| | Fl. | Chamomillae | 10.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Stigmatis | Maýdis | 10.0 | (Mekgejöwen gulpagy) |
| | Fl. | Tancetii | 10.0 | (Adaty piħmanyň gülleri) |
| | Rad. | Araliae manshuricae | 15.0 | (Manħur araliýanyň köki) |

M.F.spec.D.S. Demlemäni 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli, 1/2-1/3 bulgurdan günde 3 gezek nahardan 30 min öň içmeli. Saçyň düşende we kellikde peýdalydyr.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp: | Fol. | Plantaginis majoris | 10.0 | (Uly atgulagyň yapragy) |
| | Rad. | Arctium | 10.0 | (Uly lopuhyň köki) |
| | Fl | Calendulae | 10.0 | (Dyrnaklyjanyň gülleri) |
| | Herb | Menthae piperitae | 10.0 | (Dermanlyk narpyzyň oty) |
| | Herb | Hyperici | 15.0 | (Jerebaýyn oty) |
| | Stigmatis | Maydis | 10.0 | (Mekgejöweniň gulpagy) |
| | Fl. | Helichrysi arenarii | 10.0 | (Gurtgyranyň gülleri) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 10.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F.spec.D.S. Demlemäni 1 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli, 1/2 - 1/3 bulgurdan nahardan 30 min öň, gunde 3 gezek içmelidir. kelligi bejermekde peýdasy ýokarydyr.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp: | Herb. | Hyperici | 15.0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Stigmatis | Maydis | 10.0 | (Mekgejöweniň gulpagy) |
| | Fl. | Helichrysi arenarii | 10.0 | (Gurtgyranyň gülleri) |
| | Fol. | Urticae dioicae | 10.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F. spec. D.S. 1nahar çemçe 200 ml. gaýnan suwda demlemeli. Demlemäni 1/2-1/3 bulgurdan nahardan 30 min. öň, günde 3 gezek içmeli. Kelligi bejermekde peýdasy ýokarydyr.

**Mundan başga-da, kelligi bejermekde bedeniň ýagtylyga duýýujylygyny ýokarlandyrýan serişdelerini ultramelewşe we gün şöhleleri bilen bilelikde utgaşdyrlyp ulanylanda gowy netijeleri berýändigi anykdyr. Olara uly amminiň we pasternagyň dermanlaryny mysal getirip bolar. Jerebaýyň spirtli ekstraktynyň hem şeýle täsiri**

**bardyr. Kelligi bejermekde bu dermany çalyp, 10-15 minut kwars lampa bilen şöhlelendirilýär. Şol bir wagtda näsaga bu ösümligiň şiresini hem içirmelidir.**

Saç düşmesi. **Bu keseliň ýüze çykmagynyň sebäbi doly öwrenilmedikdir. Ỳöne häzirki wagtda seboreý saç düşmesi gipofiziň, jyns mäzleriniň bozulmalarynyň netijesinde ýüze çykýanlygy mälimdir. Mundan başga-da oňa nesilegeçijilik sebäp bolup biler. Bu kesel adatça erkek adamlarda 20-30 ýaş aralykda köp ýüze çykýar.**

**Kelläniň saçly böleginiň seboreýasy, esasan hem, adatça ýagly goňagyň ýüze çykmagy netijesinde başlanyar. Soňra maňlaýyň iki gapdalynyň saçlary seýreklenip, ýuwaş-ýuwaşdan saçsyzlyk emele gelýär.**

**Kähalatlarda seboreý saçsyzlanmada kelläniň derisinde üýtgeme bolup, ol tekizlenýär, ýalpyldaýar we ýukalýar. Goňak ýa-da alawlama hadysalarynda maňlaý we depe deride örgün peýda bolup, soňra ol gijeýär.**

**Şeýle kesel dörände derman ösümlikleriniň dermanlaryndan bolan biogen stimulýatorlaryny içmelidir. Toplumlaýyn witaminoterapiýa, miwe şirelerini, terje gök-önümleri, şeýle-de myşýagyň, demiriň we fosforyň dermanlaryny ulanmaklyk has-da gowy netijeleri berýär. Iç gatamazlygy üçin gowşadyjy täsirli serişdeler bellenýär.**

**Kelläniň seboreý saçsyzlanmagynda ulanylýan bejergide kelle derisiniň ýag bölüp çykarma ukybyny hem göz öňünde tutulmalydyr. Bu bejerginiň netijeliligi ol diýen ýokary bolmasa-da goňagyň emele gelmegi azalyp, saç düşmek hadysasy togtaýar. Adatça şeýle ýagdaýlarda derini mikroblardan aýyryjy serişdeler ulanylanda kelläniň saçly böleginde giperemiýa ýüze çykýar we şonuň bilen birlikde dokumalaryň gan bilen üpjün edilişi gowulanýar. Bu bolsa saç follikulalarynyň işjeňligi sazlaşdyrýar we saçyň düşmegini peselidýär.**

**Bu kesel ýüze çykanda kelläniň derisine soganyň we sarymsagyň dermanlaryny sürtmek hem-de repeý ýagyny**

**çalmak gowy netijeleri berýär. Saç ýuwmak üçin düzüminde çopantelpegiň güllerini, dyrnaklyjanyň güllerini, atgulagyň ýapraklaryny saklaýan derman ösümlikleriniň ýygyndylaryny we alawlama garşy täsirli, öýjügiň ýaňadan dikelmegini sazlaşdyrma häsiyetli ösümlikleriň dermanlaryny ulanmalydyr. Olardan başga-da, şu maksatlar üçin öňki kelligi bejermekde ulanylýan ýygyndylary ulanmaklyk hem peýdaly bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda aşakdaky görkezilen derman ösümlikleriniň ýygyndylary hem gowy netijeleri berip bilerler, ýagny:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Arctium | 30.0 | (Uly lopuhyň köki) |
| | Rad | Inulae | 30.0 | (Uzyn guzygulagyň köki) |
| | Herb. | Hyperici | 40.0 | (Jerebayyň oty) |

**M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. 2-3 bulgur gaýnatmany günde adaty örgünjikleri bejermekde ulanylýar.**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad | Arctium | 30.0 | (Uly lopuhyň köki) |
| | Fol. | Urticae | 70.0 | (Çit-çitiniň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly.Gaýnatmany depe saçyň düşmeginde kelläni ýuwmak üçin ulanylýar.

Deriniň iriňleme keselleri. **Deriniň iriňlemesi - deri keseli bolup, onuň esasy alamatlary iriňlemedir. Bu kesel giňden ýaýrandyr.**

**Onuň ýüze çykmagyna deriniň ýokary gatlagyna zeper ýetme, deriniň hapalanmagy, arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmezligi hem-de sowuk urmak we gaty gyzmak sebäp bolýar. Içki sebäplerden uglewod çalşygynyň bozulmagy (giperglikemiýa), endokrin bozulmalar (gipofizar-böwrek üsti ulgamynyň, galkan görnüşli mäziň işjeňliginiň ýetmezçiligi), nerw ulgamynyň işjeňliginiň bozulmagy (wegetonewrozlar), iýmitlenmegiň bozulmagy (gipoproteinemiýa, A we C gipoawitominozlar), ýiti we dowamly keseller, aşgazan-içege bozulmalary we käbir nesile geçiji hadysalar esasy orny tutýandyrlar.**

**Soňky wagtda deriniň iriňlemesiniň gaýtadan ýüze çykýan görnüşleri bellenilip başlandy.**

**Onuň geçişinde kesel döredýän bedenjigiň diňe bir häsiýeti uly orny tutman, eýsem-de onuň giň spektr täsirli antibiotiklere-de durnuklylygyny hem bellemelidir.**

**Häzirki döwürde ötüşen piodermiýanyň A-immunoglobuliniň ýetmezçiligi sebäpli periferik T- limfa ulgamynyň ýetmezçiligi bilen baglanşyklylygy belli boldy. Şeýle hem bedeniň tebigy goraýjy häsiýetiniň peselmegi we çalyşma işjeňlikleriniň bozulmagy oňa sebäp bolup bilerler. Piýodermiýanyň gaýtadan ýüze çykmagyna deriniň bakterisid täsiriniň peselmegi, onuň goraýjy suw-lipid dolanşygynyň bozulmagy, aşgazan-içege ulgamynyň we bagyryň keselleri, şeýle-de ötüşen kesel döredijiniň ojagy hem-de ýygy alawlama keselleri sebäp bolup bilerler.**

**Piodermiýa täsir ediji hadysalara baglylykda 3 topara bölünýärler, ýagny: stafilokokk, steptokokk we garyndyly. Keseliň ýerleşen çuňlugyna baglylykda piodermiýa ýüzleý we çuňňur, geçişiniň häsiýeti boýunça bolsa – ýiti we ötüşen gornüşlere bölünýär.**

**Stafilodermiýa degişli keseller: ostiofollikulit, sikoz, çuňňur follikulit, furunkul, furunkulez, dokuzdonly, gidra-denit. Streptokokk impetigo keselini döredýär.**

**Steptostafilokokkly piodermiýasyna bolsa wulgar impetigo, ötüşen ýaraly piodermiýa, şankr gornüşli piodermiýa degişlidirler. Çagalarda we yetginjeklerde streptodermiýa has ähmiýetli, stafilodermiýa bolsa has köp ýaýrandyr.**

**Şeýle keselleriň alamatlary dürli - dürlidir. Ol keseliň geçiş häsiýetlerine, kesel döredijiniň kesel döredijilik ukybyna, deriniň zaýalanşynyň derejesine we immun ulgamynyň ýagdaýyna we ş.m. baglydyr.**

**Piodermiýalaryň suratlandyrylyşy dürli görnüşlidir. Streptodermiýa-da keseliň geçişi çäklendirilen häsiyetli, ol üýtgeşik yz galdyrmaýar. Stafilodermiýa tersine saç**

**follikulalaryny we olary örtýan dokumalary zaýalaýar, ondan başga-da olar ostiofollikulitden başlap has çuňňur iriňli alawlama hadysalaryna aralaşyp bilýar. Kähalatlarda ötüşen we garjaşan piodermiýa ýüze çykýar. Olar belli bir gornüşdäki jemlenen iriňli hadysalary emele getirýär.**

**Furunkulýozlar (köp sanly we gaýtadan ýüze çykan furunkullar) – ýaýraýan we, toplanýan görnüşlere bölünýärler. Geçişi boýunça olaryň ýiti we ötüşen görnüşleri bolýandyr. Şeýle ýagdaýlarda saç follikulasynyň daşynda açyk-gyzyl reňkli çişler emele gelýärler. 3-4 gije – gündiziň dowamynda furunkuladan iriňli nekrotiki okjagaz emele gelýär. Näsagyň temperaturasy galyp, umumy gowşaklyk, kelle agyry duýulýar. Soňra furunkula kesilip içindäki iriňler akdyrylyp, köki sogrulýar we netijede ol kem-kemden bitýär.**

**Piodermiýany bejermegiň we onuň öňüni almagyň dürli usullarynyň bolmagyna seretmezden bu sorag şu güne çenli çözülmeli zerur meseleleriň biri hasaplanylýar. Bu keselde arassaçylyk kadalaryny saklamalydyr, dyrnagyňy aýyryp, her gün ýoduň spirtli ergini bilen ýumalydyr. Follikulitleri kesip, keseliň ojaklaryny anilin boýaglaryny we kortikosteroidleri saklaýan çalgylary çalmalydyrlar.**

**Bu keselde derman ösümlikleriniň ýygyndylary hem ulanylýar, ýagny olara şular degişlidirler:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Flor. | Chamomillae | 50.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Herb. | Melilotus | 50.0 | (Eşekýorunjanyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. Aş görnüşli massa ýaly edip mata dolap yssy wagty näsagyň agyrly ýerine goýulyp buglanýar. Ỳumşadyjy serişde hökmünde ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp | Flor | Chamomillae | 35.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Herb. | Melilotus | 35.0 | (Eşekýorunjanyň oty) |
| | Fol. | Althaeae | 30.0 | (Çerbiýanyň ýapragy) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. Aş şekilli massany, mata orap yssy wagty näsagyň agyrly ýerine ýapyp buglamaly. Ỳumşadyjy täsirli serişde.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Fl | Calendulae | 15.0 | (Dyrnaklyjanyň gülleri) |
| | Fol. | Plantaginis majoris | 15.0 | (Uly atgulagyň yapragy) |
| | Fl. | Chamomillae | 10.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Herb. | Salvia officinalis | 15.0 | (Dermanlyk bidenegiň oty) |
| | Herb. | Hyperici | 20.0 | (Jerebaýyň oty) |
| | Rad | Inulae. | 15.0 | (Uzyn guzygulagyň köki) |
| | Herb. | Equiseti arvensis | 10.0 | (Meýdan kyrkbogunyň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. 1/3-1/2 bulgur demlemäni ýa-da gaýnatmany günde 3 gezek nahara çenli içmeli. Bu serişde deriniň iriňli kesellerinde peýdalydyr.

**Bu keselleriň toplumlaýyn bejergilerinde antibiotikleri ulanmaklyk maslahat berilýär: metasiklin, gentamisin, rifampisin, metasillin, doksisiklin we ş.m. Şeýle ýagdaýlarda immunomodulýatorlara hem uly üns berilýär. Has köp stafilokokka garşy - gammaglobulin, stafilokokka garşy - plazma ulanylýar. Şol sanda sulfanilamidiň, nitrofuranyň dermanlarynyň (furaginiň), witaminleriň ( A, $B_1$, $B_2$, $B_6$, C), demiriň we fosforyň dermanlaryň, hamyrmaýa we olaryň dermanlarynyň häzirki wagta çenli ähmiyeti ulydyrlar.**

**Piodermiýada käbir derman ösümlikleri we olaryň ýygyndylarynyň peýdalary ulydyrlar. Olaryň mysalynda şu ýygyndylary görkezmek bolar, ýagny:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp | Cort. | Querci | 50.0 | (Dubuň gabygy) |
| | Rhiz. | Calami | 50.0 | (Ýeken porrugy) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 200 ml. gaýnan suwda demlemeli. Demleme görnüşinde taýýarlap suwuna ýuwunmaly we agyrly ýerlere daňmaly.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Herb. | Equiseti arvensis | 30.0 | (Meýdan kyrkbogynynyň oty) |
| | Flor. | Chamomillae | 30.0 | (Çopantelpegiň gülleri) |
| | Herb. | Hyperici | 40.0 | (Jerebaýyň oty) |

M.F.spec. D.S. 2 nahar çemçe 200 ml. gaýnan suwda demlemeli. Demleme görnüşinde 1/3-1/4 bulgurdan 3 gezek günde içmeli ýa-da bitmeýän ýaralary onuň bilen ýuwmaly.

**Piodermiýany daşky serişdeler bilen bejermekde himopsini, himiotripsini, dimeksidi, linkomisini, propolis**

**we başgalar bilen utgaşdyrylyp ulanylýar. Esasy hem aerozol dermanlaryny (polizol, liwian) ulanmaklyk maslahat berilýär. Ỳöne welin uzak wagtlap antibiotik dermanlaryny ulanmaklygyň peýdasy bu keselliň agyr görnüşlerinde ýeterlik däldir. Şol bir wagtyň özünde keseliň gaýtadan ýüze çykmagy hem seýrek däldir. Olar bolsa bu dermatozy bejermekde kämilleşen usullary ulanmagy talap edýär.**

**Piodermiýany bejermekde iki hadysany göz öňünde tutmalydyr, ýagny: antimikrob serişdeler bilen kesel döredijini ýok etmeli we bedeniň goraýjy güýjüni ýokarlandyryjy dermanlary ulanmaly. Şol sebäpli hem piodermiýany bejermekde ösümlikden alynýan dermanlar aýgytly orny tutýarlar. Olarda goşmaça ýaramaz täsirler seýrek ýüze çykarýarlar we olary beden aňsat özleşdirýär. Şol sebäpli ösümlik dermanlaryny gaýtadan ýüze çykma garşy we uzak wagtlap ulanmak mümkinçiligi bardyr.**

**Osümlik ýygyndylarynda şular peýdalanylýar, ýagny:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 10.0 | (Buýanyň köki) |
| | Rad.. | Arctium | 15.0 | (Uly lopuhyň köki) |
| | Rad. | Taraxcaci | 15.0 | (Adaty tozganyň köki) |
| | Herb. | Bidensis | 30.0 | (Üç bölek goşadişiň oty) |
| | Rad. | Rubiae | 30.0 | (Çöpboýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. 1/2 bulgur gaýnatmany ertir irden içmeli. Diýatezde ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Frangulae | 30.0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Rad. | Glycyrrhizae | 30.0 | (Buýanyň köki) |
| | Herb | Viola Tricolor | 40.0 | (Üç gülli benewşäniň oty) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. Suwda 15 min. gaýnatmaly. Gaýnatmany 2 bulgurdan günde ekssudatitiw diatezi bejermekde ulanylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Rad. | Glycyrrhizae | 20.0 | (Buýanyň köki) |
| | Fruc. | Foeniculi | 20.0 | (Arpabadyyanyň miwesi) |
| | Cort. | Frangulae | 20.0 | (Kruşinanyň gabygy) |
| | Rad. | Arctium | 20.0 | (Uly lopuhyň köki) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Rad. | Taraxcaci | 20.0 | (Adaty tozganyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. Suw bilen 15 min. gaýnatmaly. Gaýnatmany 1/2-1/3 bulgurdan nahardan 30 minut öň, günde 3 gezek içmelidir. Iýmit –siňdiriş agzalaryň we böwregiň işini ýokarlandyrmak üçin deri kesellerinde ulanylýar.

**Piodermiýany bejermekde ulanylýan soforanyň tinkturasy, arnikanyň demlemesi we tinkturasy, nowoimanin, kalanhoe şiresi, hlorofillipt we beýlekiler antibiotiklere durnukly stafilokokk ştamlaryna we beýleki mikrobedenjiklere garşy ýokary täsirleri ýüze çykarýarlar. Makleýa ösümliginiň otundan alynan derman sangwiritrin antimikrob we alawlama garşy serişdedir. Ony sargy we liniment görnüşinde deriniň iriňli ýaralaryny bejermekde ulanylýar. Şu maksatlar üçin ulanylan ewkalipt ýagy, gaýnatmasy we onuň tinkturasy has täsirli netijeleri berýändir.**

**Jerebaýyň dermany nowoimanin, onuň yagy, tinkturasy we gaýnatmasy bakterisid hem-de alawlama garşy täsiri, fagositar işjeňligi, şeýle-de dokumalaryň täzeden dikelmegini sazlaşdyryjy täsirleri ýüze çykarmaga ýardam berýärler.**

**Furunkulýozy bejermekde sitralyň 1% spirtli ergininiň antimikrob täsiri bardyr. Oýjükleriň bitişmegi üçin kalanhoe çalgysy hem ulanylýar.**

**Piodermiýada ösümlik dermanlaryndan: aloýanyň we atgulagyň şiresi, çasaranyň ýagy, berýozanyň, üc bölek goşa dişiň, jerebaýyň, çopantelpegiň, dyrnaklyjanyň, arnikanyň, bidenegiň dermanlary hem giňden ulanylýar. Olaryň hatarynda derman ösümlikleriniň ýygyndylaryny hem görkezmek bolar:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Frangulae | 20.0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Fol. | Betulae | 15.0 | (Berýozanyň yapragy) |
| | Herb. | Viola Tricolor | 15.0 | (Üç gülli benewşäniň oty) |
| | Fruc | Foeniculi | 15.0 | (Arpabadyyanyň miwesi) |
| | Rad | Glycyrrhizae | 20.0 | (Buýanyň köki) |

M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. suwda 15 min. gaýnatmaly. j - 1/3 bulgurdan 3 gezek günde nahardan soň ötüşen iç gatamadan dörän deri örgünlerinde içilýär

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Rp. | Cort. | Frangulae | 20.0 | (Garatikeniň gabygy) |
| | Fol. | Urticae | 25.0 | (Çit-çitiniň yapragy) |
| | Sem. | Betulae | 25.0 | (Berýozanyň tohumy) |
| | Sem. | Linum | 25.0 | (Zygyryň tohumy) |

**M.F.spec. D.S. 1 nahar çemçe 200 ml. gaýnan suw bilen 15 min. gaýnatmaly. Gaýnatmany 1/3 – S bulgurdan günde 3 gezek nahardan soň içmeli. Ony ötüşen iç gatamada emele gelen deri örgünlerinde içmeli.**

**Piodermiýada bedeniň tebigy gorayjy we güýjüni berkitmek üçin şu aşakdaky ýygyndylar ulanylýar, ýagny:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Rp.** | **Rad. Rhodiolae roseae** | **20.0** | **(Gülgün Rodiolanyň köki)** |
| | **Rad. Echinopanacii** | **20.0** | **(Uzyn zamanihanyň köki)** |
| | **Fruct. Rosae** | **20.0** | **(Itburunyň miwesi)** |
| | **Herb. Urticae dioicae** | **15.0** | **(Çit-çitiniň oty)** |
| | **Fruct. Crataegi** | **15.0** | **(Alyjyň miwesi)** |
| | **Herb. Hyperici** | **10.0** | **(Jerebaýyň oty)** |

**M.F. spec. D.S. Demlemäni 1/3 – S bulgurdan günde 2-3 gezek tonizirleýji, immuniteti ýokarlandyryjy serişde hökmünde ulanylýar.**

**Ỳokarda getirilen yygyndylardan başga-da bu maksat üçin aloýe ekstrakty ýa-da gerdejigi, biosed, eleuterokokanyň ekstrakty, ħenşeniň tinkturasy, saparal we beýlekiler ulanylýar.**

**Piodermiýany bejermekde düzüminde jerebaýyň otuny, üç bölek goşa dişi, çit-çitiniň otuny, berýozanyň pyntygyny, dyrnaklyjanyň we çopantelpegiň güllerini saklaýan yygyndylary ulanmaklyk hem maslahat berilýär. Şol bir wagtda sangwiritriniň 1 gerdejigini nahardan soň bermelidir. Bejergini 10 gün arakesmeden soň ýene-de gaýtalamalydyr. Näsagda utgaşyp gelýän keseller bolan holesistit, holangit ýa-da gepatit bolanda, allaholyň günde**

**2-3 gerdejigini içmelidir. Bedeniň immunobiologiki häsiýetini ýokarlandyrmak üçin saparaly 1 gerdejikden ertir we gündiz nahardan soň 2 gezek içmelidir. Bejerginiň dowamlylygy 20-25 güne çekýändir. Toplumlaýyn bejergi ýylda 2-3 gezek geçirilýär. Ỳerli bejergiler üçin ewkalipt, kamfora, timol we beýleki serişdeleri saklaýan aerozollar hem ulanylýar.**

**Keseliň gaýtadan ýüze çykmasyna garşy bejergini adatça 3-4 aý geçenden soň, köplenç güýz aýlary geçirilýär. Bu ýagdaýda näsaga 15-20 gezek ultra melewşe şöhlelenmesi we derman ösümlikleriň yygyndylarynyň tinkturasyny, saparal ýa-da eleuterokokkanyň ekstraktyny bermekligi maslahat berilýär. Şol bir wagtyň özünde yerli kesel döredijiniň (stomatogen, otogen, we başgalar) çeşmesini ýoklamaly, aşgazan-içege ulgamynyň kesellerini bejermeli, bagyr we aşgazan asty mäziň kesellerini bejermeli.**

**Mehaniki gysylmalaryň we sürtülmeleriň netijesinde ýüze çykýan deri keselleri.** Bu toparyň kesellerine durmuşda gabat gelýän gündelik täsirleriň netijesinde deride ýüze çykýan näsazlyklary mysal getirip bolar. Olaryň iň köp duş gelýän görnüşine gabarçak degişlidir. Ony bejermek üçin esasan-da derman otlaryndan ýerli bejergiler ulanylýar. Gabarçak emele gelen ýeri terje sabyn otunyň şiresini günde iki gezek çalmaly. Bejergini tä sagalýança geçirmeli. Mundan başga-da plantozan dermanyny çalgy görnüşinde ulanylýar. Bu dermanyň düzümine sabyn otunyň guradylan külkesi lanolin we wazelin girýär. Gabarçak gije - gündiz tä bejerilýänçä çalynýar. Gabarçagy bejermekde ulanylýan gadymy serişdelerden sogan hem bellidir. Onuň terje kerçelen ýaşyl ýapraklary disulfidleri saklaýar we keratolitiki täsiri ýüze çykarýar. Gabarçak emele gelen ýerine sogany kerçeläp günde bir gezek ýapmaly. Mundan başga-da sarymsak hem gabarçak bejermekde gowy netijeleri berýär. Ony kerçgeläp ýapmaly. Halk lukmançylygynda gowy

netijeleri pomidor hem berýär, ýagny ony gabarçak emele gelen ýerine ýapmaly.

**Gabarçak bejermekde käbir derman ösümliklerini içmek usulynda ulanýarlar. Şeýle ösümliklere dyrnaklyja degişlidir. Bu maksat üçin onuň otunyň 2 çaý çemçesini 2 bulgur gaýnan suwda demlemeli. Ony günüň dowamynda deň derejede bölüp içmelidir. Bejergini 3-4 hepde dowam etdirmelidir.**

**Gyzgyn görkezijiniň üýtgemeginde ýüze çykýan deri keselleri.** Pes ýa-da ýokary gyzgyn görkezijiniň üýtgemeginiň täsiri esasynda deride her hili özgermeler bolup bilerler, olara sowuk urma, bedeniň ýanmagy we ş.m. mysal bolup bilerler.

**Pes temperaturanyň netijesinde deride ýüze çykan sowuk urma keselini bejermekde şu derman ösümlikleri ulanylýar.**

Dyrnaklyja. **Bu ösümligiň tinkturasynyň 1 çaý çemçesini 500 ml suwda garyp, zaýalanan ýere günde 1-2 gezek ýapmaly. Bu ösümlik sowuk urmany bejerýär we deride yz galdyrmaýar.**

Süle. **Sülaniň samanynyň gaýnatmasyny taýýarlamak üçin onuň 0,5 - 1 kg samanyny 30 minudyň dowamynda birnäçe litr suwda gaýnatmaly. Soňra alynan gaýnatmany suwda ýuwunmak üçin ulanylýar.**

Dub. **Onuň gabygynyň gaýnatmasyny (500 g ownadylan gabygyny 30 min 3-4 *l.* suwda gaýnatmaly) ýuwunmak üçin niýetlenen suwa goşulýar ýa-da bu gaýnatmany deň derejede suw bilen garyp sowuk uran ýere ýapmaly. Şeýle-de ony iç ýuwmak üçin hem ulanmak bolýar.**

Hoz. **Sowuk uranda we üşütdirmede ulanylýar:**

**Rp. Fol. Juglandis (Hozyň ýapragy)**
**Flor. Chamomillae aa 50.0 (Çopantelpegiň gülleri)**
**M.F. spec. D.S. 1 nahar çemçe çig maly 1 bulgur suwa demlemeli. Günde 1-2 gezek bedeniň sowuk uran ýerine ýapmaly.**

**Bejergini 12 gün dowam etdirmeli.**

Çopantelpek. **Onuň düzümindäki hamazulin sowuklama garşy, agyry aýryjy we täzeden dörediji täsiri ýuze çykaryp, sowuk uran bedeniň ýerini bejermekde giňden ulanylýar.**

Çit-çiti. **Bu ösümligiň guradylyp we külke şekilli ownadylan yapraklaryny ýapgy görnüşinde ulanylýar.**

**Bedeniň sowuk urup zaýalanan yerine çalmak üçin bir ýyllyk burç hem ulanylýar. Ony günde 2 gezek çalmalydyr.**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Rp.** | **Flor. Chamomillae** | | **(Çopantelpegiň gülleri)** |
| | **Fol. Juglandis aa** | **50.0** | **(Hozyň ýapragy)** |
| | **Fol. Cotini** | | **(Skumpiýanyň ýapragy)** |
| | **Cort. Querci aa** | **40.0** | **(Dubuň gabygy)** |

**M.F. spec. D.S. Bedeniň sowuk uran ýerine ýapgy etmeli ýa-da onuň bilen ýuwmaly. Soňra ol ýerik zeýtun ýagyny çalmaly.**

Gorçisa. **Bedeniň sowuk uran yerini gorçisa spirti bilen tä öňki durkuna gelýänçä owkalamaly.**

At kaştany. **Bu ösümligiň Aescuvasin sol. atly dermanynyň 20 damjasyny günde 2 gezek 20 günün dowamynda içmeli ýa-da Aescuvasin comp. dermanyny 10-15 damjadan günde 3 gezek içmeli. Bejerginiň gowy netijeleri bermegi bu dermanlaryň düzümindäki kaştanyň we rýabinanyň damarlara ýeňil berkediji täsir etmegi bilen baglanşyklydyr.**

**Ýokary temperaturanyň täsir etmegi netijesinde bedende ýanyklar (Combustio) döreýärler. Bu kesel deri keselleriniň ulgamynda has-da köp ýaýrandyr. Derman otlarynyň serişdeleri bilen bejermeklik ýanygyň derejesine (çuňlugyna) baglydyr we şeýle maksatlar üçin köp sanly derman ösümlikleri ulanylýandyr. Mysal üçin:**

Dub. **Bu ýanykly näsaglary bejermekde giňden ulanylýan belli serişdeleriň biridir.**

Çit-çiti **. Bu ýanygyň pes derejelerinde ulanylyp, deriniň bitişini çaltlandyrýar. Ỳanygyň I derejesinde ýapgy**

**goýulanda agyry aýryjy täsiri hem ýüze çykarýar. Bu ösümligiň tinkturasy we onuň beýleki dürli derman gornüşleri hem şu maksatlar üçin ulanylyp biliner, ýagny:**

**Rp. Fol. Urticae droicae 10,0/200,0 (Çit-çitiniň ýapragy)**
**D.S. 8 çaý çemçe ownudylan ýapraklaryny 1 bulgur gaýnan suw bilen demlemeli. Günde 3 gezekden 10-12 günüň dowamynda ýapgy etmeli.**

Jerebaý. **Ol ýag görnüşinde çalynyp ulanylýar. Onyň 20 g terje güllerini 200 g zygyr ýa-da günebakar ýagy bilen taýýarlanylýar. Ony 14 günüň dowamynda tiz-tizden garyşdyryp saklamaly. Soňra zaýalanan bedeniň yerini günde 2 gezekden 10 günün dowamynda çalmalydyr.**

**Bu yagyň ergin bölegini günde 1-2 gezek ýagly ýapgylar üçin ulanmaklygy maslahat berilýär. Onuň dokumalary dikeldiji täsiri bardyr. Mundan başga-da jerebayyň alawlama garşy antibakterial häsiyeti bardyr. Onuň bejeriji häsiyeti düzümindäki reňk beriji madda – giperisin bilen baglanşyklydyr. Jerebaýyň ýagy we onuň dermanlary imanin ýanygyň II we III derejelerinde giňden ulanylýar. Mundan başga-da jerebaýdan alynan antibakterial derman – nowoimanin giňden ulanylýar.**

Kartoşka . **Ony ownujak kerçgiläp, bedeniň ýanan ýerine ýapgy etmeli.**

Dyrnaklyja. **Onuň tinkturasyny günde 1-2 gezekden 7-10 günüň dowamynda ýapgy etmelidir. Onuň güllerini demleme (1 çaý çemçe demlemesini 1 bulgur suwa guýmaly) görnüşinde ýapgy etmeli ýa-da günde 1-2 gezek 7-10 günüň dowamynda oňa näsagy ýuwmaly. Dyrnaklyjanyň güllerini ýene-de çalgy gornüşinde-de ulanylýar.**

Gara derek . **Esasanam ýanykda çalgy gornüşinde ulanylýar:**

**Rp. Cemmarum populi (Deregiň pyntygy)**
**Lanolini aa 15.0 (lanolin)**
**M.F. ung. D.S. Günde 1 gezek bedeniňe çalmak bilen**

**ulanylýar.**

Kazanlyk bägüli. **Rozalin dermany bu ösümlikden taýýarlanýar. Ol I we II derejeli ýanyklary bejermekde ulanylyar.**

**Rp. Ung. Rosalini**
**D.S. Günde 2 gezek çalmaly.**

Ýapon soforasy. **Onuň ýetişen miweleriniň 1 bölegini 56$^o$ etil spirtiniň 5 bölegi bilen 10 gün goýmaly. Ony ýanan bedeniň yerine esgä siňdirip ýapmaly. Bejergini tä deri dikelýänçä günde 2-3 gezekden dowam etdirmeli.**

Gaýtarma**. Bu oty şu dermannama boýunça ulanylýar, ýagny:**

**Rp. Tinct. Potentillae tormentillae 20.0 (Gaýtarmanyň tinkturasy)**
**D.S. Günde 1-2 gezekden 20-30 damjadan 7-10 günüň dowamynda çalmaly.**

**Ony şol bir wagtyň özünde ýuwunmak üçin hem ulanylsa bolýar. Onuň üçin 1 nahar çemçe gaýtarmanyň ownadylan köküni 1 bulgur gaýnan suw bilen garyp, 30 minutlap otda saklamaly we soňra 2 sagat basyryp goýmaly. Süzeniňden soň ony ýuwunmak üçin ulanylmaly. Bejergi günde 1-2 gezekden 7-10 günüň dowamynda amala aşyrylýar.**

Çopantelpek. **Çig malyň 2-3 nahar çemçesini 500 ml gaýnan suw bilen 1 sagat berk yapyp goýmaly. Günde 2-3 gezekden ýuwunmaklyk üçin ulanmaly. Demleme yerli agyry aýryjy täsr edýär.**

Käkilik oty. **Ony ýapgy etmek bilen günde 2-3 gezek ulanylýar.**

Beýi . **Onuň tohumynyň suw bilen 5:100 gatnaşykdaky demlemesi taýýarlanýar. Demleme ýanygy gowy bejerýär. Ony günde 1-2 gezekden calmalydyr.**

Zygyr **hem ýanygy bejermekde ulanylýar. Zygyryň çigidinden gaýnatma taýýarlanyp yapgy edilýär ýa-da**

**onuň çigidiniň külkesi ulanylýar. Ol lenitol we linol ýaly dermanlaryň düzümine hem girýär.**

Kendir**. Ol cannabinis çalgynyň düzümine girip, yanygy bejermekde üstünlikli ulanylýar.**

Sabur . **Onuň terje yapraklarynyň şiresini yanyga çalsaň kömek edýär.**

Çernika. **Onuň miweleriniň gaýnatmasy ýanykda peyda-lydyr.**

**Ỳanygy bejermekde ulanylan derman ösümlikleriň ýygyndysynyň käbirleriniň şeýle düzümleri bardyr:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Rp.** | **Flor. Chamomillae** | **10.0** | **(Çopantelpek gülleri )** |
| | **Flor. Calendulae** | **15.0** | **(Dyrnaklyjanyň gülleri)** |
| | **Flor. Millefolii** | **25.0** | **(Boýbodranyň gülleri)** |
| | **Flor. Hyperici** | **50.0** | **(Jerebaýyň gülleri)** |

**M.F. spec. D.S. Terje ösümlikleriň güllerini 2 litr zeýtun yag bilen garyp 40 gün goýmaly. Ýanyk ýere günde 1 gezekden tä deri doly bitýänçä çalmaly.**

Ak selbital. **Onuň demlemesi (1 çaý cemçe ownadylan gabygyny 2 bulgur sowuk suwda 8 sagat saklamaly) ulanylýar.**

Dermanlyk bidenegi **derlewükligi bejermekde gowy serişde hasaplanylýar.**

| | | |
|---|---|---|
| **Rp. Pulv. Solvia** | **0.5** | **(Bidenegiň külkesi)** |
| **Ac. Tannici** | **0.1** | **(Tanin)** |
| **Sacchari** | **1.0** | **(Gant)** |

**M.F. Pilula D.t.d № XXX**

**D.S. 1 gerdejikden agşam ýatmazyňdan öň içmelidir.**

**Derlewüklikde lipa, buzina, çopantelpek, grek hozunyň ýapraklary gowy serişdeler hasaplanyar. Olaryň suwuna ýuwunylýar.**

**Ỳerli ulanmak üçin bägül suwy (aqua rosarum) hem peýdalydyr.**

**Gün şöhleleriniň emele getiren dermatitini bejermek üçin ýagtylyga duýujylygy güçlendiriji täsirli derman ösümlikleri bolan pasternak, psoroleýa we şuňa meňzeşleri ulanmak bolmaýar. Sebäbi olar patologiki üýtgeşmeleri kynlaşdyryp, bejergini çylşyrymlaşdyrýarlar.**

**Gün şöhleleriniň emele getiren dermatitini bejermekde at kastanynyň dermanlarynyň ýokary bejerjilik täsiriniň bardygy bellidir.**

**Rp. Aescuvasini liq. (Eskuwazin şiresi)**
**Lanolini (Lanolin)**
**Vazelini aa 5.0 (Wazelin)**
**Aquae destillatae 30.0 (Arassalanan suw)**
**M.F.spec.D. S. Zaýalanan ýeri bejermek üçin günde 2 gezek çalmaly.**

Käşir**. Onuň ýer asty miwesini keriçgeläp terjeligine günde iki gezek ýapgy etmeli.**

Hytaý *ç*aýy**. Ony gün şöhleleriniň täsirinde öň ulanmak maslahat berilýär. Deriniň şöhläniň täsirinde ýanan halatynda ajy demlenen çaýy sowadyp, süzüp, ýapgy etmeli. Ýapgyny günde 2 gezek gaýtalap, 30 minutdan saklamaly.**

**Beden örgünlerini ýüze çykarýan deri keselleri hem giňden ýaýrandyr. Olaryň ilkinjisine deri gijilewügi girýär.**

**Gijilewük keseli allergodermatozlara degişlidirler. Onuň bejergisinde rahatlandyryjy, gijemä garşy ösümlik serişdeleri ulanylýar.**

Walerianany*c* **porrugynda walepotriatlaryň bolmagy rahatlandyryjy täsiri ýüze çykaryp, onuň gijilewükde giňden ulanmaga doly mümkinçilik berýär.**

**Bu keselde gijemä garşy täsiri ýüze çykarýan çit-çiti, guzygulak hem ulanylýar.**

**Şeýle ýagdaýlarda birnäçe dermannamalar hem ulanylýandyr:**

**Rp. Rad. Althaea conc. (Çerbiýanyň köki)**
**Fol. Althaea conc. (Çerbiýanyň ýapragy)**
**Rad. Jnulae helinii conc. aa25.0 (Guzygulagyň köki)**
**M.D.S. 2 çaý çemçesini 2 bulgur sowuk suwda 8 sagat demlemeli. Günde 2 bulgurdan 2-3 hepde içmeli.**

**Guzygulagy başga usul boýunça-da ulanmak bolýar: ýagny onuň 50 g ownadylan köküni 100 ml suw bilen 20 minut gaýnatmaly. Gaýtanmany süzüp 50 g eredilen iç yag bilen garyşdyrmaly. Ony çalgy üçin ulanmak bolar.**

Narpyzyň 2% spirtli **çykyndysyny çalmak üçin ulanylýar. Ol gijemä garşy, agyry aýyryjy täsiri ýüze çykarýar. Bu ösümlik diňe bir antimikotiki täsiri ýüze çykarman eýsem antitoksiki täsiri hem bardyr.**

Mekgejöwen **bu keselde şeýle dermannama görnüşinde ulanylýar, ýagny:**

**Rp. Stigm. Maýdis 10.0 (Mekgejöweniň gulpagy)**
**D.S. 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli we 1 nahar çemçesinden her 3 sagatdan içmeli.**

Lopuhyň **gaýnatmasyny taýýarlamak üçin onuň 2 nahar çemçe ownadylan köküni 500 ml suw bilen ýarym sagat gaýnatmaly we soňundan sowadyp süzmeli. Alynan ergini zaýalanan ýere yapgy etmeli.**

**Şeýle häsiyeti gara derek hem ýüze çykarýär. Ondan calgy yasalýar.**

**Rp. Fol. Farfarae (Eje-ejeligiň ýapragy)**
**Fol. Urticae dioicae aa 100.0 (Çit-Çitiniň ýapragy)**
**M.F. spec. D.S. Daşky ulanmak üçin onuň 3 nahar çemçesini 500 ml suwda 30 minutlap gaýnatmaly. Ony deriniň gijeýän ýerini ýuwmak üçin peýdalanyp bolar.**

Melissa. **Onuň demlemesini içmeli ya-da spirtli çykyndysyny çalmaly.**

**Gijilewükde umumy suwa ýuwunmak iň gowy bejeriji usul hasaplanylýar. Bu maslahat üçin arçanyň ekstraktynyň 4 nahar cemçesini, sosnanyň miweleriniň**

**şahalarynyň 10% gaýnatmasyny, zygyryň tohumynyň gaýnatmasyny, hozuň yapraklaryny, çopantelpegiň güllerini ýuwunmaklyk üçin niýetlenilen suwa goşmalydyr.**

Suwbaşy. **Suwbaşynyň bejergisinde beýleki allergo-dermatozlarda bolşy ýaly allergeni anyklamaga we ony ýok etmäge çalyşmalydyr. Bu ýagdaýda bolsa köp sanly derman ösümliklerini ulanyp näsagyň we keseliň aýratynlygyny göz öňünde tutup amatlysyny saýlamaly bolýar. Bu keselde lukman diňe bir allergiýa garşy täsiri ýüze çykarýan ösümligi ulanman eýsem-de rahatlandyryjy, sowuklama, gijemä garşy, agyry aýryjy we dermatonizirleýji täsiri ýüze çykarýan derman ösümliklerini hem ulanmalydyr.**

Şu maksatlar üçin giňden ulanyl ýan otlaryň görnüşleri aşakda görkezilenlerden ybaratdyr.

Borjak. **Ol adrenaline meňzeş täsiri ýüze çykarýar. Onuň otundan demleme taýýarlanyp içilýär. Ony taýýarlamak üçin onuň 2 g otuny bir bulgur gaýnan suwda 24 sagatlap goýmaly we süzeniňden soň ulanmak bolýar.**

Çit-*ç*iti **hem ekzema garşy gowy serişde hasaplanýar.**

**Buýan.** Lukman üçin onuň kökünde 20-den köpräk flawonoidleriň bolmagydyr. Olaryň has gymmatlysy – glisirizin turşusydyr. Ol antigistamin, antiflogistiki we kortizon täsiri ýüze çykarýar.

Buýanyň gaýnatmasyny günde 50 ml-den 4 gezek nahardan öň içmelidir. Ol gaýnatmany taýýarlamak üçin onuň 1 nahar çemçe ownadylan köküni 500 ml suwda 30 minutlap gaýnatmaly.

**Boýbodran.** Bu ösümligiň anti allergiki täsiriniň bardygyny barlaglaryň netijesinde anyklanyldy. Onuň gaýnatmasyny taýýarlamak üçin 2 nahar çemçe otunyň üstüne 500 ml gaýnag suw guýup 1 sagat saklamaly, ondan soň sowadyp, süzmeli we günde 50 ml-den 4 gezek nahardan öň

içmeli. Mundan başga-da ony deriniň zaýalanan ýerini ýuwmak üçin ulanylýar.

Sypyljyrap duran ekzemany bejermekde gaýnatma has köp peýdaly, ony şu dermannama görnüşinde ulanmalydyr.

Rp. Rhiz. Potentillae tormentillae 100.0 (Gaýtarmanyň porrugy)
D.S. 1 nahar çemçe köki 1 bulgur gaýnag suw bilen 30 minutlap gaýnadyp 2 sagat saklamaly. Süzüp günde 2 gezek 10-12 günün dowamynda bedeniňe çalmaly.

**Tozga.** Bu ösümlik köp taraplaýyn täsirli gadymy ösümlikdir. Onuň allergiýa garşy täsiri halk lukmançylygynda tassyklanan. Onuň terje ýapraklary içdä açar görnüşinde, limon şireleri we zeýtun ýagy bilen bilelikde ulanylýar. Bu ösümligiň köküni we otyny hem şu maksatlar üçin ulanmak bolýar. Onuň gaýnatmasyny taýýarlamak üçin otunyň 1 nahar çemçesini 400 ml gaýnan suw bilen 2 sagat demläp goýmaly. Süzülenden soň günde 50 ml 4 gezekden nahardan öň içmeli.

Ekzemany bejermekde çopantelpegiň gülleriniň demlemesi ya-da gaýnatmasy ýerli we içmek üçin ulanylýar, şeýle-de ol allergiýa garşy täsiri hem ýüze çykarýar.

**Dyrnaklyjanyň** oty we gülleri zeýtun ýagynda çalgy hökmünde ulanylýar .

**Jerebaý.** Bu ösümligiň otundaky flawonoidleriň sowuklama garşy täsiri bar. Şol sebäpli döredilen dermanlar Retlavit (nogul) – allergozlarda we dermatitlerde giňden ulanylýar.

**Bugdaý**. Bugdaýyň dänesiniň enzimleşdirilmeginiň esasynda döredilen “Mitrosiniň ergini” dermany ekzemany bejermekde giňden ulanylýar. Ol goýy ergindir. Ony nah matadan edilen sarga siňdirilip ýyljajyk ýapgy etmeli.

**Hozyň ýapraklaryny** günebakar ýagy bilen basyryp 7 gün goýmaly we soňra 3 sagatlap suwly hammamda gaýnatmaly. Çalgy üçin ulanylýar.

Ajy ýowşan **otyndaky hamazulen maddasy retikulo-endotelial ulgamynyň we fagositar funksiýanyň aktiwatory hasaplanýar. Ony ekzemany we ýara keselini**

**bejermekde ulanylýar. Hamazuleniň hasabyna, allergiýa garşy täsiri ýüze çykarýan derman – dimetulen döredilendir.**

Mundan başga-da ekzemany bejermekde guzygulak, çit-çiti, ýakymlyja ýaly derman ösümlikleri ulanylýar.

Rp. Herb. Origani 200,0 (Ýakymlyjanyň oty)
D.S. Ösümligiň otuny 3 *l* gaýnan suw bilen demlemeli we ony suwa düşünmek üçin ulanmaly.

**Uly atgulak.** Ekzemany bejermekde terje ýapraklary kerçip zaýalanan ýere günde 2-3 gezek ýapmaly. Kartoşkanyň kerçip ulanmak hem peýdalydyr.

**Narpyz.** Içgi hökmünde 2 nahar çemçe narpyzy 500 ml gaýnan suw bilen 1 sagat demlemeli. Günde 50 ml 4 gezekden içmeli. Mundan başga-da demlemäni ýapgy etse-de, agyz çaýkasa-da, ýuwunsa-da bolýar.

Mör-möjekler çakanda ýüze çykýan deri keselleri

Bu keselde ulanylýan derman ösümliklerine şular degişlidirler, ýagny:

**Dag käkilik oty**. Ösümligiň terje şiresi bal arylary çakanda peýdaly. Bu ýagdaýda gijeme we suw ýygnanma tizden-tiz azalýar.

**Sogan.** Ony kerçgiläp bal arylar we beýleki arylar çakanda ýapgy etmeli. Şeýle-de sarymsagy hem kerçgiläp ýapgy edilende peýdalydyr. Mundan başga-da badyýanyň ýapraklaryny kerçgiläp şiresinden ýapgy etmekligiň uly peýdasy bardyr.

**Malina**. Malinanyň güllerini zeýtun ýagynda 20 günläp saklamaly. Soňra alynan tinkturalary zaýalanan ýerlere çalmalydyr.

**Atgulagyň ýapragyny** kerçgiläp ýapgy edilende bejeriş gowy netijeleri berýär.

**Gara buzina** möý çakanda peýdalydyr. Onuň miwesinden we kökünden gaýnatma taýýarlanyp suwuna düşmek üçin ulanylýar.

**Dyrnaklyjanyň güllerinden** demleme ýa-da çalgy taýýarlap mör-möjekler çakanda ýüze çykan dermatit bejerilýär. Şeýle hem bu ýagdaýy kartoşkanyň dermanlary bilen hem bejerilýär.

Iriňli häsiýetli deri keselleri

**Furunkul**. Şeýle keselli näsaglary bejermekde halk we ylmy lukmançylygynda birnäçe derman ösümlikleri ulanylýandyr. Olara şulary mysal getirip bolar, ýagny:

**Lopuh uly.** Onuň gaýnatmasy, demlemesi ýa-da repeý ýagy ulanylýar.

**Eşekýorunja.** Onuň 1 nahar çemçe otuny 300 ml gaýnag suwda 2 sagat goýmaly we süzüp günde 50 ml-den 3 gezek nahardan öň içmeli.

**Dermanlyk krowohlebka.** Bakterisid täsiri ýüze çykarýar. Onuň kökuniň we porrugynyň gaýnatmasy ulanylýar.

**Kazanlyk bägüli.** Ol grampoloʋitel we gramotrisatel mikrobedenjikleri ýok edýär. Şu maksatlarda bägül ýagy hem peýdalydyr. Onuň esasynda alynan derman – Ung. Rosalini has hem peýdalydyr.

**Dyrnaklyja güllerinden** taýýarlanan dermanlar dokuzdonly keselinde üstünlikli ulanylýar.

**Çopantelpek** demleme we gaýnatma görnüşinde furunkullary bejermekde ýerli ulanylýar.

**Lipa.** Bu keselleri bejermekde şu dermannama görnüşinde peýdalanylýar.

Rp Inf. Fol. Tiliae 10,0/200,0 (Lipanyň gülüniň demlemesi)
D.S. daşky serişde (ýumşak ýapgy üçin) günde 2-3 gezekden ulanylýar.

**Badamjan.** Onuň bişmedik miwesiniň şiresini günde 2-3 gezek çalmak üçin ulanylýar. Onuň antimikrob täsiri bar.

**Jerebay**. Onuň mikroba garşy täsiri bardyr. Onuň dermanlary bolan imanin we nowoimanin antibiotiklere durnukly mikrobedenjiklere garşy ulanylýar we bu ösümlik şeýle keselleri bejermekde gowy serişdeleriň biri hasaplanylýar.

Az sanly furunkullary ýerli bejermek üçin derman ösümlikleriniň demlemeleri, gaýnatmalary, ýapgylary we çalgylary ulanylýar. Şeýle ösümliklere dermanlyk melissany, atgulagyň dürli görnüşlerini mysal getirmek bolar.

**Eje-ejeligiň** terje ýapraklaryny kerçgiläp süýt bilen garyp ýapgy etmeli. Kartoşkany kerçip ýapgy etmeli.

**Ak berýoza**. Onuň tinkturasyny suwa düşmek üçin ulanylýar. Onuň 1 çaý çemçe pyntygynyň S bulgur gaýnan suwda taýýarlanan demlemesini içmek üçin ulanylýar. Onuň dermanlary deriniň başyny bejermekde ulanylýar.

Rp. Gemmarum Betulae 25,0 (Berýozanyň pyntygy)
D.S. 1 çaý çemçe pyntygy S bulgur gaýnagda demlemeli.
Günde çaý ýalysyny içmeli.

**Garatiken** hem furunkullary bejermekde ulanylýar.

Rp. Cort. Frangulae 50,0 (Garatikeniň gabygy)
D.S. Onuň 1 nahar çemçe ownadylan gabygyny 500 ml suw
bilen min gaýnatmaly. Gaýnatmany sowadyp günde 2-3 gezek
zeperlenen ýeri ýuwmaly.

**Dokuzdonlyny** bejermek. Bu maksat üçin derman ösümliklerden dyrnaklyjanyň täzeje kerçilip alynan şiresi peýdalydyr. Atgulagyň ýapraklaryny kerçip şiresini günde 2 gezek ýapgy etmelidir.

Beýiniň çigidinden we suwundan taýýarlanan nemi hem peýdalydyr.

Absessli näsaglary jerebaýyň dermanlaryny içmek we ýerli ulanmak bilen bejermek maslahat berilýär.

**Panarisa**. Panarisini bejermek üçin şu dermannamany ulanmaly:

Rp. Flor.Chamomillae 50,0 (Çopantelpegiň gülleri)
D.S. 1-2 nahar çemçe gülleri 0,5 l gaýnan suw bilen 15 min demläp goýmaly. Ony günde 3 gezek hammamça kabul etmek we ýapgy üçin ulanmaly.

Rp. Cort. Querci (Dubyň gabygy)
Rhiz.Calami aa 50,0 (Süýji ýekeniň porrugy)
M.F.spec.D.S. 1-2 nahar çemçe ownadylan çig maly 30 min S suwda gaýnatmaly. Sowadyp, süzüp günde 2-3 gezek suwuna düşmeli ýa-da ýapgy üçin ulanmaly.

**Agzyň gyrasyndaky jaýryk**. Bu keselde ösümlikler gözellik maksatlary uçin ulanylýar. Olaryň mikroba garşy we ýara bitirişini gowulandyryjy täsirleri bolmalydyrlar.

Şu maksatlar üçin dyrnaklyjanyň güllerinden demleme (1:5) taýýarlanyp, günde 2 gezek 10 günüň dowamynda çalmaly. Ýa-da onuň kökünden taýýarlanan gaýnatmany günde 2 gezek 5 damja zaýalanan agzyň gyrasyna damdyrmaly. Çagalara bidenegiň ýapraklarynyň demlemesini içirmeli ýa-da ýerli ýuwunmak üçin ulanmaly. Bu keseli bejermekde benewşe, ajy ýowşan we beýleki ösümlikler hem peýdalanylýar.

## Wirusyň we mugthorlaryň ýüze çykaran deri keselleri

**Adaty siňňil**. Bu maksat üçin antiwirus häsiýetini ýüze çykarýan ösümlikler ulanylýar. Mysal üçin şu ýagdaýlarda içmek üçin

**Melissa** şu aşakdaky dermannama boýunça ulanylýar:

Rp. Herb.Melissae 200,0 (Melisäniň oty)
D.S. Onuň 2 nahar çemçesini 400 ml gaýnan suwda 1 sagat demlemeli we günde 50 ml-den 3 gezek nahardan ön içmeli.

**Sabyn oty.** Terje ösümligiň şiresini siňňile çalmaly ýa-da şiresini iç ýag bilen (1:10) garyp çalgy taýýarlamaly.

**Sogan.** Ony kerçäp siňňile ýapgy etmeli tä aýrylýança ony gaýtalamaly.

**Sarymsak.** Ony kerçap şiresini iç ýag bilen deň derejede garyp şiňňile ýapmaly.

Mundan başga-da antimikrob täsiri ýüze çykarýan derman ösümlikleri dürli deri kesellerinde hem ulanylýar. Olara batgaly air, injir, pomidor we başgalar degişlidirler.

**Gijilewük**. Gijilewük keselini derman ösümlikleri bilen bejerilşi gadymdan bellidir. Gijilewüge garşy täsiri sarymsagyň we ajy ýowşanyň terje otuny kesip şiresini ýapgy edilýär ýa-da çalgy ýasalýar (wazelin bilen onuň gury ýapraklary garylýar). Bu keseli bejermekde ýene-de ak berýozanyň we adaty sosnanyň şepbigi ýa-da ondan taýýarlanan 10-30% çalgy ulanylýar. Arçany ýa-da onuň efir ýagyny günde 2 gezek çalmaly. Bu keselde ýene-de guzygulagyň köküni iç ýag bilen garyp çalgy taýýarlanylýar. Ony günde 2 gezek çalmaly ýa-da kulkelenen kökuni zeýtun ýagy bilen (1:10) garyp çalmaly, şeýle-de onuň gaýnatmasyny içmeli.

## 2. 11. Gözellikde ulanylýan derman ösümlikleri

Derman ösümliklerinden taýýarlanan gözellik serişdeleri halk arasynda giňden ýaýran we gadymdan bellidir. Olar deri kesellerinde emele gelen gözellik üýtgemelerini bejermekde giňden ulanylýar.

### Saç düşme keselininiň ösümlikler bilen bejerilşi

**Köp sanly gözellik bozulmalary saç düşme keseli bilen baglanşyklydyr. Deri ýagynyň köp mukdarda çykarylmagy we onuň önüminiň bozulmagyna seboreý keseli sebäp bolýar. Bejerilişiň maksady ýag mäzleriniň işlerini sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Köp sanly derman ösümlikleri seboreýa garşy täsiri ýüze çykarýarlar.**

Uly lopuh. **Ol täzeje gaýnatma görnüşinde seboreýa garşy serişde hökmünde gözellik lukmançylygynda ulanylýar. Onuň 1 çaý çemçesi 1 bulgur suwa guýulyp taýýarlanan gaýnatmasyny günde 2-3 wagtyna içmeli. Häzirki wagtda lopuhyň kökünden taýýarlanan demlemesi hem şol maksatlar üçin ulanylýar. Onuň üçin lopuhyň 1 çaý çemçesini 400 ml gaýnan suw bilen garyp 1 gije-gündiz demlemeli we deň böleklere bölüp günde içmeli. Demlemesi ýuwmak we ýapgy üçin hem ulanylýar. Onuň demlemesi zeýtun we badam ýaglary bilen hem (1:10) taýýarlanylýar.**

Sarymsak. **Damja görnüşinde onuň tinkturasy iýmite goşulýar. Onuň bu kesele peýdalylygy düzümindäki efir ýagynda kükürdiň bolmagy we ösümligiň keratolitiki häsiýetiniň bolmagy bilen baglanşyklydyr.**

Adaty hren**. Onuň terje köküniň şiresini 100 g bal bilen garyp günde 1-2 çaý çemçesinden içmeli ýa-da hren şerabyny taýýarlamaly: 100 g ownadylan köküni 400 ml şerapda saklamaly. Ony günde 2 nahar çemçeden içmeli ýa-da deriniň zaýalanan ýerine çalmaly.**

Dyrnaklyjanyň **gülleriniň spirtli tinkturasy hem bu keseli bejermekde ulanylýar. Ony suw bilen garyp, ýüzüň ýagly seboreýasynda taýýarlanan ergine ýuwunmaly.**

Badam. **Badam uny ýa-da badam ýagy görnüşinde seboreýa garşy täsiri ýüze çykarýar:**

**Rp. Sulfurus precipitati 5,0 (Arassalanan kükürt)**
**Flor. Amygdalari 10,0 (Badamyň gülleri)**
**Lanolini 40,0 (Lanolin)**
**Ol Rosae gtt. 11,0 (Bägül ýagy 11 damja)**
**M.F.ung. D.S. Çalgy edip günde 2-3 gezekden ulanmaly.**

Çakjagunduz. **Onuň ýagy skipidar bilen deň mukdarda garylanda we aktiwator höküminde margensiň sulfatyny goşanyňda bejeriş täsiri bardyr.**

**Seboreý keselini bejermekde derman ösümlikleriň ýerli täsir etmegi, onuň ýüze çykaran gözellik üýtgemelerini bejermäge we keseliň ötüşmeginiň öňüni almaga esaslanandyr. Olara mysal edip şu aşakdakylary görkezmek bolar.**

Gury derili ýüzler. **Olary bejermeklik üçin efir ýaglaryny saklaýan derman ösümliklerini ulanmak amatlydyr. Esasanam bu ýagdaýlarda dermanlyk melissanyň we narpyzyň ýapraklaryny, badyýanyn köki we miwesi, çopantelpegiň güllerini, käkilik otunyň güllerini we ýapragy ulanylýar. Olar düzüminde nem saklaýan derman ösümlikler bolan sygyrguýrugyň, dermanlyk çerbiýäniň we eje-ejeligiň kökleri ýa-da beýiniň çigidi bilen utgaşdyryp ulanylsa has amatly hasaplanylýar. Ady agzalan ösümlikler kerçgiläp şiresi alynýar we derä çalynýar ýa-da ýapgy edilýär. Ony 10 gezek gaýtalamaly. Eger efir ýaglaryny saklaýan ösümliklerden taýýarlanan buga ýüzüňi tutsaň bejergi has gowy bolýar. Ady agzalan ösümliklerden işdä açarlary taýýarlasaň ýa-da demleme hem-de gaýnatma taýýarlanyp içilse has-da peýdalydyr.**

**Ýokarda agzalan ösümlikleri gury görnüşinde ulanylanda 5 çaý çemçe ownadylan çig maly 1 bulgur gaýnan suw bilen ýapyk gapda 10-15 min demlemeli. Süzüp sowadylan demlemäni ýapgy etmek ýa-da çalmak üçin ulanylýar. Zygyr tohumy bilen gaýnadylyp taýýarlanan ergin ýüze ýapgy edilýär. 15 minutdan soň bägül ýa-da bor suwy bilen arassalamaly hem-de ondan soňra çyglandyrýan çalgyny ol ýerik çalmalydyr.**

**Gury derili ýüzler üçin derman ösümliklerinden taýýarlanan bugly suwlary taýýarlamak üçin deň mukdarda alynan: dermanlyk melissa, şibit, lawanda, dermanlyk çopantelpek, dyrnaklyja, eje-ejelik garyndysy ulanylýar. Her ösümlikden 1 nahar çemçe alyp suwly gaba salmaly. Haçan-da suw gaýnap, bugaryp başlanda, onuň bugyna 20 sm golaýlykda ýüzüňi tutmaly. Kelläň we saçlaryň ýapyk bolmaly, 15 minut saklanandan soň ýüzüňi sowuk suwa ýuwmaly. Soňra şol ösümliklerden taýýarlanan losýon bilen ýapgy etmeli. Bu bejergi hepdede 1 gezek edilse, ýüzde emele gelen gara we ak nokatjyklary ýok edip arassalaýar.**

**Şu aşakdaky ýapgylar we losýonlar ýüzüň derisini täzeleýär we gowulandyrýar. Ýüz üçin ýapgy sulede taýýarlamak bolýar: 2 nahar çemçe sule ýarmasyny süýt ýa-da suw bilen 15 min gaýnatmaly. Çalaja sowadylan goýy ergine 1 çemçe bal garyp ýüze ýapgy etmeli we 20 minut goýmaly. Soňra sowuk suw bilen ýuwmaly.**

Kädi. **2 nahar çemçe gaýnadylan kädini badam ýa-da zeýtun ýagy bilen garyp ýüze ýapgy etmeli. 20 minut goýulandan soň aýyryp ýüzi ýuwmaly.**

Käşir. **2 sany käşiri gyrgyçdan geçirip, ýumurtga proteini we zeýtun ýagyny ýa-da azajyk pet garyp ýüze ýapgy etmeli. 30 minutdan soň ýüzüňi ýuwmaly.**

Turp ýa-da kartoşkany **gyrgyçdan geçirip, limon şiresini damdyryp ýüze ýapgy etmeli. 20 minutdan soň aýyryp ilki mylaýym, soňra bolsa sowuk suw bilen ýuwmaly.**

Banan. **Banany 1 caý çemçe süýt bilen gowy kerçäp garmaly. Ýüze ýapgy etmeli, 20 minutdan soň aýryp sowuk suw bilen ýuwmaly.**

Alma. **Bişen almany gyrgyçdan geçirip 1 çaý çemçe zeýtun ýagy bilen, süýt ýa-da gaýmak bilen garmaly. Ýüze ýapgy edip 20 minutdan soň aýyrmaly. Mylaýym suw bilen ýuwmaly.**

Şetdaly. **Bişen şetdalyny kerçäp, çopantelpegiň gaýnatmasy bilen garyp, ýüze ýapgy etmeli we 20 minutdan soň aýryp, ýyly suw bilen ýuwmaly.**

Hyýar. **Ownujak kerçilen hyýary limon şiresiniň birnäçe damjasy bilen garyp, ýüze ýapgy etmeli. 20 minutdan soň ony pamyk bilen süpürmeli (ýuwmaly däl).**

**2 nahar çemçe gülälegiň gülüniň ýapraklaryny 200 ml gaýnan suwda 1 sagat goýmaly. Demlemäni sowadyp süzüp, gury derili ýüzler we ýygyrtly ýüzler üçin losýon hökmünde ulanmaly.**

**2 nahar çemçe çopantelpegi 200 ml suwda 10 minut gaýnatmaly. Sowadyp, süzüp, gury derili ýüzleri täzelemek we ýumşatmak üçin ulanmaly.**

Ýagly derili ýüzler. **Bu ýagdaýlarda derman ösümlikleriniň täsiri ýüzüň ýagyny aýyrmaga, giňelen deşikleri daraltmaga we deriniň gatap guramagynyň öňüni almaga esaslanandyr. Bu maksat üçin adaty boýbodran, dyrnaklyja, dermanlyk bidenek, hmel, ýabany kaştan, mar we benewşe ýaly ösümlikler ulanylýar. Bu ösümlikleriň ownudylan çig mallarynyň 3 caý çemçesini 1 bulgur gaýnan suwda 15 minut demlenilýär. Süzüp ulanylýar. Hacan-da derman ösümlikleri ýygyndy görnüşinde ulanylanda her haýsyndan 1 çay çemçe alynýar we demleme taýýarlanýar. Demlemä-niň ergin bölegini ýuwmak üçin, goýy bölegine bolsa pet ýa-da un garyp ýapgy edilýär. Ýapgyny 15-20 min soň deriden aýrylyp ýuwulýar.**

**Ýagly derili ýüzler üçin derman ösümliklerinden bugly suwlary taýýarlamakda ulanylýan derman ösümlik-**

**leriniň düzümine deň mukdarda alynýan şu aşakdakylar girýär, ýagny: rozmarin, dermanlyk bidenek, çopantelpek, lipa, narpyz, dub, kaştan, berýoza. 1 nahar çemçe bu ösümlikleriň garyndysyny suwly gaba salyp gaýnaýança gyzdyrmaly. Suw bugaryp başlandan ýüzüňi buga 20 sm uzaklykda tutmaly.**

**Ýagly derili ýüzlere derman otlaryndan taýýarlanan ýapgylary almak üçin badamy, çopantelpegi, lipanyň güllerini, sosnanyň şahalarynyň uçlaryny deň mukdarda almalydyr we garyşdyrmalydyr. 2 nahar çemçe ýygyndydan gaýnatma taýýarlamalydyr. 1 nahar çemçe badamyň çigidini 50 ml taýýarlanan gaýnatma bilen garmaly. Oňa 1 çaý çemçe un, S çay çemçe bal garyp bulamalydyr. Soňra ýyljak wagty ýüze ýapgy etmelidir. 30 minutdan soň ýüzi ilki ýyly, soňra sowuk suw bilen ýuwmalydyr.**

Banan. **1 banany 1 çaý çemçe limon şiresi bilen garyp, gowy kerçip ýüze ýapgy etmeli.**

Alma. **1-2 gyrgyçdan geçirilen almany ýumurtga belogy bilen garyp, ýüze we alkymyňa ýapgy etmeli. 20 minutdan soň sowuk suw bilen ýuwmalydyr.**

**Mundan başga-da jerebaýdan, eje-ejelikden we çopantelpekden taýýarlanan ýapgylar dürli ýaşdaky adamlaryň ýagly derili ýüzleri üçin örän gowy gözellik serişdeleri bolup hyzmat edýärler.**

**Ýagly derili ýüzler üçin derman ösümliklerinden taýýarlanan** losýonlar.

Käkilik oty. **2 nahar çemçe oty 200 ml gaýnan suwda 1 sagat demläp goýmaly. Süzüp, ýyly demlemäni ýüzüň derisini süpürmek üçin ulanylýar. Günde bir gezek.**

Daş kekre. **Onuň 50 sany terje güllerini 500 ml gaýnan suwda 1 sagat demläp goýmaly. Süzüp, sowuk demleme bilen günde 1 gezek ýüzüňi ýuwmaly.**

Badyýan. **20 g badyýanyň terje otuny 500 ml gaýnan suw bilen demläp 1 sagat goýmaly. Süzüp, sowadylan demlemäni daşky serişde hökmünde ulanmaly.**

**Ýüzüň derisini tämizlemek üçin aşakda görkezilen ýerli derman otlary hem giňden ulanylýandyr.**

Çerbiýe. **2 nahar çemçe dermanlyk çerbiýäniň otuny 300 ml sowuk suw bilen demläp 1 sagat goýmaly. Onuň tinkturasyny derini gowulandyrmak üçin ýapgy etmeli.**

Narpyz. **100 g narpyzyň otuny 3 l. suwda 30 minut goýmaly. Süzüp ýüzüň derisini ýuwmak üçin ulanmaly.**

Ýer tudanasy. **1 bulgur terje ýer tudanasyny $40^0$ etil spirtinde 30 gün goýmaly. Soňra süzüp ergini (suw bilen 1:1 garyp) ýüzüň derisini süpürmek üçin ulanmaly.**

Bägüliň gül ýapraklary. **Gaýnap duran suwuň bugyna ilki elegiň düýbüne bägül ýapraklaryny ýerleşdirmeli, soňra ony gaýnap duran suwuň bugyna ýüzüňi 15 minut tutmaly. Bägülli suw ýüzi tämizleýär.**

Gara nokatly düwürtikler

**Gara nokatly düwürtikler gury derili we ýagly derili ýüzlerde emele gelip biler. Olary bejermek maksatlary üçin şeýle görnüşli fitoserişdeler ulanylýar:**

Mekgejöwen ýa-da arpa uny**. Onuň 2 nahar çemçe unyny protein bilen garmaly. Çalgyny ýüze ýapmaly, gurandan soň gury pamyk bilen süpürmeli. Ýüzüňi sowuk suw bilen ýuwmaly.**

Limon şiresi. **Kamedonlary (aýratyn gara nokatjyklary) ilki ýüzüňi buga tutup, soňra limon şiresi bilen süpürip aýyrmak bolar. Bejergini birnäçe gezek gaýtalamaly. Soňra çakjagundyzyň ýagyny çalgy hökmünde ulanmaly.**

Adaty örgünler

**Bejergi döwründe üns bermeli zat örgüniň emele gelmegine deriniň ýokary duýujylygy sebäp bolup biler. Şol sebäpli hem bejeriji serişdeleriň mukdarlaryny kem-kemden ýokarlandyrmalydyr. Olary ilki deriniň uly bolmadyk böleginde täsir etdirip synamaly. Esasy maksat**

**derman ösümlikleriniň antiseboreý sowuklama garşy, antimikrob we ýara bitiriji tasirleriniň bolmagydyr. Örgünleri bejermekde ulanylýan ösümlik serişdeleriniň birnäçe dermannamalary bardyr, mysal üçin:**

**Rp. Fol.Urticae 50,0 (Çit-çitiniň gülleri)**
**D.S. 2 nahar çemçe çit-çiti ýapragyny 400 ml gaýnan suwda demlemeli. 50 ml-den günde 4 gezekden içmeli.**

**Rp. Flor. Calendulae 50,0 (Dyrnaklyjanyň gülleri)**
**D.S. Dyrnaklyjanyň güllerini zeýtun ýagynda (1:5) saklamaly. Ergini örgün örüp başlanda çalmaly.**

Jerebaý. **Onuň ýagy çalmak üçin ulanylýar. Bejergi günde bir gezek ýerine ýetirilýär. Bu maksat üçin onuň tinkturasynyň 20 damjasyny 1 bulgur suwa damdyryp ulanylsa hem bolýar.**

Badyýan. **Onuň terje otundan alynan şiresini 2 gezek 20-25 günüň dowamynda ýüze çalmaly. Örgünlerden aňsat saplanmak bolýar.**

Adaty hren. **Terje köküni gyrgyçdan geçirip günde 2 gezek örgün bilen zaýalanan ýere ýapgy etmeli.**

Injir. **Terje ýapragynyň şiresini ýüzüň derisine çalmaly. Örgüniň öňüni alýar.**

Gury saçlar

**Şeýle ýagdaýlarda bejergileriň geçirilmeginiň maksady öte gury saçlara seboreýa garşy täsirli, ýokanç kesellere garşy täsirli serişdeleri ulanmaga ýa-da bolmasa saçyň aşa guramagyna sebäp bolýan zatlary (gijilewük, deriniň gurap dartylmagy) ýok etmäge gönükdirilendir.**

Lopuh. **Onuň kökünden taýýarlanan gaýnatma seboreýa garşy serişdedir. Onuň bilen gury derini iki hepdeden bir gezek ýuwmalydyr.**

Çopantelpegiň ýa-da günebakaryň **gülleriniň ýapraklaryndan taýýarlanan gaýnatmany açyk reňkli saçlary ýuwmak üçin ulanmaly. 2 nahar çemçe günebakaryň**

**gülleriniň ýapragyny ýa-da çopantelpegiň güllerini 1 l. suw bilen 5 min. gaýnatmaly. Saçy ýuwmazdan öňürti çakjagundyz, badam ýa-da zeýtun ýagy bilen kelläni çalmaly. Soňra gyzgyn suw bilen ölläp, gowy orap goýmaly. 1 sagatdan soň saçyňy ýuwup, ýumurtga ýa-da gatyk çalmaly. Soňra bolsa saç öwüşgün berer ýaly ony çaýyň ýa-da çopantelpegiň gaýnatmasyna caýkamaly.**

## Ýagly saçlar

**Bu maksat üçin derman ösümliklerinden dyrnaklyjany, lopuhy, berýozany we başgalary ulanmaly. Olar nerw derejesiniň ýagdaýyna laýyklykda sedatiw täsiri ýüze çykarýan ösümlikler – pişik oty, alyç we başgalar bilen utgaşdyrylyp ulanylýar.**

**Ýagly saçlary her 5-7 günden, ýyly suw bilen adaty sabyn ulanyp ýuwmaly. Açyk reňkli saçlary çopantelpegiň ýa-da günebakaryň gaýnatmasyna caýkamaly. Saçdaky artykmaç ýagy dubyň gabygynyň gaýnatmasyna ýuwup (3 nahar çemçe dubuň gabygyna 1 l. suw garyp 15 min gaýnatmaly) aýyrmak bolýar. Bu gaýnatmany her 3 günden ulanyp, bejergini birnäçe hepde dowam etdirmeli.**

## Goňak

**Saçdaky goňagy aýyrmak üçin şu ösümlikleri ulanmak maslahat berilýär.**

**Adaty sosna.** Bu ösümlik "Pit" atly derman görnüşinde çalmak üçin ulanylýar. Onuň düzümine sosnanyň efir ýaglary girýär.

**Piuma.** Ony ýerli ulanylýar, içmek bolmaýar. Demlemesini taýýarlamak üçin onuň 1 nahar çemçe ownadylan baldaklaryny we güllerini 400 ml gaýnan suw bilen 2 sagat demlemeli. Her iki günden bir gezek saç ýuwmaly. Bejergi 10-12 gezek gaýtalanmaly.

**Çit-çiti.** Onuň ýapraklaryndan taýýarlanan gaýnatmany (100 g çig maly 500 ml sirke we 500 ml suw bilen gaýnatmaly) süzüp, sowadyp saç ýuwmak üçin ulanmaly.

**Çakjagunduz.** Onuň ýagy goňak aýyrmak üçin, çalgy hökmunde ulanylýar.

**Ýasyýaprak.** 2 nahar çemçe köküni 500 ml suwda ýarym sagat gaýnatmaly. Gaýnatma içmek we çalmak üçin ulanylýar.

**Sarymsak.** Ony kerçip kelläniň saçly bölegine ýapgy etmeli we 2 sagat saklamaly. Bejergini 6-7 gün dowam etdirmeli.

Mundan başga-da goňak aýyrmak üçin taýýar dermanlar hem ulanylsa bolýar. Ýabany kaştanyň, guzygulagyň, meýdan hwoşynyň esasynda 14:5:2 mukdar gatnaşygynda taýýarlanylan allantoin kremli şampunyny oňa mysal edip görkezse bolar. Bu ekstrakt gündizki kremiň we losýonyň düzümine girýär.

Biokrem şampun eje-ejeligiň ýapraklaryndan taýýarlanan we goňagy aýyrmak üçin ulanylýar. Onuň farmakologiki täsiri ösümligiň düzümindäki organiki baglanyşan kükürt bilen häsiýetlendirilýär.

Brezol dermany öz düzüminde ak berýozanyň, çit-çitiniň we çopantelpegiň ekstraktlaryny saklaýandyr.

### Saçyň tiz düşmegi

Bu ýagdaýda dermotonizirleýji täsirli birnäçe ösümlikler ulanylýar.

**Adaty sosna**. Taýýar derman bolan “Pit”-ň düzümine sosnanyň efir ýaglary girýändir.

**Ýabany sarymsagy** kerçäp şu maksatlar üçin ony ýerli ýapgy hökmünde ulanylýar.

**Piцma.** Bu ösümligiň efir ýaglary “Pit”-ň düzümine girýändir.

**Sogan.** Onuň terje ýapraklary disulfidleri saklaýar we keratolitiki täsiri ýüze çykarýar. Soganyň terje ýapraklaryny kerçip ýapgy etseň, saçyň düşmesiniň öňüni alýar. Soganyň terje ýapraklarynyň şiresini saça çalmaly we kelläni 1 sagat orap goýmaly. Soňra kelläni ýuwmaly.

**Çit-çiti.** Onuň gaýnatmasyny 4 gezek 50 ml-den günde nahardan öň içmeli. Şol gaýnatma bilen saçy sabynsyz ýuwmaly.

**Çakjagundyz.** Onuň ýagyny saça çalmaly ýa-da şol ýagy saklaýan melhemi ulanmaly.

Saçyň ösmegini sazlaşdyrýan derman ösümlikleri

Saçyň ösmegini sazlaşdyrýan derman ösümliklerine gaýtarmanyň porrugy, çit-çitiniň ýapragy we başgalar degişlidirler.

**Boýbodran.** Onuň otyndan taýýarlanan gaýnatmany günde bir gezek saçyň düýbüne çalmaly .

**Süýji ýeken.** Onuň sirke bilen gaýnatmasyny saçyň düýbüne sürtmeli.Ony 2 hepde dowam etdirmeli . Onuň 3 nahar çemçe ownadylan porrugyny 15 minut çakyrly sirkede gaýnatmalydyr.

**Ak beryozanyň ýapraklary.** 1 nahar çemçe ownudylan ýapraklary 300 ml gaýnan suw bilen 2 sagat demläp goýmaly. Süzüp sowadyp, saça çalmak üçin ulanmaly, ony günde bir gezek ýuwulandan soň çalmaly.

**Sogan.** Ony ownujak kerçgiläp 300 ml $40^0$ spirtde goýmaly. Süzüp ergini ýuwulan saça günde bir gezek çalmaly. Saçyň ösmegini sazlaşdyrýan "Piloton"-ň düzüminde eşekýorunjanyň we soganyň tinkturasy hem bardyrlar.

Görkezilenlerden başga-da saç üçin ýaglary taýýarlamak hem mümkindir.Mysal üçin 100 g ýasy ýapragyň köküni 24 sagatlap 200 ml zeýtun ýagynda 15 min gowşak otda gaýnatmaly. Sowadyp süzmeli. Taýýarlanan ýagy saçy ýuwmazdan 5 sagat öň çalmalydyr we soňra ýuwmalydyr.

## 2. 12. Diş keselleri

Agyz boşlygynyň nemli bardasynyň alawlamasy sebäpli bozulmalaryna stomatit we gingiwit keselleri mysal bolup bilerler. Bu kesellerde agyzy we bokurdagy çaýkamaklyk üçin

derman ösümlikleriniň birnäçeleri peýdalanylýar. Olar alawlama garşy,mikroba garşy, ortüji, ýumşadyjy täsirleri ýüze çykarmalydyrlar. Şeýle derman ösümlikleriň has giňden ýaýranlary şu aşakdakylardyr.

**Dub.** Dubuň ownadylan gabyklaryndan taýýarlanylan gaýnatma (50 g gabygy 400 ml suwda 30 min gaýnatmaly) bilen agyz boşlygyny çaýkamaly. Dub diş kesellerinde alawlama garşy serişde hokmünde ulanylýar. Bu ösümligiň serişdeleri faringit we tonzilit kesellerinde-de agyz çaýkamak üçin ulanylýar.

**Çopantelpek**. Agyz boşlygyny çaýkamak üçin onuň täze taýarlanan gyzgyn demlemesi ulanylýar. Gingiwit we stomatit kesellerini bejermek üçin çopantelpegi birnäçe wagtlap, dowamly ulanmalydyr. Şu maksatlar üçin giňden ulanylýan dermannamalarynyň biri hem şu aşakda görkezilendir, ýagny:

Rp. Inf. Flor. Chamomillae 15,0/200,0 (Çopantelpegiň gülleriniň demlemesi)
Ac.borici (Bor turşysy)
M.D.S. 3-4 gezek agyz çaýkamak üçin.

**Jerebaý .** Bu ösümligi şeýle peýdalanýarlar, ýagny:

Rp.: Tinct. Hyperici 50,0 (Jerebaýyň tinkturasy)
D.S. Bir bulgur suwa 20 damja damdyryp günde 4-5 gezek agyz çaýkamaly.

Eger agyz boşlugynda gaýnaglama has ötüşen bolsa onda bu ergniň özüni günde 1-2 gezek çalmaly. Jerebaý antimikrob häsiýeti ýüze çykarýar. Ony keseliň öňüni almak maksatlary üçin hem ulanýarlar. Ol gingiwit we stomatit kesellerini bejermekde gowy netijeleri görkezýär. Şu maksatlar üçin onuň tinkturasynyň 30-40 damjasyny bir bulgur suwda taýýarlap agzyňy çaýkamaklyk ýa-da onuň demlemesini içmeklik maslahat berilýär. Bu demlemeniň düzümi şeýledir:

Rp.: Inf. Herb. Hyperici 10,0/200,0 (Jerebaýyň otunyň demlemesi)

D.S. Bir nahar çemçeden günde 1-2 gezek nahardan soň içmeli

**Gaýtarma.** Gingiwit we stomatit kesellerinde bu ösümligiň kökünden taýýarlanan tinkturasy ulanylýar, ýagny:

Rp. T-rae Tormentillae (Gaýtarmanyň tinkurasy)
T-rae Bistortae aa 5.0 (Suw kyrkbogunynyň tinkturasy)
M.D.S. Bir bulgur suwa 15 damja damdyryp, günde 3-4 gezek agzy çaýkamaly.

**Kyrkbogun.** Bu ösümligiň köküniň porrugynda 25 % eý maddalary saklanýar. Şol sebäpli alawlama garşy, örtüji häsiýeti ýüze çykaryp, stomatit, gingiwit kesellerinde ulanylýar. Bu keselleri bejermekde onuň gatnaşmagynda şeýle dermannamar hödürlenýär, ýagny:

Rp: Dec. Polygonii Bistortae 20,0/200.0 (Suw kyrkbogunynyň gaýnatmasy)
D.S. 1 nahar çemçesini ýarym bulgur suwa salyp, günde 3 gezek agzyňy çaýkamaly.

**Käkilik oty.** Gingiwit we stomatit kesellerini bejermekde bu ösümligiň gyzgyn demlemesi bilen agyz boşlugy çaýkalýar.

**Dermanlyk bidenek.** Onuň şu aşakdaky dermannamasy ulanylýar:

Rp: Fol. Salviae 50,0 (Bidenegiň ýapragy)
D.S. 1 nahar çemçe çig malyny 1 bulgur gaýnan suwa garyp 12-15 günüň dowamynda her günde 2- 4 gezek çaýkamaly.

**Boýbodran.** Onuň gyzgyn demlemesi taýýarlanylanda ösümligiň ýerden ýokarky böleginiň guradylanynyň 2 nahar çemçesini bir bulgur suwda 1 sagadyň dowamynda demlenip goýulýar we soňra süzülýär. Ony diş kesellerinde agyz çaýkamak üçin ulanylýar. Bu ösümligi şu dermannama boýunça ulanylanda uly üstünlikler getirdi: 2 nahar çemçe ownadylan ösümligiň ýokarky ösýän böleklerini ýa-da güllerini 0.5 litr gaýnan suwda demlemeli. Sowandan soň

süzüp agyz çaýkamak üçin ulanylýar. Çaýkamaklygy günde birnäçe gezek ýerine ýetirmeli.

**Narpyz.** Onuň sowadylan demlemesi bilen agyz boşlugyny günde birnäçe gezek çaýkamaklyk gowy netijeleri berýär..

**Meýdan kyrkboguny.** Bu ösümligiň otunyň gaýnatmasy bilen günde birnäçe gezek agyz çaýkamak maslahat berilýär.

**Dyrnaklyja.** Dyrnaklyjanyň spirtli demlemesi ýa-da ýöne gyzgyn demlemesi gingiwit we stomatit kesellerini bejermekde gowy netijeleri berýär. Agyz çaýkamak günde 5-6 gezek ýerine ýetirmeli. Bu ösümligic spirtli çykyndysynyc 1 çaý çemçesini bir bulgur suwa damdyryp içilende hem onuň peýdasy köpdür.

**Grek hozy.** Hozuc ýapraklaryny demleme görnüşinde diş kesellerinde ulanylýar, ýagny:

Rp. Jnf. Fol Juglandis 5,0/200,0 (Hozyň ýapragynyň demlemesi)
D.S. 1 nahar çemçeden 0,5 bulgur suw bilen, 10-12 günüň dowamynda, nahardan soň günde 3 gezek agyz çaýkamaly.

**Uly Demrewot.** Paradantozy bejermekde bu ösümligic guradylan otundan taýýarlanan diş ýuwujy hamyrlar ulanylýar.

**Süýji ýeken.** Onuň porrugynyň gyzgyn demlemesi paradantozy bejermekde giňden ulanylýar.Bu maksatlar üçin onuň 1 nahar çemçe porrugyny 300 ml gaýnan suwda 2 sagat demläp goýmaly we soňra süzüp, alynan ergin bilen agyz çaýkamaly.

**Sarymsak.** Bu ösümligiň önümleri pulpitleri we periodontitleri bejermeklikde giňden ulanylýar.

Olardan başga-da häzirki zaman amaly lukmançylygynda diş kesellerini bejermekde ýokarda agzalanlardan başga-da birnäçe derman otlarynyň toplumlary ulanylýar. Olaryň käbirleri şu aşakda görkezilendir, ýagny:

Rp. Flor. Tiliae 20,0 (Lipanyň güli)
Flor. Chamomillae 30,0 (Çopantelpegiň güli)
M. F. spec. D.S. 2 çaý çemçesini bir bulgur gaýnan suwa goşup bokurdak we agyz çaýkamak üçin ulanmaly

Rp. Fol. Cotini (Skumpiniň ýapragy)
Cort. Querci aa 100,0 (Dubyň gabygy)
Flor. Chamomillae 60,0 (Çopantelpegiň güli)
M.F. spec. D.S. 2 nahar çemçe 500 ml suw bilen 5 min gaýnatmaly we alynan ergin bilen günde 2-3 gezek nahardan soň agyz çaýkamaly.

Rp. Cort. Querci 20,0 (Dubyň gabygy)
Flor. Tiliae 10,0 (Lipanyň güli)
M. F. spec. D.S. 2 çaý çemçesini bir bulgur gaýnatmada, agyz we bokurdak çaýkamak üçin ulanmaly.

## 2. 13. Ýaralaryň bejerilişi

Ýaralaryň dürli görnüşlerini (gögeren, kesilen, mikroblaryň üsti bilen emele gelen ýokançly) bejermekde derman ösümlikleriniň ähmiýeti uludyr. Derman ösümlikleri deriniň bitişini we ösüşini sazlaşdyryjy we antiseptiki häsiýetleri bolup, sowuklama garşy täsirleri ýüze çykarýarlar. Ýaralaryň dürli görnüşlerini bejermekde şu aşakdaky derman ösümlikleri ulanylýandyr.

**Dyrnaklyja.** Bu ösümligiň ýara bitiriji täsiri bolup, esasanam ol çalgy görnüşinde ulanylýar. Dyrnaklyjanyň gülünden we otundan taýýarlanan gaýnatmasynyň 4 bulguryny günde içmeli. Şol bir wagtda onuň gülünden zeýtun ýagynda taýýarlanan (1:10) demlemesini çalmaly. Ony ýaralara çalmak we gögermeleri bejermek üçin hem ulanylýar.

**Jerebaý.** Jerebaýyň ýagy bitmesi kyn bolan ýaralary bitirmek üçin günde 1-2 gezek çalmaly. Bu ösümligiň dermany – “Novoimaninum”_ mikroblaryň emele getiren iriňli ýaralaryny bejermekde antibakteral täsiri ýüze çykarýandygy üçin giňden ulanylýar.

**Narpyz.** Narpyz ýagy antibakterial täsiri ýüze çykarýan birleşmelere baýdyr. Şol sebäpli ony ýaralary bejermekde ýerli serişde hököminde günde 1-2 gezek çalynýar.

**Rýabina.** Bu ösümligiň efirli ekstrakty bakteriosid täsiri ýüze çykarýar we ony ýara bejermek üçin ulanylýar.

**Ak berýoza**. Onuň $90^0$ spirtli tinkturany (1:5) suwly ýaralary bejermekde ulanylýar. Berýozanyň pyntyklaryndan taýýarlanan demlemeli suwa düşünmeli. Şol bir wagtda ony içmek üçin hem ulanylýar. Onuň antiseptik täsiri gaýtadan mikrob düşen ýaralary bejermekde-de ulanylýar. Berýoza şepbiginiň düzüminde fenollary saklaýandygy sebäpli ony ýerli ulanylanda ýaralara antiseptiki täsiri ýüze çykarýar.

**Keçegül** ýerli we içmek üçin ulanylanda dikeldiş ýagdaýlaryny sazlaşdyrýar. Bu ösümlik şu dermannama görnüşinde ulanylýar, ýagny:

Rp. Inf. Herb. Gnaphali uliginosi 10,0/200,0

**D. S. 1 nahar çemçe çig maly 1 bulgur gaýnan suwda 30 minut demlemeli. Alynan ergini süzmeli we ýaralara ýapgy etmeli.**

**Sogan.** Ýara bejermek üçin ulanylýan gadymy serişdeleriň biri hasaplanylýar. Buglanyp ýumşadylan sogany kerçgiläp ýara ýapgy etmeli. Bu bejeriş usuly häzirki wagtda-da gowy netijeleri berýär.

**Sarymsak.** Sarymsak ýaralary bejermek üçin ulanylanda dokumalaryň täzeden döreýşini sazlaşdyrýar. Ol kerçelip ýaralara ýapylýar.

**Adaty boýbodron.** Bu ösümligiň otundan we güllerinden demleme taýýarlanylýar. Alynan ergin ýaralary ýuwmakda peýdalanylýar. Onuň ýara bitirji täsiri düzümindäki azulen bilen baglanşyklydyr.

**Uly guzygulak**. Ol çalgy görnüşinde ulanylýar. Onuň üçin 50g ownadylan köküni 100ml suwda 20 minudyň dowamynda gaýnatmaly we süzmeli.

**Syçratgy.** Bu ösümligiň kökünden taýýarlanan gaýnatma ýaralary bejermekde ulanylýar.

**Lopuh.** Bu ösümligi ulanylanda onuň ýaralary bitiriji täsiriniň bardygy bellidir. Ony gaýnatma, demleme we repeý ýagy bilen çalgy gornüşinde ulanylýar.

**Çopantelpek.** Bu ösümligiň güllerinden taýýarlanan täze çykyndysy ýaralary ýuwmakda ýerli ulanylýar. Onuň düzümindäki hamazulen ýerli agry aýyrjy, alawlama garşy, antiallergiki, antiseptiki, ýaralaryň bitişini sazlaşdyrjy täsirleri ýüze çykarýar.

**Uly atgulak.** Ýaralary bejermekde ýokary netijeleri berýär. Onuň ýapraklaryny terjeligine kerçgeläp ýara ýapgy etmeli.

**Benewşe.** Bu ösümligiň şiresi ýaralary bejermek üçin çalynýar ýa-da olardan ýapgy edilýär.

**Okopnik.** Bu ösümligiň kökünden taýýarlanan gaýnatma ýaralary bejermekde dokumalaryň dikelmegini we öýjügiň ösüşini sazlaşdyryjy serişde hökmünde ýerli ýuwmak şeýle-de ondan ýapgy etmek üçin ulanylýar.

**Bägül**. Ýara bejermekde onuň taýýar görnüşli çalgysy "Rezolin" ulanylýar. Onuň antiseptik täsirinden başga-da dikeldiji häsiýeti hem bardyr.

**Zygyr.** Ýara bejermekde has amatly ösümlik. Onuň tohumyny gaýnadyp ýapgy edilýär ýa-da zygyr ýagy ýara çalynýar.

**Grek hozy.** Ýara bejermekde peýdalydyr. 5 g hozuň ýapraklaryny ownadup 1 bulgur gaýnan suw bilen demlemeli. Gyzgyn demlemäni çaý çemçesi bilen günde 3 gezek içmeli ýa-da onyň bilen ýaralary ýuwmaly. Netijede onuň ýara bitiriji täsiri ýüze çykýar. Bu onuň düzümindäki maddalaryň bakterisid täsirleriniň bardygy bilen baglanşyklydyr.

**Eje-ejelik.** Terje ýapraklaryny kerçigiläp süýt bilen garyp ýara ýapgy edilýär.

**Dub.** Bu ösümlik sowuklama garşy täsiri ýüze çykarýar. Ýara bejermekde onuň gabygyndan taýýarlanan gaýnatma ulanylýar.

**Ýer tudanasy.** Bu ösümlikde taninleriň we flawanoidleriň bolmagy onuň ýara bitirji täsirini ýüze çykarmagy bilen baglanşyklydyr. Onuň gaýnatmasy suwjaryp we ganjaryp duran ýaralary bejermekde ulanylýar.

**Peçek.** Ýara bitirji täsir onuň güllerini we şahalarynyň demlemesiniň ýerli ulanylmagy bilen baglanşyklydyr. Demleme taýýarlamak üçin gülleriniň ýa-da şahalarynyň 2 bölegini spirtiň $40^0$ 4 bölegi bilen 2 sagat demläp goýmaly. Ondan soňra süzmeli we 1 nahar çemçe demlemäni ýarym bulgur gaýnan suw bilen garmaly. Soňra ýaralary ýuwmak ýa-da olardan ýapgy etmek üçin ulanmaly.

Gaýtarma**. Bu ösümligiň porrugyndan taýýarlanan gaýnatma ýerli ulanylanda gowy netijeler gazanylýar. Bejergi günde 2-3 gezek gaýtalansa ýaralaryň bitmegi tizleşýär.**

Atgulak (lanset şekilli atgulak). **Bu ösümligiň terje ýapraklary ýara we gögerenleri bejermekde ulanylýar. Onuň kerçilen ýapraklaryny zaýalanan ýere ýapmaly we ony günde 1-2 gezek gaýtalamaly.**

Hmel. **Ony bedendäki gögeren ýerleri bejermekde ulanmak maslahat berilýär. Onun miwesinden taýýarlanan demleme ýaralary ýuwmak, ýapgy etmek ýa-da çalgy görnüşinde ýerli ulanylýar. Ony zaýalanan ýere günde 1-2 gezek çalmalydyr.**

**Iriňli ýaralar bejerilende olaryň bitýän döwründe mikrobedenjikler düşen bolsa we iriňlän bolsa olary bejermek üçin ulanylýan derman ösümlikleri diňe bir ýara bitirji täsiri ýüze çykarman, eýsem-de olar bakteriýalara garşy, antiseptiki, sowuklama garşy täsirleri hem ýüze çykarmalydyrlar. Şeýle täsirli derman ösümlikleriň birnäçesi bardyr.**

Dyrnaklyja. **Bu ösümligiň otundan we güllerinden demleme taýýarlanýar. Dyrnaklyja bakterisid we gany saklaýjy täsiri ýüze çykarýar. Onuň spirtil tinkturasy ýara bejermekde ýerli ulanylýar.**

Sogan. **Ony ýara bitirmekde içmek üçin ulanylýar. Onuň täzeje şiresiniň 1 çaý çemçesini günde 3 gezek iriňli we bitmeýän ýaralary bejermekde peýdalynylýar. Ony keçgeläp ýara ýapgy etseň hem bolýar.**

Ýabany sarymsak. **Iriňli ýaralary bejermekde onuň dermany bolan ”Urazalin” ulanylýar. Ol düzüminde bu ösümligiň efir ýagyny saklaýar. Bu derman bilen ýaralary günde 2 gezek çalmaly ýa-da ondan sargy etmeli. Bu derman uzak ýatan näsaglarda emele gelen ýaralary bejermekde-de ulanylýar.**

Lawanda. **Iriňli ýaralary bejermekde lawanda ýagy ulanylýar.**

Çopantelpek**. Onuň güllerinden gaýnatma taýýarlanylýar we iriňli ýaralary ýuwulýar.**

Uly atgulak. **Ol iriňli ýaralary bitirýär we arassalaýar. Onuň terje ýapraklarynyň şiresi ýaralara ýapylýar.**

Aloe. **Iriňli ýaralara bu ösümligiň terje ýapraklarynyň şiresi çalynsa gowy netijeleri berýär. Onuň bu häsiýeti bakteriostatiki, bakterisid täsr bilen baglanşyklydyr.**

Ýapon sofarasy. **Iriňli ýaralary bejermekde üstünlükli ulanylýar. Ýaralara onuň tinkturasyny ýapgy etmeli ýa-da oňa ýuwmaly. Taýýarlamak üçin bu ösümligiň miwesiniň 1 bölegini 56% spirtiň 5 bölegi bilen 10 gün saklamaly.**

Gara turp. **Iriňli ýäralary bejermekde bu ösümligiň ulanylmagy onuň antiseptiki täsiri bilen baglanşyklydyr. Onuň şiresi ýaralara çalynýar ýa-da kerçgelenip ýaralara ýapylýar.**

**Kesilen ýarany bejermekde belli bir häsiýetli derman ösümlikleri ulanylýar. Şeýle ýagdaýda ösümlikler gan saklaýjy we ýara bitiriji täsiri ýüze çykarmalydyrlar.**

Eşek ýorunja. **Bu ösümligiň güllerinden ýa-da ýapraklaryndan taýýarlanan çalgy kesilen ýaralary bejermekde ulanylýar. Bu ösümligiň otundan taýýarlanan ergin bilen ýaralary ýuwmaly. Taýýarlamak üçin 1 nahar çemçe çig maly 500 m1 suwda 1 gije gündiz demläp goýmaly.**

**Ýaralaryň bitişini sazlaşdyrmak üçin köp sanly derman ösümlikleri ulanylýar.**

Kelem. **Ýapraklaryny kerçgiläp ýumurtganyň sarysy bilen deň gatnaşykda günde 1-2 gezekden ýara ýapmaly.**

Käkilik oty. **Ýaralary ýuwmak üçin onuň demlemesi ulanylýar. Ol ýakymsyz ysy aýyrýar. Onuň gyzgyn demlemesi agyry aýyryjy täsiri ýüze çykýar.**

Guzygulak. **Onuň gyzgyn demlemesi (1:10) bitmeýän ýaralary bejermekde ulanylýar. Ol şeýle dermannama görnüşinde hem ulanylýar.**

**Rp. Inf. Rad. Inulae 20,0/200,0 (Guzygulagyň köküniň demlemesi)**
**D.S. Günde 1-2 gezekden ýuwmak ýa-da ýapgy etmek üçin ýerli ulanylýar. Bejergi 10-12 gün dowam edýär.**

Çit-çiti. **Bitmesi kyn bolan ýäralary bejermekde olaryň bitişini sańlaşdyrjy häsiýeti bar. Ondan başga-da bu ösümlik ýaranyň ýaramazlaşmagyny çäklendirýär. 1 nahar çemçe porrugyny 400 ml suw bilen 10 minut gaýnatmaly. Onuň 50ml möçberinden günde 4 gezek içilse ýaralaryň bitmesi tizleşýär.**

Lawanda. **Bu ösümligiň ýagy –bitmesi kyn ýaralary bejermekde ulanylýar. Onuň ýaralaryň bitişini çaltlandyryjy täsiri bar.**

Meýdan kyrkboguny**. Bu ösümligiň otundan taýýarlanan gaýnatma bitmesi kyn ýaralary ýuwmak üçin ulanylýar.**

## III. LUKMANÇYLYK AMALYNDA ULANYLÝAN DERMAN ÖSÜMLIKLERI

**Polatly**. Bu boýy 60-80 sm ýetýän köpýyllyk otjumak ösümlikdir. Türkmenistanda hem duş gelýändir.

Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň kökleri ulanylýar.

Bu ösümligiň köklerinde eýleýji maddalar, sakyzlar, limon turşusy, pet, glikozidler (ononin we onosnin) saklanýar.

Lukmançylykda onuň dermanlaryny babasil keselinden we iç gatamasyndan ejir çekýänleri bejermekde giňden ulanylyp gelnipdir. Ösümligiň demlemesi ýa-da tinkturasy içilende näsaglaryň içegesiniň hereketi peselýär we şol bir wagtyň özünde onuň ýygrylyşy ýokarlanýar, diurezi beýgelip, arterial basyşy bolsa pese düşýär. Ondan daşary hem onuň dermanlary bogunlarda duz ýygnanmasynda, böwregiň we peşew haltasynyň kesellerinde peşew çykaryjy serişde hökmünde-de giňden ulanylýar. Ol şu aşakdaky derman görnüşlerinde ulanylýar, ýagny:

Ösümligiň kött kökünüň gaýnatmasy– umumy düzgün boýunça taýýarlanyp 50 ml-den, nahardan öň günde 3 wagtyna 2-4 hepdäniň dowamynda, täret kadalaşýança kabul etmeli.

Ösümligiň tinkturasy – 70% spirtde (1:5) taýýarlanylýar. Ony içiňi gowşadyjy serişde hökmünde 1 çaý çemçeden nahardan öň, günde 2-3 wagtyna içmelidir.

**Gowaça**. Bu gur şahalanýan baldakly, boýy 130 sm ýetýän, güýçli kökli ösümlikdir. Iri ýapraklary ýekelikleýin bolup, nobatlaýyn ýerleşendir. Miwesi – ýumurtga şekildäki gozalardan ybaratdyr. Türkmenistanyň hemme ýerlerinde medenileşdirlip ekilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň kökleriniň gabygyny we tohumlaryny ulanýarlar.

Köküniň gabygynda gossipol, C we K witaminleri, eýleýji madalary, trimetilamin toplanandyr. Onuň tohumlaryndan bolsa gossipol we gossipin, şeýle-de düzümine linolen hem-de olein turşulary girýan ýaglar tapyldy. Şol bir wagtyň özünde onuň tohumlary ýokary hilli proteinleriň çeşmesi bolup durýandyrlar. Ýapraklary limon we alma turşularyny saklaýarlar. Bu ösümlikden – furasilin, furasil, furadonin dermanlary alynýar. Gowaçanyň süými arassa sellýulozadyr.

Halk lukmançylygynda gowaçanyň köküniň gabygyny gan saklaýjy serişde hökmünde ulanylýar. Şol maksatlar bilen ondan taýýarlanan suwuk ekstrakty ylmy lukmançylygynda hem ulanylýandyr. Pagtadan pamygy we sargy serişdelerini alýarlar. Gowaçanyň ýagy günebakar we künji ýagy ýaly linimentleri we melhemleri öndürmekde ulanylýar. Ondan alynýan gossipoly 0,1%-li ergin ýa-da 3%-li liniment görnüşde ulanýarlar.

**Tanasetum (pihma).** Bu köp ýylyk otjumak ösümlik-dir. Ähli boş ýatan we otluk ýerlerde ösýär.

Lukmançylykda çyg mal höküminde ýerden ýokarky bölegi oty ulanylýar.

Ösümligiň ähli böleklerinde efir ýaglary (sineol, kamfora, borneol), seskwiterpenoidler, bioflawonoidler, karotinoidler we taninler bardyr.

Lukmançylykdaky esasy peýdasy onuň soguljana we alowlama garşy, hem-de antiseptiki täsiri ýüze çykarýandygy bilen baglanşyklydyr. Ondan başga-da onuň otundan

taýýarlanan 5% demlemesiniň ýürek gan-damar näsazlyklarynda arterial basyşyny peseldiji täsiriniň bardygy hem bellidir.

Bu otuň pes doýgunly çykyndysynyň antiseptiki, antimikrob we rahatlandyryjy täsiri hem bardyr. Şol sebäpli ony iç ýellenmesinde, iç sançmasynda, iç geçmede, agyz boşlugynda emele gelýän alowlamada şeýle-de we sary getirme keselini bejermekde ulanmak mümkinçiligi bardyr.

**Sabur.** Bu köp ýyllyk, ýapragy etlek bolan otjumak ösümlikdir. Ony hemme ýerlerde hem ösdürülip ýetişdirilýändir.

Ösümligiň ter ýapraklary we şiresi öz düzüminde witaminleriň we enzimleriň birnäçe mukdaryny, hem-de fitonsidleri saklaýandyr. Onyň ýapraklaryndan antraglikozid maddalary (aloin, nataloin, rabarberon, gomonataloin), şeýle hem sakyz maddalary we efir ýaglarynyň yzlary tapylandyr.

Saburyň ter şiresi - turşulygy pes bolan dowamly gastridi bejermek üçin, işdä açyjy serişde hökmünde, şeýle hem umumy bedeniň ýokanç kesellere garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmakda giňden ulanylýar. Bu deriniň örtükleriniň we nemli bardalarynyň kesellerinde hem örän ähmiýetlidir. Ony esasan hem ýanyklarda, iriňli ýaralarda, osteomiýelitde bedene çalmak üçin, agyz boşlugynyň we bokurdagyň kesellerinde bolsa çaýkamak üçin ulanýarlar. Saburyň demir bilen bilelikde taýýarlanan süýji suwy aşgazan-içege ýollarynyň ýiti we dowamly kesellerinde, gipohrom gan azlygynda, ýokanç kesellerde we zäherlenmelerde örän peýdalydyr. Ýiti rinidi bejermek üçin ter saburyň şiresiniň 5-8 damjasyny günde 2-3 wagtyna buruna damdyrmak ýeterlikdir. Saburyň sanjym üçin niýetlenen suwuk ekstrakty göz kesellerini bejermekde-de (blefarit, konýuktiwit, keratit) iň bir ygtybarly serişdeleriň biridir. Bu sanjym aşgazanyň we 12-barmak içegäniň ýaralaryny, aýal kesselleriniň köp görnüşini, şeýle hem dem gysmany bejermekde giňden ulanylýar.

Saburyň sanjym üçin suwuk ekstrakty – deriň astyna 1ml möçberinde (5 ýaşa  çenli çagalara 0,2-0,3 ml, 5 ýaşdan ýokary ýaşdaky çagalara 0,5 ml möçberinde) goýberilýär.

Saburyň linimenti – şöhle terapiýasyndan soň deriniň zeperlenmegini bejermek we onuň öňüni almak üçin ulanylýar. Onuň üçin gije-gündüziň dowamynda 2-3 gezek zeperlenen ýere çalyp, üstüni  hasa bölejigi bilen ýapýarlar.

Saburyň demir bilen süýji suwy – gan azlygynda 0,5-1 çaý çemçe süýji suwy 1/4 bulgur suw bilen günde 3 wagtyna bermek maslahat berilýär.

**Çerbiýe.** Bu boýy 120-150 sm ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanda hem duş gelýän ösümlikdir.

Dermanlyk çerbiýäniň kökünde köp mukdarda nemli maddalary bolup, esasan hem olar polisaharidlerden durýandyrlar. Şeýle hem onuň düzüminden pet, pektin, gant, karotin, lesitin, fitosterin, mineral duzlary we suwuk ýaglary hem tapylandyr.

Ol dem alyş ýollarynyň we aşgazan-içege ýollarynyň kesellerini bejermekde ähmiýetli serişdedir. Onuň örtüji, goraýjy, gaýnaglama garşy, gakylyk goparyjy we agyryny aýryjy täsiri bolany üçin ony dowamly bronhitleri, traheitleri, bronhopnewmoniýalary, ýiti üsgülewügi, agyz-bokurdak kesellerini we dem gysmasyny bejermekde, şeýle-de gastritleri, onkibarmak içegäniň we aşgazanyň baş kesellerini bejermekde-de (esasan hem aşgazan şiresiniň turşulygy ýokary bolanda) peýdalanýandyrlar. Çerbiýäniň köküniň demlemesi we ekstrakty pis keselli we deri örgünli näsaglary bejermekde synag edilende aýratyn gowy netijeleri berýär.

Çerbiýäniň ýumşadyjy täsiri nemli bardalaryndaky gaty yzlary ýumşatmak üçin ulanylýar. Lukmançylykda onuň birnäçe derman görnüşlerinden peýdalanylýandyr:

Çerbiýäniň gaýnatmasy - 1/2-1/3 bulgurdan, nahardan soň günde 3-4 wagtyna kabul edilmelidir.

Çerbiýe köküniň gury ekstrakty – çalymtyl-sary reňkli külke bolup, onuň özboluşly süýjümtik tagamy bardyr.

Çerbiýäniň şerbeti - örtüji we tagam beriji serişde hökmünde miksturalar görnüşinde ulanylýar.

Mukaltin – nahardan öň 1-2 gerdejikden içilýär.

**At kaştany.** Bu boýy 30 metre ýetýän agaçdyr. Ony Kawkazda we Merkezi Aziýada bezeg we derman ösümligi hökmünde ösdürilip ýetişdirilýär.

Lukmançylykda onuň çigidi ( miwesi ) çig mal bolup ulanylýar.

At kaştanynyň miwesi glikozidlerden (eskulin, fraksin, essin) durýandyr. Ondan başga-da eý maddalaryny, flawonoid glikozidlerini (kwersitrin, izokwersitrin, kwersitin, lempferol), peti, ýaglary we beýleki maddalary saklaýandyr.

Lukmançylykda onuň ekstrakty beýleki galen dermanlaryna seredeniňde has täsirlidir. Onuň düzümindäki triterpenglikozidi essin gaýnaglama we çişe garşy, şeýle-de kapilýar berkidiji täsiri ýüze çykarýandyr.

Bu ösümligiň essin saklaýan dermanlary operasiýadan soňky trombozlary bejermekde, şikesden soňky çişleri, gaýnaglamany, tromboemboliýany bejermekde ulanylýar.

Eskuzan antigemorroidal serişde hökmünde göwreli we çaga doguran aýallaryň wenalarynyň warikoz giňelmelerinde we beýni çişlerinde ulanylýar.

Ýürek damar ulgamynyň kesellerinde ulanylýan derman wenostazin düzüminde at kaşdanynyň miwesiniň ekstrakty we $B_1$ witamini saklanýar. Bu derman ganyň syworotkasynyñ antitrombotiki işjeñligini sazlaşdyrýar hem-de ol göwreli aýallaryň we çaga dogran aýallaryň wenasyndaky durgunlyklarda hem-de dykylmalarda ulanylýar. Wazotonin dermany düzüminde at kaştanynyň miwesiniň ekstraktyny we arnikanyň dermanlaryny we witaminleriň B toplumlaryny saklaýar we ol ýürek-damar ulgamynyň kesellerinde ulanylýar.

Häzirki wagtda lukmançylyk amalynda at kaştanynyň dermanlaryndan: eskuzan, esflazid, reparil we başgalar

ulanylýar. Reparil (essin) esasanam gaýnaglama we çişe garşy hem-de antitrombolitiki serişde hökmünde ulanylýar.

Eskuzan at kaştanynyň miwesiniň suwly – spirtli ekstraktydyr. Ol esasy triterpen glikozidi - essin saklaýar. Bu derman ownuk gan damarlarynyc geçirjiligini peseldýär, wenoz damarlaryň ýygrylmasyny ýokarlandyrýar we gaýnaglamany azaldýar. Derman wenosazlaşdyryjy we antitrombolitiki serişde hökmünde wenanyň giňelmelerinde we dykylmalarynda, şeýle-de babasil keselinde hem ulanylýar. Onuň üçin dermany günde 3 gezek nahardan öň 10-20 damjadan içmeli.

Esflazid - täsiri boýunça eskuzana çalymdaşdyr. Ol at kaştanynyň miwesindäki saponin - essini saklaýar we kaştanyň ýapragyndaky flawonoidleri saklaýar. Ol gerdejik ýa-da şem görnüşinde ulanylýar.

**Daştohumlyja.** Bu köpyyllyk, yylylygy halaýan otjumak ösümlikdir. Yapraklary we baldaklary şu maşgala degisli beyleki osumlikleriňki yaly gaty gyldyrganjyklar bilen örtülendir. Miweleri ak, ýalpyldawuk we gaty tekiz hozjagazlardyr.Türkmenistanda Kürendagynda , Bathyzda, Günorta-Günbatar we Merkezi Köpetdagyň daşly gaýa-larynda ösýär. Lukmançylykda ulanylýan bölekleri olaryň hozjagazlarydyr.

Ösümligiň gabygynda gyzyl reňk beriji madda, hozjagazynda ýaglar, mineral maddalary, esasanam kalsiýniň duzlary we kremniý turşysy bardyr. Ýer üsti böleginde köp bolmadyk mukdarda alkaloidleriň barlygy anyklandy. Ýapraklarynda C witamini tapyldy.

Miwesiniň suwly demlemesi gadym döwürlerden bäri peşew ýollarynyň kesellerinde ulanylyp gelinýändir. Onuň gowy peşew kowujy täsiri bar. Ter ýapraklarynyň maýdalanan bölejiklerini ýara bitiriji serişde hökmünde-de ulanýarlar.

**Ýüzärlik.** Bu gür şahaly uzyn bolmadyk baldakly köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ýogyn ok kökleri agaçlaşandyr. Bölünen ýapraklary nobatlaýyn bolsa, iri gülleri ýeke-ýekeden

ýerleşendirler. Miwesi togalak gozajyk. Ol Türmenistanyň hemme ýerinde duş gelýär.

Lukmançylykda onuň oty, seyrek ýagdaýlarda bolsa tohumy ulanylýar.

Yüzärligiň zäherlidigi üçin ony düýelerden başga haýwanlar iýmeýärler. Düzüminde toplanýan esasy alkoloidlere garmalin, garmin, garmalol, peganin, pegamin, peganol, dezoksi-peganin we pegonidin degişlidirler.

Awisenna bu ösümligi agyryny aýyryjy hökmünde ulanypdyr. Halk lukmançylygynda deri kesellerinde, gijelewükde, gury agyryda bu ösümligiň suwuna düşmekligi maslahat berýärler. Otunyň gaynatmasynyň gaýnaglamada, newrasteniýada, tutgaýlarda ukladyjy serişde hökmünde ulanýarlar. Otunuň tüssesini ýokanç keselli näsaglaryň ýatan otaglaryna ýaýradýarlar. Mundan başga-da onuň otunuň gaýnatmasyny ginekologiki amalynda ysmazlarda, tutgaýlarda ulanylýar. Ýüzärligiň tohumlaryndan taýýarlanan gaýnatma demgysmada, burç bilen bilelikde gury agyryda, peşew we der kowyjy serişde hökmünde ulanylýar.

Onyň hlor wodorodly duzy görnüşindäki garmin alkaloidini epidemiki ensefalityň, ysmazyň we Parkinson keseliniň galdyran gaýraüzülmesini bejermekde ulanylýar. Ol mundan başga-da ýüregiň koronar damarlaryny giňeldýär, arterýal basyşy peseldýar, merkezi nerw ulgamyny gyjyndyrýar. Ylmy lukmançylygynda peganin diýen dermany miopatiýada we miasteniýada hem ulanylýar.

**Keýik oty.** Bu şahalanyp gidyän kökporrukly köp ýyllyk ösümlikdir. Köp sanly baldaklary göni ösýär.Yapraklarynyň üst yüzleri köp sanly nokat şekilli mäzjagazlary bilen örtülendir. Miweleri dört sanly hozjagazlardan durandyr. Ol Türkmenistanda Köytendagda, Günorta-Günbatar we Merkezi Köpetdagda duş gelýär.

Lukmançylykda onuň ýer üsti bölegi (oty) ulanylýar.

Gülläp duran ösümlikde efir ýagy (0,64% çenli), pulegon wepiperiton bardyr. Efir ýagynyň esasy düzümi (60%) bolup, ondan mentoly bölüp hem almak bolýar.

Halk lukmançylygynda otunuň demlemesi ýürek ýetmezçiliklerinde, içege kesellerinde we newrosteniýada ulanylýar. Onuň örän gowy peşew kowujy we ýara bitiriji täsiri bardyr.

Ylmy lukmançylygynda geçirilen kliniki barlaglaryň esasynda keýik otynyň derman görnüşleriniň miokarda we miokardyň infarktyna edýän täsiri belli edildi. Derman serişdeleri ýüregiň işini goldaýarlar, arterial gan basyşyny peseldýärler.

**Aћdarhaot.** Bu boýy 30 sm bolan köp ýyllyk ýarymgyrymsy agaçdyr. Kök porrugy berk bolup, ol agaçlaşandyr. Onuň agaçlaşan we şahalanmaýan baldaklary göni ösýändir. Maýda ýapraklary mäzjagazlar bilen örtülen bolup, onuň miwesi süýnmekdir we ýylmanak hozjagazlardan ybaratdyr. Bu ösümlik diňe Türkmenistanda duş gelip, Günorta-Günbatar we Merkezi Köpetdagyň orta we ýokary gaýalarynda ösýär. Lukmançylykda onuň oty we güli ulanylýar.

Ösümligiň otunda alkaloidler, 2,27% flawonoidler, 0,43% kumarinler we 0,08-2% çenli efir ýaglary tapyldy. Ýagynyň düzüminde: pinen, kamfen, limonen, sitral, geraniol bölekleri bardyr.

Halk lukmançylygynda ulanylýandygy barada maglumat ýokdyr. Farmakologiki we lukmançylyk derňewleri üçin bu ösümligiň geljegi ulydyr. Efir ýagy parfýumer önümçiliginde, sitraly we geranioly almak üçin giňden ulanylýar.

Ç**omuç.** Bu köp ýyllyk örän uly kökli ösümlikdir. Baldagy ýogyň bolup, ýokarsy şahalanyp gidýär. Ýapraklary ýumşak, gyldyrganlar bilen örtülendir we nobatlaýyn ýerleşendirler. Miweleri ikileýin çigitden ybaratdyr. Türkmenistanda Garagum çölünde, Bathyzda we Köýtendagynda ösýändir. Lukmançylykda onuň esasan-da howada gatan şiresi, sakyzy ulanylýandyr.

Çomjyň sakyzy : smoladan (50-70 %), şepbikden (12-35%), efir ýagyndan (3-6%), wanilinden (0,06 %), çomuç turşusyndan, umbelliferondan, A.B.C farneziferollardan

durýandyr. Çomujyň kökleri bolsa pet (68%) we efir ýagyny (0,4%) saklaýandyrlar.

Halk lukmançylygynda çomujyň sakyzy tutgaýlarda we beýleki käbir nerw kesellerinde, şeýle-de içegedäki gurçyklara garşy hem-de ýaralary bitiriji serişde hökmünde ulanylýar.

**Awisenna "Assafetidany" bogun agyrlarda, işdä açyjy we peşew kowujy serişdesi hököminde hem ulanypdyr. Sakyzy inçekesele, merezýel keseline, gurçuklara garşy serişde hökmünde ulanýarlar.**

Ýaş ýapraklaryny turşy süýt bilen garyp halk lukmançylygynda merezýelde we beýleki zyýanly kesellerde ulanýarlar. Onuň sakyzy pis açma keselinde-de peýdalanylýar. Ylmy lukmançylygynda sakyzyň tinkturasy pilýulýalaryň we emulsiýalaryň düzümine girip demgysmada we nerw kesellerinde ulanýarlar.

**Çöpboýa.** Bu boýy 1-1,5 metre ýetýän, köpýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanda giňden ýaýrandyr.

Lukmançylykda onuň köki we kök pörrugy ulanylýar.

Cöpboýanyň köki we kök pörrugy öz düzüminde – antrahinonlary we onuň önümlerini, şeyle hem erkin ýagdaýyndaky alizarini, organiki turşularyny (limon, alma), proteini, gantlary we pektinleri saklaýandyr.

Lukmançylykda çöpboýanyň gury ekstrakty-böwrek-daş keselinde nefrolitiki serişde hökmünde, damar gysylmalaryny azaltmak, şeýle-de kiçi daş bölekleriniň ýeňil çykmagy üçin ulanylýar. Onuň kökünüň tinkturasy bolsa böwrek-daş keselinde ulanylýan toplumlaýyn derman bolan "Sistenalyň" düzümine girýär. Çöpboýanyň derman serişdeleri esasan hem oksalat we fostat tebigatly däşlar bolanda has hem ähmiýetlidir. Bu ösümligiň lukmançylykda ulanylýan görnüşlerine esasan-da şular degişlidirler, ýagny:

Çöpboýanyň gury ekstrakty - ol gerdejik (0,25) görnüşinde goýberilýär. Ony günde 3 wagtyna 2-3 gerdejikden içmek maslahat berilýär. Bejergi wagty 20-30 gün.

2) Sistenal-toplumlaýyn derman bolup, düzüminde 0,01g çöpboýa köküniň tinkturasy, 0,15g magniý salisilaty, 6,15 g efil ýagyny, 0,8 g etil spirtini, 10g-a çenli zeýtun ýagyny saklanýandyr. Ony 3-4 damjadan gandyň üstüne damdyryp nahardan ýarym sagat öň içmeli.

**Lopuh.** Boýy 100-150 sm ýetýän iki ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanda giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin bu ösümligiň kökleri ulanylýar.

Ösümligiň köklerinde efir ýaglary, palmitin we stearin turşulygyndan durýan suwuk ýaglary, inulin, eýleýji we ajy maddalar, şeýle-de mineral duzlary we witaminler bardyrlar.

Lukmançylykda bu ösümligiň demlemesini peşew çykaryjy, öt we der çykaryjy serişde hökmünde giňden ulanylmaga mynasypdyr. Ondan daşary ony düwürtiklerde, gijelewiklerde daşky serişde hökmünde ulanmak hem bolýandyr. Şeýle-de bu ösümligiň çig maly artritleri we bogunlara duz ýygnanma keselini bejermekde ulanylýan ýygyndylaryň düzümine hem girýär.

Ösümligiň köküniň suwly erginini almak üçin onuň 1 nahar çemçesi çyg malynyň üstüne 200 ml gaýnag suwy guýmaly we öňki bar bolan tertipde taýýarlamaly. Taýýar bolan gaýnatmany ýarym bulgurdan ýyly görnüşinde günde 2-3 wagtyna içmek maslahat berilýär.

**Arça.** Bu boýy 8-10 metre ýetýän, hemişe ýaşyl öwsüp oturan gyrymsy agaçdyr. Türkmenistanda esasan-da türkmen arçasy giňden duş gelýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi we püri ulanylýar.

Arçanyň miwesi öz düzüminde efir ýaglaryny , gandy, şeýle hem sirke, alma we garynja turşularyny, mum we ş. m saklanýandyr.

Lukmançylykda arçanyň derman serişdelerini adatça çişleri gaýtaryjy, ýaralary bitiriji we peşew kowujy serişde hökmünde ulanýarlar. Ol dowamly piýelitlerde we sistitlerde, şeýle hem böwrek-daş kesellerinde has-da peýdalydyr.

Arçanyň miwesini köplenç beýleki derman ösümlik serişdeleri bilen bilelikde dem alyş ýollaryň dowamly kesellerinde (traheit, bronhit, laringit) gakylygy suwuklandyrmak we onuň gopmagyny ýeňilleşdirmek üçin ulanylýandyr. Olardan daşary arçanyň miwesi köp ýygyndylaryň we bejerji çaýlaryň hem düzümine girýändir.

Arçanyň miwesiniň demlemesini taýýarlamak üçin, onuň 10 g owradylan çyg malyny syrçaly gaba ýerleşdirip, üstüne 200 ml gaýnan suw guýup, 15 min suwly hammamda gyzdyrýarlar, soňra sowadyp (45 min), süzýärler we alynan demlemäni gaýnan suw bilen 200 ml-e ýetirýärler. Bu demlemäni günde 3-4 wagtyna 1 nahar çemçesinden nahardan soň içmelidr. Aşgabadyň “Saglyk” derman kärhanasynda arça melhemi hem öndürilip başlandy.

**Barwinok.** Bu köpýyllyk, hemişe gök öwsüp oturan, boýy 15-25 sm ýetýän otjumak ösümlik bolup, ol Türkmenistanyň çäklerinde hem duşýandyr.

Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň ýapraklary ulanylýar.

Ösümligiň otunda we ýapraklarynda indol hatarynyň alkaloidleri bolan minorin, winkamin, pubissin, şeýle-de flawonoidler, ajy maddalar, askorbin turşusy, karotin we beýleki birleşmeler bardyr. Lukmançylykda bu ösümlik gadymy döwürlerden bäri rahatlandyryjy serişde hökmünde, gan basyşyňy peseldiji, kelle agyrysyny we baş aýlanmasyny aýryjy serişde hökmünde ulanylyp gelinipdir.

**Onuň dewinkan we winkapan dermanlaryny gan damarlary giňeldiji (beýniniň gan damarlarynyň gysylmasynda), gan basyşy ýokary adamlarda ony pese düşürmek, şeýle hem newrozlary bejermekde rahatlandryjy täsiri bermek üçin ulanylýar. Ondan başga-da bu ösümligiň derman görnüşleri ýüregiň işjeňligini ýokarlandyryjy, ownuk gan damarlarynyc durnuklylygyny ýokarlandyryjy serişde hökmünde hem**

**örän ähmiýetlidir. Ondan taýýarlanýan derman görnüşlerine esasan-da şular degişlidirler:**

Ösümligiň otunyň demlemesi - 1 nahar çemçe çig malyň üstüne 200 ml gaýnan suw goşup, 15 min suwly hammamjykda gyzdyrýarlar we soňra sowadyp süzýärler.Ondan günüň dowamynda 1/3 bulgurdan 3 wagtyna içmelidir.

Winkapan - içmek üçin onuň 0,005-0,01g günde 2-3 wagtyna bellenilýär.

Dewinkan-winkamin turşusynyň metil efiri bolup, damar giňeldiji, gan basyşyny peseldiji we gowşak rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýar. Ony içmek üçin 0,005-0,01g ulanylýar, myşsa sanjym etmek üçin bolsa 1 ml 0,5% erginden günde bir gezek göýberilýär.

**Alyç.** Boýy 5-6 metre ýetýän agaçdyr.Ol Türkmenistan-da hem giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin alyjyň gülleri we miweleri ulanylýar

Onuň miwesinde flawonoidler (kwersetin, giperin, giperozid), organiki turşular (limon, hlorogen, oleanol, we ş.m), eýleýji maddalar, karotinoidler, witaminler we beýleki birleşmeler bardyrlar. Güllerinden bolsa flawonoidler (kwersetin, kwersitrin) asetilholin, efir ýaglary we beýleki organiki birleşmeler tapyldy. Lukmançylykda alyjyň derman serişdeleri ýürek-damar kesellerinde, gan basyşynyň ýokarlanmagynda, stenokardiýada, aritmiýalarda, umumy aterosklerozlarda, newrozlarda we beýleki kesellerde iň bir ähmiýetli serişdeleriň biri hasaplanylýar. Ýüregiň wena damarlarynyň gan aýlanşygyny güýçlendirýänligi, şol sanda beýniniň gan damarlarynyň işini kadalaşdyrýanlygy üçin ony ýürek-damar ulgamynyň kesellerinde, gartaşan adam-larda ulanmak mümkinçiligini ýüze çykarýar.

Alyjyň giňden ulanylýan derman görnüşlerine:

Alyjyň 70%-etil spirdinde taýýarlanan tinkturasy degişli bolup onuň 20-30 damjasyndan günüň dowamynda 3-4 wagtyna nahardan öň içmek maslahat berilýär.

2) Alyjyň gülleriniň demlemesini ýarym bulgurdan, nahardan 30 min öň günde 2-3 wagtyna kabul etmeli.

Alyjyň miweleriniň demlemesini ýarym bulgurdan, nahardan 30 min öň, günde 2-3 wagtyna içmeli.

**Ak omela.** Bu boýy 40-60 sm ýetýän, hemişe gök öwsüp oturan, mugthor iki öýli ösümlikdir. Türkmenistanda giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň ýapraklary ulanylýar.

Ösümligiň ýapraklarynda oleanol we ursol turşusy, wisserin, asetilholin, holin şeýle hem sakyz maddalary, spirtler, suwuk ýaglar, askorbin turşusy, karotin duş gelýär.

Lukmançylykda ösümligiň galen dermanlary I we II derejeli gan basyşynyň ýokarlanmasyny bejermekde gipotenziw serişde hökmünde giňden ulanylýar. Ondan daşary hem onuň dermanlary peşew bölüp çykarmagyny güýçlendirýär, şeýle-de az mukdarda gan saklaýjy serişde hökmünde hem ulanylýar. Olar aterosklerozy, nefridi we böwrek kesselleriniň käbir görnüşlerini bejermkde toplumlaýyn bejergileriň düzümine-de girýärler.

Bu ösümligiň suwuk ekstraktyny 20-30 damjadan günde 3 wagtyna içmeli. Onuň ýapraklarynyň tinkturasyny 30-40 damjadan günde 4 wagtyna kabul etmelidir.

**Rauwolfiýa.** Boýy 1-1,5 m. ýetýän, ýarym gyrymsy agaçdyr. Esasy duş gelýän ýeri-tropiki ýurtlardyr. Lukmançylykda esasy köki we kök porrugy ulanylýar.

Ösümligiň köki we kök porrugy öz düzüminde 20-töweregi indol alkaloidlerini (rezerpinin, raupin, serpentin, aýmalin, iýohimbin, papawerin) saklaýandyr. Lukman- çylykda ulanylýan derman görnüşlerine şular degişlidirler, ýagny:

Rezerpin-gan basyşynyň ýokarlanmasynyň dürli görnüşlerinde ulanylanda onuň yzygider pese düşmegini üpjün edýär. Bejerjilik netijeliligi 3-6 günden soň ýüze çykyp başlaýar we şol netije uzak wagtlap saklanýar. Ony köplenç gerdejik görnüşinde ulanylýar, kä wagtlar bolsa ergin görnüşinde myşsa ýa-da damara sanjym edilýär. Gan basyşynyň ýokarlanmagynda rezerpini 0,1-0,3 mg

möçberde nahardan soň belleýärler. Mundan başga hem rezerpin ýürek ýetmezçiliginiň ýeňil görnüşlerinde tireotoksikozlarda, göwreliligiň soňky toksikozlarynda hem ähmiýetli netije berýär.Utgaşdyrylan – Plezidreks, adelfan ýaly dermanlaryň düzümine girýär.

Raunatin - esasy görkezmesi gan basyşynyň I we II derejeli ýokarlanma keselidir. Raunatin gerdejik görnüşinde içilýär, onuň üçin adatça 1 gerdejikden gijesine bellenilýär, 2-nji güni 1 gerdejikden 2 wagtyna bellenilýär, 3-nji güni bolsa onuň mukdaryny günde 5-6 gerdejige ýetirilýär, özem nahardan soň kabul etmek maslahat berilýär.

Aýmalin - rezerpinden tapawutlylykda neýroleptiki we arterial basyşyny pese düşurji täsiri ýokarydyr. Aýmaliniň özüne mahsus aýratynlygy hem antiaritmiki täsiriniň bolmagydyr. Aýmalin mersatel aritmiýanyň we paroksizmal tahikardiýanyň agyry tutgaýyny aýyrmak üçin ähmiýetli serişde hasaplanylýar. Derman wena gan damaryna ýa-da myşsa sançmak görnüşinde, şeýle-de içmek üçin ulanylýar. Mersatel aritmiýada ýiti tutgaýy aýyrmak üçin dermanyň 2 ml 2,5% erginini wena gan damaryna 10 ml natri hloridiniň izotoniki ergini bilen garyp sanjym edilýär. Myşsa 2 ml 2,5% ergininden her 8 sagatdan 0,15 g çenli (3 gezege çenli) göýberýärler.

**Injir.** Bu boýy 3-5 m bolan, ýapragyny düşürýän agaç ýa-da gyrymsy agaçdyr. Ýapraklary iri, dykyz, gülleri bolsa bir jynsly, maýdajyk we gül topbaklaryna toplanandyr. Miweleri maýdajyk, köpsanly hozjagazlardan ybaratdyr.

Türkmenistanda giňden ýaýrandyr we Köpetdagyň sebitlerinde, Çendir we Sumbar deryalarynyň kenarlarynda, çeşmeleriň ýanlarynda, uly Balkanyň Küren dagyň gaýalarynda, Köýten daglarynda, Badhyzda we hojalyklarda köp duş gelýändir. Lukmançylykda onuň bişen miweleri we ýapraklary ulanylýandyr.

Onuň bişen  miweleri şekere baý, ter miwelerinde 21% çenli, gury görnüşinde 71% çenli bolýar. Ol şeýle-de proteine, witaminlere we mikroelementlere, esasanam kaliýyň duzlaryna, ösümlik süýmüne we turşyja turşusyna örän baýdyr. Başga-da ösumlik enzimlerinden-fisin, amilaza, proteaza saklanýar. Ösümligiň hemme böleklerinde furokumarinleriň-psoraleniň we bergapteniň köp mukdary toplanýar.

Baldagynyň gabygyndan glikozidler, saponinler, şepbikler, ýapraklaryndan - furokumarinler,  organiki turşular, rutin we C witamini tapyldy. Süýtli şiresi öz düzüminde kauçugy we çepbigi saklaýar.

Halk lukmançylygynda guradylan ýapraklarynyň we köküniň gaýnatmasy aşgazan näsazlyklarynda ulanylýar. Ter miwelerini ýara bitriji serişde hökmünde we gan azlykda ulanmagy maslahat berilýär. Miwesiniň gaýnatmasy peşewiň çykyşy agyryly bolanda we böwregiň kesellerinde ulanylýar. Ýapraklarynyň demlemesi demgysmada, şeýle-de ýapraklarynyň we şahalarynyň suwly gaýnatmasy içegedäki gurçuklara garşy ulanylýar. Ylmy lukmançylygynda injir ýürek-damar kesellerinde ulanylýar. Iýmit siňdirişi gowulandyrmakda we ýumşadyjy hökmünde ulanylýar. Pis açma kesellerinde deriniň pigmentasiýasyny dikeltmeklik üçin günüň ultramelewşe şöhleleri bilen utgaşdyryp injiriň ýapraklaryndan taýýarlanan psoralen dermany alynýar.

Injiriň miweleri, senaýmekgäniň ýapraklary we garalynyň miweleriniň etinden düzülen briket görnüşdäki kafiolyň düzüminde ýumşadyjy serişde hökmünde ulanylýar.

**Meýdan kyrkboguny.** Bu boýy 30-40 sm ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir.Ol Türkmenistanda   giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň oty ulanylýar.

Ösümligiň otunda saponinler, alkaloidler (nikotin, ekwizetin), flawonoidler, askorbin turşusy, karotin, organiki turşulary (turşyja, alma), mineral duzlary, eýleýji maddalar, ajylar we ş.m. saklanýar.

Lukmançylykda ösümligi ýürek-damar ýetmezçilik-lerinde (ýürek şikesi), şeýle-de peşew kowujy serişde hökmünde ulanylýar. Onuň bu häsiýeti öýken-ýürek ýetmezçiliginiň esasynda ýüze çykýan çişleri aýyrmak üçin hem peýdalanylýar. Derman öz täsirini bir gezek ulanylandan ýüze çykarýar we özüne uýgunlaşma ýüze çykarmaýar. Peşew çykaryş ýollarynyň kesellerinde (pýelit, sistit, uretrit) bu ösümligi beýleki peşew çykaryjy we gaýnaglama garşy täsiri bolan ösümlikler bilen bilelikde ulanylýar. Düzüminde kremniniň birleşmeleri bolany üçin ol ýüregiň we kelle beýniniň aterosklerozynda, kapilýar-laryň zeperlenmesinde, şeýle hem deriniň we öýkeniň inçekeselinde himiyoterapiýa bejergisi geçirlende ulanylýar.

**Bu ösümligiň gan saklaýjylyk we bedenden gurşuny çykaryp bilmek ukyplylygyna esaslanyp, onuň dermanlaryny ýatgy gan akmalarynda we gurşun bilen ýiti ýa-da dowamly zäherlenme bolanda ulanýarlar. Onuň derman görnüşlerine şular degişlidirler, ýagny:**

Ösümligiň otynyň gaýnatmasy. Onuň üçin 4 nahar çemçe çig maly syrçaly gapda ýerleşdirip, üstüne 200 ml (1 bulgur) gaýnan gyzgyn suw goşýarlar we 30 min dowamynda suwly hammamjykda gyzdyrýarlar, soňra 10 min dowamynda otag tempraturada sowadýarlar, süzýärler we göwrümini 200 ml çenli ýetirýärler. Gaýnatmany 1/2-1/3 bulgurdan, nahardan 1sag öň, günde 2- 3 wagtyna içmeli.

2. Suwuk ekstrakty -1/2 çaý çemçeden günde 3-4 wagtyna kabul etmeli.

**Ýeken.** Bu boýy 100-120sm ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanda hem duş gelýär. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň kök porrugy ulanylýar.

Ösümligiň kök porrugynda-eýleýji maddalar, sakyzlar, askorbin turşusy, glikozidler (akorin), efir ýaglary we ş.m. tapyldy. Lukmançylykda ösümligiň kök porrugyndan taýýarlanan dermanlary dowamly gastridi, aşgazanyň we 12-barmak içegäniň baş kesellerini, esasan hem aşgazan

turşulygy peselen näsaglarda, şeýle hem dürli görnüşli iç geçmelerde, iýmit siňdirişiň bozulmalarynda esasy derman serişdesi bolup hyzmat edýär. Ösümligiň kök porrugynyň külkesi "Wikalin" we "Wikair" dermanlarynyň düzümine girýär hem-de aşgazanyň, 12-barmak içegäniň baş keselini bejermekde ulanylýar. Ösümligiň gaýnatmasy we demlemesi iriňli yaralary ýuwmak we daňy goýmak üçin giňden peýdalanylýar. Ondan başga-da ol derman ösümlikleriniň ýygyndylarynyň we beýleki bejeriji çaýlaryň hem düzümine girýär.

Onuň derman görnüşlerinden ulanylýanlary:

1. Ösümligiň kök porrugynyň demlemesi. Taýýar bolan demlemäni ýyly görnüşinde 1/4 bulgurdan, nahardan 30 min öň, günde 3-4 wagtyna içmek maslahat berilýär.
2. Ösümligiň kök porrugynyň tinkturasy - 40%-li spirtde (1:5) taýýarlanylýar. Ony 20 damjadan, nahardan öň günde 2 wagtyna kabul etmeli.
3. "Wikalin"- gerdejiginiň örtüji, turşulygy peseldiji we içi gowşadyjy täsirine esaslanyp, ony turşulygy ýokary bolan gastritlerde, aşgazanyň we 12-barmak içegäniň baş kesellerini bejermekde peýdalanylýar. Ony içmek üçin 1-2 gerdejikden, nahardan soň, günde 3 wagtyna ýarym bulgur ýyly suw bilen kabul etmeli.
4. "Wikair"- gerdejigini nahardan soň 1-2 gerdejikden 1/4 bulgur suw bilen içmeklik maslahat berilýär.

**Porsy agaç.** Bu boýy 20-25 m ýetýän agaç bolup, gür şahalanyp gidýändir. Ýapraklary iri, çylşyrymly, özboluşly ysly bolup, gezekleýin ýerleşendir. Miwesi togalak ganatlyja çigitjikdir. Onuň ata watany Hytaýdyr. Ol Türkmenistanyň hemme ýerlerine ýaýran we ol bezeg hökmünde ekilýär.

Çyg mal hökmünde onuň gabygy, ýapraklary we miwesi ulanylýar.

Gabygynda aýratyn ajy maddasyny, 12% eýleýji maddalary, laktony, simaburini, saponinleri, flawonoid-leri,

sterinleri, alkaloidleriň köp bolmadyk mukdaryny, organiki maddalary, C witaminini saklaýar. Onuň güllerinde efir ýagy bardyr, tohumyndan bolsa ýag we kwassin ajy maddasy alynandyr. Ýapraklarynda efir ýaglarynyň köp bolmadyk mukdary, eýleýji maddalary (gallotanin we ellagotanin), organiki turşulary we C witamini saklanýar.

Halk lukmançylygynda porsy agajyc ýapragynyň gaýnatmasyny leýşmaniýozda, gabygyny we ýapragyny dizenteriýada (iç geçmede), miwesini babasil keselinde we ýumşadyjy serişde hökmünde ulanýarlar. Köküniň gabygyndan taýýarlanan gaýnatmasy antibakterial häsýeti, şeýle-de şahalarynyň gabygyndan we ýapraklaryndan taýýarlanan ergin içegedäki gurçuklara garşy güýçli serişdedir.

Ylmy lukmançylygynda porsy agajyc miwesi ulanylyp, onuň tinkturasy anginol serişdesiniň düzümine girýär. Ol serişde bolsa dürli hili gelip çykyşly basygy bejermekde ulanylýar.

**Anhuz.** Bu köp ýyllyk otjumak ösümlik bolup, onuň baldagy uzyndyr we şahalanyp göni durandyr. Ýapraklary süýnmek, gülleri çylşyrymly bolup, salkymy emele getirýärler. Miwesi mele reňkli hozjagazdyr. Ol Türkmenistanda Murgap oazisinde, Köýtendagda, Badhyzda, Gündogar Merkezi we Günorta-Günbatar Köpetdagyň daglarynda we dag eteklerinde duş gelýändir.

Onuň oty, köki we gülleri çig mal hökminde ulanylýandyr.

Ösümligiň hemme ýerlerinde saponinler toplanandyr. Köklerinde alkanin hem bardyr.

Halk lukmançylygynda onuň gülleri suwuk demleme görnüşinde gyzgynyňy gaýtarýan we içiňi sürüji serişde hökmünde ulanylýar. Otunyň demlemesi ýumşadyjy we gakylyk goparyjy serişde hökmünde hem peýdalanylýar.

**Göwen.** Bu uly bolmadyk tikenli gyrymsy ösümlikdir. Şahalary ýogyn we egri tikenleri bilen gür örtülendir. Süýri goşalanan ýapraklarynyň uçlary tikenlidir, miwesi bolsa kösükdir. Türkmenistanda göweniň 157 görnüşi ösýär we

olaryň 19 tragakantlardyr. Tragakant göwenleri esasan hem Kuren dagyň, uly we kiçi Balkanyň orta we ýokary sebitlerinde, Merkezi we Günorta-Günbatar Köpetdagda ösýärler. Lukmançylykda onuň çig maly bolup _tragakantyň sepbigi ulanylýar.

**Adaty nazzbaýgül.** Bu boýy 20-50 sm bolan bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ýapraklary ýumurtga şekilli, gyralary diş-dişdir. Miwesi goňur-gara hozjagazlardan ybaratdyr. Bu ösümligiň ata watany Hindistandyr. Bu ösümlik Türkmenistanda haşal ot görnüşinde duşýar, şeýle-de ony hemme suwarymly ýerlerde ekmek bolýar.

Dermançylyk önümçiliginde onuň gülüniň efir ýagy ulanylýar.

Bu ösümligiň güli efir ýagyny saklaýar, onuň mukdary ösýän ýerine baglylykda üýtgäp durýar. Efir ýagy düzüminde metaniholy, linaloly, sinooly saklaýar. Ondan sowudalyp onuň kamforasy bölünip alynýar. Onuň otunda efir ýaglaryndan başga-da glikozidler, saponinler we eýleýji maddalar hem bardyrlar. Onuň ýapraklarynda P witamin - rutin we A prowitamini tapyldy.

Halk lukmançylygynda nazzbaýgüliň demlemesini basykda, burun dykylanda, gaýnaglama kesellerinde, peşew geçiriji ýollarynyň we böwregiň gaýnaglamagynda ulanmagy maslahat berilýär. Mundan başga-da melhem görnüşinde ýaralary bitiriji serişde edip ulanýarlar. Ylmy lukmançylykda nazzbaýgüli demleme we gaýnatma görnüşinde merkezi nerw ulgamyny gyjyndyryjy hökmünde we gan aýlanylşygynyň bozulmagynda ulanylýar. Köplenç asteniýada umumy gurplandyryjy serişde hökmünde hem ulanylýar. Ony ulanmak bilen iç yellenende we dispepsiýada hem gowy netijelere gelip bolýar.

**Gandeper.** Bu boýy 20-40 sm köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Onuň kök miwelerine meňzeş, çiş görnüşdäki ýogyn köki bardyr. Güýçli baldagy bardajykly gowaklar bilen

örtülendir. Ýapraklary böleklere bölünip ýitilenip gidýär. Miweleri ýalaňaç, açyk we ýygyrtlydyr.

Türkmenistanda Köpetdagyň uly we kiçi Balkanyň, Köýteniň daglarynda we dag eteklerinde ösýär.

Lukmançylykda onuň ulanylýan böleklerine köki we oty degişlidir.

Kök miwelerinde 30% gowrak uglewodlar, pet, protein, şeker, kalsiýiň, demiriň we kaliýiň duzlaryndan köp bolmadyk mukdary bardyr. Şeýle-de olarda eýleýji maddalaryň we saponinleriň barlygy anyklandy. Ösümligiň ýer üsti bölegi efir ýaglaryny saklaýar. Efir ýagynyň düzümine 26 sany düzümli maddalar girip, olar esasanam monoterpen fraksiýasyndaky terpenoidlerdendir.

Halk lukmançylygynda bu ösümligiň köki gan saklaýjy hökmünde we aşgazan içege kesellerinde ulanylýar.

**Bürelije.** Bu bir ýyllyk ösümlik köki göni ösen, birnäçe gür şahalanýar baldaklary ösümlige togalak görnüş berýär. Baldaklary we şahalary gür ýaprakly. Ýapraklary süýnmek, köp mäzjagazly. Türkmenistanda Kürendagyň yly we кiçi Balkanyň, Köpetdagyň daglarynda we dag eteklerinde we Badhyzda duş gelýär. Lukmançylykda çig mal bolup ýer üsti bölegi hyzmat edýär.

Fitohimiki barlaglaryň esasynda bürelijäniň düzüminde efir ýaglarynyň (0,47%), flawonoidleriň (1,05%), alkaloidleriň (0,07%), glikozidleriň (0,26%), kumarinleriň (0,82%), askorbin turşysynyň (5,83 mg %), eýleýji (5,04%), we şekerli (6,9 %) maddalarynyň, organiki maddalaryň (5,83%) şepbigic (7,8%) bardygy anyklanyldy.

Bejeriji serişde hökmünde ösümligiň gaýnatmalary, tinkturalary, demlemeleri we ekstraktlary ulanylýar. Suwly we spirtli çykyndylardan başga-da onuň wazelin esasda taýýarlanan düzüminde 3-5% efir ýagyny saklaýan melhemleri hem ulanylýar. Onuň dermanlary ýokary antimikrob, peşew kowujy we ýara bitiriji häsýete eýedirler. Bürelijäniň 3-5 %-li melhemi gözüň görejiniň kesellerini

bejermekde has netijelidir, şeýle-de ol agyryly gyjyndyrmany döretmeýär.

Bu ösümligiň dermanlary adam bedeniniň peşew bölüp çykarmagyny 47% çenli ýokarlandyrýar.

**Ýandak.** Bu köp ýylylyk tikenli otjumak ösümlikdir. Baldagy gönü we şahalanýandyr. Ýapraklary süýnmek, gaty hem-de tikenlidir. Gülleri 2-3-den tikeniň üstünde ýerleşen, miwesi ýalaňaç (açyk) 4-5 tohumly kösükdir. Türkmenistanda Köpetdagyň dag eteklerinde, düzlüklerde, suwarymly ýerlerde, boşluklarda duş gelýän, giňden ýaýran haşal otdyr. Lukmançylykda peýdalanylýan çig maly bolup onuň güli, oty we köki ulanylýar.

Otunda saponinler, C, A (karotin), B, K witaminleri, P witamin aktiwligini ýüze çykarýan flawon toparynyň glikozidleri tapyldy. Terenjümeniň düzüminde şepbik, mannit, şeker, limon turşulygyny, eýleýji we ajy maddalary saklaýar.Onuň gülleri efir ýaglaryny saklaýarlar.

Awisenna bu ösümligiň demlemesini derlediji, gowşadyjy, peşew kowujy serişde hökmünde, içege kesellerini bejermekde we kökünden taýýarlanan goýy gaýnatmasyny bolsa babasil keselinde gan saklamak üçin ulanypdyr. Ösümligiň kökünuň we otunyň gaýnatmalary we demlemeleri fitonsit häsiýetli bolup, içgeçme kesellerinde ulanylýar. Ýandagyň çaýy suwsyzlygyňy gandyrýar we deriň bölünip çykmagyny peseldýär.

**Üzüm.** Bu uly agaç şekilli ýapragyny dökýän liana. Ýapraklary nobatlaýyn ýerleşip, gyralary böleklenendir. Gülleri iki jynsly, köpsanly, maýdajyk sübsejigi emele getirýärler. Miweleri hoşany emele getirýärler. Türkmenistanyň hemme suwarymly ýerlerinde ekilýär. Lukmançylykda ulanylýan bölekleri onuň bişen miweleri we ýapraklarydyr.

Miwelerinde şekeriň örän köp mukdary (20%) bolup, olardan iň esasylary- glýukoza, fruktoza, flobafen, galla turşusy, kuertetin, enin; glikozidlerden- monodelfinidin we didelfinidin; turşulardan - alma, fosfor, kremniý, salisil,

limon, ýantar, garynja we köp bolmadyk mukdarda - turşuja turşysy; mineral maddalar we mikroelementler (kaliý, kalsiý, magniý, demir, marganes, kobalt); enzimlerden- intertaza, pektinaza, proteaza, lipaza, dürli hili witaminler bardyrlar. Miweleriniň gabygynda 3,4% çenli eýleýji we reňkleýji maddalar bardyr.

Üzümin ýapragyndan şeker, tnozit, kiwersetin, eýleyji maddalar, karotin, holin, betain, alokrus esaslary, protokateh, askorbin, alma, çakyr turşulary; mikroelementlerden-kaliý, natriý, fosfor, demir, kremniý tapyldy.

Halk lukmançylygynda üzümi ýürek- damar, öýken, bagyr kesellerini bejermekde ulanylypdyr. Ylmy lukmançylygynda üzümiň miwesini we şiresini ýürek, bronh, böwrek, bagyr kesellerinde, nerw ulgamynyň gowşamagynda, gipertoniki kesellerde we umumy berkidiji serişde hökmünde ulanylýar.

Umumy berkidiji serişde hökmünde üzümiň şiresini gan azlykda, demgysmada, öýkeniň inçe keselinde, dürli asteniki ýagdaýlarda, mineral we lipid madda çalşygy bozulanda ulanylýar. Üzümiň ýapragynyň demlemesi madda çalşygynyň bozulmasynda goldaýar.

Üzümiň-naturoza dermany köp mukdarda gan ýitirilende ulanylýar.

**Turşy ülje.** Bu ýapragyny düşürýän, uly bolmadyk agaç ýa-da gyrymsy agaçdyr. Gülleri ak ýa-da açyk gül-güne reňklidir. Ýapraklary inli we dykyz bolýandyr. Miwesi şireli we şäniklidir. Ol Türkmenistanda suwarymly ýerlerde miweli agaç hökmünde ekilýär. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miweleri ulanylýar.

Turşy üljäniň miwelerinde şeker, pektinler, organiki turşulary, eýleýji maddalar, karotin, askorbin turşusy saklanýar. Mikroelementlerden mis, demir, magniý tapyldy. Tohumynda ýaglar, efir ýaglary, amigdalin saklanýandyr.

Halk lukmançylygynda üljäniň miwelerini peşew ýollarynyň kesellerinde, peşew-daş kesellerinde, işdäni açmaklyk üçin we berhiz saklamaklyk üçin serişde hökmünde aşgazan - içege kesellerinde ulanylýar. Madda çalşygy

gowulandyrmak üçin, bagyr we süýji kesellerinde onuň şiresinden peýdalanýarlar.

Ylmy lukmançylygynda ony suwuk derman görnüşlerini süýjütmek we tagamyny gowulandyrmak üçin ulanylýar. Üljäniň miwesiniň eti we şiresi antibiotiki serişde hökmünde hem peýdalanylyp biliner.

**Göýül.** Bu köp ýyllyk, otjumak, ýere ýazylyp ösýän tikenli ösümlikdir. Onuň 10 m çenli çuňluga gidýän göni köki we iri, owadan gülleri bardyr. Miwesi irimiş şekilli, ýaşyl reňklidir. Ol Türkmenistanyň hemme çöllük ýerlerinde, dag eteklerinde, daglarda we derýalaryň kenarlarynda duş gelýär. Lukmançylykda onuň gülleri, miweleri we kökleri ulanylýanýär.

Onuň gül pyntyklarynda rutin, şeýle-de azotly we pektinli maddalar, efir ýaglary, C witamini toplanandyr. Tohumlarynda linolen we olein doýan turşularyndan durýan ýodyň ýokary sanyny düzüminde saklaýan haýal guraýan ýaglar tapylandyr. Miwelerinde mirozin enzimli steroid glikozidleriniň we gyzyl pigmentiň barlygy anyklanyldy. Onuň köklerinde kapparidin steroid glikozidi bardyr.

Halk lukmançylygynda Awisenna göýüliň kökünüň gaýnatmasyny babasyl keselinde ulanypdyr. Göýüliň miwelerinde ýoduň köp mukdarynyň bolandygy sebäpli ony zob keselini bejermekde ulanylýar. Gülleriniň şiresinden agyryny aýyryjy we demgysma garşy serişdäni taýýarlaýarlar.

Ýapraklary demleme görnüşinde deri örgünleri, ýaralary bejermekde ulanylýar. Köki gaýnatma görnüşinde içi ýumşadyjy serişde hökmünde, kökiniň gabyklary owradylan ýagdaýynda gury agyryda we brusellýozde ulanylýar.

**Gök daş kekre**. Bu boýy 50-60 sm ýetýän bir ýyllyk ýa-da iki ýyllyk otjumak ösümlikdir. Türkmenistanyň dag eteklerinde duş gelýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň gülleri ulanylýar.

Onuň gülleri öz düzüminde glikozidleri (sikorin, sitaurin), reňkli maddalary (sianin), pelargonin hloridi we ş.m maddalary saklaýandyr.

Lukmançylykda bu ösümligiň gülleriniň demlemesi we gaýnatmasy böwregiň we peşew ýollarynyň dowamly kesellerinde toplumlaýyn bejergileri geçirmekde giňden ulanylýar. Peşew çykaryjy ýygyndylaryň düzümine girýänligi üçin böwrek-daş kesellerinde, piýelitlerde, uretritlerde we sistitlerde ulanylýar. Gaýnaglama garşy we mikroblary ýok ediji täsirlerine esaslanyp ony göz kesellerini (konýuktiwit, blefarit) bejermekde hem ulanmak bolýar. Käbir ylmy synaglaryň esasynda ösümligiň derman görnüşi bagyr we öt ýollarynyň kesellerini bejermekde mümkinçiliginiň barlygy subut edildi. Düzüminde ajylar bolany üçin onuň iýmit siňdiriş ulgamynyň işlerini kadalaşdyryjy täsiri hem bardyr.

**Ösümligiň gülleriniň demlemesi umumy görkezilýän düzgüne laýyklykda taýýarlanylýar. Demlemäni ýyly görnüşde 1 nahar çemçesinden günde 3 wagtyna peşew kowujy, öt çykaryjy we mikroblara garşy serişde hökmünde içmek maslahat berilýär.**

**Kyrkbogun.** Bu boýy 30-40 sm ýetýän bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Lukmançylykda onuň oty ulanylýar.

Ösümligiň otunda köp mukdarda askorbin turşusy, K-witamini, karotin, glikozidler (awikulýarin), eýleýji maddalar we kremniý turşusynyň birleşmeleri bar.

Lukmançylykda bu ösümligiň galen dermanlary we ýygyndylary peşew çykaryş ýollarynyň dowamly kesellerinde, böwrekde duzlar bolanda, esasan hem turşuja turşusynyň duzlary bolanda bejergi serişdesi hökmünde giňden ulanylýar. Düzüminde eýleýji madda bolany üçin aşgazan-içege ýollarynyň dürli kesellerinde ulanmak örän peýdalydyr. Zäherlere garşy täsirine esaslanyp, ony madda çalşygynyň bozulmasy esasynda bedende toplanan zäherli maddalary çykarmak üçin we bagyr ýetmezçiliginde peýdalanýarlar. Ondan başga-da ösümligiň demlemesi we gaýnatmasy ýatgy we içege gan akmalarynda hem giňden ulanylýar.

**Ösümligiň otunyň demlemesini taýýarlamak üçin onuň 3 nahar çemçe çig malyny syrçaly gapda ýerleşdirip,**

**üstüne 200 ml (1 bulgur) gaýnan suwy goşup 15 minudyň dowamynda suw hammamjygynda gyzdyrýarlar, soňra otag temperaturasynda 45 minutlap sowadyp süzýärler we demlemäniň göwrümini 200 ml çenli ýetirýärler. Taýýar bolan demlemäni 1/2 -1/3 bulgurdan, nahardan öň, günde 2-3 wagtyna içmelidir.**

**Sarymsak.** Bu medenileşdirlen köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Soganlygy iri, ýumurtga şekilli, çylşyrymly bolup, birnäçe böleklerden durýandyr. Ýapraklary ýasyl we ýaý sekillidir. Gülleri maýdajyk, agymtyl saýawanany emele getirýärler. Türkmenistanyň hemme suwarymly ýerlerinde ekilýär. Lukmançylykda onuň soganlygy ulanylýar.

Sarymsagyň soganlygy öz düzüminde dialildisulfid (60%), dialiltrisulfid (20%), dialiltetrasulfid (10%), alilpropildisulfid (6%) saklaýan efir ýagyny toplaýar. Ol askorbin turşysyna, proteine, uglewodlara baýdyr. Uglewodlaryň esasylary – alilosahar we glýukofruktozadyr. Sarymsak öz düzüminde petden başga ätiýaçlyk maddalaryndan redusirlemeýän turşudan we fruktozadan durýan polisaharidleri hem saklaýandyr. Sarymsaga özboluşly ys berýän – suwda gowy ereýän allisindir. Sarymsakda şeýle-de fitosterinler, enzimler, tioglikozidler, mikroelementler, A,B witaminler we ýaglar hem bardyrlar.

Sarymsak gadymdan bäri keselleriň öňüni alyjy serişde hökmünde, deri kesellerini bejermekde, gan basyşy ýokary bolanda, aşgazan içege keselleriň öňüni almakda halk lukmançylygynda ulanylypdyr. Ýapgy görnüşde kelle agyryda, siňňillerde, gabarçaklarda dowamly wagty bilen bitmeýän ýaralarda, ýylanlar we içýanlar çakanda ulanylýar.

**Sarymsagyň bakteriosid, fungisid, protistosid häsiýetleri bolup, içegedäki gurçuklara garşy hem ulanylýar.**

Sarymsagyň güýçli antimikrob häsiýeti hem bardyr. Mundan başga-da ony aterosklerozda, gan basyşy ýokary bolanda we işdäni açmak üçin ulanylýar.

Dermançylyk önümçiliginde şu dermanlar öndürilýär: aterosklerozy we kardiosklerozy bejermekde - allilsat, iriňli ýaralarda, gurçukly kesellerde, gan basyşy ýokary bolanda, aterosklerozda we öýkeniň inçekeselinde ulanylmagy maslahat berilýän –allilfid we sarymsagyň tinkturasy. Sarymsagyň gury ekstrakty allahol dermanynyň düzümine girýändir.

**Düýedaban.** Bu tekiz, ýylmanak köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Baldagy otjumak we göni ösýändir. Ýapraklary ýogyn hem-de goýy ýaşyl reňkli bolup, garşylyklaýyn ýerleşendir. Miweleri süýridir hem-de sallanyp durandyr.

Türkmenistanda giňden ýaýrap, has-da Bathyzda we Köpetdagyň eteklerinde köp duş gelýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň oty we köki ulanylýandyr.

Ösümligiň hemme ýerinde alkaloidler (2%), saponinler, C witamini we eýleýji maddalar toplanandyr.

Halk lukmançylygynda ýara bitiriji serişde hökmünde onuň ter ýapraklary ulanylýar. Mundan başga-da ýüregiň işjeňligi peselende, ysgyn gaçanda we gurçyklara garşy peýdalanylýar. Kökleriniň gaýnatmasy guryagyryda we ýaralarda ulanylýar.

**Üç bölek goşa diş.** Bu boýy 15-20 sm bolan, bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Onuň ýapraklary süýnmek bolup, garşylyklaýyn ýerleşendir, gülleri bolsa sary sebedi emele getiryändirler. Türkmenistanda dag eteklerinde düzlüklerde, derýalaryň kenarynda ösýändir, has-da Köpetdagyň we Köýtendagyň eteklerinde, şeýle-de Murgap oazisinde köp duş gelýändir. Lukmançylykda onuň şahalary we ýapraklary ulanylýar.

Ol öz düzüminde efir ýaglaryny, kumarinlerden - umbelliferony we skopoletini, 10%-den az bolmadyk sanda flawanoidleri, askorbin turşusyny, karotini, eýleýji we reňk beriji maddalary, nemleri, laktonlary, aminleri we mikroelementleri saklaýandyr.

Halk lukmançylygynda onuň demlemesini we gaýnatmasyny rahitde, bagyr, dalak we deri kesellerinde ulanylypdyr.

Bu ösümligiň gowy gan arassalayjy häsiýeti bolup, ol peşew kowujy we derlediji täsirleri hem ýüze çykarýar. Otunyň gaýnatmasyny ýaralary ýuwmakda we çagalardaky gijilewükde hem diateziň dürli görnüşlerinde ulanylýar. Marganesiň we askorbin turşusynyň öz düzüminde bolandygy sebäpli bu ösümligiň dermanlary bejeriji täsiri eýeleýärler. Marganesiň ionlary gan lagtalanmaklygyna, gan emele gelmekligine we içki sekresiýalaryň mäzlerine täsir edýärler. Üç bölek goşa dişiň oty madda çalşygyny gowulandyrýar, ony dürli diatezlerde, neýrodermitlerde we saç düşme kesellerinde hem ulanýarlar. Onuň deridäki bitmeýän ýaralara guradyjy täsiri hem bardyr. Otynyň demlemesi arterial gan basyşyny hem peseldýändir.

**Tilkiçaý.** Bu gataşan baldakly ýarymgyrymsy ösümlikdir. Onuň tüýjimek ýapraklary garşylyklaýyn ýerleşýärler, şeýle-de gapdala gidýän damarlanan ýapraklary bitewidirler. Ol Türkmenistanda Köýten dagynda we Günorta-Günbatar Köpetdagda duş gelýändir.

Otunda flawanoidler, betamisin, stahidrin, iridoidler, efir ýaglary, kalsiý duzlary, şeker, fenolkarbonlar bardyrlar.

**Uly Guzygulak.** Bu köp ýyllyk otjymak ösümlik bolup, boýy 50-60 sm ýetýändir.Oňa Türkmenistanyň çäklerinde hem duş gelmek bolýar. Lukmançylyk maslahatlary üçin ösümligiň köki we kök porrugy ulanylýar.

Guzygulagyň köki we kök porrugy öz düzüminde efir ýaglaryny (gelenin, alantol, proazulen) we seskwiterpen laktonlarynyň garyndysyny (alantolakton, izoalontolakton, digidroalantolakton) saklaýar. Ondan daşary hem köklerinden witamin E, saponinler, sakyz, şepbikler, nemler, alkaloidleriň köp bolmadyk mukdary we polisaharidler (inulin, psewdoinulin) tapyldy.

Lukmançylykda ony gakylyk goparyjy serişdesi hökmünde ulanýarlar. Dem alyş ýollarynyň ýiti we dowamly keselleri onuň bilen bejerlende, ol bronhlaryň sekresiýasyny azaldýar. Şonuň üçin hem ony köp mukdardaky we goýy gakylykly kesellerde ulanylanda aýratyn gowy netije berýär. Onuň öt

çykaryjy, gaýnaglama garşy we iýmit siňdirişi sazlaýjy täsiri bolany üçin ony aşgazan-içege ýollarynyň kesellerinde ulanmak örän amatlydyr. Bulardan daşary hem guzygulagyň derman görnüşleri aşgazanyň we 12-barmak içegäniň baş kesellerinden ejir çekýän näsaglarynda hem ulanylyp görülende aýratyn gowy netijeleri berýändigi anyklanyldy. Bejergi doly geçirilen näsaglarda ýaralar doly bitýär ýa-da olaryň ölçegleri has-da azalýar. Onuň şeýle derman görnüşleri taýýarlanylýar, ýagny:

Guzygulagyň kökünuň we kök porrugynyň gaýnatmasy. Ony taýýarlamak üçin 1 nahar çemçe çig maly syrçaly gapda ýerleşdirip üstüne 200 ml gyzgyn suwy goşup 30 minudyň dowamynda garyşdyrmak arkaly gyzdyrmaly, soňra otag temperaturasynda 10-minutlap sowadyp, süzmeli. Gaýnatmany ýyly görnüşde 1/2 bulgurdan nahardan 1 sagat öň günde 2-3 wagtyna kabul etmeli.

2) Alanton gerdejigi – 0,1 g günde 3 wagtyna nahardan soň 6-8 hepdäniň dowamynda bellenilýär.

**Borjak.** Bu boýy 1,5 metre çenli ýetýän kiçi gyrymsy agaçdyr.Türkmenistanda giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin bu ösümligiň ýer üsti böleginden efedrin alynýar.

Ösümligiň otynda alkaloid efedrin we psewdoefedrin bar. Mundan başga-da eýleýji maddalaryndan tanin hem bardyr.

Lukmançylykda ulanylýan borjagyň düzümindäki alkaloid efedriniň farmakologiki aktiwligi onuň $\alpha$ we $\beta$ resptorlara stimulirleýleýji täsir etmegi bilen baglanşyklydyr. Ol periferiki damarlary we nemli bardalary daraldyjy täsir edip, ýüregiň işleýşini sazlaşdyrýar, arterial basyşy ýokarlandyrýar, göreji we bronhlary giňeldýär, şeýle-de merkezi nerw ulgamyny we dem alyş merkezi gyjyndyrýar.

Borjagyň dermany efedrin gidrohloridi demgysmada, dürli allergiki kesellerde, renit keselinde, arterial basyşy ýokarlandyrmak maksady bilen döwük- ýenjik kesellerde, ýokanç kesellerde, mundan başga-da neşe we uky getirji

dermanlar bilen zäherlenende we oftalmalogiýa amallarynda göreji giňeltmek üçin ulanylýar.

Bu dermany gipertoniki kesellerde, aterosklerozda, miokardyň infarktynda, süýji keselinde, gipertireozda ulanmak maslahat berilmeýär.

Efedrin gidrohloridi kulke we gerdejik görnüşinde 0,025 g we 5 % ergin, ampulada göýberilýär. Mundan başga-da 5 % efedriniň ergini 1:3, 1:5 natriniň hloridiniň izotoniki ergini bilen garylyp aerozol görnüşinde ulanylýar. Efedriniň dermany teofedriniň (bronholitiki täsirli) hem düzümine girýär.

**Waleriana.** Bu boýy 1,5-m ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Lukmançylyk maksady üçin bu ösümligiň köki we kök porrugy ulanylýar.

Onuň porrugynda 3,5 % golaý efir ýaglary, izowalerian turşusy, bornilizowalerianat, garynja turşysynyň borneol efiri, spirtler we alkaloidler (hatinin, walerin), glikozid birleşmeleri, walepatreatlar, eýleýji maddalar, şepbikler, pet, organiki turşular (palmitin, stearin, sirke, garynja, alma we ş. m.) bardyrlar.

Lukmançylykda bu ösümligiň farmakologiki tasiri onuň kökünde we kök porrugynda bar bolan toplum maddalaryň tasirleri bilen baglanşyklydyr. Waleriana merkezi nerw ulgamyna sedatiw we trankwilizirleýji täsir edip, onuň galen dermanlary, köp düzümli demlemeleri, tinkturalary, damjalary ýürek - damar ulgamyň işleýşini gowulandyryjy we rahatlandyryjy serişde hökmünde ulanylýar.

**Waleriananỹñ dermanlary nerwi gyjyndyrmalarda, ukusyzlykda, çakyza şekilli kelle agyrylarda hem täsirlidirler. Şeýle-de olary newrasteniýada, psihasteniýada, klimakteriki bozulmalarda, ýürek - damar ulgamynyň nerwozynda hem ulanylýar. Mundan başga-da keseliň öňüni almak maksady bilen stenokardiýanyň irki etaplarynda we gipertoniki kesellerinde hem ondan peýdalanylýar.**

Bu ösümligiň dermanlarynyň spazmolitiki we öt kowujy häsiýeti hem-de aşgazan-içege ulgamynyň mäzleriniň sekresiýasyny güýçlendiriji häsiýeti ýüze çykarmagy, aşgazan-içege sanjylaryna, şeýle hem onuň sekresiýasynyň ýerine ýetirýän işiniň bozulmagyna alyp barýan bagyr we öt ýollarynyň kesellerinde hem giňden ulanylýar.

Lukmançylykda waleriananyñ birnäçe derman görnüşleri ulanylyp, iň esasy hem onuň demlemesidir. Ony taýýarlamak üçin 20 g çig maly 200 ml gaýnan suw bilen 15 minutlap suwly hammamda gaýnatmaly. Soňra 45 minutlap sowatmaly we süzmeli. Alynan erginiň göwrümini gaýnan suw bilen 200 ml çenli dogurlap, günde 2-3 nahar çemçesinden 30 minut nahardan öň içmelidir.

Waleriananayň tinkturasy 70 % spirtde 1:5 taýýarlanylýar. Ony 20-30 damjadan günde 3-4 gezekden içmeli. Waleriananyc goýy ekstrakty dürli dermanlary taýýarlamak üçin ulanylýar.

**Gök gülälek.** Bu otjumak ösümlikdir. Ony köplenç ýagdaýlarda medenileşdirip ösdürýärler. Lukmançylyk maksatlary üçin bu ösümligiň ýerden ýokarky bölegi ulanylýar.

Bu ösümligiň otunda alkaloidleriň toplumy bolup olaryň has köprägi hem glausinlerdir. Mundan başga-da olarda alkaloidlerden aurotenzin, koridin, helidonin, allokriptopin, helirubin, sangwinarin, heleritrin, protopin we ş. m. bardyrlar.

Onuň lukmançylykdaky ulanylşy düzümindäki alkaloid glausiniň adrenolitiki täsiri ýüze çykarýandygy bilen baglanşyklydyr. Ony ýiti gaýnaglamada, ötüşen bronhitde, öýken abssesinde we üsgülewükde, dem alyş ýollarynyň dürli kesellerinde giňden ulanylýar. Bu derman beýleki üsgülewüge garşy serişdeler ýaly iç gatama we beýleki goşmaça täsirleri ýüze çykarmaýar.

Glausin gidrohlorid gerdejigi - 0,05 g günde 2-3 gezek içmegi maslahat berilýär.

**Şir guýruk.** Bu köp ýyllyk otjumak ösümlik bolup, onuň boýy 60-120 sm-e ýetýändir. Ony uly meýdanlarda

medenileşdirilýär. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň ýer üsti bölegi oty ulanylýar.

Şir guýrugyň oty şekerleri, glikozidleri, alkaloidleri, efir ýagyny, flawanoidleri (kwersetin, rutin, kwinkwelozid), A prowitamini, askorbin turşusyny, eýleýji we reňkleýji maddalary, ajylary hem-de mineral duzlaryny öz düzüminde saklaýar.

Lukmançylykda şir guýrugyň otynyň tinkturasy, demlemesi we 70% spirtdäki ekstraktlary ulanylýar. Olar sedatiw we gipotenziw, kardiotoniki täsirleri ýüze çykarýarlar. Şol sebäpli bu ösümligiň dermanlary ýüregiň işleýiş ritmini sazlaşdyryjy, ýürek-damar newrozlarynda, stenokardiýada, gipertoniki kesellerinde giňden ulanylýar.

Olardan başga-da bu ösümligiň dermanlary nerw bozulmalarynda, psihasteniýada, newrasteniýada we merkezi nerw ulgamynyň dürli bozulmalarynda, şeýle-de klimaks döwürde ulanylýar.

**Şir guýrugyň otunyň demlemesini taýýarlamak üçin 15 g çig malyny 200 ml gyzgyn gaýnan suwa guýup, suwly hammamda 15 minutlap gyzdyrmaly we 45 minudyň dowamynda ony sowatmaly. Süzüp, göwrümini 200 ml-e çenli ýetirmeli. Soňra ony 1/3 bulgurdan günde nahardan 1 sagat öň içmelidir.**

Şir guýrugyň tinkturasy 70% spirtde (1:5) taýýarlanylýar. Ony günde 3-4 gezek 30-50 damjadan içmelidir.

**Adaty hmel.** Bu köp ỳyllyk otjumak ösümlikdir. Iỳmit senagaty üçin giňden medeniỳetleşdirilỳär. Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň gül çogdamlary we miwesi ulanylỳar.

Ösümligiň miwesinde ajy madda bolan lupylin, şeýle-de düzümine mirsen, gumulen we farnezen girỳän efir ỳaglary, alkaloidler (humulin), garmonlar, hlorogen, walerian, flawon glikozidleri, kumarinler, reňkleỳji maddalar, witaminler ( rutin, $B_1$, $B_3$, $B_6$, PP ) we beỳleki birleşmeler bardyrlar.

Lukmançylykda ulanylýan bu ösümligiň düzümindäki lupulin merkezi nerw ulgamyna rahatlandyryjy täsir edỳär.

Ondaky flawonoidler, gormonlar, witaminler bolsa gaýnaglama we ỳara garşy, kapillỳar berkidiji, giposensibilizirleỳji, agyry aỳryjy täsirleri ỳüze çykarỳalar. Onuň galen dermanlary bedende ỳaglaryň, mineral duzlaryň, suwuň çalyşygyna gowy täsir edỳärler. Ekstraktlarynyň gözellik we dermatologiki amallarda ulanylmagy, olaryň saç berkediji, deriň epidermisiniň bitmegini sazlaşdyryjy täsiri ỳüze çykarmagy bilen baglanşyklydyr. Onuň bejeriş häsiỳetli çalgylary goňagy aỳyrmakda, saç berketmekde, dermatitleri, örgünleri bejermekde ulanylỳar. Mundan başga-da deriniň gaýnaglama we ỳara kesellerinde ulanylỳar.

**Ösümligiň galen dermanlarynyň bakteriosid täsiri agyz boşlugynyň kesellerini bejermekde ulanylỳar. Şeýle-de olar fungusit täsiri we estrogen işjeňligi ỳüze çykarỳarlar.**

Bu ösümligiň ỳetişen gül çogdamlarynyň suwly demlemesi işdä açyjy, iỳmit siňdiriji serişde hököminde gastritde, gastroenteritde, öt haltanyň we bagyryň kesellerinde ulanylỳar. Onuň beỳleki derman ösümlikleri bilen ỳygyndysy böwrek we peşew ỳollarynyň kesellerinde, gaýnaglama garşy, giposensibilizirleỳji, peşew kowujy, duzlaryň çalşygyny sazlaşdyryjy serişdesi hökmünde hem peýdalanylýar.

Onuň sedatiw täsiri dürli nerw näsazlyklarynda, ukysyzlykda, klimakteriki bozulmalarynda ulanylỳar. Onuň rahatlandyryjy täsirli ỳygyndylary hem lukmançylykda peýdalanylýandyr.

Walokardin dermanynyň düzümine bu ösümligiň ỳagy girỳär. Ony 5 - 10 we 15- 20 damjadan 2- 3 gezekden günde içilỳär. Tahikardiỳada bolsa 30- 50 damjadan içmelidir. Onuň miwesinden demlemäni taýýarlamak üçin alynan 1 nahar çemçe çig malynyň üstüne 200 ml gaỳnan suwy guýup suwly hammamda 15 minut gyzdyrmaly. Sowadyp, süzmeli, soňra 1/4 bulgurdan günde 3 gezekden nahardan öň içmelidir. Daşky serişde hököminde ulanylanda ony esgä siňdirip ỳapgy etmelidir.

**Diş ammisi.** Bu boýy 1 metre ýetýän, iki ýyllyk otjumak ösümlikdir. Lukmançylyk maksatlary üçin ösüm-ligiň miwesi ulanylýar.

Bu ösümligiň miwesinde 20 % golaý ýaglar, flawanoid-ler, biologiki işjeň maddalar - wisnamin (furokumarinleriň önümi), wisnadin, wisnagin, samidin, kellinol, kellakton we beýleki birleşmeler bardyrlar.

Lukmançylykda bu ösümligi ulanylanda ondaky furokumarin-wisnamin spazmolitiki, sedatiw we fotosensibilizirleýji täsirleri ýüze çykýarlar. Furokumarin wisnadin bolsa ýürek - damar ulgamyna täsir edip, koronar giňeldiji häsiýeti ýüze çykýar. Bu ösümligiň dermany kellin spazmolitiki täsiri ýüze çykaryp, koronar näsazlyklarynda, kardiosklerozda, bronhial dem gysmada, içege we aşgazan spazmalarynda ulanylýar. Wisnadin käbir ýürek näsazlyklarynda kardiosklerozlarda, ýürek şikesinde we miokardyň infarktynda ulanylýar.

Awisan dermany 0,05 g gerdejik görnüşinde bolup, ony zerur bolanda 2 gerdejikden günde 3-4 gezek içmelidir. Ol böwrek kesellerinde, böwrek-daş kesellerindäki tutgylarda spazmolitiki serişde hökmünde ulanylýar.

Kellin dermany 0,02 g gerdejik we şem görnüşinde bolup, günde 3-4 gezekden stenokardiýada ulanylýar.

**Maňyrsak.** Bu boýy 1-2 metre ýetýän iki ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Maňyrsagyň ýapraklarynda tropan hatarynyň alkaloidleri - giosiamin, skopolamin we atropin bardyr. Olaryň mukdary dermanlyk çig malyň gury massasynyň 0,04-0,05 % bara-bardyr.

Lukmançylykda maňyrsagyň galen dermanlarynyň güýçli zäherliligi üçin ulanylşy çäklendirilendir. Onuň gury ekstrakty spazmolitiki we agyry aýryjy serişde hökmünde aşgazan we içege ulgamynyň, öt hem-de peşew ýollarynyň gysylmalarynda giňden ulanylýar. Şol bir wagtyň özünde ol

sülekeýiň nemleriniň we aşgazan şiresiniň bölünip cýkmasyny hem togtadýar.

**Dänegerçek.** Bu boýy 70-80 sm ýetýän, bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin bu ösümligiň ýapraklary ulanylyp, ol Gorkut we Alp-Arslan aýlarynda taýýarlanylýar.

Bu ösumligiň ýapragynda alkaloidler - skoplamin, giosiamin, atropin,şeýle-de eýleýji maddalary, karotin we efir ýaglary bardyr. Ösumligiň esasy alkaloid - skopolamin bolup, ol trop turşysynyň we skopiniň çylşyrymly efiriniň bromlywodorod duzy görnüşinde ulanylýar.

Bu ösumligiň düzümindaki skopolaminiň merkezi nerw ulgamyny rahatlandyryjy we uky getiriji tasiriniň bolmagy ony lukmançylykda ulanmaga doly mümkinçilik berýär. Ol atropin ýaly midriatiki täsiri hem ýüze çykarýar, käbir gysylmalary aýyrýar, deri - iýmit siňdiris mäzleriň sekre-siýasyny togtadýar, ýürek ýygrylmasyny tizleşdirýär.

Dänegerçegiň, maňyrsagyň we belladonnanyň ýapraklary bilelikde dem gysma garşy çilim görnüşinde ulanylýar. Skopolamin bilen giosiamin bolsa deňiz we howa keselleriň öňüni almakda we bejermekde ulanylýan "Aeron" gerdejiginiň düzümine girýär. Skopolamin gidrobromid 0,25 % ergin görnüşinde göz kesellerinde göreji giňeltmekde ulanylýar. Şeýle-de bu dermany parkinsonizmde, psihatriýada sedatiw serişde hökmünde peýdalanýarlar.

**Adaty Danegerçek.** Bu boýy 1,5 metre ýetýän bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmeistanyň çäklerinde hem duş gelmek bolýandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Ösümligiň ýapraklarynda tropan alkaloidleriniň hataryndan bolan giosiamin, skopolamin we atropin bardyr. Olaryň mukdary gury çig malyň agramynyň 0,25 % barabardyr.

Lukmançylykda bu ösümlik giňden ulanylýandyr. Ol atropin ýaly hasiýete eýe bolup, ol m-holinolitiki täsiri ýüze çykarýar. Bu täsir onuň düzümindäki giosiamin bilen hem

baglansyklydyr. Ösümligiň düzümindäki giosiaminiň bronho giňeldiji, tonizirleýji we dem alyş merkezi gyjyndyryjy täsiri bardyr. Mundan başgada ol dürli gysylmalary aýyrýar, deri, sülekeý mäzleriniň, aşgazan we aşgazan asty mäzleriniň sekresiýasyny peseldýär.

Adaty dänegerçegiň ýapraklary bronhial dem gysmada, bronhitde, üsgülewik tutgaýynda we başgada m-holinolitiki häsiýetli serişde hökmünde birnäçe keselleri bejermekde ulanylýar.

Asmatin - bu dermanyň düzümine adaty dänegerçegiň we maňyrsagyň ýapraklary hem-de natriniň nitraty (8:2:1) girýär. Bu derman bronhial dem gysmasynda çilim görnüşinde ulanylýar.

Adaty dänegerçegiň ýapraklary dem gysma keselini bejermekde ulanylýan külkeleriň we çilimleriň düzümine hem girýär.

**Saryçöp.** Ol boýy 1,5 – 2 metre ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir we Merkezi Aziýanyň çäklerinde hem giňden ösýändir. Lukmançylyk maslahatlary üçin olaryň oty ulanylýar.

Ösümlikleriň ähli görnüşlerinde-de alkaloidler (2-4%) - delsemin, melliktin, elatin, kondelfin, şeýle-de organiki turşular we mineral duzlary bardyrlar.

Lukmançylykda olar giňden ulanylýandyr. Olaryň düzümindäki bar bolan alkaloidler delsemin, elatin, melliktin we kondefin kuraro meňzeş täsiri ýüze çykarýarlar. Melliktin dermany 0,02 g bolup zerur bolanda ondan günde 1-5 gezekden içmelidir. Ol esasan-da dürli newrologiki kesellerinde, parkinson keselinde we dürli hereketleniş synalaryň bozulmalarynda ulanylýar.

**Ajy narpyz.** Bu boýy 8-100 sm ýetýän otjumak köp ýyllyk ösümlikdir. Ony Türkmenistanyň çäklerinde giňden ekilip ýetişdirilýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Narpyzyň ýapraklary 2% golaý efir ýaglaryny saklaýar. Onuň esasy düzüminiň biri-de mentol we onuň efirleri, esasan hem

izowalerian we sirke turşularynyň mentil birleşmeleridir. Mundan başga-da efir ýaglarynyň düzümine β—pinen, limonen, sineol we beýleki terpenoidler hem girýär. Ýapraklarynda ýene-de organiki turşular, eýleýji maddalar, flawonoidler, korotin, betain, mikroelementler (marganes, mis, stronsiý we başgalar) we beýleki birleşmeler bardyrlar.

Lukmançylykda narpyzyň otundan taýýarlanan galen dermanlary rahatlandyryjy, spazmolitiki, öt kowujy, antiseptiki, agyry aýryjy, reflektor koronar giňeldiji täsirleri ýüze çykarýarlar. Onuň ýerli gyjyndyryjy, şeýle-de deriniň hem-de nemli bardalaryň neýroreseptorlaryny sazlaşdyryjy täsiriniň bolmagy esasynda ol kapilýar gan aýlanşygyny we içegäniň işini güýçlendirýär.

Narpyzyň galen görnüşli dermanlary iýmit siňdiriş mäzleriniň sekresiýasyny güýçlendirýärler we olar işdäni açýar we olaryň öt kowujy täsirleri hem bardyr. Olar spazmolitiki täsiri ýüze çykaryp, içegäniň, öt we peşew ýollarynyň tutgylaryny aýyrýarlar.

Narpyzyň ýapragy düzümindäki mentolyň hasabyna antiseptiki täsiri ýüze çykarýar. Onuň antimikrob häsiýeti aşgazan we içege ulgamyndaky zyýan ýetiriji täsirli bakteriýalara garşy ulanylýar.

Mundan başga-da narpyzyň dermanlary öt kowujy serişde hökmünde holesistitde, holangitde, gepatitde we öt daş kesellerinde giňden ulanylýar. Ýokary dem alyş ýollarynyň kesellerinde (faringit, laringit, traheit) mentol we onuň dermanlary nemli bardalara çalmak, ingalýasiýa etmek, damja görnüşinde buruna damdyrmak üçin ulanylýar.

Mentoly galam ýa-da 2 % spirtli we 10% ýagly erginlerini çakyza, newralgiýa we newrotiki kesellerinde derä sürtüp ulanylýar.

Mentol içki serişde hökmünde ulanylanda damar giňeldiji täsiri ýüze çykarýar. Ony kelle beýniniň damarlarynyň damar gysylmasy sebäpli ýüze çykan stenokardiýa keselini bejermekde-de giňden ulanylýar.

Narpyzyň ýapraklaryndan we ondan alynan mentoldan lukmançylyk senagatynda köp sanly fitodermanlary we toplumlaýyn bejeriş serişdelerini almakda giňden ulanylýar.

Narpyzyň ýapraklarynyň demlemesini taýýarlamak üçin 5 g çig maly 200 ml gaýnan suw bilen, suwly hammamda 15 minut gyzdyrmaly. Soňra 45 minut sowadyp süzmeli we göwrümini 200 ml-e çenli ýetirmeli. Dümlemäni 1/2 -1/3 bulgurdan günde 2-3 gezek nahardan öň içmelidir. Onuň öt kowujy we spazmolitiki täsiri bardyr.

Narpyz ýagy ösümligiň otundan alynýar we öz düzüminde 50% mentol, 4-9 % walerian we sirke turşylarynyň mentil efirini saklaýar. Bu ýag antiseptiki tämizleýji serişde hökmünde diş ýuwulýan hamyrlaryň, külkeleriň düzümine girýär. Mundan başga-da dermanlaryň tagamyny gowulandyryjy serişde hökmünde hem olar ulanylýar. Ol korwalol dermanynyň hem düzümine girýär.

Narpyzly gerdejikleri - narpyz ýagynyň 0,0025 g we 0,5 g gant saklaýar. Rahatlandyryjy we spazmolitiki serişde hökmünde 1-2 gerdejikden diliň aşagyna goýup ulanylýar.

Narpyzyň we narpyzly damjanyň tinkturasy - ol narpyzyň ýapraklarynyň spirtli (90% spirtli 1:20) tinkturasyndan we narpyz ýagynyň deň mukdaryndan durýandyr. Onuň 10-15 damjasyny gaýtarma we ýürek bulama garşy, şeýle-de nerw agyrylarynda agyry aýyryjy serişde hökmünde ulanylýar.

Narpyz suwy - agyz çaýkama we miksturalaryň tagamyny gowulandyrmak üçin ulanylýar.

Diş damjalary - düzüminde narpyz ýagynyň 3,1 bölegi-ni, kamforanyň 6,4 bölegini, waleriananyc tinkturasynyň 90,5 bölegini saklaýar.

Mentolyň - daşky serişde hökmünde agyry aýryjy we rahatlandyryjy täsirleri bardyr. Çakyza keselinde onuň galamy sürtülýär.Ýokary dem alyş ýollarynyň kesellerinde bolsa ony ingalýasiýa edýärler, ýa-da buruna damdyrylýar, ýa-da çalynýar. Mentoly içki derman görnüşinde rahatlandyryjy serişde hökmünde, waleriananyc we belladonanyň tinkturalary bilen utgaşdyrylyp ulanylýar. Stenokardiýa

keselinde ony ganda damdyryp diliň aşagynda goýulýar. Şeýle-de mentol "Zeleniniň damjasynyň" düzümine girýär we onuň 1% hem-de 2% spirtli erginleri taýýarlanylyp ýürek newrozlarynda ulanylýar.

Boromentol - melheminiň düzüminde mentolyň 0,5 bölegi, bor turşysynyň 5 bölegi, wazeliniň 94,5 bölegi bardyr. Ol antiseptiki we agyry aýyryjy serişde hökmünde deri örgünlerinde, newralgiýada hem-de renitde burnuň nemli bardasyna çalmak üçin ulanylýar.

Pektusin –gerdejiginiň düzümine 0,004 g mentol, 0,0008 g ewkalipt ýagy we başgalar girýändirler. Ol ýokary dem alyş ýollarynyň kesellerinde ulanylýar. Ony agyzda doly eräp sorulýança saklamalydyr.

Ewkatol - damjasy - öz düzüminde 0,25 g mentoly, 50 ml ewkaliptiň tinkutarsyny we 100 ml çenli 90 % etil spirtini saklaỳar. Ỳokary dem alyş ýollarynyň kesellerinde 200 ml suwa onuň 10-15 damjanysyny damdyryp oňa agzyňy çaýkamaly.

Menowazin - öz düzüminde 2,5 g mentoly, 1 g anestezini, 1 g nowokaini, 10 ml-e çenli 70 % etil spirtini saklaỳan dury ergindir. Ol daşky we ỳerli-agyry aỳryjy serişde höküminde, newralgiỳada, mialgiỳada, artralgiỳada we örgünli dermatozlarda gijemä garşy serişde hökmünde ulanylỳar.

Kamfomen –aerozoly öz düzüminde 0,06 g mentoly, ewkalipt ỳagynyň, kamfor ỳagynyň we çakjagundyz ỳagynyň hersinden 0,61 g-ny saklaỳandyr. Ol ýokary dem alyş ỳollarynyň kesellerinde, esasan hem ỳiti rinitde we faringitde ulanylýar. Ondan günde nahardan soň 3-4 gezek ingalỳasiỳa etmelidir.

Efkamon - çalgysy öz düzüminde 14 g mentoly we beỳleki maddalary saklaỳar. Newralgiỳada, artritde, miozitde ondan günde 2-3 gezekden derä sürtmelidir we ony ỳyly esgi bilen saramalydyr.

Walidol – dermany düzüminde 25-30 % mentolyň we izowalerian turşusynyň mentil efirindäki erginini saklaýndyr. Ony 4-5 damjasyny stenokardiỳada, newrozlar-da, isteriỳada,

howa we deňiz kesellerinde ỳürek bulanma garşy serişde hökümünde ulanylỳar. Ganda damdyryp diliň aşagyna goỳmaly Onuň 0,06 g-my - 3 damja gabat gelỳändir. Ol gerdejik (0,06 g) görnüşünde göỳberilỳär.

**Olimetin – dermanynyň bir örtüginic düzümünde arassalanan narpyz ỳagynyň 0,0085 g bardyr. Ol öt - daş we peşew - daş kessellerinde ulanylỳar.**

**Ajy buýan.** Bu boýy 50-60 sm ýetýän köp ýylliyk otjmak ösümlikdir. Ol Türkmenistanda giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk makasatlary üçin bu ösümligiň oty ulanylýar. Ondan pahikarpin gidroýodid dermany taýýarlanylýar.

Ösümligiň düzüminde alkaloidler - pahikarpin, matrin, sofokarpin we beýlekiler bardyrlar.

Lukmançylykda bu ösümligi giňden ulanýandyrlar. Onuň esasy alkaloidi pahikarpin - ganglioblokator hökmünde gipertonoki kesellerinde we periferik damarlarynyň gysylmagy netijesinde ýüze çykýan we akuşer-ginekologiki kesellerinde, çaganyň dogulmagyny tizleşdiriji serişde hökmünde ulanylýar. Pahikarpiniň ýatga tonizirleýji täsir etmegi çaga dogurlandan soň gan saklaýjy täsiri ýüze çykarýar. Pahikarpin gidroýodid - dermany akuşer-ginekologiki amallarda, miopatiýada ulanylýar.

**Şorluk sferofizasy.** Bu boýy 60-80 sm ýetýän köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde duş gelýändir.

Lukmançylyk maksady üçin bu ösümligiň otunyň ýokary gülleýän bölegi ulanylyp, ondan sferofizin dermany taýýarlanylýar.

Onuň otunda alkaloid- sferofizin bardyr.

Ony lukmançylykda giňden ulanýandyrlar. Ondaky alkaloid sferofizin - gipotenziw täsiri ýüze çykaryp, gipertoniki kesselleriň I we II etaplarynda ulanylýar. Akuşer ginekologiki amallarynda ol ýatgynyň gysylmasyny ýokarlandyryp, tonizirleýji täsir edýär. Şeýlelikde ol bu amallarda çaga dogrulyşynyň gowşaklygynda we çaga dogandan soňky gan akmalarda we ýatgynyň atoniýasynda,

şeýle-de gaty gysylmalaryny tizleşdiriji serişde hökmünde ulanylýar.

**Sferofizin dermanynyň 1% ergini sanjym üçin niýetlenen külke görnüşinde goýberilýär.**

**Saryjaot.** Bu boýy 30-90 sm ýetýän iki ýyllyk otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmenistanyň çäklerinde hem duş gelmek bolýar. Lukmançylyk maksatlar üçin ösümligiň oty ulanylýar.

Ösümligiň köki, baldagy, gülleri we tohumy, ýürek glikozidlerini saklaýar. Onuň otundan we tohumyndan erizimin we erizimozid glikozidleri alynýar. Tohumynda başga-da glikozidler, şeýle-de düzüminde linol, olein we palmitin turşularyny saklaýan yaglar hem bardyrlar.

Lukmançylykda bu ösümligi giňden ulanýandyrlar. Onuň derman görnüşleriniň biri hem erizimin monozid bolup, ol aglikon strofantidinden we gant-digitoksozasyndan durýandyr. Ol ýokary biologiki we kardiotoniki aktiwligi ýüze çykarýar. 1 g madda 48000-60600 GTEB ýa-da 8000-10,000 KTEB deňdir. Glikozid az-kem arterial basyşy ýokarlandyrýar we diurezi güýçlendirýär, koronar gan aýlanşygy sazlaşdyrýar. Onuň täsir ediş mehanizmi strofantine golaý, ýöne az zäherlidir we ýürege gowşak tasir edýändir.

Erizimin dermany ýürek şikesinde, ýürek-damar näsazlyklaryň I-II we III derejelerinde, aterosklerotiki kardiosklerozda, ýürek-öýken näsazlygynda, stenokardiýa we gipotoniýa kesellerinde giňden ulanylýar.

Erizimozidiniň biologiki aktiwligi 1 g 58000-66000 GTEB ýa-da 9500-10500 KTEB deňdir. Ol eriziminden tapawutlylykda bedende köp ýygnanýar. Ýone ol bedende az dargap, aşgazan - içegede gowy sorulýar. Erizimozid gan aylanşygynyň bozulmagynda ýürek damar ulgamynyň ýagdaýyny gowulandyrýar, gan akymynyň tizligini kadalasdyrýar. Arterýa we wena basyşyny peseldýär ýa-da kapilýar gan aýlanşygynyň bozulmalaryna ýol bermeýär, diurezi güýçlendirýär we çişi aýyrýar. Häzirki wagtda bu ösümligiň aýratyn dermanlary ulanylmaýar. Şeýle-de onuň şiresi kardiowalen dermanynyň düzmüne hem goşulýar.

Kardiowalen dermanyny ýürek şikesinde, kardiosklerozda, stenokardiýada we newrozlarda 15-20 damjadan günde 1-2 gezek içmeli.

**Buýan.** Bu güýçli kökli bolan köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Köki ýogyn, döweňde açyk sary reňkli bolýar. Ýeriň astynda köküňden dürli gapdallara ösýän kökýanlary bardyr. Ýapraklary köp mäzjagazly bolup, nobatlaýyn ýerleşendirler. Miwesi ýylmanak, mele kösükdir. Türkmenistanda derýalaryň kenarlarynda, akarlaryň gyralarynda, çygly ýerlerde ýygydan duş gelýändir. Lebap welaýatynda buýan hojalyklarynda köpçülikleýin mukdarda ösdürilip ýetişdrilýär. Türkmenabatda buýan işläp bejerýän "Buýan" agrosenagat toplumy ýerleşýär. Lukmançylykda onuň kökleri we kök porruklary ulanylýar.

Buýanyň kök we kök porruklarynda 23%-e çenli glisirrizin, 20% gowurak flawon glikozidlerinden-likwiritin, likwiritozod, likwiritigenin-7%, 4%-dioksiflanon we ş.m., şeýle-de glabrow turşusy, asparagin, efir ýagy, askorbin turşusy, şeker, şepbik, nem we eýleýji maddalar toplanýarlar.

**Halk lukmançylygynda buýanyň köküni hemme bejeriji serişdeleriň düzüminde diýen ýaly ulanypdyrlar. Awisenna aşgazan, böwrek, peşew ýollarynyň kesellerinde, öýken kesellerinde ulanypdyr. Halk lukmançylygynda aşgazanyň oniki barmak içegäniň ýara kesellerinde, babasilde, çişlerde, bokurdak agyrlarda, üsgülewükde gakylyk goparyjy, işdäňi açyjy, dem gysma garşy serişde hökminde ulanylypdyr.**

Hytaý lukmançylygynda buýanyň köküni ħenşen ýaly hasaplap, ysytmalarda agyry aýryjy, gakylyk goparyjy we ýumşadyjy serişde edip ulanypdyrlar.

Häzirki zaman lukmançylyk we dermançylyk amallarynda buýanyň köküniň dermanlary (goýy we gury ekstraktlary) we dürli ýygyndylaryň arasynda üsgülewüge garşy, peşew kowujy, ýumşadyjy, gakylyk goparyjy serişde hökminde

ulanylýar. Düzümindäki glisirrizin turşusy kortikostreoid häsiýetlidir.

Bu ösümligiň glisirrizin we glisiret turşularynyň esasynda taýýarlanan gliseram we gliserant dermanlary dem gysmada, gaýnaglamalarda ulanylýar. Buýanyň kökünden öndürilýän flawonoidli dermanlary-likwiriton we flakarbin aşgazan we oniki barmak içege ýaralarynda, dowamly gastritde ulanylýar. Buýanyň köki gowşadyjy, peşew kowujy, babasilde ulanylýan ýygyndylaryň we beýleki dermanlaryň düzümune hem girýär. Onuň gaýnatmalaryny, demlemelerini, ekstarktyny we külkelerini gakylyk goparyjy serişde hökmünde öýkeniň kesellerinde, alawlama garşy hökmünde gastritde, aşgazanyň we oniki barmak içegäniň ýaraly kesellerinde içmekligi maslahat berilýär. Türkmenistanyň Milli derman serişdeleri institutynda buýanyň gury ekstrakty, gerdejigi we örtügi öndürilip başlandy.

**Semzek.** Bu bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ýalaňaç baldaklary şahalanyp gidýär. Ýapraklary etlek we süýnmekdir. Tohumlary maýdajyk, gara reňklidir. Türkmenistanyň hemme ýerlerinde haşal ot görnüşde duş gelýär. Lukmançylykda onuň oty ulanylýandyr.

Semzegiň oty alkaloidleri (0,02%), glikozidleri (90,03%), ajy we eýleýji maddalary, şekeri (3,5%), C, K witaminleri, reňkleýji maddalary saklaýandyr. Ter otundan noradrenalin (250 mg %) bölünip alynandyr.

Halk lukmançylygynda semzegi babasil keselinde, gan gusmada, içki gan akmalarda gan saklaýjy serişde hökminde, şeýle-de bagyr, içege, böwrek kesellerinde, gan azlykda we iç geçmede ulanylýar. Semzegiň oty we tohumlary merkezi nerw ulgamyny stimulirleýär, ýüregiň işjeňligini we dem alyşy gowulandyrýar.

Semzegiň ekstraktynyň arterial gan basyşynyň ýokary galdyrmagyna düzümindäki köp mukdardaky noradrenaliniň barlygy sebäp bolýar.

**Çerkez.** Bu boýy 3 m bolan, şahalary çal gabyk bilen örtülen gyrymsy agaçdyr. Sapak şekilli ýapraklary nobatlaýyn

ýerleşendirler. Maýdajyk gülleri ýaprak goltuklarynda ýerleşendirler, şeýle-de onuň hoza meňzeş miweleri bardyr. Ol Türkmenistanda Garagum çölünde we Hazar sähralyklarynda köp duş gelip, ony ýaşaýyş ýerlerinde we ýollaryň ýakalarynda gowy çäge saklaýjy hökmünde köpeldýärler. Lukmançylykda onuň miweleri giňden ulanylýar.

Çerkeziň oty we miweleri öz düzüminde salsolin, salsolidin we salsomin ýaly alkaloidleri saklaýandyr.

Lukmançylykda çerkeziň miweleriniň biologiki ähmiýeti düzüminde saklaýn gipotenziw häsiýeti bolan salsolin we salsolidin alkaloidleriniň barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Olar gan damarlaryny giňeldip, gan basyşynyň peselmegine getirýär we umumy rahatlandyryjy täsiri ýüze çykarýar. Lukmançylykda onuň tinkturasy, salsolin we salsolidin alkaloidleri gan basyşy ýokarlananda ulanylýar.

Böwregiň, bagyryň we ýüregiň agyr kesellerinde çerkeziň dermanlaryny ulanmaklyk maslahat berilmeýär.

**Sumah.** Bu boýy 3 m bolan gyrymsy ýa-da uly bolmadyk az şahalanýan agaçdyr. Ýapraklary 4-8 sany böleklerden ybarat bolup, nobatlaýyn ýerleşýändirler. Gülleri bir jynsly we ýaşylymtyl-ak reňklidirler. Ol Türkmenistanyň Merkezi we Günorta-Günbatar Köpetdag-ynda köp duş gelýär. Lukmançylykda onuň ýapraklary ulanylýar.

Sumahyň ýapraklary düzüminde 30 % çenli eýleýji maddalaryny, ýagny 15 % çenli arassa tanini, galla turşusynyň tetrasaharidini, erkin galla turşusyny, mirisitrini, kwersetini, ramnetini we beýleki flawonoidleri, efir ýaglaryny hem-de organiki turşularyny saklaýandyrlar.

Halk lukmançylygynda ony gan akmaklarda, öt haltanyň kesellerinde we dowamly suwbaşynda ulanylýar. Ter ýapraklarynyň demlemesini gomeopatiýada, iç geçmede, gury agyryda, kelle agyryda, ysmaz keselinde, öt ýollarynyň kesellerinde ulanýarlar. Ownudylan ýapraklaryny ýanyklara iriňli ýaralara ýapylýar.

Bu ösümligiň ýapraklaryndan arassalanan lukmançylyk tinkturasyny almakda ulanýarlar. Ony gamaşdyryjy serişde hökmünde iç geçmelerde, peşew haltasynyň gaýnaglamalarynda, oniki barmak içegäniň we aşgazanyň kesellerinde gan saklaýjy serişde hökmünde peýdalanýarlar. Bu ösümligiň demlemeleri gaýnaglama garşy serişde hökmünde, agyz boşlugynyň nemli örtüginiň kesellerini bejermekde ulanylýar.

**Skutellariýa.** Bu uzyn, inçe kök porrukly köp ýyllyk ösümlikdir. Onuň şahalanýan baldaklary göni ösýär. Olaryň ýekelikleýin gülleri ýaprak goltuklarynda ýerleşýärler, şeýle-de olaryň miweleri - hozjagazlardan ybaratdyrlar. Bu ösümlik Türkmenistanda Köýtendagyň dag eteklerinde, şeýle-de derýalaryň kenarlarynda ösýändir. Lukmançylykda onuň ýapraklary we kök porruklary ulanylýar.

Ösümligiň ýpraklary efir ýaglaryny we flawon glikozidlerini saklaýar.

Halk lukmançylygynda ony sedatiw we gipotenziw serişde hökmünde ýürek-damar kesellerinde ulanylýar.

**Ysmanak**. Bu bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Onuň gülleri uç bogunlydyr. Ol Türkmenistanyň hemme ýerinde hem duş gelýär. Lukmançylykda onuň ýapraklary giňden ulanylýar. Onuň otunda $B_1$, $B_2$, C witaminleri we karotin bardyr. Ter otundan saponinler bölünip alynandyr.

Halk lukmançylygynda ysmanagyň ýapraklary ýel sürüji serişde hökmünde ulanýarlar. Az ganlylykda, rahitde, berhiz tutmaklykda poli witaminli ösümlik hökmünde ulanmaklygy maslahat berilýär. Ysmanagyň ýapraklarynda gidroliz arkaly şpinat-skretin proteinli maddasy alynýar.

**Ehinaseýa.** Bu boýy 1 m bolan köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Onuň köp sanly kök porruklary bardyr. Onuň gülleri gyzyl we miweleri çigitjiklerden ybaratdyrlar. Türkmenistanda medenileşdirilen görnüşde seýilgählerde, baglarda we merkezi botaniki bagynda ekilýär. Lukmançylykda onuň gülleri we kökleri ulanylýar.

Bu ösümligiň hemme ýerinde efir ýaglary bardyrlar. Köklerinde ehinakozid glikozidi, betain, eksifinol turşusy we inolin bardyr.

Lukmançylykda antiseptiki serişde hökmünde onuň “Ehinop” dermany ulanulýandyr. Bu ösümligiň dermanlary ýanyklaryň I-III derejilerinde ulanulýar. Onyň ter gülleriniň şiresi ganyň lagtalanmagyny hem tizleşdirýär.

**Demirtiken.** Bu ýere ýazylyp ösýän bir ýyllyk ösümlikdir. Köki inçedir we onuň maýdajyk ýapraklary garşylyklaýyn ýerleşendir. Ol Türkmenistanyň çöllerinde we dag eteklerinde duş gelýär. Lukmançylykda onuň oty we miweleri ulanylýar.

Onuň oty steroid saponinlerinden-trillin, diosfoin, grasillin, protodiossin, kikubasponin, diosgenin, ruskogenin saklaýarlar. Otunda flawonoidler, alkalloidler-garman, C witamini, ýaglar, reňk beriji we eýleýji maddaar tapyldy. Miwelerinde eýleýji maddalar we 25% çenli ýaglar toplanandyr.

Halk lukmançylygynda demirtikeni peşew kowujy, tonizirleýji serişde hököminde, şeýle-de gury agyryda ulanylýar. Awisenna ony çişlerde, ýaralarda, peşew kowujy serişde edip ulanmaklygy maslahat beripdir. Bu ösümlikden tribusponin dermany alynýar.

**Adaty ýakymlyja.** Bu boýy 1 metre ýetyän, köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmenistanyň çäklerinde hem giňden duş gelinýär. Lukmançylyk maksatlary üçin bu ösümligiň oty ulanylýandyr.

Ýakymlyjanyň otunda – efir ýaglary, fenollar, timol we beýleki uçujy hoşboý ysly birleşmeler duş gelýär. Ondan daşary hem onda suwuk ýaglar, askorbin turşusy we eýleýji maddalar hem tapyldy.

Lukmançylykda ýakymlyjanyň oty beýleki ösümlikleriň çig mallary bilen bilelikde ýygyndylaryň, çaýlaryň we toplumlaýyn derman serişdeleriniň düzümine girýär. Bu derman serişdeleri iç ýellenmelerinde, aşgazan – içege ýollarynyň sekresiýasynyň ýetmezçiliginde iýmit siňdirşi

kadalaşdyrmak, şeýle hem öt ýollarynyň kesellerini bejermekde uly ähmiýete eýedirler.

Ýakymlyja – gakylyk goparyjy serişde hökmünde bronhidiň ýiti we dowamly görnüşinde örän peýdalydyr. Onuň demlemesini rahatlandyryjy we tutgaýa garşy serişde hökmünde hem ulanmak bolýar. Ondan başga-da ýakymlyjanyň derman görnüşleri deri kesellerini bejermekde giňden ulanylýar. Onuň otunyň demlemesini taýýarlamak üçin 2 nahar çemçe çig maly syrçaly gapda ýerleşderip, üstüne 200 ml gyzgyn suwy goşup, 15 minutlap suwly hammamjykda gyzdyrýarlar. Soňra otag gyzgyn görkezijisinde 45 minut sowadyp, süzýärler . Demlemäni ýyly görnüşinde S bulgurdan nahardan 15 minut öň günde 2 wagtyna içmek maslahat berilýär.

**Boýbodran.** Bu boýy 80 – 100 sm ýetýän, köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde hem giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň oty ulanylýar.

Boýbodranyň otunda esasy flawonoidler (giperozid, ritin, kwersetin, izokwersetin), reňk we eýleýji maddalar, efir ýaglary, karotin, askorbin, we nikotin turşulary, P we PP witaminleri, saponinler, spirtler, alkalloidleriň yzlary bardyrlar.

Lukmançylykda boýbodranyň otunyň derman serişdeleri agyz – bokurdak boşlugynyň, aşgazan–içege ýollarynyň, bagyr we böwrek kesellerinde giňden ulanylyar. Agyz – bokurdak boşlugynda ýiti yslar bolanda ýa-da gaýnaglama ýüze çykanda boýbodranyň tinkturasyny çaýkamak üçin ulanmaklyk maslahat berilýär. Onuň derman görnüşleri öt ýollarynyň kesellerinde, sary getirmede, öt-daş kesellerinde, iç ýellenmelerinde, böwregiň ähli kesellerinde ulanylanda gowy netijeleri berýär. Boýbodranyň dermany Nowoimaniniň bakteriýalara bakteriostatik täsiri bolany üçin deride duş gelýän köp ýaralary (dokuzdonly, iriňli azma) we ýanyklary bejermekde giňden ulanylýar. Bu derman

operasiýalardan soňky ýagdaýlarda agyrlaşmalaryň öňüni almak üçin elektroforez görnüşinde hem peýdalanylýar (kör içegeden we uzyn süňkleriň osteomiýelitinden soň öýkeniň we plewranyň dürli iriňli zeperlenmelerinde we ş.m). Ondan daşary hem bu derman ingalýasiya görnüşinde hem bronhit, pnewmotoraks, ötüşen tonzillit, öýken absesi ýaly keselleriň öňüni almakda we bejermekde giňden ulanylýar.

Lukmançylykda boýbodranyň şeýle derman görnüşleri ulanylýar, ýagny:

I) Boýbodran otunyň gaýnatmasy. Ony taýýar bolandan soňra I/3 bulgurdan nahardan 30 minut öň, günde 3 wagtyna kabul etmeli.

2) Boýbodranyň tinkturasy - gaýnaglama garşy we gamaşdyryjy serişde hökmünde diş amalynda giňden ulanylýar, onuň üçin 40 – 50 damjasyny günde 3 – 4 wagtyna ulanmaklygy maslahat berilýär.

3) Nowoimanin – polifenol toplumly dermandyr.

**Arnap.** Bu boýy 3 sm bolan gyrymsy agaç ýa-da uly bolmadyk tikenli agaçdyr. Ýapraklary süýri we goýy ýaşyl reňklidir. Miwesi etlek we şäniklidir. Ol Türkmenistanda Günorta – Günbatar we Gündogar Köpetdagyň jülgelerinde we dag eteklerinde ösýär.

Lukmançylykda onuň miweleri we ýapraklary ulanylýar.

Arnabyň miweleri 30 %-e çenli şekeri, 2 – 3 % organiki turşulary, eýleýji maddalary (I,5%), C witamini, karotini, rutini, kumarinleri (2,53%) saklaýar. Ýapraklary alkaloidleri, glikozidleri, saponinleri, eýleýji maddalary, organiki turşulary, C witamini, kwersetini, giperozidi, rutini, kumariniň önümlerini toplaýarlar. Arnabyň ýapraklarynyň fitonsid häsiýetleri bar.

Halk lukmançylygynda Awisenna arnabyň miwelerini kükrek agyrylarynda, öýken, peşew haltasynyň we böwregiň kesellerinde ulanmaklygy maslahat beripdir. Ösümligiň gabygyny bolsa iç geçmede gamaşdyryjy serişde hökmünde, gury agyryda, ysytmada ulanylypdyr.

Miweleri antibakterial täsirlidir. Halk lukmançlygynda miweleriniň gaýnatmasyny gan azlykda, döş agyrylarynda, dem gysmada, bagyr we böwrek agyrylarynda ulanylýar. Onuň ýaş pyntyklarynyň we ýapraklarynyň gaýnatmasy peşew kowujy häsiýete eýedir.

**Pisse.** Bu boýy 3-5 metre çenli bolan seýrek duş gelýän uly bolmadyk gyrymsy agaçdyr. Onuň bölünmedik ýapraklary nobatlaýyn ýerleşendir, sübselige ýygnanan gülleri bolsa bir jynslydyr. Olar Türkmenistanda Bathyzda uly meýdanly pisseligi, şeýle-de Köýtendagynda we Köpetdagynda uly bolmadyk tokaýlary emele getirýärler.

Lukmançylykda onuň ýapraklarynda emele gelýän ösüntgiler - gallalar ulanylýar.

Gallalarda 20-50 % çenli eýleýji maddalar toplanýandyr. Tohumlarynda 60% çenli guramaýan ýaglar tapylandyr. Olaryň ýapraklary köp bolmadyk mukdarda eýleýji maddyllary we C witaminini saklaýar.

Pisse halk lukmançylygynda ýokary dem alyş ýollarynyň kesellerinde we inçekeselde üsgülewige garşy we gakylyk gopduryjy serişde hökmünde ulanylýar.

Gallalary tanoform, tanalbin almaklyk üçin ulanylýan lukmançylyk tanininiň çeşmesi bolup durýar. Tanin gamaşdyryjy serişde hökmünde ýanyklarda, stomatitlerde agyz boşlugyny çaýkamakda ulanylýar. Onuň agyr metallary, glikozidleri we alkaloidleri çökdirmeklik ukyby hem bardyr. Ýapraklarynyň demlemesi çagalarda iç agyry bolanda we aşgazan-içege bozulmalarynda, şeýle-de ony peşew kowujy hökmünde-de ulanylýar.

**Künji.** Bu boýy 110 sm bolan, baldagy göni ösýän, bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. Ýapraklary nobatlaýyn ýa-da garşylyklaýyn ýerleşendir. Onuň gülleri iri we ýeke-ýekeden ýapraklaryň goltugynda ýerleşendirler, miweleri bolsa köp tohumly gozajyklardan ybaratdyrlar. Ony Türkmenistanda Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda suwarymly ýerlerde ekýärler. Lukmançylykda onuň tohumlary ulanylýar.

Künjiniň tohumynda 60% çenli ýaglar, proteinli maddalar, C we E witaminleri bardyrlar. Künji ýagy arahis stearin, palmitin, linolen, olein turşylarynyň gliseridlerinden, fenola meňzeş maddalardan - sezamol, sezamin, sezamolin we şepbiklerden durýandyrlar.

Künji ýagy täsirli serişde hökmünde trombopeniki purpurany, essensial trombopeniýany we gemmoragiki diatezleri bejermeklikde ulanylýar. Künjiniň ýagy ganyň trombositlerini ýokarlandyrmak we onuň lagtalanmaklygyny çaltlandyrmak häsiýetini eýeleýär. Dermançylyk önümçiliginde künjiniň ýagyndan linimentleri, melhemleri, ýelimleri, ýagly emulsiýalary we ýagda ereýän dermanlary, sanjym üçin erginleri öndürmekde ulanylýar. Ösümlik ýaglarynyň arasynda dünýä boýunça öndürmekde künji ýagy dokuzynjy ýeri eýeleýär.

**Sogan.** Bu topbak kökli, köp ýyllyk otjumak ösümlikdir. Onuň gyzylymtyl, sary ýa-da ak gabyk bilen örtülen togalak görnüşde düýbi bardyr. Soganyň maýdajyk agymtyl-ýaşyl gülleri saýawany emele getirýärler. Onuň miwesi-gozajyk şekilindedir. Ony Türkmenistanda suwarymly ýerleriň hemmesinde ösdürilýär. Lukmançylykda onuň ýer üsti bölegi we soganlygy ulanylýar.

Sogan öz düzüminde ýönekeý kömeleklere we kesel dörediji mikroblara garşy täsiri bolan özboluşly uçujy maddalary - fitonsidleri saklaýar. Olarda kükürtli etil ýagy hem bardyr. Soganlygyndan sikloallinin, metiallinin, proilallinin, tiopropional, flawonoidlerden - kemferol, klerletiniň we florglüsiniň önümleri, peptidler, protokatehin we ferulon turşulary, aminoturşular, organiki turşular, sitogormonlar, uglewodlar, pektin, C we B, PP witaminleri, A prowitamini, mikroelementler, glýukoza, saharoza maltoza tapyldy. Ýapraklarynda efir ýaglary, şeker, C, $B_2$ witaminleri, A prowitamini, limon, alma we beýleki turşulary hem bardyrlar.

Halk lukmançylygynda soganyň ulanylmagy onuň fitonsid, bakterisid, antisklerotiki häsiýetleri bilen

düşündirilýär. Soganyň şiresini burun dykylmada, deriniň gijemeginde we deridäki menekleri, tegmilleri, düwürtükleri aýyrmakda ulanylýar. Soganyň sykylan şiresini ary bal bilen birlikde içip, gözüň görüşini gowulandyrmakda, üsgülewükde, bronhitde ulanýarlar. Onuň şiresini böwrekde we peşew haltasynda daş emele gelende günüň dowamynda üç gezek içmekligi maslahat berilýär. Soganyň owradylan bölejiklerini ýa-da şiresini ýaralara we ýanyklara, olaryň dezinfeksiýasy we tiz bitmegi üçin ýapýarlar.

Ösümligiň soganlygyndaky we ýapraklaryndaky kesel dörediji mikrobedenleri gyrýan fitonsidleriniň bolmagy, ony gaýnaglamada, bokurdak agyryda, dowamly tonzilitde ulanylmaklygyna doly mümkinçilik berýär. Soganyň fitonsidleri bilen bejermeklik iki usul arkaly amala aşyrylýar, ýagny: ingalýasion - ownadylan soganlygyň efir ýaglarynyň uçujy böleklerinden dem almak ýoly bilen, şeýle-de onuň ekstraktlaryny, spirtli we suwly demlemelerini içmek ýoly bilen amala aşyrylýar. Soganyň dermanlary iýmitiň siňmegini goldaýar, içegäniň işjeňligini gowulandyrýar.

Ony iýmit siňdirişiň näsazlyklarynda, iç gatamada, içegäniň atoniýasynda we iç geçmelerde, mundan başga-da aterosklerozy we gipertoniki keselleri bejermekde-de ulanylýar. Soganyň guradylan gabygyny suwly gaýnatma görnüşinde ýaralary bitiriji serişde hökmünde we saçlary berkitmek maksady bilen ulanýarlar. Allilçep dermany yaşyl we düýp sogandan alynýar. Ol aterosklerozlarda, iç gatamada, kolitda we içegäniň atoniýasynda ulanylýar. Allilgliser dermany bolsa içegäniň atoniýasynda, trihomonadly kolpitlerde bejeriji serişde hökmünde ulanylýar. Soganyň efir ýagynyň täsiri B we C witamin-leriňkä meňzeşdir.

**Uly atgulak.** Bu köpýyllyk, uzynlygy 40 sm-e çenli ýetýän otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Onuň ýapragynda glikozid akubin, flawonoid, witamin K, askorbin turşusy, eýleýji we ajy maddalary, alkaloidleriň yzlaryny, polisaharidleri we ş.m. saklaýandyrlar.

Lukmançylykda onuň tinkturasy gakylyk gopdurujy serişdesi hököminde bronhitde, gökbogmada, bronhial demgysmasynda we inçe keselinde ulanylýar. Täze ýygnalan ýapraklaryndan alynan şiresini dowamly gastritde, aşgazan we onki barmak içegäniň baş keselinde, şeýle-de aşgazan turşulygynyň pes bolan ýagdaýynda peýdalanýar-lar. Näsaglarda atgulagyň şiresi berilen wagtynda agyry we dispepsiýa alamatlary bolmaýar, şeýlýe-de olaryň işdäleri gowulanyp, aşgazan şiresiniň turşulygy ýokarlanýar. Atgulak ýara bitiriji häsiýete hem eýedir. Onuň dermanlary-ny çykyklarda ýapgy hökminde ýa-da onuň bilen ýuwmak üçin ulanylýar. Şeýle-de ony täze kesilen ýaralarda, dowamly baş kesellerinde, çybyn keselinde we iriňli ýaralarda hem ulanylýar. Onuň suwly ekstraktyndan ýara bitiriji häsiýeti bolan “Plantaglýusid” dermany hem alynýar.

Atgulagyň ýapragynyň gaýnatmasyny taýýarlamak üçin onuň 10 g ýapragyny almaly we syrçaly gaba salyp üstüne 200 ml gaýnan suwy guýup hammamjykda 30 minutlap gyzdyrmaly. Soňra 10 minudyň dowamynda sowatmaly we süzmeli. Galyndyny bolsa sykyp alyp alynan ergini̇ň üstüni 200 ml gaýnan suw bilen doldurmaly we ulanmaly.

Atgulakdan alynýan “Plantaglýusid” spazmolitik we gaýnaglama garşy ulanylýan serişdedir. Ony giperasid gastritinde, aşgazanyň we onki barmak içegäniň baş kesellerinde ulanýarlar.

**Çopantelpek.** Bu bir ýyllyk, uzynlygy 20-40 sm ýetýän otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde hem giňden ekilýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň gülleri ulanylýar.

Onuň güllerinde efir ýaglary, homazulen, parahoma-zulen, monoterpenler we seskwiterpenler, flawoniodler, kumarinler, sitosterinler, holinler, karotinler, askorbin turşulary,

izowalerian we organiki turşular hem-de polisaharidler bardyrlar.

Lukmançylykda ulanylýan çopantelpek spazmolitik, gaýnaglama garşy we antiseptiki, sedatiw we käbir agyry aýryjy häsiýetleri ýüze çykarýar. Onuň tinkturasyny ýiti we dowamly gastritde, aşgazanyň we onki barmak içegäniň baş kesellerinde, kolitde we enterokolitde ulanmak maslahat berilýär. Çopantelpegi, dyrnaklyjany we boýbodrany bilelikde ulanylsa näsaglarda agyrynyň tiz ýitmegi, ganyň suwuklanmagy, gan damarlarynyň giňelmegi bolup, olaryň özlerini duýaşy gowylaşýar. Çopantelpek bagyr we öt ýollarynyň kesellerinde öt ýollarynyň spazmasyny aýyrýar, öt bölünip çykmasyny güýçlendirýär, gaýnaglama hadysasyny peselidýär. Içege metiorizminde ony köşeşdiriji serişde höküminde çaý görnüşinde ulanýarlar. Onuň üçin çopantelpegiň gülüni, pişik otunyň köküni, narpyzyň ýapragyny, tminiň we arpabadyýanyň tohumlaryndan deň mukdarda alýarlar we çaý ýaly ulanýarlar. Çopantelpegi aýbaşy gelmegi bozulanda hem ulanmaklyk peýdalydyr.

Çopantelpegiň gaýnatmasyny taýýarlamak üçin onuň 10 g gülüni almaly we syrçaly gaba salyp üstüne 200 ml gaýnan suwy guýup hammamjykda 30 minutlap gyzdyrmaly. Soňra 10 minudyň dowamynda sowatmaly we süzmeli. Galyndyny bolsa sykyp alyp alynan ergniň üstüni 200 ml gaýnan suw bilen doldurmaly we ulanmaly.

Çopantelpekden alynýan “Romazulan” dermanynyň düzümine onuň ekstrakty (96 ml), onuň efir ýagy (0,3 ml) we emulgator hökminde tmin (4 g) girýär. Bu derman gaýnaglama garşy häsiýeti ýüze çykarýar. Ony gaýnaglamalarda, gingiwitde, stomatitde, uretritde, sistitde, dermatozda, suwbaşynda, neýrodermitde, artbujagyň gijilewüginde, trofiki ýaralarda çaýkamak ýa-da ýuwmak usullary bilen ulanýarlar.

**Dyrnaklyja.** Bu bir ýyllyk, uzynlygy 50-60 sm ýetýän otjumak ösümlikdir. Ol Türkmenistanyň çäklerinde giňden ekilýär. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň gülleri ulanylýar.

Onuň gülleriniň düzüminde karotinoidler (karotin, rubikstantin, likopin, sitroksantin), parafin hatarynyň uglewodlary (gentriakontin we sitosterin), sakyzlar, triterpen glikozidleri, nemli we ajy maddalary, alma, salisil we askorbin turşulary bardyrlar.

Lukmançylykda ony gaýnaglama garşy we ýara bitiriji antiseptik serişdesi hökminde ulanýarlar. Ondan diş we agyz boşlugynyň kesellerinde has-da giňden peýdalanylýar. Onuň tinkturasynyň bir çaý çemçesini bir bulgur suwa garyp aýallaryň kesellerinde – ýatgynyň ýaralarynda we trihomonazaly kolpitlerde ýuwmak üçin, şeýle-de ony proktitleri we paraproktitleri bejermek üçin ulanylýar. Dyrnaklyjany ýürek-damar kesellerinde ulanylanda ol rahatlandyryjy, arterial basyşy peseldiji, ýüregiň işjeňligini kadalaşdyryjy täsir edýär we şol sanda çişleri hem aýyrýar. Aşgazan-içege ýollarynyň, esasan-da oniki barmak içegäniň kesellerinde onuň dermanlary gaýnaglama garşy, ýara bitiriji, spazmalary aýryjy we öt kowujy serişde hökminde ulanylýar. Ony çopantelpek we boýbodran bilen ulanmak örän gowy netijäni berýär. Dyrnaklyjanyň gülünde köp mukdarda karotinoidleriň, flawonoidleriň we askorbin turşusynyň bolmagy bagryň işjeňligini kadalaşdyrmaga we ödüň düzüminiň gowulanmagyna getirýär.

Lukmançylykda onuň esasan-da 70 % spirtde taýýarlanylan tinkturasy ulanylýar. Onuň 1 çaý çemçesini 1 bulgur suw bilen garyp, öt çykarjy serişde hökminde 10-20 damjadan içmeli.

**Eşekýorunja.** Bu iki ýyllyk, uzynlygy 80-100 sm ýetýän otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmenistanyň çäklerinde giňden duş gelinýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň oty ulanylýar.

Onuň otunyň düzüminde kumarinler, dikumoral, melilotin, puriniň önümleri, ýaga meňzeş maddalar, protein we efir ýaglary bardyrlar.

Eşekýorunja stenokardiýanyň tutgaýynda, ýürek damarlarynyň dykylmalarynda ulanylýar. Ondan daşary hem

ol guryagyryny bejermek üçin ulanylýan, şeýle-de iç ýumşadyjy ýygyndylaryň düzümine hem girýär.

Ösümligiň demlemesini taýýarlamak üçin onuň 2 nahar çemçesini almaly we syrçaly gaba salyp üstüne 200 ml gaýnan suwy guýup hammamjykda umumy düzgün boýunça taýýarlamaly. Taýýar bolan demlemäni 1/2 - 1/3 bulgurdan günde 2-3 wagtyna gaýnaglama garşy we gakylyk gopduryjy serişde hökminde ulanmak bolar.

**Jerebaý.** Bu köp ýyllyk, uzynlygy 80-100 sm ýetýän otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmenistanyň çäklerinde giňden duş gelinýändir. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň oty ulanylýar.

Onuň otunyň düzüminde flawonoidler (giperozid, rutin, kwersetin, izokwersetin), reňkli we eýleji maddalar, efir ýaglary, karotin, askorbin we nikotin turşulary, P we PP witaminleri, saponinler, spirtler we alkaloidleriň ujypsyzja mukdary bardyrlar.

Lukmançylykda ösümligiň derman serişdeleri agyz-bokurdak boşlugynyň, aşgazan-içege ýollarynyň, bagyr we böwrek kesellerinde ähmiýetli serişde hökminde giňden ulanylýar. Agyz-bokurdak boşlugynda ýiti yslar bolanda ýa-da gaýnaglama ýüze çykanda jerebaýyň tinkturasyny çaýkamak üçin ulanmaklygy maslahat berilýär. Onuň derman görnüşleri öt ýollarynyň kesellerinde, sary getirmede, öt-daş kesellerinde, iç ýellenmelerde, böwregiň ähli kesellerinde ulanylanda gowy netijeleri berýär.

Lukmançylykda jerebaýyň esasy ulanylýan derman görnüşlerine onuň gaýnatmasy degişlidir. Ony I/3 bulgurdan nahardan 30 minut öň, günde 3 wagtyna kabul etmeli.

Jerebaýyň tinkturasy - gaýnaglama garşy we gamaşdyryjy serişde hökmünde diş amalynda giňden ulanylýar, onuň üçin 40 – 50 damjasyny günde 3 – 4 wagtyna ulanmaklygy maslahat berilýär.

**Itburun.** Bu köp ýyllyk, baldaklary tikenli gyrymsy agaçdyr. Onuň ýapraklary nobatlaýyn ýerleşendir. Gülleri bolsa iki jynsly, bäş ýaprakly, gülgüne-ak reňklidir.

Türkmenistanyň dag eteklerinde tokaýlarynda giňden duş gelinýär. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi ulanylýar.

Onuň miwesiniň düzüminde askorbin turşusy, $B_1$, K, P, E witaminleri, şeker, karotin, pektin maddalary, organiki turşular we mikroelementler bardyrlar.

Lukmançylykda onuň miwesini poliwitamin serişdesi hökminde ulanylýar. Ol birnäçe ýygymlaryň düzümine hem girýändir. Onuň ekstraktlary, ýaglary, şerbetleri, „holosas“ we „karotolin“ dermanlary ýaralary bitirmekde, anemiýada, singa we şöhle kesellerinde giňden ulanylýandyr.

**Böwrek çaýy.** Bu boýy 50-70 sm ýetýän , hemişe gök öwsüp oturan otjumak ösümlikdir. Oňa Türkmenistanyň çäklerinde hem duş gelinýär. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Onuň ýapraklarynyň düzüminde (ortosifonin) glikozid-ler, saponinler, eýleýji maddalar, köp mukdarda kaliý duzlary, efir ýaglary we organiki turşulary (limon, çakyr, fenolkarbon) bardyrlar.

Adyndan belli bolşy ýaly bu ösümlik böwregiň ýiti we dowamly kesellerinde (çişlerinde, albuminuriýada, azotemi-ýada), peşew haltanyň we uretranyň gaýnaglama kesellerin-de, bogunlara duz ýygnanmagynda, süýji keselinde, öt-daş kesellerinde iň esasy derman serişdesi hasaplanylýar.

Öt haltanyň ýiti we dowamly kesellerinde we öt-daş kesellerinde böwrek çaýynyň täsirinde agyry azalýar, işdäsi açylýar, aşgazan şiresiniň işjeňligini ýokarlandyrýar. Böwrek çaýy uzak wagtyň dowamynda ulanylanda gowy netijeleri berýär.

**Ýaz adonisi.** Kxpýyllyk otjumak, boýy 50 sm ýetýän xsümlik. Türkmenistanda kxp duş gelýär. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýerden ýokarky gülleýän bxlegi ulanylýar. Onuň otunda kardenolid glikozidleri: simarin, adinozid, adoni wernozid; strofantin- K-β; adonitoksin, şeýle-de flawonoidler, saponin, fitosferin, alifatiki spirt adonit bardyr.

Ýaz adonizini esasy kardiotoniki, diuretiki we sedatiw täsirleri ýüze çykaryp ýurek damar kesellerinde, ýürek newrozlarynda, ulanylýar. Adinorm – nowogalen preparat suwly ergin gornüşinde günde 30 damja 3 gezek içilýär.

**Adonis – brom gerdejik gxrnüşinde gury ekstrakty we kaliniň bromidini saklap, ýürek damar kesellerinde ulanylýar.**

**Zeýtun agajy.** Ýaşyl xwüsüp oturan boýy 15 metre ýetýän agaç. Türkmenistanda Garrygala, Gyzyletrek, Esenguly sebitlerinde medeniýetleşdirip xsüdilýär.

Zeýtun agajynyň miwesi lukmançylyk amalynda zeýtun ýagyny almakda ulanylýar. Xsümligiň miwesi 60%, çigidi 20% -e golaý ýaglary saklaýar. Onuň ýakymly ysy bolup, olein, linol, palmitin, stearin turşularynyň gliseridlerinden durýandyr.

Ýapraklarynda glokozidleri, organiki turşulary, mannit, ajy maddalary, flawanoidleri, taninleri saklaýar. Xsümligiň gabygynda olenitol, fitosterol saklanýar. Zeýtun ýagy emulsiýa gornüşinde xrtüji ýumşadyjy, gowşadyjy we xt kowujy serişde hxkmünde iýmit siňdiriş ulgamyň we xt daş kesellerinde giňden ulanylýar. Şeýle-de ol zäherlenmeler sebäpli dxrän nemli bardalardaky ýarany bejermekde, bal arylary çakanda, melhemleri we gxzellik serişdeleri taýýarlamakda ulanylýar. Onuň ýapragyndan taýýarlanan ekstrakty gipotenziw, koronar giňeldiji, antiartmiki, ateroskleroza garşy täsiri ýüze çykaryp, ýaglaryň çalyşygynyň bozulmalarynda giňden ulanylýar. Xsümligiň ýapraklary fitonsit saklaýar.

**Maý landyşy.** Köp ýyllyk otjumak boýy 20 sm ýetýän ösümlik. Çig mal bolup oty ulanylýar. Onuc otundan ýürek glikozidleri: konwallotoksin, konwallozid, wallarotoksin saklanýar. Gülünde konwallotoksin we konwallozid, az mukdarda efit ýaglary, asparagin, krahmal, alma, limon turşulary, steroid saponinleri – konwolorin, konwallarin turşusy saklanýar.

Landyşyň glikozidleri kardiotoniki, gipertenziw, MNU-rahatlandyryjy täsir edip, ýürek newrozlarynda, ýürek damar kesellerinde ulanylýar. Landyşyñ tinkturasy (1:10) ulanylýar. Onuň ýapraklarynda alynan glikozidleriň toplumyny saklaýan prederat korglikoz ulanylýar.

**Zirk.** Boýy 2-3 m ýetýän güýçli şahalanan tikenli gyrymsy agaç. Miwesi süýnmek gyrmyzy gyzyl reňkli. Badhyzda, Kxpetdagda, Kxýtgendagda we çeşme çaýlaryň boýunda kxp duş gelýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi, ýapragy, kxki we gabygy ulanylýar.

**Türkmen zirkiniň ýapraklarynda we kxkünde alkaloid berberin, berbamin, efir ýaglary, eýleýji maddalar saklanýar. Miwesinde organiki turşular – alma, limon, çakyr, we askorbin turşusy we karotinoidler saklanýar.**

Lukmançylyk amalynda esasan ol holeretiki, xt kowujy, uretoniki täsirleri ýüze çykarýar.

Zirkiň kxküniň gaýnatmasy we spirtli çykyndysy xdüň, peşewiň bxlünip çykmagyny sazlaşdyrýar, iýmit siňdiriş ulgamyň, içegäniň hereketleniş tonusyny, ýatgynyň ýygrylmasyny güýçlendirýär. Şeýlede arterial basyşy peseldip, ýürek çalt uranda rahatlandyrýar. Zirkiň çig mallary we olardan alynýan galen preparatlary esasanam holeretiki aşgazan içegäni we ýatgyny tonizirleýji täsiri, şeýle-de antimikrob täsiri ýüze çykarýär. Olary xt daş holesistit, xt haltanyň atoniýasynda, ýokanç kesellerden soň xdüň ýetmezçiliginde; sistopiýelitde, fibrioma emele gelmelerde, metroragiýada, çaga dogrulandan soňky ýatgynyň gan akmalarynda iç geçmelerde) dizenteriýalarda üstünlikli ulanylýar.

**Ulanylyş: zirkiň gabygy, kxki, demleme taýýarlamak üçin 2-çemçe çig maly 1 bulgur gaýnan suw bilen demlemeli we 2 nahar çemçeden günde 3 gezek içmeli. Miwesinden 2 nahar çemçe 1 bulgur gaýnan suwda demlemeli we 2 nahar çemçeden günde birnäçe gezek**

**içmeli. Şeýlede onuň spirtli çykyndysyny taýýarlap, onuň 30 damjasyny günde 3 gezek içmeli.**

**Çit-çiti.** Boýy 120 sm cenli bolan çit-çitiler maşgalasyndan bolan kxp ýyllyk otjumak xsümlik. Ol ýurdumyzda kxp ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar. Çit-çitiniň ýapraklarynda eýleýji maddalar, beloklar, garynja turşusy, glikozid urtisin, witamin K we askorbin turşusy, pantoten turşusy, karotinoidler, hlorofil, sitosterin, gistamin, wiolaksantin, demriň duzlary we wosk bardyr.

Çit-çitiniň ýapraklarynda demiriň duzlarynyň we witaminleriň bolmagy bedende lipidleriň çalşygyny sazlaşdyrýar. K- witamininiň bolmagy bolsa bagyrda protrombiniň – ýagny gan lagtalandyryjy serişdänic emele gelmegine ýardam berýär. Onuň demlemesi we ergin ekstrakty xýken, bowrek, ýatgy, içege we beýleki gan akmalarda giňden ulanylýar.

Çit-çitiniň galen preparatlary aterosklerozd, demir ýetmezçiligi, sebäpli dxreýän gan azlykda, holesistitde, gastritde, aşgazanyn we on iki barmak içegäniň baş keselinde giňden ulanylýar. Epitelizasiýalaýjy serişde hxkmünde onuň galen preparatlary trofiki ýaralary bejermekde, dermantitleri, ezemany, ýanygy bejermekde ulanylýar. Çit-çitiniň ýapragy witaminli, gan saklaýjy, ýygyndylaryň düzümine girýär. Onuň ergin ekstrakty, demlemesi şeýlede onuň ýapraklarynyň ownudylan külkesi derman serişde hxkmünde goýberilýär.

Çit-çitiniň ýapraklaryny we rýabinanyň miwesi bilen (3:7) witamin çaýy taýýarlanýar: 1 nahar çemçe 200 ml gaýnan suwda 10 min gaýnatmaly we 4 sagat demläp goýmaly. Soňra süzüp S bulgurdan günde 3 gezek içmeli.

Çit-çitiniň ýapragyny uly gulaklynyň kxki (lopuh) bilen gaýnatma taýýarlamaly: 1 nahar çemçe deň garyşdyrylan ýygyndysyndan 200 ml gaýnatma taýýarlamaly. Soňra ony ýuwulan saçyň düýbüne sürtmeli. Bu serişde saçyň düşmesinden goraýar.

**Towşandodak.** Boýy 50 sm ýetýän kxpýyllyk ýarym gyrymsy agaç. Dodak gülliler maşgalasyna degişli. Turkmenistanda giňden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýerden ýokarky bxlegi – oty ulanylýar.

**Towşandodagyň otunda eýleýji maddalary, gant, efir ýalary, spirt- logohilin, askorbin turşusy we karotin saklanýar. Bu xsümligiň otunyň spirtli tinkturasy, demlemesi we gury ekstrakty xýken, burun, babasil keselinde ýüze çykýan gan akmalarda, ýatgy we dxwük-ýenjik gan akmalarynda gan saklaýjy serişde hxkmünde ulanylýar.**

Bu xsümligiň tinkturalarynyň we demlemeleriniň gemostatiki täsirinden başgada, onuň galen preparatlary MNU kesellerini, gipertoniki, deriniň allergiki keselini, glaukomany, aşgazanyň we on iki barmak içegäniň baş kesellerini bejermekde giňden ulanylýar.

Lagohilusyň gury ekstrakty (0.2) gerdejik gxrnüşinde gan saklaýjy we MNU – kesellerinde sedatiw serişde hxkmünde ulanylýar.

**Senaýmekge.** Kxsükliler maşgalasyndan bolan uly bolmadyk gyrymsy agaç. Biziň ýurdumyzda-da medeniýetleşdirilen.Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýapraklary we miwesi ulanylýar.

Senaýmekgäniň ýapraklary we miwesi antroglikozidler bolan – sennidiň A we B, renin, aloe-emodin saklaýar. Glikozidleriň esasy aglikony aloe- emodin hasaplanylýar. Bulardan başgada organiki turşular (palmitin, linol, stearin we başgalar), glikozidler – kemerol we kempferin, alkoloidler, sterinler we başgalar saklanýar.

Senaýmekgäniň gury ekstrakty ýogyn içegäniň atoniýasynda, endik edilen gatamalarda gowşadyjy serişde hxkmünde ulanylýar. Bu ekstraktyň zäherli täsiri ýokdur, ol beýleki gowşadyjy serişdelere (yşgynyň kxki, garatikeniň gabygy) seredeňde goşmaça täsirileri (içegede agyry) ýüze çykarmaýar we ol ýumşak täsir edýär. Senaýmekgäniň ekstrakty xt bxlüp çykaryjy täsiri we bagyryň zähere garşy

täsirini ýokarlandyrýar. Senaýmekgäniň ýapraklaryndan demleme taýýarlanylýar. Onuň ýapraklary babasyl keselini bejermekde ulanylýan, gowşadyjy täsirli çaýlaryň we toplumlaryň düzümine girýär.

**Çopan torba.** Boýy 60 sm ýetýän atanak güllilер maşgalasyndan bolan, bir ýyllyk otjumak xsümlik. Türkmenistanda kxp ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýerden ýokarky bxlegi ýagny oty ulanylýar.

Çopan torbanyň otunda askorbin, fumar, alma, limon, çakyr turşulary saklanýar. Şeýle-de ramnoglikozid gisopin, fitonsitler, holin, asetilholin, tiramin, inozid, we ýeleýji maddalar saklanýar. Onuň tohumynda ýaglar, az mukdarda allil we innew ýaglary saklanýar. Çopan torbanyň galen preparatlary fibriniň emele gelmeginiň ýetmezçiligindäki gan akmalarda gemostatiki täsiri ýuze çykarýar. Xsümligiň düzümindäki efir ýaglary we asetil holin ýatgynyň muskullarynyň ýygrylmagyna täsir edýär. Xsümligiň ýapraklarynyň fitonsid işjeňligi bardyr. Suwly we spirtli ekstrakty gipotensiw täsiri ýüze çykarýär.

Şeýlelik-de onuň preparatnlary dürli-xýken, bxwrek, ýatgy, aşgazan içege gan akmalarynda giňden ulanylýar. Meselem ýatgy gan akmasynda çopan torbanyň ergin ekstraktyny, kalinanyň we suw kyrkbogunynyň ekstrakty bilen bilelikde utgaşdyryp ulanylýar. Bxwrek gan akmasynda bolsa onuň ergin ekstraktyny meýdan kyrkbogunynyň oty bilen utgaşdyryp ulanylýar. Mundan başgada çopan torbanyň oty gan saklaýjy ýygyndylaryň düzümine girýär. Şeýle-de bu xsümligiň 70% spirtde taýýarlanan ergin ekstrakty ýatgy atoniýasynda we ýatgy gan akmasynda ulanylýar.

**Demrewot.** Boýy 1 m ýetýän kxp ýyllyk otjumak xsümlik. Türkmenistanda kxp ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin bu xsümligiň oty ulanylýar.

Xsümligiň ähli agzalarynda mämişi reňkli süýtjümek şire saklanýar. Onuň düzüminde izohinoliniň xnümleriniň birnäçe toparlaryna degişli alkaloidler saklanýar: protoberberin alkoloidleri (berberin, koptizin); protopin alkaloidlerini

(protopin, allokriptopin); benzofenantridin alkaloidleri (helidonin, heleritrin, sangwinarin we ş.m.) Bulardan başgada otunda saponinler, flawonoidler, askorbin turşusy, karotinoidler we organiki turşular (alma, limon we ýantar) saklanýar. Şeýle-de metil amin, helidon turşusy saklanýar.

**Demrewotuň spazmolitiki we MNU- rahatlandyryjy täsiri onuň düzümindäki alkaloid helidoniniň bolmagy bilen baglanşyklydyr. Beýleki bir alkoloid gemogelidonin agyry aýyryjy täsiri; sangiwinarin bolsa antiholinesteraz işjeňligi ýüze çykarýar we xzbaşdak ulanylanda iýmit siňdiriş ulgamyň ýerine ýetirýän motor işini güýçlendirip, tüýküligiň bxlünip çykmagyny güýçlendirýär.**

Demrewotuň kxkünde ýene bir alkoloid – berberin anyklandy we ol holeretiki täsiri ýüze çykarýar. Alkaloid protopin bolsa ýatgynyň etiniň tonusyny ýokarlandyrýar.

Ylmy çeşmelerde halk medisinasynda demrewotunyň dürli çykyndylarynyň dürli kesellerde ulanylýandygy barada maglumat bar. Meselem onuň otunyň terje şiresiniň (wirusa garşy täsiriniň bolmagy) siňňili, gabatrçyklary, pigment tegmillerini aýyrmakda; deriniň inçe keselinde, şeýlede bitmesi kyn ýaralaryň etilelizasiýasyny tizlendirmekde we ş.m. giňden ulanylýar.

Demrewotynyň otunyň gaýtanmasy bagyr sirrozynyň assit bilen utgaşmalaryny bejermekde peşew kowujy serişde hxkmünde ulanylýar. Lukmançylyk amalynda alkoloid helidonin we onuň hlorly wodorod duzy agyry aýyryjy serişde hxkmünde ulanylýar.

Ulanylyşy:1 nahar çemçe oty 0.5 l gaýnag suw bilen 1 sagat demelemeli. Demlemäni 50 ml günde 3-4 gezek içmeli.

**Çasaran.** Boýy 4-6 m ýetýän şahalanan tikenli gyrymsy agaç ýa-da agaçdyr. Türkmenistanda ginden ýaýrandyr. Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi ulanylýar.

Miwesinde ýaglar (14%) ýagda ereýän witaminler (karotinoidler, tokoferollar, witaminleriň K- topary; suwda ereýän witaminler ($B_1$, C) P- işjeň birleşmeler, holin we betain; organiki turşular ( alma, çakyr); mono- we

disaharidler; eýleýji maddalar, fenol birleşmeleri (katehinler), flwaonoidler (zutin, kwersetin); fenoloturşular (kofeýa we hlorogen): triterpen turşulary (ursol) we şuňa meňzeşler bardyr. Çasaranyň miwesindäki ýaglaryň düzümini palmitin, olein, palmitolein turşularynyň trigliseridleri düzýär. Çasaranyň ownujak miwelileri ýaglara has baý we hasyllydyr. Esasan hem bu xsümlik çasaran ýagyny almakda ulanylýar. Bu ýag dokumanyň epitelizasiýasyny we granulýasiýasyny tizleşdirip, agyry aýyryjy täsiri ýüze çykarýar. Şol sebäpli ol baş keselleri, bokurdagyň çiş keselini, bejermekde şeýle-de daşky serişde hxkmünde ginekologiki kesellerde – ýatgynyň boýunjygynyň ýaralarynda ulanylýar. Iýmit senagaty çasaranyň miwesiniň gantly şiresini goýberýär. Bu şire bejeriş serişde hokmünde ulanyp bolýar.

**Ak tut.** Boýy 15 m ýetýän uzyn agaç, gabygy çatlak goňur reňkli. Miwesi şireli, süýji tagamly. Turkmenistanda gadymdan belli medeni xsümlikdir. Lukmançylyk maksady üçin ak we gara tudyň miwesinic, ýapragynyc şeýle-de kxküniň gabygynyc ulanylýandygy barada maglumat bar.

Miwesinde 9% gant, saharoza, organiki turşular, boýaglar, witaminler: C, B, eýleýji pektih maddalary, aminoturşular (alanin, walin, leýsin, glýutamin, asparagin turşulary we fenilalanin, prolin, arginin) flawonoid izokwersetin efir ýaglary, korotin bardyr. Çigidinde guraýan ýaglar bar. Ýapraklarynda asparagin turşusy, adenin, glýukoza, witamin C, pepton we glikozid – tutin bardyr.

Tudyň ýapraklarynyň suwly çykyndysy gipotenziw, agyry aýyryjy, sedatiw, üsgülewüge garşy täsiri ýüze çykarýar. Ýapragy we kxküniň gabygy gaýnaglama garşy täsiri bar. Ýapraklaryndan dxredilen preparat famidol rewmatizme, deri inçekeseline, ekzema we beýleki kesellere garşy ulanylýar.

Tudyň gülünden gözellik serişdeleri taýýarlanyp, deri sepgillerini, tegmillerini we dxmmelleri aýyrmakda ulanylýar. Tudyň miwesiniň we ýapraklarynyň gaýnatmasy süýjüli diabet keselini bejermekde ulanylýar. Şeýle häsiýeti onuň

düzümindäki $B_1$ witamininiň bolmagy we onuň dokumalarda glýukozany saklamagyna esaslanandyr.

Miwesiniň şiresi gakylyk gopduryjy, gowşadyjy täsiri ýüze çykarýär. Şeýle-de tudyň kxküniň gabygynyň gaýnatmasy süýjili diabeti, bxwrek kesellerini bejermekde we jyns impotensiýasynda täsirlidir.

**Dermanlyk melissa.** Limona mahsus ysly çatrymlaşan porrukly, kxp ýyllyk otjumak osümlik. Ol saýaly gyrymsy agaçlaryň arasynda, otlyk we daşlyk ýerlerde osýär. Ol esasanam Merkezi Kxpetdagda we derýa ýakalarynda ösýär. Lukmançylyk amalynda onuň baldagynyň ýokarky bxlekleri we ýapraklary ulanylýar. Onuň çig malynyc ýakymly limon ysy bolup, xtüji we ýakymly –ajy tagamy bardyr.

Melissanyň ýapraklary we baldaklarynyň ýokarky bxlegi efir ýaglaryny saklap, onuň düzümine sitral, sitranellal, geraniol, sineol, taninler, fenol turşulary (kofeýa turşusy) triterpen turşulary (olein turşusy, ursol turşusy), eýleýji maddalar, askorbin turşusy, ajylar, az mukdarda nemler saklanýar.

**Melissanyň ýapraklary we baldaklarynyň ýokarky bölegi demleme we spirtli tinktura (1:5) görnüşinde esasan hem agyry aýyryjy serişde hxkmünde, diş agyryda agyz çaýkalýar, rewmatizmde, artritde we dürli müçükdirmelerde we ýaralarda spirtli tinkturasy ýapgy edilýär ýa-da sürtülýär.**

Bu xsümligiň galen preparatlarynyň iýmit siňdiriş ulgamyň işiniň bozulmalarynda işdä açyjy, fermentasiýa bozulmalaryň xňüni alyp, aşgazan şiresiniň bxlünip çykmagyny sazlaşdyrýar. Melissanyň rahatladyryjy häsiýeti onuň ýeňil uky getirijilik täsiri bilen baglanşyklydyr. Şeýle-de ol antiartmiki täsiri ýüze çykaryp, ýürek ritminiň dürli bozulmalarynda we nerwi sandyramalarynda ulanylýar. Ol arterial gipertenziýany, aterosklerozy, migreni, azganlylygy, podagrany bejermekde-de üstunlikli ulanylýar. Şeýle-de bu xsümligiň güllerinden çaý taýýarlanyp, derlediji we madda çalşygyny gowulaşdyryjy serişde we içgi hxkmünde

ulanylýar. Melissanyň efir ýagynyc sedatiw täsiri bar we zäherliligi pesdir. Ol ýürek agyryly näsaglaryň tahikardiýa tutgaýyny aýyrmakda, şeýle-de derman serişdelerine ýakymly ys bermekde giňden ulanylýar.

**Tozga.** Kxp ýylyk otjumak osümlik bolup, gyrymsy agaçlaryň arasynda, açyk meýdanlarda osüp, kxp ýaýran osümlikdir. Lukmançylyk amalynda onuň kxki ulanylýar. Ylmy çeşmelerde onuň ähli böleklerinde biologiki işjeň birleşmeleriň bardygy barada maglumat bar.

Bu xsümligiň ähli bölegi düzüminde süýtjümek şire saklaýar. Ol şiräniň düzümine triterpenler (tarakserol) sterollar, kauçuga meňzeş maddalar, girýär. Tozganyň ýapragynda we güllerinde karotinoidler, flawonoidler eýeleýji maddalar, proteinler, demir, kalsiý, fosfor, witamin $B_2$, A, C bardyr. Kxkünde 25% çenli inulin, fenol turşulary, ýaglar, palmitin, olein, linol, melissa we serotin turşularynyň gliseridleri bardyr. Mundan başga-da demir, kaliý marganes, fosfor bardyr.

Tozga ajy maddalary saklaýan osümliklere degişli bolup, ol iýmit siňdiriş ulgamyň işini sazlaşdyrýar. Tozganyň ähli bxlekleriniň spirtli çykyntgysy xt kowujy täsiri bar. Suwly demlemesiniň we ergin ekstraktynyň peşew kowujy täsiri bar. Şeýle-de tozga iç gatamalarda (gowşadyjy), semizlikde (xt kowujy täsiri) ulanylýar. Onuň terje ýapraklary we kxküniň külkesi holesteriniň mukdaryny peseldýär. Bu häsiýeti bolsa onuň halk lukmançylygynda ateroskleroza garşy ulanylanlygyny subut edýär. Tozganyň ekstarktynyň ajy tagamy bolanlygy, onuň iýmit siňdiriş mäzleriniň şire bolup çykmagyny güýçlendirip, pes turşulygy bolan gastrit keselinde peýdalydyr.

Tozganyň terje ýapraklaryndan taýýarlanan işdä açarlar, iýmitiň witamin bölegi bolup, gurplandyryjy täsiri bardyr. Mundan başga-da halk lukmançylygynda siccilleri, gabarçaklary bejermekde tozganyc süýtjümek şiresi ulanylypdyr. Bu ösümlik derlediji serişde hökmünde

ulanylýar, süýt emdirýän eneleric süýdünic köpelmeginde-de täsir edýär.

Tozanyc kökünic gyzgyn demlemesi furunkulýoz, deri örtüklerinde, ekzemada içilýär.

Ulanylyşy. Iki çaý çemçe üwelen köki ýa-da ýapraklary bir bulgur sowuk suw bilen 8 sagat demläp goýmaly. Socra 5-8 minut gaýnatmaly, süzüp owurtlap birnäçe gezekde içmeli.

Has gowy täsiri onuñ terje wagtky gysylyp alnan şiresi ýüze çykarýar. Şiränic 2-3 nahar çemçesini günde bir aýyc dowamynda içmeli. Işdä açyjy ýygyndynyc düzümine 2 bölek ajy ýowşan, iki bölek boýbodran we bir bölek tozganyc köki girýär. Bu ýygyndynyc bir nahar çemçesini bir bulgur gaýnan suw bilen 20 min demläp goýmaly. Süzüp onuc bir nahar çemçesini nahardan 20 min öc içmeli.

**Gara çaýyr.** Boýy 50 sm ýetýän, köp ýyllyk otjumak, uzyn ýaýrap giden porrukly, ýerasty we ýerüsti ösüntgili ösümlikdir. Ol çägeli, otluk, boşluk ýerlerde haşal ot hökmünde köp duş gelýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin ýerasty bölegi ulanylýar. Onuc ýerasty böleginde saponinler, nemli maddalar, gant, pet we polisaharid tritisin bolup onuc gidrolizinde dice d-fruktoza alynýar.

Halk lukmançylygynda gara çaýyr peşew kowujy, gowşadyjy serişde hökmünde bellenipdir. Ylmy lukmançylykda gara çaýyryc köki gipotenziw täsiri ýüze çykarýar. Şeýle-de damar giñeldiji täsiri bar. Onuñ peşew kowujy tasiri bolsa böwregiñ damarlarynyñ giñeldilmeginde saponinleri we nemli maddalary saklamagy onuñ gowşadyjy täsiri ýüze çykarmagyna mümkinçilik berýär. Bu ösümligi gaýnatma görnüşinde 20 g porrugy 250 ml suwda taýýarlap, 50 ml günde 2-3 gezek içmeli.

**Gyzyl burç.** Bir ýyllyk otjumak ösümlik. Ýurdumyzda medeniýetleşdirilip ösdürilip ýetişdirilýär, birnäçe görnüşleri bardyr. Lukmançylykda miwesi ulanylýar. Miwesinde alkaloid kapsaisin, karotinoidler, efir ýaglary, steroid saponinleri, ýaglar, witamin $B_1$ bardyr. Askorbin turşusynyñ

mukdary boýunça itburundan we smorodinadan soc üçünji ýerde durýar. Ýapraklarynda-da askorbin turşusy bardyr. Gyzyl burç fitonsid saklaýan ösümlikdir.

Ylmy lukmançylykda onuc ekstrakty içilende köp mukdarda amilaza we mukopolisaharidleri saklaýan tüýkülik we aşgazan şiresi bolünip çykmasy güýçlenýär. Onuc demlemesini ýa-da spirtli çykyndysynyc 10-20 damjasyny nahardan öñ içmeli. Şeýle-de ekstrakty bakteriýalara, wiruslara garşy täsiri ýüze çykaryp, ýiti aşgazan-içege bozulmalarynda we gaýnaglama kesellerinde ulanylýar.

Daşky serişde hökmünde melhemler, linimentler, plastyrlar görnüşinde ulanylýar. Gyzyl ajynyc ownudylan külkesi gorçiçnikleric ýerini tutýar. Bu maksat üçin gyzyl ajydan taýýarlanan plastyr ulanylyp, ol artrit, radikulit, podagra kesellerini bejermekde ulanylýar. Şeýle-de ýokary dem alyş ýollarynyc kesellerinde we beýleki gaýnaglama kesellerinde ulanylýar. Taýýarlanan plastyryny agyrly ýere 48 sagadyc dowamynda goýmak bolar.

**Kinza.** Boýy 40-70 sm bolan bir ýyllyk otjumak ösümlik. Ol ýakymly ysly ösümlik hökmünde medeniýe-tleşdirilip ösdürilýär. Lukmançylykda onuc miwesi we kinza ýagy ulanylýar. Kinzanyc miwesi bişmänkä ýakymsyz, miwesi ýetişende bolsa ýakymly ysly bolýar.

Kinzanyc miwesinde efir ýagy (3%) bolup, onuc esasy bölegi geraniol, $\alpha$ we $\beta$-pinenler, terpinen, terpinolen, menton bolup durýar. Mundan başga-da miwesinde protein maddalary, kumarinler, witaminler, organiki turşular, streoid birleşmeleri, koriandrol, dürli gantlar, flawonoidler saklanýar. Kinza halk lukmançylygynda gadymdan belli serişdelerinic biri bolup, ol iýmit sicdiriş ulgamyñ kesellerinde ulanylypdyr. Şeýle-de onuň miwesiniñ şiresini gurçuga garşy, gipertoniki kesellerde, süýjüli diabet keselinde ulanypdyrlar. Otuny demleme görnüşinde azgan-lylykda, üsgülewüge garşy, öt kowujy, peşew kowujy serişde hökmünde ulanylýar. Kinzanyc otunyc ýokarky böleginiň gülleriniň şiresini çagalara gyzamyga garşy serişde hökmünde berilipdir.

Bu ösümligic ýokarda agzalan täsirleri ylmy lukmançylykda-da tassyklanandyr. Onuc miwesindäki efir ýaglarynyc bakteriýa, mikrobedenjiklere garşy we fungusid täsiri bardyr. Şeýle-de onuc gyzgyn demlemesi öt kowujy, iç ýellenmä garşy, spazmolitiki täsiri, gowşadyjy we babasil keseline garşy täsiri ýüze çykarýar. Kinzanyc miwesi farmasiýada köp sanly galen serişdele-rini – ýakymly ysly suwlary, spirtleri, şerbetleri, çaýlary taýýarlamakda gicden ulanylýar.

# IV. LUKMANÇYLYKDAKY IÝMIT ÖSÜMLIKLERI

Häzirki döwürde sagdyn we näsag adamlaryň hemme taraplaýyn doly iýmitlenmeginiň zerurlygynyň örän möhümdigine hiç bir adam şühbelenmeýär. Bu iýmitleniş adamyň bedeniniň islegini kanagatlandyrýar we zerur bolan iýmit maddalary: proteinler, ýaglar, uglewodlar, witaminler, mineral duzlar, mikroelementler we suw bilen doly üpjün etmekligine esaslanýar. Dogry iýmitleniş adamyň bedeniniň şu maddalaryň doly özleşdirmekligini üpjün edýär.

Iýmit çeşmesi bolup haýwan we ösümlik önümleri bolup bilerler. Ösümlikler uglewodlaryň (çylşyrymly polisaharidler, pet ýa-da has ýönekeý birleşmeleriň-şekeriň), witaminleriň, tagam beriji, ýakymly ysly we ş.m. maddalaryň üpjün edijisi bolup durýarlar.

**Ösümlik önümleri adamyň bedeniniň ýaşaýyşynyň esasy bolup duran wajyp biohimiki we fiziologiki hadysalarynyň amala aşyrylmagyna zerur bolan mineral maddalaryň (natriý, kaliý, kalsiý, magniý, fosfor, demir we ş.m.), hem-de mikroelementleriň (ýod, mis, kobalt we ş.m.) esasy çeşmesi bolup durýarlar. Mikroelementler we mineral maddalar öýjügiň fiziologiki ýagdaýyny goldap, onuň protoplazmasynyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar we bedeniň turşulyk-esas deňagramlylygyny we basyşy sazlap durýarlar. Mineral maddalarynyň ýetmezçiligi we olaryň artykmaç bolmaklygy bedende düýpli bozulmalara getirip bilýär.**

Ösümlik iýmitinde şonuň ýaly fitonsidler, okislendiriji fermentler, efir ýaglary, witaminler saklanýar. Suwda ereýän witaminler ($B_1$,$B_2$,$B_6$, C, PP), çylşyrymly organiki maddalar bolup, fermentleriň yzygiderliligine gatnaşyp, aminoturşylar we mineral maddalar bilen özara gatnaşykda örän wajyp orun tutýarlar. Witaminleriň ýetmezçiliginde öýjük fermentleriniň işi we madda çalyşygy bozulýar.

**Ösümlik iýmitleri bilen bilelikde iýmit gymmatlylygy uly bolmadyk,ýöne iýmite özboluşly tagam we ýakymly ys**

**beriji hökmünde goşulýan, tagam beriji we ys beriji maddalar adamyň bedenine düşýärler. Bu maddalar diňe işdäňi açman, eýsem-de iýmit siňdiriş mäzleriniň işlerine täsir edip iýmit siňdirişi gowulandyrýarlar. Ýakymly ys beriji maddalara efir ýaglary degişlidirler. Efir ýaglary aşgazan-içegede bolýan ajama hadysalary togtadyjy bolup, madda çalşygy, sülekeý mäzleriniň işlerini we aşgazan-içege mäzlerini sazlaýarlar. Ýakymly ys beriji maddalaryň bakterisid täsiri hem bar (sogan, sarymsak, turp we ş.m.).**

Witaminleri öz düzüminde köp saklaýandygy sebäpli bu önümler diňe bir keselli adam üçin peýdaly bolman eýsem sagdyn adam üçin hem örän ähmiýeti ulydyr. Derman ösümlikleri witaminlere esasan hem ýaz aýlary örän baý bolýarlar. Mysal üçin, çit-çiti ir ýaz aýlary askorbin turşusyny apelsinden we limondan hem köp saklaýar, karotini bolsa käşiriňki bilen deň mukdarda bolýar. Çit-çitiniň 20 gr-y adam bedeniniň bir günki K witamine bolan islegini kanagatlandyryp bilýär.

**Ösümlik önümleri ter görnüşinde ýa-da bişirilýän önümlere tagam we ýakymly ys beriji serişde hököminde ulanylýar. Berhiz saklamak üçin düzüminde köp bolmadyk mukdarda natriý hloridini saklaýan gök önümleri ulanylýar. Bu bolsa öz gezeginde endamynda suw ýagnananda diuretiki täsir edip, we şol bir wagtyň özünde suwa bolan zerurlygyny ujypsyzja bolar ýaly ýagdaýa getirýär. Ter görnüşdäki ösümlik önümlerinde iýmit siňdirişi sazlaýan witaminler, fitonsidler, okislendiriji enzimler doly mukdarda saklanyp galýarlar. Gök önümler gaýnadylanda olardaky efir ýaglary we mikroelementler köplenç ulanylýan gaýnatma geçýärler.**

Hemme ýokarda agzalanlar esasanam näsag adamy iýmitlendirmekde wajypdyr. Adamyň bedeninde madda çalşygyň bozulmasy esasynda hem dürli hili patologiki hadysalar bolup geçýär we netijede kesel döreýär. Şonuň

üçin-de soňky döwürde doly we dogry iýmitlenmä köp üns berilýär.

Diňe ösümlik berhizinde saklanyp kä bir metaboliki bozulmalary sazlap bolýar. Ýagny ýürek ýetmezçilikli näsaglarda madda çalyşygy, suw-duz çalyşygy, kaliý we kalsiý ionlarynyň gatnaşygy bozulan bolýarlar. Ösümlik önümlerinden peşew täsirleşmesine (alkaloza ugurdan) alma, banan, şugundyr, käşir, kartoşka, gawun, limon, şetdaly, apelsin we ş.m. degişlidirler.

Semizlikde az kaloriýaly ter gök önümleri iýmek maslahat berilýär (käşir, pomidor, kelem, hyýar we ş.m.). Gök önümler içegäni arassalap, holesteriniň sorulmagyna päsgel berip, onuň bedenden çykmagyny güýçlendirýärler. Gaýnan kartoşkaň ýokumlylygy pesräk bolsa-da iýeniňde dok edýär. Öz düzüminde kaliýny köp mukdarda saklaýan önümleri (şugundyr, kädi, ter alma we ş.m.) gipertoniki kesellerde iýmekligi maslahat berilýär.

**Bogunlarda duz ýygnanda, peşewturşy diatezde ýaşyl ösümlikli günleri geçirmeli, başgaça aýdanyňda düzüminde purin esasly (türşek, ysmanak we ş.m.) saklaýan ösümlikleri iýmitden aýyryp, näsaglara ter gök önümleri berýärler.**

Oksalaturiýada düzüminde turşuja turşusyny az mukdarda saklaýan gök önümleri (kelem, nohut, turp, hyýar we ş.m.) iýmeli we düzümi turşuja turşysyna baý bolan (turşuja, ysmanak, şugundyr, kartofel, kösükler, yşgyn we ş.m.) iýmekmaslahat berilmeýär.

Bagyr agyrylarynda düzüminde efir ýaglaryny saklaýan ösümlik önümlerini (sarymsak, turp we ş.m.) iýmeklik maslahat berilmeýär. Süýji keselde şekere baý bolan ösümlikleri iýmeklik maslahat berilmeýär. Belli bir bölegi bakterisid täsirli bolan ýakymly ysly iýmit ösümlikleriniň ulanylmaklygy, olaryň kömegi bilen bejereji ysly maddalaryň garyndylaryny emele getirmeklige esaslanandyr. Tebigatda 150-den hem gowurak dürli ysly ösümlikler duş gelýär. Olardan hemmä belli bolanlary gara burç, ýowşan we ş.m.

Ýowşan sülekeý çykmasyny, aşgazan şiresiniň bölünip çykmasyny ýokarlandyryp, ýagly iýmitleriň täsirini neýtrallaşdyrýar. Çüygül iç geçmede we bagyr kesellerine bejeriji täsir edýär, imbir iç ýellenmäni azaldyp, işdäni açýar, muskat hozy peşew kowujy serişde hököminde ulanylýar, hmel we göknar ukladyjy täsir edýär. Häzirki zamanda göknaryň tebigy önümlerini kanun boýunça ulanmak gadagandyr.

**Geljekde-de ösümlik önümleriniň häsiýetlerini öwrenmeklik olary dürli keselleri bejermekde ulanmaga mümkinçilik berer. Mysal üçin, kelemiň şiresi öz düzüminde askorbin turşusyny, B topara degişli witaminleri, kobalty, misi, sinki, magniýnyň, kalsiýnyň, kaliýiň duzlaryny, fosfary köp mukdarda saklaýandygy üçin köp taraplaýyn bejeriji häsiýetleri özünde jemleýär. Şiresinde 16 aminoturşylary, semizligiň öňüni alýan häsiýetli bolan tartron turşusyny saklaýar.**

Ösümlik önümleri bir görnüşe degişli bolsalar hem düzümindäki mineral duzlarynyň, witaminleriň mukdary boýunça tapawutlanýarlar. Şonuň üçin ösümlik berhizini saklamak maslahat berilende olaryň himiki we biologiki taýdan gymmatlylygyny hökmany suratda hasaba alynmalydyr. Bu ýagdaýy bir gezekleýin dermanlar bilen bejergi geçirilende olaryň himiki gurluşyna baglylykda bozulan metabolizme dürli taraplaýyn täsir edip, ösümlik önümleri bilen özara baglanşyp biljekligini göz öňünde tutmaly.

Kesel bejerlende ösümlik iýmitlerini we farmakologiki dermanlarynyň bilelikde bir bada ulanylanda, olar bir-birleriniň täsirlerini ýokarlandyryp, peseldip ýa-da neýtrallaşdyryp bilerler. Adaty iýmit hökmünde ulanylýan ösümlikleri hem bedende derman serişdeleriniň metabolizmini has-da güýçlendirip biler.

**Mundan başga-da adamyň iýmitine goşundy hökmünde ulanylýan ösümlik önümleriniň köpüsinden derman serişdeleriniň dürli görnüşleri alynýar. Bular ýaly**

**ýagdaýlarda derman serişdeleriniň düzümine girýän himiki maddalaryň kesgitli mukdary ösümlik önümleri bilen bilelikde adamyň bedenine düşýärler. Näsaglar bejerlende bu ýagdaýy göz öňünde tutmalydyr. Derman serişdeleriniň we iýmit ösümlik önümleriniň özara täsiri dürli hili bolup bilerler. Ilki bilen dermanlaryň farmakokinetikasyna degişlidir, başgaça aýdylanda iýmit siňdiriş ýollarynda iýmit düzümleriniň derman serişdeleriniň metabolizmine edýän täsirini kesgitleýändir.**

Mundan başga-da, iýmit önümlerinde farmakologiki işjeň düzümleri bolanda derman serişdeleriniň we iýmit önümleriniň özara täsiri farmakodinamiki häsiýeti eýeläp biler. Bu hadysalar barasynda edebiýatlarda maglumatlar örän azdyr.

**Adamyň bedeni ol ýa-da beýleki derman serişdeleriniň täsirini dürli hili kabul edip biler. Şol bir näsaga farmakologiki serişdesi onuň kabul edilýän wagtyna we şertlerine baglylykda dürli hili täsir edip biler. Bu derman serişdeleriniň metabolizminiň tizliginiň genetiki dürlüligi we adama daşky gurşawyň täsirleri bilen düşündirilýär.**

Daşky gurşawy (howany, topragy) hapalandyrýan maddalaryň köp mukdary näsagyň bedenindäki derman serişdeleriniň metabolizmine gatnaşýan enzimleriň aktiwligine täsir edýärler. Ekzogen himiki maddalarynyň köp mukdary adamyň bedenine iýmit önümleri bilen bilelikde düşýärler.

**Iýmit önümleri derman serişdeleriniň içegede saklanyş wagtyna we gana sorulyş tizligine täsir edýärler. Aşgazan-içege we madda çalşyk kesellerini bejermekde we olaryň öňüni almakda ballast maddalaryna baý bolan berhiz iýmit maddalarynyň we derman serişdeleriniň sorulmagyna täsir edýär. Köplenç dermanlaryň özleşdirilmegine polisaharidler täsir edýärler. Mysal üçin, karboksimetilsellýiloza digitoksiniň içegede sorulmagyna päsgel berip dermanyň zäherliligini peseldýär. Metilsellýiloza natriý salisilatynyň özleşdirilişini saklap,**

**furadoniniň siňişini peseldýär. Bu bolsa iýmit önümleriniň bedenden bölüp çykaryşynyň we aşgazan-içege ýollarynda hereketiniň tizliliginiň dürliligi bilen düşündirilýär.**

Özleşdirilmeýän polisaharidleriň derman serişdeleri bilen kesgitli birleşmeleri emele getirýän bolmaklary mümkin, şonuň üçin, derman serişdeleriniň köpüsini açöze, nahar iýmezden 30 minut öň içmekligi maslahat berýärler. Şonuň bilen iýmit düzümleri bilen derman serişdeleriniň arasyndaky bolup biljek täsirleri we dermanyň sorujulygyny peseltjek sebäpleri aýrylýar.

Düzüminde organiki maddalary saklaýan gök önümleriň şireleri eritromisin, penisillin ýaly dermanlaryň täsirini gowşadýarlar. Şonuň üçin bu dermanlary turşy şireler bilen bilelikde içmeli däldir.

**Demiriň dermanlary kabul edilende onuň sorulmagyny togtadyp biljek önümleri we tagamlary (şalynyň şiresi, çaýyň eýleýji maddalary, düzümi oksalatlara baý bolan önümler) iýmeklikden ýüz öwürmelidir. Askorbin turşusy içegedäki demiriň tiz sorulmagyna goldaw berýär. Mundan başga-da demiriň dermanlarynyň doly sorulmagyny üpjün etmeklik üçin nahardan öň içmekligi maslahat berilýär.**

Şol bir wagtda digitilisiň dermanlary we eýeleji maddalara baý bolan önümleri (yşgyn, ysmanak we ş.m.) iýilende eremeýän çökündiler emele gelip bilerler. Bu bolsa bejeriji täsiri peseldýär. Bugdaý kepeginiň we beýleki birnäçe ösümlik polisaharidleriniň sagdyn adamynyň ganynyň plazmasynda digoksiniň konsentrasiýasyna täsir edýändigi bellidir.

Kelem berhiz tutulanda bilelikde içilýän antipiriniň ganda toplanmagyny azaldýar we onuň metabolizminiň tizligini ýokarlandyrýar.

**Derman serişdeleriniň we iýmit önümleriniň özara baglanşygynda dermanlaryň täsirini peselden ýagdaýynda, berhiz tutulanda kesgitli iýmit düzümlerini aýyrmaklygy talap edilýär. Mysal üçin, antikoagulýantlar**

**bilen bejergi geçirlende iýmit önümleriniň düzüminde K witamine baý bolanlaryny (ýaşyl gök önümler, kelem, käşir, pomidor we ş.m.) antikoagulýantlaryň garşysyna bolýandygy sebäpli mukdaryny azaltmaly.**

Tetrasiklin hataryna degişli dermanlar kalsiýä baý bolan önümler bilen eremeýän birleşmeleri emele getirýärler. Ösümlik önümlerindäki demiriň we beýleki agyr metallaryň kationlary bilen düzüminde kükürt saklaýan derman serişdeleri eremeýän çökündileri emele getirýärler.

Şunuň bilen ösümlik önümleriniň diňe bir näsaglaryň iýmitlenmekligi üçin däl-de, eýsem berhiz tutup we farmakologiki dermanlary bilen bilelikde utgaşdyryp keselleri bejeriş işlerini geçirmekde-de ulanyp boljakdygy barada bar bolan maglumatlar subut edýär.

Şonuň üçin-de bejeriji häsiýeti ýüze çykarýan iýmit ösümliklerini her hili bejergilerde giňden ulanmak mümkinçiligi bardyr. Olaryň käbirleri barasyndaky anyk maglumatlar aşakda görkezilendir.

**Käşir.** Iki ýyllyk otjumak ösümlik, etlek, ýogyn konus şekilli kökli. Ony gök önüm hökmünde dürli ýurtlarda ekýärler. Bejeriji häsiýetli çyg maly höküminde onuň terje köki we tohumy ulanylýar.

Käşiriň kökünde karotinoidler, witaminler $B_1$, $B_2$, pantoten turşusy, efir ýaglary, kumarinler (umbeliferon), gantlar, flawanoidler we ş.m. bardyrlar.

Lukmançylykda käşiriň şiresi ýa-da ondan alynan efir ýagy enterobioza, askaridoza garşy serişde hökmünde ulanylýar. Bu serişdeler esasanam çagalary we ysgyndan gaçan näsaglary bejermekde has amatlydyr. Käşiriň düzüminde karotinoidleriň bolmagy A-witamininiň çeşmesi hasaplanylýar. Ony gyrgyçdan geçirip dürli görnüşli ýanyklary we bitmeýän ýaralary bejermekde ulanylýar.

**Adaty kädi.** Bu birýyllyk otjumak ösümlik bolup onuň kökleri inçe şahalanandyr. Miwesi 20 kg çenli ýetip bilýän ululykda bolup we onuň içi köp sanly çigitlidir. Ol ýurdumyzyň ähli etraplarynda ösdürilýär.

Bejerjilik häsiýetli çig maly höküminde onuň miwesi we çigidi ulanylýar.

Kadiniň çigidi ýag (30-45%), protein (25%), efir ýaglaryny, lesitin, gant, enzimleri, salisil turşusyny, çigidiniň gögümtil ýaşyl bardasynda bolsa geterozid peporezin saklanýar.

**Lukmançylykdaky barlaglaryň netijeleri kädiniň çigidiniň we miwesiniň dürli keselleri bejermekde ähmiýetlidigini subut etdi. Kädiniň çigidiniň soguljan keselleri bolan tenioz we askaridoz kesellerine garşy ulanylýar. Çigidiň maňyzynyň daşyndaky gögümtil-ýaşyl bardada geterozid peporezin bolmagy sebäpli onuň antigelmint täsiri ýüze çykýandyr. Kädiniň çigidi we onuň dermanlary goşmaça ýaramaz täsirleri ýüze çykarmaýarlar. Şonuň üçin-de olar bilen ulylary we 2-3 ýaşyndaky çagalary, göwrelileri, çaga emdirýän eneleri we 60 ýaşdan geçen, agyr keseli geçiren näsaglary bejermek bolýar.**

Tenioz keselini bejermekde 80-100 sany gabygy arassalan kädi çigidini, gowy ýenjip iýmeli. 1 sagatdan soň çakjagundyz ýagyny ýa-da çigidi deň derejede süýt bilen garyp içmeli.

300 g arassalanan we gögümtil-ýaşyl bardasy saklanan kädi çigidini 50-60 ml suw bilen sokuda gowy ýenjip, oňa 1 nahar çemçe bal garyşdyrmaly. Näsag ony 1 sagadyň dowamynda açöze iýmeli. 2 sagatdan soň oňa magniniň sulfatyny (çagalara 15-30 gr) bermeli we 1 sagatdan içegäni ýuwmaly. Ulular üçin – 300 g, 10-12 ýaşly çagalara – 150 g, 5-7 ýaşly çagalara- 100 g, 3-4 ýaşly çagalara- 50g, 2-3 ýaşly çagalara –30-50g kädi çigidini gaýnatma görnüşinde-de bu keseli bejermekde ulanylýar. Näsaga diňe onuň süzüp ergini içirilýär. Çagalardaky askaridoz keselini bejermekde günde 10-15 sany çigidi iýdirmeli we 1 sagatdan 1 çaý çemçe çakjagundyz ýagyny içirmeli.

**Adaty erik.** Boýy 6-8 m ýetýän agaç. Ýapraklary ýumurtga şekilli, süýnmek ýa-da togalak bolup, gyralary kesim-kesim. Onuň gülleri iri, miwesi ýumşak we şireli

şänikli bolýar. Ol ýabany görnüşde gurak gowy ýagtylyk düşýän ýapgytlarda duşýar. Medeni görnüşde Türkmenistanyň hemme ýerlerindede ösdürilýär.

Bejeriji häsiýetli çig mal hökmünde onuň tohumy we şepbigi ulanylýar.

Erigiň tohumynyň düzüminde olein we linolen turşularynyň glikozidlerini saklaýan guramaýan ýaglaryň 50% , emulsin enzimi, ergin ajy görnüşinde amigdalin –glýukozidi, laktoza we sinil turşusy bardyr. Erigiň miwesiniň eti 27% şekerden, 3% organiki (alma, limon,çakyr we ş.m) turşularyndan ybaratdyr. Onuň miwesiniň düzüminde dürli hili mineral duzlary, mikroelementleri, flawonoidleri (kwersetin, izokwersetin ), karotin, 20% gowrak proteinler, eýleýji maddalar we ş. m. duş gelýär. Mundan başga-da onuň miweleriniň C witamine we A prowitamine baý bolandygy üçin ony gymmatly diyip hasaplanylýar.

Erigiň şepbigi galaktozadan (44%), arabinozadan (41%) glýukozaň turşysyndan (16,44%), mundan başga-da mineral we protein maddalaryndan durýandyr.

Halk lukmançylygynda erigiň guradylan miwesinden taýýarlanan serişde peşew we ýel kowujy serişde hökmünde ulanylýar, şeýle-de ony gan basyşy beýgelende, sary getirmede, gan azlylykda ulanmaklyk maslahat berilýär. Onuň tohumy synçgylawukda, üsgülewikde rahatlandyryjy hökmünde, bronhitde, traheitde, laringitde we nefritde ulanylýar.

Ylmy lukmançylygynda erigiň ýagy badam ýagynyň çalşyjysy bolup, suwyk melhemleriň esasy hökmünde we sanjym üçin erginleri taýýarlananda kä bir derman maddalarynyň eredijisi hökmünde ulanylýar.

Erigiň şepbigi emulsiýalary taýýarlananda emulgator hökmünde ulanýarlar.

**Ýer hozy.** Bir ýyllyk otjumak, boýy 50 sm ýetýän ösümlikdir. Şahalanýan ok köki bardyr. Göni ösýän baldaklary gür şahalanandyr. Ýapraklary çylşyrymly bolup,

nobatlaýyn ýerleşendir. Miwesi açylmaýan uzynja kösükdir. Ony Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirilýär.
Ulanylýan çig maly onuň miwesidir.

Onuň tohumlarynda arahin, lignoserin, steorin, palmitin, gipogeý, oleýin, linolen, laurin, miristin, begen, ekozen we serotin turşularynyň glisiritlerinden durýan ýaglaryň 56% töweregini saklaýarlar. Mundan başga-da 37% çenli proteinler, globulinler, 17 % arahin we konarahin, B we E witaminleri, pantoten turşusy, biotin bardyr. Miweleriniň gabygy arahidozidi, leýkosionidi we leýkodelfinidi saklaýandyr.

Ylmy lukmançylygynda ýer hozunyň ýagy badam ýagy ýaly sanjym üçin derman görnüşlerinde esas hökmünde ulanylýar. Ýer hozunyň tohumlary emulsiýalary taýýarlamakda ulanylýar we süýji badamyň tohumyny çalşyjy bolup hyzmat edýar. Emulsiýa içmeklik üçin niýetlenip içiňi sürüji, yumşadyjy, örtüji, agyryny aýyryjy hökmünde ulanylýar. Ýer hozy ganyň lagtalanmagyna örän gowy täsir edýär.

Ýer hozyny eksudatiw diatez keseli bilen kesellän çagalara bellemek maslahat berilýär.

Dermançylyk önümçiliginde ýer hozunyň gidrogenizirlenen ýagy melhemlerde we şemlerde esas hökmünde ulanylýar.

**Garpyz**. Bu ýeke öýli, bir ýyllyk otjumak ösümlikdir. onuň ok köki bolup ol gowşakdyr. Baldagy ýukajyk, maýyşgak bolup ýere ýazylyp ösýär. Garpyzyň ýönekeý ýapraklary 3-5 bölege bölünip, nobatlaýyn ýerleşendirler. Gülleri bir jynslydyr. Miwesi – köp tohumly bolup, sary ýa-da gyzyl etlidir. Ata watany Günorta Amerika bolup, Türkmenistanda medeni görnüşde hemme suwarymly ýerlerde ekilýär.

Bejerji häsiýetli çig maly bolup onuň miwesi (eti, gabygy, tohumy) hyzmat edýär.

Garpyz öz düzüminde köp mukdarda suwy, 80% çenli uglewodlary, esasanam şeker – fruktozany, $B_1$, $B_2$, PP

witaminleri, askorbin we fol turşularyny, karotin, pektin madalaryny saklaýar.

Halk lukmançylygynda garpyzyň guradylan gabygynyň suwly demlemesini ýogyn içegäniň dowamly we ýiti sowuklamalarynda içýärler. Onyň tohumlaryny gyzgynyňy peseldiji hökmünde ulanylýar.

Ylmy lukmançylygynda garpyzy böwrek we ýürek-damar keselleri bilen baglanşykly bolan çişmelerde peşew kowujy serişde hökmünde ulanýarlar. Garpyzyň düzümindäki köp mukdarda bar bolan süýümleriniň kömegi bilen iýmit siňdirişi gowulandyrýar, içegeleriň işjeňligini ýokarlandyrýar, bedendäki holesteriniň çykmaklygy has-da çaltlandyrýar. Mundan başga-da garpyzy süýji keselde, gan azlykda, bagyr, öt halta, peşew çykaryjy ýollarynyň kesellerinde ulanmaklyk maslahat berilýär. Böwrekde daş emele gelende, sistitlerde, piýelonefritde garpyzy güniň dowamynda 2-2,5 kg çenli ulanmaklyk peýdalydyr.

**Kartoşka.** Bu ösümligiň esasy mekany Amerika bolup ol gadymdan belli ösümlikdir. Häzirki wagtda ol dünýäniň köp döwletlerinde ösdürilip ýetişdirilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň ýer asty miwesi ulanylýar.

Kartoşkanyň ýer asty miwesinde 1-2% protein, 0,5-1% gant, süýüm, ýaglar, organiki turşular (limon, alma, şawel turşulary), 1% golaý mineral duzlary (kalsiniň, kaliýniň, fosforyň, demiriň duzlary), witaminler ($B_1$, $B_2$, $B_6$, D, PP, K, E, H, U), aminoturşular we beýleki adam bedeni üçin zerur bolan maddalar bardyr.

Biziň ýurdumyzda has köp ýaýran ýimit ösümligidir. Onuň özüniň ýokumlylygy bilen witaminleriň we beýleki wajyp biogen maddalaryň mukdary boýunça, berhiz we bejeriş hem-de öňüni alyş häsiýetleri boýunça ähmiýeti ulydyr. 200 g täzeje kartofel adam bedeni üçin bir gije gündizde gerek bolan askorbin turşusynyň mukdaryny berip biler.

**Lukmançylykda onuň ýer asty miwesi witaminleriň çeşmesi hökmünde, ulanylýar. Mundan başga-da ol sowuklama garşy, ýara bitiriji, agyryny gowşadyjy we peşew kowujy täsiri ýüze çykarýar. Onuň arteriýal basyşyny peseltmegi bolsa düzüminde asetilholiniň bolmagy bilen baglanşyklydyr. Onuň ýürek-damar kesellerde ulanylmagy diňe bir düzüminde kaliýniň duzlarynyň bolmagy bilen baglanşykly bolman eýsem-de onuň peşew kowujy, agyryny gowşadyjy täsiriniň bardygy bilen hem baglanşyklydyr. Kartoşkanyň täzeje şiresiniň aşgazan-içege kesellerinde (gastrit, baş kesellerinde) ulanylmagy onuň düzmünde iýmit siňdiriş mazleriniň işleýşini togtadýan-asetilholiniň bolmagy bilen düşündirilýär. Kartoşkanyň ½ bulgur şiresini nahardan 30 min. öň içilse iýmit siňdirilşini we içegäniň işini sazlaşdyrýar.**

**Kartoşkanyň täzeje kerçilip alynan şiresi käbir deri kesellerini, ýanyklary, ekzema görnüşli keselleri bejermekde-de ulanylýar. Ýokary dem alyş ýollaryň kesellerinde onuň bugundan dem almaly ýa-da täze gaýnadylan kartoşkany sürtmeli.**

Gözellik maksatlary üçin gaýnadylan kartoşkany gaýmak bilen garyp ýüze çalgy edýärler. Şeýle çalgylar ýüzüň dersi gury bolsa hem-de gün şöhleleriniň emele getiren ýanygy üçin has-da peýdalydyr.

**Innew (Greçiha).** Bu otjumak ösümlik bolup, ony ýyly ýurtlarda ösdürüp ýetişdirýärler.

Lukmançylyk maksatlary üçin ösümligiň ýerden ýokarky böleginden (ýapraklaryndan, güllerinden) P-witamin - rutin alýarlar. Iýmit senagaty üçin bolsa onuň ýarmasy ulanylýar.

Rutin gipo we awitominozyň öňüni almakda, şeýle-de damarlary berkitmekde, gemorragiki diatezde, gözüň torjagazyna gan ýygnananda, şöhle keselinde, septiki endokarditde, guryagyryda, glomerulonefritde we beýleki kesellerde ulanylýar.

**Adaty gawun.** Ol uzyn çyrmaşyp ýatan baldakly bir ýyllyk ösümlik. Onuň watany Merkezi Aziýadyr. Ol köp ýurtlarda, esasanam Günorta ýurtlarynda medeniýetleşdirilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi we çigidi ulanylýar.

**Gawunda 10-15% gant, askorbin turşusy, PP witamin, fol turşusy, karotin, pektin we azotly maddalar, ýaglar, uçujy aromat birleşmeleri, mineral maddalary, esasanam demiriň duzlary bardyr.**

Gawun gymmat bahaly iýmit we berhizlik önümdir. Onuň miwesi terligine we kakadylan kak görnüşinde ulanylýar. Ondan toşap, mürepbe we başga-da birnäçe ýokary hilli tagamly iýmitler taýýarlanylýar, çigidinden bolsa ýag alynýar.

Gawuny ýüregiň we kelle beýniň damarlarynyň aterosklerozynda, şeýle-de gowşadyjy serişde hökmünde ulanylýar. Onda demiriň duzlarynyň bolmagy bedende okislenme-gaýtarma hadysalaryny sazlaşdyrýar. Ony ýürek - damar ulgamynyň, bagryň kesellerinde we gan azlykda ulanylýar.

Gawun babasil we käbir böwrek kesellerinde hem peýdalydyr, şeýle-de onuň merkezi nerw ulgamyna sedatiw täsiriniň bardygy hem bellidir.

**Böwürslen.** Bu boýy 75 sm ýetýän uly bolmadyk ýarym gyrymsy agaçdyr. Ol Türkmenistanda giňden ýaýrandyr.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň köki, ýapragy we miwesi ulanylýar.

Kökiniň düzümi doly öwrenilmedikdir. Şeýle-de bolsa onuň ýapragynyň 5-14% taninler, flawonoidler, C witamini, organiki turşular, nemler we efir ýagyny saklaýarlar. Miwesinde organiki turşular (limon, alma turşulary), gantlar, protein, eýleýji maddalar, pektin maddalary, witaminleriň B topary, askorbin turşusy we karotinoidler, şeýle-de kaliýniň, margensyň, misiň duzlary bardyr.

Bu ösümligiň miwesi iýmit hökmünde ulanylýar. Senagatda ondan dürli toşaplary, şireleri we dürli görnüşli süýji önümleri taýýarlanylýar.

Böwürsleniň miwesinden terliginde we guradylan görnüşlerinde taýýarlanan demlemeler, gaýnatmalar, gyzgyn peseldiji serişde hökmünde, dürli sowuklama, pnewmoniýa kesellerini bejermekde ulanylýar. Mundan başga-da ol belli derlediji we peşew kowujy serişdedir. Böwürsleniň has ötüşip biten miwesiniň gowşadyjy täsiri, bişmedik miwesiniň bolsa tersine iç gatadyjy täsiri bardyr.

Böwürsleniň ýapragyndan we miwesinden taýýarlanan gaýnatmasy agyz boşlugynyň nemli bardasynyň sowuklamasynda, bokurdak kesellrinde agzy çaýkamak üçin ulanylýar. Halk lukmançylygynda böwürslenden taýýarlanan çakyr üsgülewige garşy, bokurdak kesellerinde, basykda, faringitde, gripde, bronhitde ulanylypdyr.

Taýýarlamak üçin 2 nahar çemçe ýapragy 500 ml gaýnan suwa atmaly we 1 sagat demine goýmaly. Demlemäni günde 4 wagtyna 1 bulgurdan nahardan öň içmeli.

Onuň gaýnatmasy has täsirlidir: 2 nahar çemçe ýapragy 500 ml suwa atmaly we 12 sagat saklamaly soňra 3 minut gaýnatmaly we 5 minut sowatmaly. Gaýnatmany günde 150 ml-den 3 wagtyna açöze içmeli.

**Apelsin.** Ol hemişe ýaşyl öwüsüp oturan miweli agaçdyr**.**

Bu ösümlik tropiki we subtropiki howa şertlerinde medeniýetleşdirilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin apelsiniň miwesi we şiresi ulanylýar.

Miwesiniň şiresinde (100g-da 65 mg) askorbin turşusy, $B_1$, $B_2$, A we P witaminleri, gantlar (10%), mineral maddalary (kalsiý, fosfor, kaliý), limon turşusy, pektin we reňkleýji maddalar hem-de fitonsitler bardyrlar.

Halkyň arasynda apelsiniň miwesini iýmit hökmünde ulanylýar, ondan şireli içgiler we mürepbeler taýýarlanylýar. Lukmançylykda onuň miwesi gipo we awitominozlaryň öňüni almakda ulanylýar. Apelsin şiresi işdäni açýar we iýmiti

siňdirýär, şol sebäpli hem ony gipasid gastritinde, şeýle-de öt kowujy serişde we iç gatamalara garşy serişde hökmünde ulanylýar. Şiresindäki pektin-maddalary zäherli maddalardan arassalaýar we içegäniň işini sazlaşdyrýar.

Apelsin iýmek giperasid gastritli we aşgazanyň we oniki barmak içegäniň baş keselli näsaglary üçin çäklendirilmelidir.

Apelsinden alynan efir ýaglary iýmit önümlerine we dermanlara ýakymly ys bermekde ulanylýar.

**Adaty ülje.** Ol boýy – 3-7 m ýetýän gyrymsy agaçdyr. Ähli ýerlerde medeniýetleşdirilip, ösdürilip ýetişdirilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin onuň miwesi ulanylýar.

Üljäniň miwesi gant (15%), pektin maddalary (11%) organiki turşulary (alma, limon turşularyny), eýleýji maddalary, karotin, B, PP witaminleri, fol turşusyny, mineral maddalardan misiň, demiriň, kaliýniň, magniniň birleşmelerini saklaýar. Çigdinde bolsa 25-35% ýaglar, amigdalin we efir ýaglary bardyr.

**Üljäniň miwesi terligine ýa-da guradylyp toşap we mürepbe görnüşinde ulanylýar. Iýmit senagaty ondan tinkturalary, çakyry we miwe suwuny taýýarlaýar. Ülje işdäňi açýar. Ony gany azlykda umumy daýandyryjy serişde hökmünde ulanylýar, şeýle-de lihoradkaly näsaglary bejermekde ulanylýar. Onuň maňzy we şiresi ansiteptiki we içiňi gowşadyjy serişde hökmünde ulanylýar.**

**Kelem.** Boýy 40-60 sm ýetýän oräň port, uly giň ýaprakly iki ýyllyk, atanak gülliler maşgalasyna degişli osümlik. Kelem ähli ýerde medeniýetleşdirilip xsdürilip ýetişdirilýär. Bejeriş maksatlary üçin onuň ýapraklary ulanylýar.

Kelemiň ýapraklary gant, belok, ýaglary, ketçatka, witaminleri (C, P, $B_1$, $B_2$, $B_6$, U, K, D, karotin), fermentleri, mineral duzlary, bakteriýalaryň ýaşaýşyny togtadyjy madda – lizosim saklaýar. Şeýle-de täzeje ýapraklarynda kükürt saklaýan tioglikozidler (glikobrassidin, neoglikobrassidin) bardyr.

Kelemiň aşgazanyň we on iki barmak içegäniň baş keselinde ulanylmagy onuň düzümindäki “U” witamin bolmagy bilen baglanşyklydyr. Bu witamin tiaminiň we holiniň çalşygyna täsir edip aşgazanyň nemli bardasynyň metabolizmini gowlandyrýar, şeýle-de onuň garşylyk gorkezijilik ukybyny ýokarlandyrýar. Kelemiň şiresi lipidleriň çalyşygyny sazlaşdyryp, ateroskleroz keselini bejermekde xt daş kesellerini, podagra keselini  bejermekde ulanylýar. Onuň düzümindäki pektin zäherli maddalary zähersizlendiriji, holesterini çykaryjy häsiýete eýedir. Kletçatka içegäniň içini sazaşdyrýar, çakyr turşusy bolsa bedende uglewodlaryň ýaglara xwrülmegini togtadýar. Süýt turşusynyň bolmagy süýjili diabet keselini bejermekde ulanylýar. Kelemiň şeresinde kaliý ionlarynyň bolmagy onuň gipokaliýemiýada, ýürek- damar, bowrek kesellerinde ulanylmaga mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da kelemsiz  şiresini sary getirmede, dalak kesellerinde, ýokary dem alyş ýollaryň kesellerinde (agyz çaýkamak) giňden ulanylýar. Onuň terje ýapragyny bogunlaryň agyrysyny aýyrmak üçin ýapgy edilýär.

**Nar.** Boýy 4-5 m ýetýän gyrymsy ýa-da pes agaç. Gabygy kaştan reňkli çatlak agaç. Miwesi togalak gyzyl goňur reňkli, içinde kxpsanly çigidi bolup, ol şireli süýji gatlak bilen ortülendir. Turkmenistanda ol medeniýeleşdirilip, miwesi agaç hxkmünde xsdürilýär. Lukmançylykda naryň baldagynyň, şahalarynyň gabygy, kxküniň gabygy, miwesiniň gabygy we miwesi ulanylýar.

Baldagynyň, şahalarynyň we kxküniň gabyklarynda alkoloidleriň toplumy pelleterin, izopelleterin, metilizopelleterin bardyr. Esasy güýçli alkaloid – psewdopelleterindir. Ýapraklarynda betulin, ursol turşuslary; güllerinde reňkleýji madda – punisin we tanin bardyr. Miwesiniň gabygynda kxp mukdarda tanin bardyr. Miwesinde witamin C, organiki turşulary, limon turşusy (6%), gant bardyr.

Naryň şahalarynyň gabygy teniý (gurçugyna) garşy serişde hxkmunde gadymdan bellidir. Naryň miwesiniň gabygy (taniniň bolmagy) xrtüji serişde gaýnaglama garşy, iç geçmelere, dizenteriýalara, gastrite garşy ulanylýar. Nar has gadymy halk derman serişdesidir. Onuň güllerini Abu Ali Ibn Sina aşgazan kesellerini, dişiň etinin gan akmalaryny bejermeklikde ulanypdyr. Miwesini bolsa peşew howujy, ýara bitiriji, xrtüji serişde hxkmünde ulanypdyr.

Bxwrekde, aşgazanda agyry peýda bolanda süýji naryň şiresi içilýär. Turşy naryň şiresi süýjili diabet kesellerini bejermekde peýdaly. Naryň miwesiniň şiresi gyzgyn peseldiji, suwsyzlygyny gandyryjy, ýakymlaşdyryjy serişde hxkmünde ulanylýar.

Terje miwesinic gabygy üsgülewükde, gaýnaglama kesellerinde peýdaly.

Gadym wagtlarda naryň miwesiniň gabygy, miwesi we güli, gijelewükde, sary getirmede, üsgülewükde, süňk dxwüklerinde, agyry aýyryjy, dizenteriýa garşy serişde hxkmünde ulanylypdyr.

Alkaloid – pelleterini arassa gornüşinde (0.4-0.5 g) ulanylanda adamlara zäherli täsiri bar. Ylmy lukmançylykda bu alkaloid tanin we kükürt turşusy bilen onuň gabygynyň ekstrakty tasma şekilli gurçuga garşy ulanylýar. Miwesiniň gabygy lukmançylykda ulanylýan tanini almakda çig mal hasaplanýar.

Ulanylyşy. Xrtüji serişde hxkmünde 2 çaý çemçe miwesiniň ownudylan gabygyny 1 bulgur suw bilen 15 min gaýnatmaly. Süzüp 2 günuň dowamynda içmeli.

Gurçuga (teniý) garşy 50 g baldagynyň we kxküniň gabygyny 0.5 l suw bilen 15 min gaýnadyp, sowandan soň süzmeli we lukmanyň gxzegçilinde 2-3 sagadyň dowamynda içmeli.

## V. KITAPDA GYSGALDYLYP ULANYLAN SÖZLER

Aq. – Aqua – Suw
Bulb. – Bulbus – Sogana meňzeş düýp
Cort. – Cortex – Gabyk
Dec. – Decoctum – Gaýnatma
Extr. – Extractum – Ekstrakt
Fol. – Folium – Ýaprak
Flor. – Flores – Güller
Fruct. – Fructus – Miwe
Gem. – Gemmae – Pyntyklar
GTEB - Gurbaga täsir ediş birligi
Gutt. – Guttae – Damja
Herb. – Herba – Oty
Inf. – Infuzum – Gyzgyn demleme
KTEB - Kepderä täsir ediş birligi
Ol.– Oleum – Ýagy
Pulv. – Pulveratus – Ürgün görnüşinde
Rad. – Radix – Kök
Rhiz – Rhizoma – Porryk
Sem. – Semen – Tohum, çigidi
Sicc. – Siccus (rem) – Gury

Sir. – Sirupus – Şerbet
Sol. – Solutio – Ergin
Spec. – Species – Ýygyndy, garyndy, otlaryň ýygyndysy
Spir. – Spiritus – Spirt
Spiss. – Spissum – Goýy
Succ. – Succus – Şire
Tinct. – Tinctura – Tinktura
Ung. – Unguentum - çalgy

# VI. DERMANLYK ÖSÜMLIKLERINIŇ TÜRKMENÇE-LATYNÇA ATLARY

| T/b | Türkmençe atlary | - | Latynça atlary | Sah. |
|---|---|---|---|---|
| | Adaty dänegerçek | - | Datura stramonium L. | 303 |
| | Adaty nazzbaýgül | - | Ocimum basilicum L. | 387 |
| | Adaty ýakymlyja | - | Origanim vulgare L. | 315 |
| | Adaty zirk | - | Berberis vulgaris L. | 327 |
| | Adaty erik | - | Armeniaca Vulgaris Lam | 346 |
| | Aňdarhaot | - | Dracocephalum subcapitatum [O. Knutze] Lipski | 276 |
| | Ajy buýan | - | Sophora pachycarpa C. A. Mey. | 308 |
| | Alyç | - | Crataegus sanguinea. Pall. | 280 |
| | Anhuz | - | Anchuza italica | 286 |
| | Arça | - | Juniperus communis L. | 278 |
| | Arnap | - | Zizyphus jujuba Mill. | 317 |
| | Atgulak | - | Plantago major L | 320 |
| | Atkaşdany | - | Aesculus hippocastanim L. | 273 |
| | Apelsin | - | Sitrus sinensis Risso | 352 |
| | Barwinok | - | Vinca minor L. | 279 |
| | Borjak | - | Ephedra equisetina Bunge | 297 |
| | Böwrek çaýy | - | Orthosiphon stamipeius | 325 |
| | Böwürslen | - | Rubus Caesins L. | 351 |
| | Boýbodran | - | Achillea millefolium L. | 316 |
| | Bürelije | - | Pulicaria gnaphalodes | 289 |
| | Buýan | - | Glycyrrhiza glabra L. | 310 |
| | Çasaran | - | Hippohae rahanumnoides. L. | 332 |
| | Çerbiýe | - | Althaea officinalis L. | 272 |
| | Çerkez | - | Salsola Richteri Kar. ex Litv. | 312 |
| | Çomuç | - | Ferula assa-foetida L. | 276 |
| | Çopantelpek | - | Matricaria recutita L. | 321 |
| | Çopan torba | - | Capsella bursa pastoris. L. Medic. | 330 |
| | Çöpboýa | - | Rubia tinctorum L. | 277 |
| | Dänegerçek | - | Datura innoxia Mill. | 303 |
| | Daşkekre (gök gülälek) | - | Centaurea cyanus L. | 292 |

| | | |
|---|---|---|
| Daştohumlyja | - Lithospermum officinale L. | 274 |
| Demirtiken | - Tribulus lerrestris L. | 314 |
| Dermanlyk melissa | - Melissa officinalis. L. | 333 |
| Dermanlyk tozga | - Taraxacum officinle Wigg. | 334 |
| Diş ammisi | - Ammi visnaga L. | 302 |
| Düýedaban | - Zygophyllum fawago L. | 295 |
| Dyrnaklyja | - Calendula offisinalis L. | 322 |
| Ehinaseýa | - Eohinasea purpurea L. Moench. | 314 |
| Eşekýoruja | - Melilotus officinalis L. Pall. | 323 |
| Gara çaýyr | - Cynodon dactulon. L. Pers. | 336 |
| Gawun | - Cucumis melo L. | 350 |
| Garpyz | - Citrullus edulis Pang. | 347 |
| Göwen | - Astragalus pulvinatus Bunge | 287 |
| Gowaça | - Gossupium L. | 269 |
| Göýül | - Capparis spinosa L. | 291 |
| Gyzyl burç | - Capsicum annuum. L. | 336 |
| Hmel | - Humulus lupulus L. | 300 |
| Injir | - Ficus carica L. | 283 |
| Innew (greçiha) | - Fagopyrum sagittatum Gilib. | 350 |
| Itburun | - Roza canina L. | 325 |
| Iki öýli çit-çiti | - Urtica dioica. L. | 328 |
| Jerebaý | - Hypericum perforatum L. | 324 |
| Käşir | - Daucus sativum (hoffm) Rochl. | 344 |
| Kädi | - Cucurbita pepo L. | 345 |
| Kartoşka | - Solanum Fuberosum L. | 348 |
| Keýit oty | - Ziziphora clinopodioides L. | 275 |
| Kelem | - Brassica oleraceae L. | 353 |
| Kinza | - Coriandrum sativum. L. | 337 |
| Künji | - Sesamum indicum L. | 318 |
| Lopuh (gulakly) | - Arctium lappa L. | 278 |
| Maňyrsak | - Hyoscyamus niger L. | 302 |
| Meýdan kyrkbogyn (hwoşy) | - Equisetum arvense | 284 |
| Maý landyşy | - Convallaria majolis. L. | 327 |
| Narpyz | - Mentha piperita L. | 305 |
| Nar | - Punica granatum L. | 354 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Omela | - | Viscum Album L. | 281 |
| Waleriana | - | Valeriana officinalis L. | 298 |
| Pisse | - | Pistacia vera L. | 318 |
| Polatly | - | Ononis arvensis | 269 |
| Porsy agaç | - | Ailanthus altissima [Mill.] Swingle | 286 |
| Raiwolfiýa | - | Rauvolfia serpentina | 281 |
| Sabur | - | Aloe arborescens Mill. | 271 |
| Saryçöp (delfinium) | - | Delphinium semibarbatum Bien. ex Boiss | 304 |
| Saryja ot (ћeltuşnik) | - | Erysimum canescens Roth. | 309 |
| Sarymsak | - | Allium sativum L. | 294 |
| Semzek | - | Portulaca oleraceae L. | 312 |
| Senaýmekge | - | Cassia acutifolia. Del. | 329 |
| Şirguýruk | - | Leonurus quinquelobatus | 300 |
| Sogan | - | Allium cepa L. | 319 |
| Suw kyrkboguny | - | Polygonum persicaria L. | 293 |
| Skutillariýa (şlemnik) | - | Scutellaria galericulata L. | 313 |
| Şorlyk sferofizasy | - | Sphaerophysa salsula [Pall.] D.C. | 309 |
| Sumah | - | Rhus coriaria L. | 313 |
| Tanasetum (piћma) | - | Tanacetum vulgare L. | 270 |
| Towşan dodak | - | Lagochilus inebrians. Bunge. | 329 |
| Tilkiçaý | - | Stachys lawandulifolia Vahl. | 296 |
| Tut agajy | - | Morus alba. L. | 332 |
| Turşy ülje | - | Cerasus austera L. | 291 |
| Uly demrewot | - | Chelidonium majus. L. | 231 |
| Üç bölek goşa diş | - | Bidens tripartita L. | 295 |
| Üzüm | - | Vitis vinifera L. | 290 |
| Ysmanak | - | Spinacia oleracea L. | 314 |
| Ýandak | - | Alhagi persarum Boiss et Buhse | 289 |
| Ýaz adonizi | - | Adonis vernalis L. | 326 |
| Ýeken | - | Acorus calamus L. | 285 |
| Ýüzärlik | - | Peganum harmala L. | 274 |
| Zeýtun | - | Olea europaea L. | 326 |

# DERMANLYK ÖSÜMLIKLERINIŇ LATYNÇA-TÜRKMENÇE ATLARY


| T/b | Latynça atlary | - | Türkmençe atlary | Sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Adonis vernalis L. | - | Ýaz adonisi | 326 |
| 2. | Achillea millefolium L. | - | Boýbodran | 316 |
| 3. | Acorus calamus L. | - | Ýeken | 285 |
| 4 | Aesculus hippocastanim L. | - | Atkaşdany | 273 |
| 5. | Ailanthus altissima [Mill.] Swingle | - | Porsy agaç | 269 |
| 6. | Alhagi persarum Boiss et Buhse | - | Ýandak | 289 |
| 7. | Allium cepa L. | - | Sogan | 319 |
| 8. | Allium sativum L. | - | Sarymsak | 294 |
| 9. | Aloe arborescens | - | Sabur | 271 |
| 10. | Althaea officinalis L. | - | Çerbiýe | 272 |
| 11. | Ammi visnaga L. | - | Diş ammisi | 302 |
| 12. | Anchuza italica | - | Anhuz | 287 |
| 13. | Archtium lappa L. | - | Lopuh (gulakly) | 278 |
| 14. | Armeniaca vulgaris Lam. | - | Adaty erik | 346 |
| 15 | Astragalus pulvinatus Bunge | - | Göwen | 287 |
| 16. | Berberis vulgaris L | - | Adaty zirk | 327 |
| 17. | Bidens tripartita L. | - | Üç bölek goşa diş | 295 |
| 18. | Brassica oleraceae L. | - | Kelem | 353 |
| 19. | Calendula offisinalis L. | - | Dyrnaklyja | 322 |
| 20. | Capparis spinosa L. | - | Göýül | 291 |
| 21. | Capsella bursa pastoris. L. Medic | - | Çopan torba | 330 |
| 22. | Capsicum annuum. L. | - | Gyzyl burç | 336 |
| 23. | Cassia acutifolia. Del. | - | Senaý mekge | 329 |
| 24. | Centaurea cyanus L. | - | Daş kekre (gök gülälek) | 292 |
| 25. | Cerasus austera L. | - | Turşy ülje | 291 |
| 26. | Chelidonium majus. L. | - | Uly demrewot | 231 |
| 27. | Citrullus edulis Pang. | - | Garpyz | 347 |
| 28. | Convallaria majalis. L. | - | Maý landyşy | 327 |
| 29. | Coriandrum sativum. L. | - | Kinza | 337 |
| 30. | Crataegus sanguinea. Pall. | - | Alyç | 280 |
| 31. | Cucumis melo L. | - | Gawun | 350 |
| 32. | Cucurbita pepo L. | - | Kädi | 345 |
| 33. | Cynodon dactulon. L. Pers. | - | Gara çaýyr | 336 |
| 34. | Datura innoxia Mill. | - | Dänegerçek | 303 |
| 35. | Datura stramonium L. | - | Adaty dänegerçek | 303 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 36. | Daucus sativum (Hoffm) Rochl. | - Käşir | 344 |
| 37. | Delphinium semibarbatum Bien. ex Boiss | - Saryçöp (delfinium) | 304 |
| 38. | Dracocephalum subcapitatum [O. Knutze] Lipski | - Aȟdarhaot | 276 |
| 39. | Eohinasea purpurea L. Moench. | - Ehinaseýa | 314 |
| 40. | Ephedra equisetina. Bunge | - Borjak | 297 |
| 41. | Equisetum arvense | - Meýdan kyrkbogyny (hwoşy) | 284 |
| 42. | Erysimum canescens Roth. | - Saryjaot (Ȟeltuşnik) | 309 |
| 43. | Fagopyrum sagittatum Gilib. | - Innew (Greçiha) | 350 |
| 44. | Ferula assa-foetida L. | - Çomuç | 276 |
| 45. | Ficus carica L. | - Injir | 383 |
| 46. | Glycyrrhiza glabra L. | - Buýan | 310 |
| 47. | Gossupium L. | - Gowaça | 269 |
| 48. | Hippohae rahanumnoides. L. | - Çasaran | 332 |
| 49. | Humulus lupulus L. | - Hmel | 300 |
| 50. | Hyoscyamus niger L. | - Maňyrsak | 302 |
| 51. | Hypericum perforatum L. | - Jerebaý | 324 |
| 52. | Juniperus communis L. | - Arça | 278 |
| 53. | Leonurus quinquelobatus L. | - Şirguýruk | 300 |
| 54. | Lithospermum officinale L. | - Daştuhumlyja | 274 |
| 55. | Lagochilus inebrians. Bunge. | - Towşandodak | 329 |
| 56. | Matricaria recutita L. | - Çopantelpek | 321 |
| 57. | Melilotus officinalis L. [Pall.] | - Eşekýorunja | 323 |
| 58. | Melissa officinalis. L. | - Dermanlyk melissa | 333 |
| 59. | Mentha piperita L. | - Narpyz | 305 |
| 60. | Morus alba. L. | - Tut agajy | 332 |
| 61. | Ocimum basilicum L. | - Adaty nazzybaýgül | 286 |
| 62. | Olea europaea L. | - Zeýtun | 326 |
| 63. | Ononis arvensis | - Polatly | 269 |
| 64. | Origanim vulgare L. | - Adaty ýakymlyja | 315 |
| 65. | Orthosiphon stamipeius | - Böwrek çaý | 325 |
| 66. | Peganum harmala L. | - Ýüzärlik | 274 |
| 67. | Pistacia vera L. | - Pisse | 318 |
| 68. | Plantago major L | - Atgulak | 320 |
| 69. | Polygonum persicaria L. | - Suw kyrkboguny | 293 |
| 70. | Portulaca oleraceae L. | - Semzek | 312 |
| 71. | Pulicaria gnaphalodes [Vent] Boiss. | - Bürelije | 289 |
| 72. | Punicf granatum L. | - Nar | 354 |
| 73. | Rauvolfia serpentina | - Rawolfiýa | 281 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 74. | Rhus coriaria L. | - Sumah | 313 |
| 75. | Roza canina L. | - Itburyn | 325 |
| 76. | Rubia tinctorum L. | - Çöpboýa | 277 |
| 77. | Rubus Caesins L. | - Böwürslen | 351 |
| 78. | Salsola Richteri Kar. ex Litv. | - Çerkez | 312 |
| 79. | Scutellaria galericulata L. | - Skutellariýa (şlemnik) | 313 |
| 80. | Sesamum indicum L. | - Künji | 318 |
| 81. | Sitrus sinensis Risso | - Apelsin | 352 |
| 82. | Solanum Fuberosum L. | - Kartoşka | 348 |
| 83. | Sophora pachycarpa. C. A. Mey | - Ajy buýan | 308 |
| 84. | Sphaerophysa salsula [Pall.] D. C. | - Şorluk sferofizasy | 309 |
| 85. | Spinacia oleracea L. | - Ysmanak | 314 |
| 86. | Stachys lawandulifolia Vahl. | - Tilki çaý | 297 |
| 87. | Tanacetum vulgare L. | - Tanasetum (piħma) | 270 |
| 88. | Taraxacum officinle. Wigg. | - Dermanlyk tozga | 334 |
| 89. | Tribulus lerrestris L. | - Demirtiken | 314 |
| 90. | Urtica dioica. L. | - Iki öýli çit-çiti | 328 |
| 91. | Valeriana officinalis L. | - Waleriana | 298 |
| 92. | Vinca minor L. | - Barwinok | 279 |
| 93. | Viscum Album L. | - Omelo | 281 |
| 94. | Vitis vinifera L. | - Üzüm | 290 |
| 95. | Ziziphora clinopodioides L. | - Keýik oty | 275 |
| 96. | Zizyphus jujuba Mill. | - Arnap | 317 |
| 97. | Zygophyllum favago L. | - Düýedaban | 295 |

## VII. ULANYLAN EDEBIÝATLAR

Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001.
Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama ikinji kitap. Aşgabat, 2004.
Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň „Türkmenistanda durmuş - ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry“ Milli Maksatnamasy. Aşgabat, 1999.
Abu Ali Ibn Sina. Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. Aşgabat, 2003.
Аширова А.А. Лекарсňвенные расňения Ňуркменисňана, применяемые в нароäной меäиöине. Ашгабаň, Магарыф, 1992 .
Akmyradow A. Derman otlar. Aşgabat, 1993 .
Волынской В.Г., Венäер К.И., Фрейäман С.Ç. и äр. Лекарсňвенные расňения в научной и нароäной меäиöине. Сараňов, Сараňовский универсиňеň, 1974.
Гаммерман А.Ф., Äамиров Ш.А., Каррыев М.О., Яковлев Г.П. Лекарсňвенные расňения СССР, не включенные в Фармакопею. Ашгабаň. Ылым, 1970.
Гаммерман А.Ф. Курс фармакогноçия. Москва, Меäиöина. 1979.
Гаммерман А.Ф., Каäаев Г.Н., Яöенко-Хмелевский А.А. Лекарсňвенные расňения. М.: Высшая школа, 1984.
Георгиевский В.П., Каçаринов Н.А., Каррыев М.О. Фиçико-химические меňоäы航 анализа биологически акňивных вещесňв расňиňелüного происхожäения. Ашгабаň. Ылым, 1976.
Gubaýew A.A. Orta Aziýa halk tebipçiliginde ulanylýan ösümlikler we olaryň atlary. Aşgabat: GKP.MK-nyň neşirýaty, 1991.
Galkin W.A. Iç keselleri. Aşgabat. Magaryf, 1995.
Иванченко В.А. Основные расňения в меäиöине нароäов Восňока. Ашгабаň: Ňуркменисňан, 1985.

Ивашин Ä.С., Каňина Ç.Ф., Рыбачук М.Ç. и äр. Справочник по çагоňовкам лекарсňвенных расňений. Киев: Урожай, 1989.
Каррыев М.О. Лекарсňвенные расňения Ňуркменисňана. Ашгабаň. Ňуркменисňан, 1996
Каррыев М.О. Арча – лекарсňвенные расňение. Ашгабаň: Ылым, 1971.
Каррыев М.О. Фармакохимия некоňорых ýфирно-маслинных расňения флоры Ňуркмении. Ашгабаň: Ылым, 1973.
Каррыев М.О. Лекарсňвенные расňения в научной и нароäной меäиöине. Ашгабаň: Çнание, 1988.
Каррыев М.О., Арňемüева М.В., Бабаева Р.Г. и äр. Фармакохимия лекарсňвенных расňений Ňуркменисňана. Ашгабаň: Ылым, 1991.
Кербабаев Б.Б., Мещеряков А.А. Лекарсňвенные расňения Ňуркмении. Ашгабаň: Ылым, 1975.
Kerbabaýew B.B. Ösümlikleriň türkmen halk we ylmy atlary. Aşgabat, 1992.
Куçнеöова М.А. Лекарсňвенные расňиňелüное сырüе и препараňы. Москва, Высшая школа, 1987.
Лаäынина Е.А., Мороçова Р.С. Фиňоňерапия. Л.: Меäиöина, 1987.
Машковский М.Ä. Лекарсňвенные среäсňва. В 2-х ňомах. М.: Меäиöина, 1987.
Муравüева Ä.А. Фармакогноçия с основами биохимии лекарсňвенных расňений. М.: Меäиöина, 1978.
Муравüева Ä.А. Фармакогноçия. М.: Меäиöина, 1991.
Никиňин В.В., Кербабаев Б.Б. Ňуркменские нароäные и научные наçвания расňений. Ашгабаň, 1962.
Пеňков В. Современная фиňоňерапия. Меäиöина и фиçкулüňура. София, 1982.
Раäçинский В.Е., Аннаев Х.А., Аннаева О.М. Лекарсňвенные расňения Ňуркменсňана в пеäиаňрии, акушерсňве и гинекологии. Ашгабаň, 1994.

Сало Л.П.  Лекарсňвенные расňения. М.: Меäиöина, 1985.
Соколов С.Я., Çамоňаев И.П. Справочник по лекарсňвенным расňениям. Фиňоňерапия.
 М.: Меäиöина, 1984.
Ňурова А.Ä., Сапожникова Ý.Н. Лекарсňвенные расňения СССР и их применение. М.: Меäиöина, 1982.
Ussaýew U.D. Balkan melhemleri. Nebit-Dag, 1994.
Халмаňов Х.Х., Харламова И.А., Алимбаева П.К., Каррыев М.О., Хаиňов И.Х. Основные лекарсňвенные расňения Среäней Аçии. Ňашкенň. Меäиöина, 1984.

## MAZMUNY


| | | sah |
|---|---|---|
| | **GIRIŞ** | 10 |
| **I.** | **FITOTERAPIÝA WE DERMAN ÖSÜMLIK ÇIG MALLARY BARADA** | 13 |
| 1.1. | Fitoterapiýa hakynda | 13 |
| 1.2. | Derman ösümliklerde saklanýan biologiki işjeň maddalar | 20 |
| 1.3. | Dermanlyk ösümlikleriň ýygnalşy we guradylşy. | 34 |
| 1.4. | Derman ösümlik çig malyndan derman görnüşleriniň taýýarlanylyşy | 48 |
| **II.** | **KÖP ÝAÝRAN KESELLERIC DERMAN ÖSÜMLIKLERI WE FITOSERIŞ-DELERI BILEN BEJERILIŞI** | 50 |
| 2.1. | Ýürek-damar keselleriniň fitoterapiýasy | 50 |
| 2.2. | Nerw ulgamynyň keselleriniň fitoterapiýasy | 81 |
| 2.3. | Ýokary dem alyş agzalarynyň keselleriniň fitoterapiýasy | 88 |
| 2.4. | Aşgazan-içege keselleriniň fitoterapiýasy | 108 |
| 2.5. | Bagyr we öt ýollarynyň keselleri | 134 |
| 2.6. | Böwrek we peşew ýollarynyň keselleri | 160 |
| 2.7. | Madda çalşygynyň bozulmalarynda ýüze çyk-ýan keselleriniň fitoterapiýasy | 182 |
| 2.8. | Endokrin ulgamynyň keselleri | 189 |
| 2.9. | Soguljan keselleriniň fitoterapiýasy | 205 |
| 2.10. | Deri keselleri | 212 |
| 2.11. | Gözellikde ulanylýan derman ösümlikleri | 249 |
| 2.12. | Diş keselleri | 259 |
| 2.13. | Ýaralaryň bejerilişi | 262 |
| **III.** | **LUKMANÇYLYK AMALYNDA ULANYLÝAN DERMAN ÖSÜMLIKLERI** | 369 |
| **IV.** | **LUKMANÇYLYKDAKY IÝMIT ÖSÜMLIKLERI** | 338 |
| **V.** | **KITAPDA GYSGALDYLYP ULANYLAN** | |

| | | |
|---|---|---|
| | **SÖZLER** | 356 |
| **VI.** | **DERMAN ÖSÜMLIKLERINIŇ TÜRKMENÇE-LATYNÇA ATLARY** | 357 |
| | **DERMAN ÖSÜMLIKLERINIŇ LATYNÇA-TÜRKMENÇE ATLARY** | 360 |
| **VII.** | **ULANYLAN EDEBIÝATLAR** | 363 |
| **VIII.** | **MAZMUNY** | 366 |
| **IX.** | **FITOTERAPIÝADA ULANYLÝAN DERMAN ÖSÜMLIKLERI** | 368 |

# FITOTERAPIÝADA ULANYLÝAN DERMAN ÖSÜMLIKLERI

# Derm

44

**an ösümlikleriň çig mallarynyň ýygnalyş möwsümleri** **1-nji görkeziji**

| T/b | Derman ösümligiň ady | Ỳygnalýan bölegi | Ỳygnalýan wagty | Ỳygnalýan ýeri |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Adaty arça | Miwesi | Gorkut | Sosna tokaýlyklary |
| 2 | Adaty malina | Miwesi | Gorkut | Saýaly tokaýlary |
| 3 | Adaty atgulak | Oty | Magtymguly, Ruhnama | Ỳol ýakalarynda, açyk meýdanlarda |
| 4 | Adaty rýabina | Miwesi, gülleri | Magtymguly-Alp-Arslan | Tokaýda |
| 5 | Adaty hren | Kökiş | Magtymguly, Ruhnama | Çygly çemenliklerde, melleklerde |
| 6 | Adaty timin | Oty | Oguz,Ruhnama | Çemenliklerde, ýol ýakalarynda |
| 7 | Adaty zygyr | Oty | Gorkut | Gury çemenlikli jülgede |
| 8 | At turşujasy | Koki | Ruhnama | Çygly çemenliklerde |
| 9 | Ajy ýowşan | Otunyň ýokarky gülleýän bölegi | Gorkut, Ruhnama | Ulanylman ýatan boş meýdanlarda |
| 10 | Alyç | Miwesi,gülleri | Magtymguly,Alp-Arslan | Tokaýlarda |
| 11 | Berýoza | Ỳapragy, pyntygy | Magtymgyly, Gorkut | Tokaýlarda |
| 12 | Brusnika | Ỳapragy | Gurbansoltan, Magtymguly | Gür tokaýlarda |
| 13 | Badýan | Oty, köki | Gorkut,Ruhnama | Melleklerde |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 14 | Buýan | Porrugy | Magtymguly, Ruhnama | Çemenlikli sähralarda |
| 15 | Boýbodran | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Çemenliklerde, açyk meýdanlarda |
| 16 | Benewşe | Oty | Oguz-Alp-Arslan | Boz ýerlerde, meýdanlarda |
| 17 | Çit-çiti | Ýapragy | Magtymguly, Ruhnama | Melleklerde, boş ýatan ýerlerde |
| 18 | Çopan torba | Oty | Magtymguly, Ruhnama | Ulanylmaýan, boş ýatan ýerlerde |
| 19 | Çopan telpek | Gülleri | Gorkut,Alp-Arslan | Açyk meýdanlarda, melleklerde |
| 20 | Çernika | Ýapragy,miwesi | Gorkut | Sosna tokaýlarda |
| 21 | Diri süňk | Oty | Gorkut | Gury ýapgytlarda |
| 22 | Dyrnakgül | Gul çogdamy | Gorkut, Ruhnama | Tokaýlarda,ýapgyt baýyrlarda |
| 23 | Dermanlyk tozga | Oty, köki | Magtymguly, Ruhnama | Meýdanlarda, çemenliklerde |
| 24 | Dermanlyk okopnik | Köki | Magtymguly, Garaşsyzlyk | Çemenli aýlaglarda |
| 25 | Demrewot (gançöp) | Oty | Oguz, Alp-Arslan | Melleklerde, tokaýlarda |
| 26 | Eşek ýorunja | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Boş ýatan ýerlerde, medeni ekinleriň ýerlerinde |
| 27 | Eje-ejelik | Gülleri,ýapragy | Magtymguly, Alp-Arslan | Çygly ýerlerde |
| 28 | Erkeklik bisepere (paporotnigi) | porrugy | Gurbansoltan, Garaşsyzlyk | Saýaly tokaýlarda |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 29 | Gara maňyrsak | Ýapragy | Oguz,Gorkut | Meýdanlarda, ulanylmaýan ýerlerde, melleklerde |
| 30 | Garatiken | Miwesi | Ruhnama | Jeňňelikde, gyrymsy agaçlarda |
| 31 | Gara derek(toraňňy) | Pyntygy | Gurbansoltan, Magtymguly | Çygly tokaýlarda |
| 32 | Itburun | Miwesi,gülleri | Gorkut,Garaşsyzlyk | Tokaýlarda, gyrymsy agaçlaryň arasynda |
| 33 | Jerebaý | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Meýdanlarda |
| 34 | Kelem | Ýerden ýokarsy | Ruhnama, Garaşsyzlyk | Melleklerde |
| 35 | Käşir | Ýer asty bölegi, tohumy | Gorkut, Garaşsyzlyk | Mellekde |
| 36 | Keçegül | Oty | Oguz, Alp-Arslan | Çygly tokaýlarda |
| 37 | Käkilik oty | Oty | Oguz, Gorkut | Gury jülgeli tokaýlarda |
| 38 | Lipa | Gülleri | Oguz | Ýaprakly tokaýlarda |
| 39 | Meýdan kyrkboguny | Oty | Magtymguly, Ruhnama | Meýdanda, ulanylman ýatan ýerlerde, çemenlikde |
| 40 | Narpyz | Oty | Gorkut | Çygly çemenliklerde |
| 41 | Waleriana | Köki we porrugy | Alp-Arslan, Ruhnama | Çemenli tokaýlarda, derýa kenarynda |
| 42 | Port gara tiken | Gabygy | Gurbansoltan, Magtymguly | Gyrymsy agaçlaryň arasynda, derýa kenarynda |
| 43 | Tanasetum (Piňma) | Gul çogdamy | Gorkut, Alp-Arslan | Açyk meýdanda, çemenliklerde |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 44 | Süýji ýeken | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Mellekde,meýdanda |
| 45 | Suwly burç | Oty | Gorkut | Derýa kenarynda, köllerde |
| 46 | Sary çöp | Oty | Oguz,Alp-Arslan | Çygly tokaýlarda, çeşmelerde |
| 47 | Sogan | Ýer asty bölegi | Gorkut, Ruhnama | Melleklerde |
| 48 | Sosna | Püri, pyntygy | Magtymguly, Alp-Arslan | Sosna tokaýlarynda |
| 49 | Sarymsak | Ýer asty bölegi | Alp-Arslan | Melleklerde |
| 50 | Aýy gulak | Ýapragy | Gorkut,Alp-Arslan | Sosna,tundra tokaýlyklarynda |
| 51 | Uly gulakly (lopuh) | Köki | Magtymguly, Ruhnama | Melleklerde, boş ýatan ýerlerde |
| 52 | Üç bölek goşa diş | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Derýa kenarynda, çemenliklerde |
| 53 | Gök daş kekre | Gülleri | Gorkut | Çowdary ekilýän ýerlerde |
| 54 | Ýaz adonisi | Oty | Magtymguly, Alp-Arslan | Tokaýly açyk meýdanlarda |
| 55 | Ýakymlyja | Oty | Gorkut, Alp-Arslan | Medeniýetleşdirilen ösümlikleriň arasynda |